**M. Hudaýýarow, B. Çaryýew,**
**G. Altybaýew**

# TÜRKMENISTANYŇ YKDYSADY WE DURMUŞ GEOGRAFIÝASY

Orta mekdepleriň VIII synpy üçin okuw kitaby

*Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan hödürlenildi*

Türkmen döwlet neşirýat gullugy
Aşgabat – 2013

UOK 373.167.1:913(575.4)
H 73

**Hudaýýarow M. we başg.**
**H 73** **Türkmenistanyň ykdysady we durmuş geografiýasy.** Orta mekdepleriň VIII synpy üçin okuw kitaby. – A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2013.

TDKP № 12, 2013 KBK 26.89(2 Tü) ýa 72

© M. Hudaýýarow we başg., 2013



**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI**
**GURBANGULY BERDIMUHAMEDOW**

j

j



TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET TUGRASY



TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET BAÝDAGY

# TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET SENASY

Janym gurban saňa, erkana ýurdum,
Mert pederleň ruhy bardyr köňülde.
Bitarap, garaşsyz topragyň nurdur,
Baýdagyň belentdir dünýäň öňünde.

*Gaýtalama:*
Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

Gardaşdyr tireler, amandyr iller,
Owal-ahyr birdir biziň ganymyz.
Harasatlar almaz, syndyrmaz siller,
Nesiller döş gerip gorar şanymyz.

*Gaýtalama:*
Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

# GIRIŞ

Gadyrly okuwçylar! Siz VII synpda Türkmenistanyň fiziki-geografiýasy okuw dersi boýunça öz Watanymyzyň tebigaty bilen tanyşdyňyz. Indi bolsa halk hojalygynyň ösüşi we meýdan-çäk guralyşy baradaky ykdysady we durmuş geografiýany öwrenmäge girişýärsiňiz. Türkmenistanyň ykdysady we durmuş geografiýasy ykdysadyýetiň, ilatyň durmuş taýdan ösüşiniň çylşyrymly meselelerine düşünmäge size kömek eder. Türkmenistanyň Prezidenti hormatly Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýolbaşçylygynda ýurduň halk hojalygynda we jemgyýetçilik durmuşynda bolup geçýän täze, Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwrüniň mazmunyna düşünersiňiz. Tebigy baýlyklary netijeli peýdalanmagyň derwaýysdygyna göz ýetirersiňiz.

Türkmenistan özüniň Garaşsyzlygyny we Bitaraplygyny alany bäri, onuň ykdysadyýeti çalt depginler bilen öňe gidýär. Ol diňe bir Orta Aziýada däl, eýsem, bütin Aziýa sebitinde syýasy we ykdysady durnuklylygyň mesgenine öwrüldi.

Türkmenistanyň durnukly içerki we daşarky syýasaty, hemişelik Bitaraplyk, geçirilýän özgertmeleriň yzygiderliligi, olaryň kanunçylyk binýadynyň pugtalandyrylmagy ýurdumyzyň durmuş-ykdysady ösüşine uly itergi berýär.

Ykdysadyýetde ähli pudaklaryň sazlaşykly ösmegi üpjün edilýär. Ozal öz öndürýän çig mallaryny ýerinde gaýtadan işläp taýýarlamak üçin mümkinçiligi bolmadyk Türkmenistan, bu gün öz nebitinden halkara ölçeglerine laýyk gelýän nebit önümlerini, pagtasyndan dünýäde uly isleg

bildirilýän dokma senagat önümlerini häzirki zaman tehnikasy bilen üpjün edilen kärhanalarynda işläp taýýarlaýar we daşarky bazara çykarýar. Şeýle hem Türkmenistan tebigy gazy we dürli senagat önümlerini uly möçberlerde daşary ýurtlara satmaga mümkinçilik gazandy. Şeýlelikde, alnan girdejileriň hasabyna ýurdumyzda täze, uly senagat kärhanalary, demir we awtomobil ýollary, mekdeplerdir çagalar baglary, hassahanalardyr saglyk öýleri, kaşaň myhmanhanalardyr ýaşaýyş jaýlary gurulýar.

Ykdysady özgerişleriň üstünlikli amala aşyrylmagy Türkmenistanyň mundan beýläk hem durmuş-ykdysady taýdan ösüşini çaltlandyrmaga, ekologik meseleleri çözmäge we şertleri gowulandyrmaga, ilatyň ýaşaýyş-durmuş derejesini ýokarlandyrmaga hem-de mäkäm ykdysady binýadyny döretmäge mümkinçilik berýär.

Ýurdumyzy durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň uzak möhletleýin meýilleri «Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň 2011–2030-njy ýyllar üçin Baş ugry» Milli maksatnamasynda aýdyň bellenilýär. Bu wezipeleriň durmuşa geçirilmeginiň täze basgançagy halkyň maddy hal-ýagdaýynyň has belent derejelere ýetmegini göz öňünde tutýar. Munuň özi ykdysadyýetiň durnukly ösüşiniň saklanmagyna düýpli esas bolup hyzmat eder.

Ýurdumyzda şeýle düýpli özgertmeleriň geçirilýän wagtynda ykdysady we durmuş geografiýa ylmynyň häzirki zaman barlaglary we gazanýan netijeleri zerurdyr.

Bu ylmyň barlaglary halk hojalygynyň meýdan-çäk guralyşynyň we ilatyň ýerleşişiniň has ygtybarly nusgasyny kesgitlemäge mümkinçilik berýär. Şunlukda, daşky gurşawy goramagyň we tebigatda deňagramlylygy saklamagyň mümkinçilikleri hem hasaba alynýar.

Bu okuw dersi size geografiýa we ykdysady maglumat çeşmelerinden dogry we ýerlikli peýdalanmagy, eziz Diýarymyzda hojalygyň ösüş ýagdaýyna dogry baha bermegi öwreder. Bu

bolsa Döwlet baştutanymyzyň ýurdumyzda geçirýän durmuş-ykdysady özgertmeleriniň şertlerinde has derwaýysdyr.

Siz geljekde jemgyýetimizi mundan beýläk-de ösdürmek boýunça geçirilýän işlere işjeň gatnaşmalysyňyz. Şonuň üçin-de mekdebi tamamlap, ata Watanymyzyň diňe bir tebigatyny däl-de, eýsem, ykdysadyýetiniň ösüş aýratynlyklaryny, adamlaryň durmuş-ýaşaýyş meselelerini we geljegini oňat öwrenmelisiňiz.

*Türkmenistanyň ykdysady we durmuş geografiýasy okuw dersiniň maksady* – ata Watanymyzyň tebigy şertleriniň we baýlyklarynyň köpdürlüligini, ilatynyň artyş we ýerleşiş aýratynlyklaryny, olaryň ýurduň öndüriji güýçleriniň ösüşine we etraplarda, welaýatlarda guralyşyna edýän täsirini, özara baglanyşygyny, halk hojalyk toplumynyň ösüşini, ýurdumyzda ýaýbaňlandyrylýan durmuş-ykdysady özgertmeleriň mazmunyny okuwçylara düşündirmekden ybaratdyr.

*Okuw dersiniň wezipesi* – okuwçylaryň ykdysady we durmuş geografiýa dersini öwrenmäge bolan höweslerini artdyrmak; olarda ýurdumyzyň durmuş-ykdysady ösüşi baradaky düşünjeleri döretmek; özbaşdak geografik pikirlenmäni kemala getirmek we ösdürmek; okuwçylarda Türkmenistanyň dolandyryş-çäk gurluşyna, tebigy baýlyklaryna, ilatyna, hojalygyna, ekologik meselelere, şeýle hem aýry-aýry sebitlere ykdysady-geografik taýdan häsiýetnama bermek başarnygyny; hasabat we kartografiki maglumatlar bilen özbaşdak işlemek, derňemek we seljermek endiklerini döretmek we ösdürmek bolup durýar.

Her bir ylym öz baglanyşykly pudaklarynda toplanylýan bilimleri nazara almak bilen ösdürilýär. Munuň özi doly suratda ykdysady we durmuşy geografiýa hem degişlidir. Mysal üçin, tebigy şertler bilen baýlyklar ykdysadyýete uly täsir edýär. Hojalykda peýdalanmak mümkinçilikleri nukdaý nazardan olara dogry baha bermek ykdysady we durmuş geografiýanyň möhüm wezipeleriniň biridir. Muny öwren-

mek üçin siziň V, VI we VII synplarda *fiziki geografiýa* derslerinden öwrenen bilimleriňiz kömek eder.

Her bir döwrüň taryhy ösüşiniň aýratynlyklary onuň ilatynyň we hojalygynyň düzümine hem-de ýerleşişine uly täsir edýär. Şoňa görä-de ilatyň we hojalygyň häzirki zaman meselelerine düşünmek üçin siziň *taryh* sapaklarynda alan hem-de alýan bilimleriňizi peýdalanmak zerurdyr. Häzirki zaman ylmy-tehniki progresi zähmet öndürijiligini, hojalygyň ähli pudaklarynyň ösüşiniň umumy möçberini ýokarlandyrýar we onuň geografiýasyny özgerdýär. Siziň *biologiýa*, *himiýa* we *fizika* sapaklarynda alan hem-de alýan bilimleriňiz hojalygyň dürli pudaklarynyň tilsimat aýratynlyklaryna düşünmeklige kömek eder.

Ykdysady we durmuş geografiýasy san görkezijilerini seljermek hem-de dürli ykdysady hasaplamalar bilen meşgullanýar. Şolaryň iň ýönekeýlerini siziň bilmegiňiz gerek.

Türkmenistanyň ykdysady we durmuş geografiýasy häzirki döwür bilen hemişe baglanyşdyrylyp öwrenilýär. Şeýlelikde, ýurdumyzda gurulýan we ulanylmaga berilýän senagat, oba hojalyk, ulag we aragatnaşyk kärhanalary baradaky maglumatlary çap edilýän gazetleriň, žurnallaryň, teleradioýaýlymlaryň habarlary arkaly alyp bilersiňiz. Geçilýän sapaklary we öýe berilýän ýumuşlary doly özleşdirmek üçin salgy beriji dürli-dürli neşirleri: ensiklopediýalary, geografiki sözlükleri we atlaslary ýygy-ýygydan peýdalanmak zerurdyr.

!?!

## Soraglar we ýumuş

**1.** Türkmenistanyň ykdysady we durmuş geografiýasy okuw dersi nämäni öwrenýär?

**2.** Türkmenistanyň ykdysady we durmuş geografiýasy jemgyýetiň haýsy hojalyk wezipelerini çözmäge ýardam edýär?

**3.** Ykdysady we durmuş geografiýa haýsy okuw dersleri bilen berk baglanyşykly?

**4.** Dersi öwrenmekde peýdalanyp boljak maglumat çeşmelerini depderiňize ýazyň.

# I bap

# Türkmenistanyň ykdysady-geografik ýerleşişi

## § 1. Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan dünýäniň syýasy kartasynda

Türkmenistan Orta Aziýada ýerleşýär we demirgazykda Gazagystan, gündogarda Özbegistan, günorta-gündogarda Owganystan, günortada Eýran Yslam Respublikasy bilen araçäkleşýär. Günbatarda bolsa onuň kenarlaryny Hazar deňziniň suwlary ýuwýar. Onuň gury ýer serhediniň umumy uzynlygy 4500 kilometrden gowrak. Türkmenistan meýdanynyň ululygy boýunça dünýäde ellinji orny eýeleýär. Onuň meýdany 491,2 müň km$^2$-e deňdir. Ol günbatardan gündogara 1100 kilometr, günortadan demirgazyga 650 kilometr aralyga uzalyp gidýär (*1-nji surat*).

Türkmenistan Ýewraziýanyň merkezi böleginde ýerleşýän ýurtdur. Ol dört tarapyndan hem tebigy çäkler bilen gurşalandyr. Demirgazykda Üstýurt platosynyň kert eňňitleri, günortada Köpetdag, Paropamyz etegi belentlikleri (Bathyz we Garabil), gündogarda Köýtendag, Sandykly çöli we Amyderýanyň jülgesi, günbatarda Hazar deňzi bilen araçäkleşýär.

Türkmenistanyň meýdan-çägi geografik taýdan gadymy medeni ojaklaryň aralygynda ýerleşýär. Bu ýagdaý ilatyň oturymlylygy we hojalyk gatnaşyklarynyň giňelmegi üçin amatly şertler döredipdir. Şoňa görä-de gadymyýetde Türkmenistanyň meýdany Beýik Ýüpek ýolunyň çatryklarynyň

biri bolupdyr. Şonuň esasynda dünýäniň ähli ýerlerinden kerwenler gelipdir. Şol döwürlerde Hytaýdan we Hindistandan Ortaýer deňziniň ýakasyndaky ýurtlara, Russiýadan Buhara, Eýrana we Gündogaryň beýleki ýurtlaryna barýan söwda ýollary Türkmenistanyň häzirki çäginiň üstünden geçipdir.

Türkmenistanyň Orta Aziýada, gadymy Ýüpek ýolunyň ugrunda, häzirki zaman howa, awtomobil we demir ýollarynyň çatrygynda ýerleşmegi onuň örän amatly ykdysady-geografik we geosyýasy ýerleşişini üpjün edýär. Bu bolsa onuň ykdysady ösüşini üpjün edýän esasy şertleriň biridir.

Gadymyýetde türkmenler dünýä siwilizasiýasyna uly goşant goşan halklaryň biridir. Muny biziň wakalara baý taryhymyz subut edýär. Türkmen halky baryp Oguzhan zamanyndan bäri dünýäniň ýüzünde 70-den gowrak döwletleri gurdy. Taryhda Aziýanyň, Ýewropanyň ykbalynda, syýasatynda, ykdysadyýetinde, medeniýetinde görlüp-eşidilmedik yz goýdy. Bu gün hem türkmen halky öz Milli lideri Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýolbaşçylygynda Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwründe Garaşsyzlygymyzy berkitmek, dünýäniň ykdysady taýdan ösen döwletleriniň hataryna goşulmak, dünýäde we sebitde parahatçylygy, özara bähbitli hyzmatdaşlygy berkitmek boýunça uly işleri amala aşyrýar.

Ýurdumyzyň amatly geosyýasy ýerleşişiniň ähmiýetini has-da ýokarlandyrýan şertleriň biri hem Garaşsyzlyk ýyllary içinde biziň ýurdumyzda häzirki zaman kämil ulag we aragatnaşyk ulgamlarynyň döredilmegidir. Tejen–Sarahs–Maşat, Aşgabat–Garagum–Daşoguz, Türkmenabat–Atamyrat demir we awtomobil ýollary, Amyderýanyň üstünden geçýän täze demir ýol köprüsi guruldy. Bu ýollar gadymy Ýüpek ýolunyň dikeldilmeginiň aýdyň mysalydyr. Bu bolsa Türkmenistanyň goňşy döwletler we dünýäniň




**1-nji surat. Türkmenistanyň Orta Aziýadaky ýerleşişi**

dürli künjeklerine çykalgasynyň bolmagyna we daşary-ykdysady gatnaşyklaryny ösdürmäge uly mümkinçilik berýär.

Türkmenistanyň geosyýasy ýerleşişiniň amatly tarapy onuň meýdanynyň tranzit mümkinçilikleridir. Bu ugurda ýurdumyzda uly halkara ähmiýetli işler durmuşa geçirilýär. Gurulýan Demirgazyk–Günorta (Uzen–Gyzylgaýa–Bereket–Etrek–Gürgen) demir ýolunyň gurluşygy tamamlanyp barýar, Hazar deňziniň kenarynda döredilýän «Awaza» Milli syýahatçylyk zolagy ýurdumyzyň amatly geografik ýerleşişini has-da ýerlikli peýdalanmaga gönükdirilendir. Bu bolsa Türkmenistanyň ykdysady ösüşine giň mümkinçilikler açýar, dünýä ýurtlary bilen gatnaşyklary ösdürmäge ýardam edýär. Şeýlelikde, şol gurulýan ýollaryň boýunda täze ykdysady obýektleriň döredilmegine, täze şäherleriň, obalaryň peýda bolmagy-

na, tebigy baýlyklaryň täze ýataklaryny özleşdirmäge uly mümkinçilikler döreýär.

Şeýle transmilli ulaglar ulgamy ygtybarly halkara gatnaşyklaryny üpjün eder, Türkmenistanyň Russiýa, Gazagystan we Eýran, beýleki Aziýa we Ýewropa ýurtlary bilen özara hyzmatdaşlygy ösdürmegiň we olaryň arasyndaky oňaýly gatnaşyklary berkitmegiň amatly serişdesi bolar. Bu ýol ýük we söwda dolanyşygyny birnäçe gezek artdyrmaga we ösdürmäge mümkinçilik berer.

Garaşsyzlyk ýyllarynda halkara hyzmatdaşlygyň ähli ugurlary boýunça ýurdumyz oňaýly Bitaraplyk syýasatyny ýöretmek bilen, durmuş-ykdysady özgerişleri amala aşyrmakda, içeri we daşary ykdysady hem-de syýasy işleri alyp barmakda uly üstünlikleri gazandy. Halkara zähmet bölünişigi ulgamynda Türkmenistan mynasyp orun eýeleýär.

Türkmenistan döwletara gatnaşyklaryny guramak we ýola goýmak işine çynlakaý hem jogapkärli çemeleşýär. Häzirki wagtda Türkmenistan dünýä döwletleriniň 131-i (22-nji fewral 2013-nji ýyl) bilen diplomatik gatnaşyklary alyp barýar. Halkara guramalarynyň 15-siniň wekilhanalary, daşary ýurtlaryň diplomatik wekilhanalarynyň 30-sy işleýär. Şol sanda Birleşen Milletler Guramasynyň (BMG), Ykdysady Hyzmatdaşlyk Guramasynyň (EKO), Ýewropada howpsuzlyk we hyzmatdaşlyk guramasynyň (OBSÝE) we beýleki guramalaryň doly hukukly agzasydyr.

Türkmenistanyň syýasy, ykdysady we durmuş ösüşindäki üstünlikleri onuň halkara abraýynyň artmagyna getirýär. Türkmenistan dünýäniň syýasy kartasynda tebigy baýlyklara baý, taryh üçin örän gysga wagtda uly ykdysady ösüşleri gazanan, sebitde parahatçylygyň ygtybarly daýanjy bolan, ylalaşdyryjy ýurt hökmünde barha rowaçlanýar. BMG-niň Öňüni alyş diplomatiýasynyň Orta

Aziýa boýunça sebit merkeziniň Türkmenistanyň paýtagty Aşgabatda açylmagy ýurdumyzyň halkara abraýyny has-da artdyrdy.

!?!

## Soraglar

**1.** Türkmenistan haýsy döwletler bilen araçäkleşýär?

**2.** Türkmenistanyň ykdysady-geografik we geosyýasy ýerleşişi nähili?

**3.** Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow ýurduň ykdysady we syýasy Garaşsyzlygyny, baky Bitaraplyk statusyny berkitmek boýunça nähili taryhy ähmiýetli işleri geçirýär?

**4.** Türkmenistan haýsy halkara guramalaryň agzasy?

# II bap

# Türkmenistanyň dolandyryş – çäk bölünişi

## § 2. Türkmenistanyň dolandyryş-çäk bölünişiniň konstitusion esaslary

Türkmenistan demokratik, hukuk we dünýewi döwlet bolup, onda döwleti dolandyrmak Prezident respublikasy görnüşinde amala aşyrylýar.

Her bir döwletiň meýdany dolandyryş-çäk bölünişine eýedir. Dolandyryş-çäk bölüniş ýurduň öndüriji güýçleriniň territorial ýerleşdirilişine we onuň durmuş-ykdysady, syýasy ösüşine ygtybarly gözegçilik etmegiň zerur serişdesi bolup hyzmat edýär. Şeýle bölüniş dünýäniň ähli döwletlerine mahsusdyr. Olar özleriniň atlary, emele gelişleri, möçberi boýunça dürli-dürlüdir. Meselem, käbir ýurtlarda dolandyryş-çäk birlikleri oblast, ştat, prowinsiýa, raýon, ülke we ş.m. diýlip atlandyrylýar.

Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 16-njy maddasynda Türkmenistanyň dolandyryş-çäk bölünişiniň birlikleriniň welaýatlardan, welaýat hukukly şäherlerden, etraplardan, etrap hukukly şäherlerden, şonuň ýaly-da etrapdaky şäherlerden, şäherçelerden we geňeşliklerden ybaratdygy bellenilýär.

Ýurdumyzy aýry-aýry dolandyryş-çäk birliklere bölmek 2009-njy ýylda kabul edilen «Türkmenistanyň administratiw-territorial gurluşynyň meselelerini çözmegiň hem-de döwlet kärhanalaryna, edaralaryna we beýleki obýektle-

re at dakmagyň, adyny üýtgetmegiň tertibi hakyndaky» Türkmenistanyň Kanunynda bellenilýär.

Welaýatlary, etraplary, şäherlerdäki etraplary, geňeşlikleri döretmek we ýatyrmak, ilatly ýerleri şäherleriň, şäherçeleriň, obalaryň derejesine degişli etmek, olaryň adyny hem-de çägini üýtgetmek Türkmenistanyň Mejlisi tarapyndan amala aşyrylýar. Dolandyryş-çäk gurluşynyň beýleki meseleleri Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan çözülýär.

Türkmenistanyň dolandyryş-çäk birliginiň ýokary derejesi welaýatlardyr. Biziň ýurdumyzda welaýata bölmek 1992-nji ýylda girizildi. Häzirki wagtda ýurdumyzyň territoriýasy 5 welaýata bölünýär. Olar Ahal, Balkan, Mary, Lebap we Daşoguz welaýatlarydyr. Welaýatlar döwletimiziň içerki iň uly durmuş-ykdysady bölegidir. Olary emele getiriji esasy faktor zähmetiň territorial bölünişidir. Her bir welaýat halk hojalygynyň aýry-aýry ugurlary boýunça ýurdumyzda belli bir orny eýeleýär, ýerli durmuş-ykdysady şertlere laýyklykda etraplara bölünýärler.

Häzirki wagtda ýurdumyzda jemi 57 etrap bolup, olaryň 50-si oba we 7-si şäher etraplarydyr. Oba etraplary özüne şäherleri, şäherçeleri, oba geňeşliklerini, obalary birleşdirýän esasy dolandyryş-çäk birliklerdir. Welaýatlar boýunça oba etraplarynyň sanawyny, araçäklerini 2-nji we 3-nji suratlardaky kartadan, diagrammadan görmek bolýar. Etraplaryň sany welaýatlar boýunça dürlüdir (*1-nji tablisa*).

Türkmenistanyň dolandyryş-çäk ulgamynda şäherlere möhüm orun degişlidir. Şäher halk hojalyk pudaklarynyň (şäher infrastrukturasynyň) mahsus alamatlary mese-mälim bolan, durmuş-ykdysady, medeni merkez bolup durýar. Türkmenistanda häzir 25 şäher bolup, olar hukuklary, derejeleri boýunça üç topara (kategoriýa) bölünýärler:

2. Sargyt № 2401.


GAZAGYSTAN
HAZAR DEŇZI
BALKAN WELAÝATY
DAŞOGUZ WELA
AHAL W
EÝRAN
TENGE
KUNGRA
Aýböwür
SAPARMYRAT TÜRKMENBAŞY ad.
KÖNE
Ýartygala
Bötendag
Sarygamyş köli
GURBANSOLTAN
RUHUBELENT
Daşoguz goly
Gäwersgyr
GARABOGAZ
Garabogazköl aýlagy
Garşy
Tüwer
Garagum köli (gurulýan)
GUWLYMAÝAK
Goşaoba
GYZYLGAÝA
TÜRKMENBAŞY
AKDAŞ
KENAR
TÜRKMENBAŞY
BELEK
OGLANLY
GYZYLSUW
Gyzyljaburun
Melegoç
DERWEZE
JEBEL
Ýasga
HAZAR
GARAGÖL
UZBOÝ
Böri
Gamyşly
Diňli
BEREKET
Garabogaz
GUMDAG
Ogurjaly ad.
Ýerbent
Oýukly
Gulmaç
SERDAR
Hajyölen
Ilek
Oýleguşluk
BOKURDAK
Bugdaýly
Börme
Haýyr
Aşgabat ş.s.a.
Gazykly
Goňurajy
Sumbar
Garagum derýasy
Madaw
MAGTYMGULY
BAHARLY
Akdepe
Göbekli
EKEREM
GARADEPE
Çendir
GÖKDEPE
Etrek
ABADAN
RUHABAT
AŞGABAT
ÄNEW
ARÇABIL
ÝAŞLYK
ETREK
Güdürolum
BAGABAT
ESENGULY
BAJGYRAN
AKGALA
GÜRGEN






2-nji surat. Türkmenistanyň dolandyryş-çäk kartasy

1) welaýat hukukly (döwlet ähmiýetli) şäher. Ol ýurdumyzyň paýtagty Aşgabat şäheridir;

2) etrap hukukly (welaýat ähmiýetli) şäherler. Şeýle şäherlere ilaty 30 müň adamdan ýokary, adatça, welaýatdaky ykdysady, medeni we dolandyryş merkeziniň biri bolan şäherler degişli edilýär. Türkmenistanda olaryň sany 15-e ýetýär.

3) etrapdaky (etrap ähmiýetli) şäherler. Olar etrap bilen bile edara edilýär. Şeýle şäherlere ilatynyň sany 8 müň adamdan geçýän, senagat kärhanalary, gurluşyk we ulag edaralary, jemagat hojalygy, ýerli (munisipal) ýaşaýyş jaý gaznasy, durmuş-medeni edaralarynyň ulgamy, söwda hem durmuş hyzmatlarynyň kärhanalary bolan hem-de, adatça, etraplaryň dolandyryş merkezleriniň biri bolan şäherler degişli edilýär. Ýurdumyzda şeýle şäherleriň sany 9 bolup, olara Bereket, Baharly, Gökdepe, Änew, Şatlyk, Ýolöten, Serhetabat, Atamyrat, Gazojak şäherleri degişlidir.

Käbir ýagdaýlarda etrap hukukly we etrapdaky şäherleriň derejelerine ilatynyň sanynyň bellenilen möçberden azdygyna garamazdan, durmuş-ykdysady ösüşiniň, ilatynyň sanynyň artyşynyň geljegi uly bolan şäherler we şäherçeler degişli edilip bilinýär.

Şäher ilatly ýerleriň ýene-de bir görnüşi şäherçedir. Şäherçelere ilatynyň sany 2 müň adamdan geçýän, çägi belli bir derejede rejeleşdirilen we abadanlaşdyrylan, öz çäginde senagat kärhanalary, gurluşyk we gatnaw edaralary, demir-ýol beketi, gidrotehniki desgalary, şypahanalary we beýleki ýatymlaýyn sagaldyş edaralary bolan ilatly ýerler degişli edilýär.

Häzirki wagtda Türkmenistanda 79 sany şäherçe bar (*1-nji tablisa*). Etrap merkezleriniň 35-isi şäherçelerdir.

*1-nji tablisa*

**2012-nji ýylyň 1-nji noýabryna çenli Türkmenistanyň dolandyryş-çäk bölünişi**

| | Etraplar | Şäherler | Şäherlerdäki etraplar | Şäherçeler | Şäherler | Obalar |
|---|---|---|---|---|---|---|
| Türkmenistan | 50 | 25 | 7 | 79 | 560 | 1927 |
| Aşgabat | – | 1 | 5 | 1 | – | |
| Welaýatlar | | | | | | |
| Ahal | 9 | 5 | – | 13 | 104 | 278 |
| Balkan | 6 | 7 | – | 16 | 40 | 128 |
| Daşoguz | 9 | 2 | – | 8 | 140 | 654 |
| Lebap | 14 | 5 | 2 | 27 | 119 | 485 |
| Mary | 12 | 5 | – | 14 | 157 | 382 |

Şäherler, şäherçeler ilatynyň sany boýunça düýpli tapawutlanýarlar. Ony 1-nji suratdaky kartadan aýdyň görmek bolýar.

Syrgyn tutup, bir ýere çugdamlanan, oturymly ilatynyň sany 50-den az bolmadyk ilatly ýerler oba hasap edilýär. Häzir Türkmenistanda 1927 sany oba bar. Bir ýa-da birnäçe obanyň territoriýasy geňeşligi emele getirýär. Türkmenistanda olaryň sany 560-a ýetýär. Oba geňeşlikleri arçynlyklar tarapyndan dolandyrylýar.

## § 3. Dolandyryş-çäk bölünişindäki özgerişler

Ýurduň dolandyryş-çäk bölünişi dürli durmuş-ykdysady şertlerde we döwürlerde üýtgäp durýar. Türkmenistan patyşa Russiýasynyň düzümine girizilenden soň, oblastlara, uýezdlere bölünipdir. 1880–1890-njy ýyllarda döwletimiziň çägine Zakaspiý oblasty diýlip at berlipdir. Öňki Soýuz döwründe Türkmenistanyň çägi oblastlara we raýonlara




**3-nji surat. Türkmenistanyň dolandyryş-çäk bölünişi**

bölünýärdi. Şol döwürde ýurdumyzyň çäginde oblastlar 3 gezek ýatyrylyp, soňra dikeldildi.

Ýurdumyzyň häzirki dolandyryş-çäk bölünişi garaşsyzlyk ýyllary içinde durmuş-ykdysady talaplara laýyk getirildi. Öňki dolandyryş-çäk birlikleriniň atlary millileşdirildi: oblast-welaýat, raýon-etrap, oba soweti – geňeşlik diýlip atlandyrylýar. Watanymyzda garaşsyzlyk ýyllary içinde 7 sany täze etrap (olaryň 4-si şäher, 3-si oba etraplary) peýda boldy. Hut 2007–2008-nji ýyllarda bolsa hormatly Prezidentimiziň

ak pata bermegi bilen Daşoguz, Lebap we Mary welaýatlarynda täze özleşdirilýän oba hojalyk ýerlerinde dolandyryş ulgamyny kämilleşdirmek, ilatyň hal-ýagdaýyny has-da gowulandyrmak, döwlet häkimiýeti we dolandyryş edaralarynyň işiniň netijeliligini ýokarlandyrmak maksady bilen Ruhubelent, Döwletli we Altyn sähra etraplary döredildi. Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň 2008-nji ýylyň 8-nji fewralyndaky «Türkmenistanda käbir şäherleriň we şäherçeleriň statusyny üýtgetmek hakyndaky» Kararyna laýyklykda Ahal welaýatynda Tejen, Balkan welaýatynda Serdar, Daşoguz welaýatynda Köneürgenç şäherleri etrap hukukly şäherleriň toparyna degişli edildi. Şol Karar boýunça Ahal welaýatynda Baharly, Gökdepe, Änew, Lebap welaýatyndaky Gazojak şäherçelerine etrapdaky şäherleriň derejesi berildi. Aşgabat şäheriniň düzümine girýän Arçabil şäherine Geňeş döredilmeýän şäherçäniň aýratyn statusy degişli edildi.

Türkmenistan öz Garaşsyzlygyna eýe bolanyndan soň köp wagt geçmänkä ýurdumyz boýunça jemi 29 etrabyň we 8 şäheriň atlary üýtgedildi. Şeýle hem döwletimizde köp geografik atlar millileşdirildi, şäherler we obalar taryhy döwürlerden – ata-babalarymyzdan gelýän atlaryny aldylar. Olaryň käbirlerine milli gahrymanlaryň, taryhy şahslaryň atlary berildi (*3-nji surat*).

!?!

## Soraglar we ýumuş

**1.** Türkmenistanyň dolandyryş-çäk bölünişi haýsy dolandyryş-çäk birliklerden ybarat?

**2.** Garaşsyzlyk ýyllarynda Türkmenistanyň dolandyryş-çäk gurluşynda nähili özgerişler bolup geçdi?

**3.** Türkmenistanda şäherleri hukuklary, derejeleri boýunça nähili taraplara bölýärler?

**4.** Sudur karta Türkmenistanyň welaýatlarynyň araçäklerini geçiriň, şäherleriniň, etraplarynyň atlaryny depdere ýazyň.

## III bap

# Türkmenistanyň tebigy baýlyklaryna ykdysady-geografik taýdan baha bermek

## §4. Ýurduň tebigy baýlyk mümkinçilikleri. Mineral baýlyklary

Tebigy şertler we baýlyklar her bir döwletiň ykdysady ösüşini kesgitleýän esasy faktorlardyr. Ýurduň tebigy şertleriniň hojalygy ösdürmek üçin amatlylygy, onuň çäginde tebigy baýlyklaryň dürli görnüşleriniň uly gorlarynyň bolmagy öndüriji güýçleriň çalt ösmegine ýardam edýär.

Biziň ýurdumyzyň ýerüstüniň amatly gurluşy (relýefi), klimat şertleri, ýer-suw baýlyklary, oba hojalygyny ösdürmek üçin uly mümkinçilikler döredýärler. Diýarymyzyň ýerastynyň dürli mineral baýlyklara, esasan-da, nebite, gaza we mineral duzlara baý bolmagy senagatyň dürli pudaklaryny ösdürmek üçin giň ýol açýar. Garaşsyzlyk döwründe şol tebigy şertlerden we baýlyklardan ýerlikli peýdalanmak netijesinde Türkmenistan durmuş-ykdysady ösüşde uly öňegidişlikleri gazandy.

**Mineral baýlyklar.** Ýurdumyz dürli görnüşli mineral baýlyklara, esasan-da, ýangyja, mineral-himiýa çig malyna, magdan baýlyklaryna (selestin, bentonit, barit, ozokerit), gurluşyk materiallaryna örän baýdyr. Garaşsyzlyk şol baýlyklary öz bähbitlerimize peýdalanmaga giň mümkinçilikleri açdy. Mineral baýlyklaryň gorlaryny ýüze çykar-

maga gönükdirilen geologiýa-gözleg işleri giňden ýaýbaňlandyryldy. Döwlet tarapyndan geologiýa – gözleg işlerini geçirmäge uly maýa goýumlary goýulýar.

***Ýangyç baýlyklary.*** Türkmenistan nebitiň we gazyň uly gorlaryna eýedir. Häzirki güne çenli nebit we gaz babatda geljegi uly bolan gatlaklaryň bir müňden gowragy ýüze çykaryldy. Ýerli we garaşsyz halkara bilermenleri ýurdumyzyň umumy geologik ätiýaçlyklaryna 20,8 mlrd tonna nebit we 25,2 trln $m^3$ tebigy gaz möçberinde baha berýärler. Diňe Hazar deňziniň ýalpaklygynda ýangyjyň serişde ätiýaçlyklarynyň 18,2 mlrd tonnasy (12 mlrd tonna nebit we 6,2 trln $m^3$ tebigy gaz) bar diýlip çaklanylýar.

Ýurdumyzyň çäklerinde geologik gurluşlarydyr nebitgazlylyk ähmiýeti boýunça şu aşakdaky sebitleri tapawutlandyrmak bolar: Hazar deňziniň türkmen ýalpaklyklary, Garabogaz töwerekleri, Günbatar Türkmen pesligi, Köpetdag etekleri, Merkezi, Üňüz aňyrsyndaky we Günorta–Gündogar Garagum, Murgap çöketligi, Amyderýa sebitleri. Şol bir wagtyň özünde ýurdumyzyň meýdan-çäginiň köp bölegi nebitgaz serişdeleri babatda entek doly öwrenilmedi. Munuň özi ýurdumyzyň nebitgaz ätiýaçlyklarynyň onuň häzirki hasaplanylýan möçberinden has kändigini görkezýär.

Ýangyjyň, esasan-da nebitiň uly gorlary Günbatar Türkmenistanyň çäginde jemlenendir. Köp ýyllardan bäri ýurdumyzyň bu böleginde onlarça uly ýataklardan nebit çykarylýar. Soňky ýyllarda bolsa Hazaryň deňiz ýalpaklyklarynda baý nebit ýataklary özleşdirilýär. Garaşsyzlyk ýyllarynda geçirilen geologiýa-gözleg işleriniň netijesinde Türkmenistanyň merkezi we gündogar sebitlerinde hem geljegi uly bolan nebit ýataklary açyldy. Türkmenistanyň beýleki sebitlerinde nebitiň gorlarynyň uludygyny Mary welaýatyndaky Günorta Ýolöten–Osman we Amyderýanyň sag kenaryndaky geljegi uly meýdanlar subut edýär. Merkezi Garagumdaky Mydar, Ýylakly meýdançalarynda tapylan

nebit ýataklary ýurdumyzyň bu sebitleriniň «gara altynyň» uly gorlaryna eýedigini görkezýär.

Ýurdumyzda tebigy gazyň esasy gorlary Günorta-Gündogar, Merkezi Garagumda, Amyderýanyň çep we sag kenar sebitlerinde, Bathyz–Garabil belentliklerinde ýaýrandyr. Olardan Galkynyş, Döwletabat–Dönmez, Tejen, Malaý, Garaşsyzlygyň 10 ýyllygy, Üçajy, Samandepe, Kerpiçli, Böwürdeşik, Balguýy, Naýyp, Ojak känleri gorlarynyň ululygy bilen tapawutlanýarlar. Günbatar Türkmenistanda arassa gaz ýataklary bilen birlikde nebit bilen ugurdaş gazlaryň çykýan ýerleri hem köpdür.

Özüne Günorta Ýolöten–Osman, Minara we Ýaşlar ýataklaryny birleşdirýän «Galkynyş» gaz käni Türkmenistana iri energetiki ýurt hökmündäki derejäni berdi. Bu ýataklar türkmen geologlarynyň iň iri açyşlarynyň biridir.

Türkmenistanyň çäginde Tüwergyrda, Ýagmanda, Köýtendagyň eteginde kömrüň iki görnüşiniň gorlarynyň barlygy bellidir. Geçirilen barlaglara görä Tüwergyrda daşkömür ätiýaçlygy, Ýagman ýatagynda hem goňur kömrüň uly gorlary jemlenen. Soňky ýyllarda Gyzylgaýa sebitinde ýokarsy goňur, aşaky gatlaklary bolsa daşkömürden ybarat uly Amanbulak kömür käni ýüze çykaryldy. Geljekde Demirgazyk-Günorta transmilli demir ýolunyň gurulmagy bilen bu sebitiň ýangyç baýlyklaryny peýdalanmaga uly mümkinçilikler döreýär.

**Metal magdanlary.** Ýurdumyzyň çäginde düzümi onçakly baý bolmadyk demir we reňkli metal magdanlary Köpetdagda, Köýtendagda, Uly Balkanda, Türkmenbaşy ýarymadasynda duş gelýärler.

Türkmenistanda Uly Balkanyň, Tüwergyryň, Köýtendagyň aşaky we orta ýura döwrüniň kömürli gatlaklarynda demir magdanynyň bardygy ýüze çykaryldy. Tüwergyrda demirli-marganesli gatlaklarda marganes magdanynyň bardygy anyklanyldy.

Düzüminde gurşun, sink bolan magdanlar Köýtendagda, Günbatar Köpetdagda, Tüwergyrda, alýuminiý çig maly Tüwergyrda, Gyzylgaýada, Bathyzda, Köýtendagda, mis magdanynyň çig mallary Köýtendagda, Köpetdagyň günbatarynda Garadagda, Arçmanyň günorta-günbatarynda duş gelýär. Seýrek duşýan metallardan simaply magdanlar Köpetdagda, molibden – Uly Balkanda, stronsiý (selestin) Garabogazgoluň günorta-gündogar kenarynda, Merkezi Garagumda, Tüwergyrda, Köýtendagda ýüze çykaryldy.

Pytraňňy ýagdaýda titan-sirkoniý magdany Bathyz–Serhetabat sebitinde, Ýeroýulanduz kölüniň çäklerinde, Amyderýa jülgesinde, Türkmenbaşy ýarymadasynda, Uly Balkanda, Günbatar Köpetdag eteklerinde duş gelýär.

**Himiýa çig maly.** Himiýa çig malyna ýurdumyz örän baý. Ol çig mallaryň arasynda esasy orny kükürt magdany tutýar. Türkmenistanda kükürt magdanynyň we ýokary hilli sap kükürdiň gorlary uludyr. Onuň esasy gorlary Merkezi Garagumda, Gowurdak – Köýtendag ýataklarynda jemlenendir. Diňe Gowurdakdaky kükürt magdanynyň gorlary 18 million tonnadan gowrak bolup, ol ýerasty eretme usuly bilen alynýar. Kükürt magdanynyň Bathyzda, Garabilde, Köpetdagda we onuň eteklerinde, Günbatar Türkmenistanda ýüze çykarylan ýerleri bar. Häzirki zaman tehnologiki enjamlar arkaly kükürt tebigy gazy gaýtadan işläp hem alynýar.

Türkmenistanda giňden ýaýran himiki mineral çig-mallara dürli duzlar degişlidir. Daş we kaliý duzlarynyň esasy ätiýaçlyklary Magdanly – Köýtendag sebitinde ýerleşýär. Magdanly, Köýtendag we Orta Aziýada iň uly kaliý duzly ýatak bolan Garlyk känlerinde kaliý duzlarynyň gorlary 4,0 milliard tonna golaý diýlip çaklanylýar.

Ýurdumyzyň dürli künjeklerinde daş we nahar duzunyň uly gorlarynyň ýaýran ýerlerine gabat gelmek bolýar. Şolardan senagat üçin ähmiýetlisi Balkan welaýatynda ýerleş-



Täzedepe
Garabogaz
Garabogazgol aýlagy
Köneürgenç
Sarygamyş köli
Daşoguz
Tärimgaýa
Tüwergyr
Türkmen köli
Guwlymaýak
Gyzylgaýa
Türkmenbaşy
Çalçulba
Içoguz
Oglanly
Uzboý
Hazar
Balkanabat
Goýun
Kyrkguýy
Goturdepe
Çeleken
Isgender
Bereket
Barsagelmez
Mydar
Gögerendag
Serdar
Atasary
Körpeje
Gamyşlyja
Ekerem
Abadan
Keýmir
AŞGABAT
Çekişler
Esenguly
Etrek
HAZAR DEŇZI
Şertli belgiler
Nebit
Tebigy gaz
Nebit we tebigy gaz
Kömür
Nahar duzy
Kaliý duzy
Glauber duzy
Kükürt
Ýod we Brom
Bentonit toýny
Kwars çägeleri
Hek daşy
Dolomit
Gips
Alunit
Seolit
Kaolin
Nebitdakyl (Ozoke
Gurluşyk materia
Barit, witerit


TÜRKMENISTANYŇ
GAZMA BAÝLYKLARY
Ojak
Naýyp
Birata
Dg.Balguýy
Kükürtli
Böwrüdeşik
Kerpiçli
Gandym
Amyderýa
Bagaja
Türkmenabat
Baş şor suw akabasy
Samandepe
Malaý
Kokdumalak-
Ýaşyldepe
Seýrap
Üçajy
Garaşsyzlygyň
10 ýyllygy
Agaýry
Ýylan
Ýelguýy
Atamyrat
Magdanly
Garlyk
Garagum derýasy
Mary
Baýramaly
Tejen
Ýolöten
Go. Ýolöten
Ýaşlar
Murgap
Osman
Döwletabat -
Dönmez
Tejen
Tek-tek
Gurrukbil
Galaýmor
Ýeroýlanduz
Serhetabat
0
100
km

**4-nji surat.**

ýän Guwly we Babahoja duz känleridir. Köýtendagda daş duzunyň uly ätiýaçlyklary bar. Olardan Magdanly daş duz käninde kalsinirlenen we kaustik sodany öndürmek üçin ýaramly duzlaryň möçberi 2 mlrd tonna golaýdyr. Nahar duzunyň uly ätiýaçlygy Bathyzdaky Ýeroýulanduzda gips gatyşykly daş duzy hasaplanýar.

Himiýa senagaty üçin ýokary hilli çig mal ätiýaçlyklary boýunça Garabogazgol aýlagynyň örän uly ähmiýeti bardyr. Aýlagyň suwunyň duzlulygy Hazar deňziniňkä garanda 10 esse (280–305 ‰) ýokarydyr. Garabogazgol aýlagynyň içinde möçberi 48 mlrd tonna golaý bolan çöken duzuň 30%-i ergin halda, galan 70 %-i kristallaşan çökündiler görnüşinde duşýar. Onuň suwy dürli mineral duzlara baýdyr. Ol ýerde esasy çig mal bolan natriý sulfatdan başga-da bor, brom, kaliý, magniý, marganes, litiý, rubidiý, stronsiý, ýod ýaly gymmatly himiki elementler bar. Bu sebitde mirabilitden başga-da kaliniň, kükürtturşy magniý duzlarynyň, bromuň we ýokarda atlary agzalan duzlaryň uly ätiýaçlyklary bar.

Ýurdumyzyň hemme ýerinde diýen ýaly *ýodly-bromly ýerasty suwlaryň* bardygy anyklanyldy. Esasan hem Günbatar Türkmenistanyň ýerasty gatlaklary ýodly-bromly suwlara baýdyr. Çeleken ýarymadasynda, Boýadagda, Balkanabat–Monjukly ýataklarynda ýerasty suwlaryň düzüminde 26–35 mg/l ýod, 380–400 mg/l brom bar. Ýodly-bromly ýerasty suwlar Demirgazyk Türkmenistanda, Merkezi Garagumda, Günbatar Köpetdagda, Murgap derýasynyň ýokary akymynda we Köýtendagda hem gabat gelýärler. Ýöne olaryň düzümindäki ýoduň we bromuň möçberi köp däldir.

Ýurdumyzyň Günbatar etraplarynda ozokeritiň gorlary ýaýrandyr. Olaryň emele gelşini öwrenen alymlar ony nebit bilen baglanyşdyrýarlar. Çeleken ýarymadasynda ozokerit Aýmen-Meşed ýatagyndan gazylyp alynýar. Gatlaklaýyn halda ozokerit Dagajyk we Alygul ýataklarynda bardyr, ol saglygy goraýyşda giňden ulanylýar.

Türkmenistanyň çäginde hek daşlarynyň uly ätiýaçlyklary bar. Hek daşlary himiýa senagatynda, soda önümçiliginde giňden ulanylýar. Onuň gorlary Köýtendagda, Magdanlyda we Garajumalakda ýerleşýär.

Bentonit toýnunyň gorlary Oglanly käninde hem-de Gyzylgaýa sebitinde ýerleşýär. Ýurdumyzda himiki häsiýeti boýunça tapawutlanýan bentonitiň 7 görnüşi duş gelýär. Oglanly käninde çykýan bentonitler aksowult, süýt reňkli toýundyr. Olar halk hojalygynyň dürli pudaklarynda, ýagny nebit-himiýa, dokma senagatynda, keramika we farfor önümçiliginde we lukmançylykda giňden ulanylýar. Gyzylgaýanyň golaýynda düzüminde kaolin saklaýan çägelik ýataklary ýerleşýär. Kaolin santehniki, farfor-faýans önümlerini almakda, ýuka keramika, aýna, kagyz, karton we oda çydamly kerpijiň senagat önümçiligi üçin toplumlaýyn çig mal bolup hyzmat edýär.

Türkmenistan dünýäde seýrek duş gelýän hem-de gymmatly mineral bolan selestin magdanlaryna baýdyr. Magdanly-Köýtendag sebitinde ýerleşýän Arik we Sakyrtma ýataklarynda selestin magdanlarynyň gorlary millionlarça tonna barabardyr.

**Gurluşyk çig mallary.** Türkmenistan mineral-gurluşyk çig mallaryna baýdyr. Sement we gurluşyk aýnasy üçin çig mallar, dolomit, gips, kerpiç toýny, iri we ownuk çagyllary, gurluşyk we silikat çägeleri, diwar kerpiçleri üçin öýjükli hek daşlary, diwaryň ýüzüne örtülýän bezeg daşlary we ençeme beýleki materiallar bar.

Sementiň iri çig mal baýlyklary Baharlynyň we Abadanyň golaýynda, Uly Balkanda we Köýtendagda ýerleşýär. Aýna senagaty üçin möhüm çig mal bolup hyzmat edýän ýokary hilli kwars çägeleri Berkararyň (öňki Babadurmazyň) töwereginde, Aşgabadyň golaýynda, Keletede, Baharlyda bar. Ondan ýasalýan dürli reňkdäki çüýşe gaplary azyk senagatynda we lukmançylykda ulanylýar.

*Çäge gatyşykly çagyl* Türkmenistanyň günortasynda Köýtendag, Köpetdag, Uly we Kiçi Balkan, Bathyz, Şagadam sebitlerinde, dag eteklerinde köp möçberde duş gelýär. Onuň uly känlerine Kelete, Armansagat, Abadan, Belek, Gökdepe, Duşak, Galaýmor degişlidir.

Ýol, jaý gurluşygy we keramzit kerpijini öndürmek üçin zerur bolan *toýnuň* Türkmenistanyň köp ýerlerinde uly gorlaryna duş gelip bolýar. Keramzit üçin çig mal Baharlyda, Uly Balkanda, Dänişerde (Birata etrabynda), Gabaklyda jemlenendir.

Gurluşyk üçin zerur bolan *çagyl daşy* Türkmenbaşyda, Gubadagda (Daşoguz welaýatynda), Kelifde (Amyderýanyň boýunda), Abadanda gazylyp alynýar. Bulardan başga-da Türkmenbaşy şäheriniň golaýynda, Jebelde, Kernaýda (Daşoguz welaýatynyň Saparmyrat Türkmenbaşy etrabynda), Balkanabadyň demirgazyk-günbatarynda we beýleki ýerlerde çagyl daşynyň uly ätiýaçlyklary bar.

Ýurdumyzda *byçgylanyp, kesilip alynýan daş* Türkmenbaşy şäheriniň golaýynda, Garabogaz şäheriniň demirgazygynda, Mukry (Magdanly şäheriniň golaýynda) ýataklarynda bolup, hojalyk hajatlary üçin ulanylýar.

*Bezeg üçin diwara tutulýan daşlar* Gökdepede, Gaýly demir ýol menziliniň demirgazygynda (Balkan welaýaty), Türkmenbaşy ýataklarynda bar. Gurluşyk kärhanalary üçin gerek bolan gips Türkmenbaşy käninden gazylyp alynýar. Bulardan başga-da Borjakly (Belek demir ýol menziliniň demirgazyk-gündogarynda), Magdanly şäheriniň demirgazyk-günbataryndaky ýataklarda gipsiň ätiýaçlyklary uludyr.

## § 5. Türkmenistanyň klimat baýlyklary

Siz VII synpda öwrenen Türkmenistanyň fiziki geografiýasy dersinden ýurdumyzyň özboluşly klimat şertleriniň bardygyna göz ýetirensiňiz. Bu şertler oba hojalyk önümçi-

ligini ösdürmäge uly täsir edýär. Diýarymyzyň meýdan-çägi üçin gurak kontinental klimat häsiýetlidir. Şeýle klimat ýagdaýynyň emele gelmegi – ýurdumyzyň dünýä okeanyndan uzakda ýerleşmegi, onuň demirgazyk, gündogar, günbatar bölekleriniň açyklygy, ýagny düzlük bolmagy, günortasynda, günorta-gündogarynda daglaryň bolmagy bilen hem baglanyşyklydyr. Demirgazyk we demirgazyk-günbatarda daglaryň we belentlikleriň ýoklugy sebäpli, bu ýere aram we sowuk guşaklyklardan howa akymlary çalt aralaşyp bilýär, şeýle hem howa ýagdaýynyň çalt üýtgemegine getirýär. Günortada, günorta-gündogarda dag gerişleriniň bolmagy bolsa Hindi okeanyndan çygly howanyň gelmegine päsgel berýär.

Şonuň üçin Türkmenistanyň klimat şertleriniň özboluşly aýratynlyklary ýüze çykýar. Oňa ýagtylygyň we ýylylygyň, aýazsyz günleriň köp bolmagy, ygalyň azlygy we bugaryşyň ýokary bolmagy, howanyň bolsa has guraklygy häsiýetlidir. Gün şöhlesiniň ýer üstüne düşüşiniň dowamlylygy boýunça Türkmenistanyň günorta bölegi Orta Aziýa ýurtlarynyň arasynda birinji orunda durýar. Gün şöhlesiniň ýiti bolan günleriniň her ýyldaky dowamlylygy Hazar deňziniň türkmen kenarlarynda 106 günden, Türkmenistanyň günorta-gündogarynda 150 güne ýetýär. Tomsuna, ýylyň bulutsyz döwründe her aýda gün şöhlesiniň düşüşiniň dowamlylygy 340–400 sagada ýetýär we bu babatda Türkmenistan Afrikanyň tropiki ýurtlary bilen bäsleşip bilýär.

Gün radiasiýasynyň mukdarynyň köp bolmagy Türkmenistanyň has günortadaky geografik ýerleşişine baglydyr. Bu ýerde her $sm^2$ meýdana ortaça 105–132 k/kaloriýa gün radiasiýasy düşýär.

Howanyň ortaça temperaturasy bütin ýylyň dowamynda +15,0 gradusdan +16,1 gradusa çenlidir. Ýanwarda her gije-gündizde ortaça temperatura +1,0, +5,2 gradusa deň, iýulda bolsa +28,9, +32,1 gradusa barabardyr. Şeýlelikde, 10

3. Sargyt № 2401.

gradusdan ýokary temperaturanyň ýyl boýunça jemi 5268 gradusdan – 5655 gradusa çenli bolýar. Ýylyň dowamynda aýazsyz günleriň dowamlylygy 216–267 güne, ýurduň günorta-günbatarynda (Etrekde) bolsa 350 güne çenli ýetýär. Gurakçylyk Türkmenistanyň klimatynyň häsiýetli alamatydyr. Howanyň köp ýyllar boýunça ortaça otnositel çyglylygy 48%-den – 64%-e çenli üýtgäp durýar. Klimatyň guraklygy atmosfera ygallarynyň az ýagmagy bilen düşündirilýär. Ygallar, köplenç, gyş, bahar pasyllarynda köp bolýar (her ýylda 135–186 mm). Mart aýyndan oktýabr–noýabr aýyna çenli dowam edýän wegetasion döwürde ygal has hem az ýagýar.

Türkmenistanyň, aýratyn-da onuň günorta etraplarynyň klimat şertleri ýylylygy halaýan oba hojalyk ekinlerini ösdürip ýetişdirmek üçin amatlydyr. Onuň klimat şertleri Garagum derýasynyň geçýän ugrunda we günortada gowaçanyň gymmatly inçe süýümli görnüşini ösdürip ýetişdirmäge mümkinçilik berýär. Günorta sebitlerde ýorunjany 5–6 gezek orup bolýar. Miweli agaçlardan we üzümden ýokary hasyl, şeýle hem bakjadan iki gezek hasyl almak mümkin. Günorta-günbatar Türkmenistanda, gurak subtropik sebitde nar, hurma, zeýtun, injir agaçlaryny, şeýle hem açyk toprakda bütin ýylyň dowamynda gök ekinleri ösdürip ýetişdirip bolýar.

**Rekreasiýa baýlyklary.** Türkmenistan özboluşly we köpdürli rekreasiýa baýlyklaryna eýedir. Rekreasion baýlyklaryň köpdürlüligi dynç alyş-sagaldyş ulgamyny we syýahatçylyk pudagynyň dürli ugurlaryny ösdürmeklige mümkinçilik döredýär. Hormatly Prezidentimiz «Türkmenistan – melhemler mekany» atly ylmy işinde «Ýurdumyzda daglaryň, derýalaryň, kölleriň, çölüň we deňziň, dürli görnüşli termal we mineral çeşmeleriň, melhemlik palçyklaryň, özboluşly ösümlik we haýwanat dünýäsiniň bolmagy adam saglygyny dikeltmek we syýahatçylygy ösdürmek üçin uly mümkinçilikleri döredýär» diýip belleýär.

Diýarymyzyň tebigy şertleri adamlaryň beden saglygy üçin amatlydyr. Onuň gurak klimaty demgysma, guragyry we başga-da birnäçe keseller üçin melhem hasaplanýar. Yssy klimaty bilen böwrek kesellerini bejerýän Baýramaly şypahanasy, ýyly we kükürtli suw bilen aşgazan kesellerini bejerýän Arçman şypahanasy, palçyk we şor suw bilen dürli keselleri bejerýän Mollagara şypahanasy ýurdumyzyň çäginden daşarda hem bellidir. Döwlet tarapyndan şol şypahanalaryň durkuny täzelemek we döwrebaplaşdyrmak boýunça uly işler geçirildi. Köpetdagyň jana ýaramly klimatly we gözel tebigatly ýeri bolan Gökdere jülgesinde çagalar üçin dynç alyş we sagaldyş merkezleri işe girizildi. Köpetdagda, Köýtendagda, Uly Balkanda we beýleki daglyk ýerlerde dynç alyş üçin klimat şertleri, mineral suw çeşmeleri, tokaý zolaklary bar.

Hazaryň kenary kesel bejeriş we öňüni alyş çäreleri üçin örän ähmiýetli suw-mineral baýlyklaryny özünde jemleýär. Awazanyň saglygy dikeldiş häsiýetli suwy, howasy, palçygy we çägesi bar. Deňiz suwunda himiki elementleriň 30-a golaýy duş gelýär. Hazar deňziniň gündogar kenarynyň iň uly suw-mineral baýlyklarynyň biri bolan Awaza ýatagynyň suwy bromuň, ýoduň, boruň ýokarlandyrylan derejesini özünde saklaýan balneologiýa – sagaldyjy häsiýetli suwlaryň hataryna girýär. Suwuň ortaça duzlulygy 13,2%-e barabar. Natriý hloridli suw adamyň daýanç-hereket agzalarynyň, nerw we ýürek-gan damar ulgamlarynyň kesellerini bejermekde we öňüni almakda şypa beriji tebigy serişde hasaplanýar. Deňiz suwunyň we howasynyň köptaraplaýyn bejeriji täsir etmeginde olaryň düzümine girýän möhüm mineralyň – ýoduň hem uly ähmiýeti bardyr.

Awaza ýatagynyň suw-mineral we klimatik baýlyklaryny netijeli peýdalanmak maksady bilen hormatly Prezidentimiziň taýsyz tagallasy netijesinde «Awaza» Milli syýahatçylyk zolagy döredildi. Bu zolagyň döredilmeginiň

esasy maksady ýurdumyzyň syýahatçylyk we jahankeşdelik mümkinçiliklerini netijeli peýdalanmakdan, raýatlarymyzyň dynç almaklary we saglyklaryny bejertmekligi üçin amatly şertleri döretmekden ybaratdyr.

## § 6. Türkmenistanyň suw baýlyklary

Türkmenistan hojalyk-agyz suw hajatlary üçin ýaramly bolan ýerüsti we ýerasty suwlaryň möçberiniň çäkliligi bilen häsiýetlenýär we olar ýerleşişi boýunça endigan däldir. Ýurdumyzyň suw serişdeleri uly we kiçi derýalaryň (Amyderýa, Murgap, Tejen, Etrek), çeşmeleriň we wagtlaýyn akarlaryň akymlaryndan hem-de ýerasty süýji suwlaryň gorlaryndan emele gelýär. Amyderýa, Murgap, Tejen, Etrek derýalary Türkmenistanyň suw serişdeleriniň esasy çeşmeleri bolup durýar.

Amyderýa Orta Aziýanyň iň uly we köp suwly derýasydyr. Goňşy döwletleriň üsti bilen akyp gelýän Amyderýanyň 1036 kilometri biziň döwletimiziň çäklerinden geçýär. Ýurdumyzyň ýerüsti suw çeşmelerindäki suwunyň möçberiniň 88%-i onuň paýyna düşýär. Suw serişdeleriniň uly bölegini üpjün edýän Amyderýanyň oba hojalygyny, senagaty ösdürmekde, azyk howpsuzlygyny berkitmekde ähmiýeti juda uludyr. Garagum we Türkmen derýalary hem öz gözbaşyny Amyderýadan alýar. Lebap hem Daşoguz welaýatlarynyň müňlerçe gektar ekerançylyk ýerlerini suwarýan uly kanallaryň birnäçesi hem Amyderýadan ýa-da ondan suwlulanýan howdanlardan gözbaş alýar. Häzirki döwürde derýanyň akabasynda zeý suwlarynyň goşulmagynyň we derýanyň häli-şindi öz ugruny üýtgedip durmagynyň öňi alyndy. Onuň ugrunda möhüm suw desgalary guruldy we gurulýar, öňden bar bolan suw howdanlarynda düýpli abatlaýyş, giňeldiş işleri geçirilýär.

Türkmenistanyň halk hojalygy üçin Garagum derýasynyň ähmiýeti örän uludyr. Başsakadan Bereket etrabyna çenli onuň 1100 kilometrlik suw akabasy bar. Garagum derýasynyň suwy Murgap, Tejen derýalaryna guýdurylyp, uly bir suw ulgamyny kemala getirýär. Bu emeli derýa Lebap, Mary, Ahal we Balkan welaýatlarynyň ekerançylyk we öri meýdanlarynyň köp bölegini suwlulandyrýar. Garagum derýasynyň boýunda ätiýaçlyk suw gorlary üçin uly howdanlar guruldy. Bereketden Balkanabat, Hazar, Türkmenbaşy şäherlerine çenli Garagum derýasynyň suwy geçirijiler arkaly ýetirilýär. Garagum derýasy geçen ugrunda bina edilen ençeme senagat kärhanalary, ilatly ýerleri, şol sanda, Aşgabat şäherini hem suw bilen doly üpjün edýär. Derýanyň suw geçirijilik ukybyny ýokarlandyrmak maksady bilen onuň hanasyny giňeltmek, çuňaltmak we arassalamak işleri alnyp barylýar.

Murgap esasy suwaryş ulgamlarynyň biri bolup, uzynlygy we ykdysady taýdan ähmiýetliligi boýunça ýurdumyzyň ikinji derýasydyr. Derýa suwuny kadalaşdyrmak maksady bilen Saryýazy, Daşköpri, Ýolöten, Ortaky we Aşaky Hindiguş ýaly suw howdanlarynyň gurulmagynyň, oňa Garagum derýasynyň suwunyň guýdurylmagynyň netijesinde Murgap derýasynyň akymy ýokarlandy.

Tejen derýasy ýurdumyzyň suw ulgamynda esasy orunlaryň birini eýeleýär. Derýanyň suwy Sarahs, Altyn asyr, Tejen, Babadaýhan etraplarynyň ekin meýdanlaryny suwarmak üçin peýdalanylýar. Aşak akymynda oňa Garagum derýasynyň suwunyň bir bölegi goşulýar. Tejen derýasynyň suwuny möwsümler boýunça rejeli ulanmak üçin onuň ugrunda birnäçe suw howdanlary guruldy. Garaşsyzlyk ýyllarynda derýanyň Eýran Yslam Respublikasyndan biziň ýurdumyza geçýän ýerinde «Dostluk» suw howdany guruldy. Bu desga Tejen derýasynyň suwuny has netijeli peýdalanyp, ekerançylyk ýerlerini giňeltmäge mümkinçilik berdi.

Gözbaşyny Eýrandaky Türkmen–Horasan daglaryndan alyp gaýdýan Etrek derýasynyň uzynlygy 635 kilometrdir. Etregiň kenarynda 20 müň gektara golaý ekerançylyk meýdany bar. Derýanyň suwy olaryň diňe 25%-ini suwarmaga ýetýär. Etrek derýasynyň suwuny tygşytly ulanmakda, ýagny suw goruny toplamakda suw howdanlarynyň ähmiýeti uludyr.

Gulangalasy we Daýnasuw derýajyklarynyň birikmesinden emele gelýän Sumbar derýasyna Aýdere we Çendir akabalary-da goşulýar. Uzynlygy 247 kilometr bolan bu derýa ýaz aýlary joşup, tomusda az suwly bolýar. Sumbar derýasynyň ýakasynda ýaşaýan ilat onuň süýji suwuny ýerlikli peýdalanyp, dürli görnüşli ekinleri, miweli baglary ösdürip ýetişdirýär.

Umumy uzynlygy 180 kilometre golaýlaýan Türkmen derýasy Daşoguz welaýatynyň çäklerindäki bölegini suwlulandyrýar. Derýanyň her sekuntdaky suw geçirijiligi 300 kubometre barabardyr. Häzirki wagtda bu emeli derýanyň suw geçirijilik ukybyny artdyrmak işleri alnyp barylýar. Derýany ýene-de uzaltmak, hanasyny giňeltmek, kenaryny berkitmek, suw geçiriji desgalary abatlamak işleri üznüksiz dowam etdirilýär. Türkmen derýasynyň gurulmagy bilen öň gülüstanlyk bolan Daşoguz topragy täzeden özleşdirilip başlandy. Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň Daşoguz topragynda döreden täze nusgalyk Ruhubelent etrabynyň ekin meýdanlary hem Türkmen derýasy bilen suwlulandyrylýar.

Bulardan başga-da Türkmenistanda birnäçe kiçijik derýalar Köpetdagda we Köýtendagda bar. Olaryň ýerli hojalyk ähmiýeti bardyr.

Derýalaryň suwlaryny sazlamak we döwürleýin suwlary ýygnamak maksady bilen ýurdumyzda Garagum derýasynyň we beýleki derýalaryň ugrunda umumy göwrümi 3,5 mlrd $m^3$-den geçýän 16 sany suw howdany döredildi.

Şäherleri we ilatly ýerleri agyz suwy bilen üpjün etmek üçin süýji ýerasty suwlaryň gorlary ätiýaçlyk hyzmatyny edýär. Türkmenistan ýerasty suwlaryna baý ýurt. Onuň uly gorlary Merkezi Garagumda, Köpetdagyň we Köýtendagyň eteklerinde, Bathyz we Garabil belentliklerinde ýerleşýär. Ýerasty süýji suwlarynyň anyklanan gorlarynyň sany 81-e ýetýär.

Häzirki wagtda ýerleriň meliorativ ýagdaýyny gowulandyrmak hem-de ýaramsyz sowma suwlary gaýtadan ulanmak maksady bilen zeýkeşler ulgamyny gurmak boýunça uly işler amala aşyrylýar. Bu ugurda Garagumda gurulýan «Altyn asyr» Türkmen köli uly netije berer. Türkmen köli ýurduň demirgazyk-günbatarynda ýerleşen Garaşor tebigy çöketligiň esasynda döredilýär. Bu taslamanyň amala aşyrylmagy ýurduň suw ätiýaçlyklaryny ep-esli derejede artdyrmaga, olary halk hojalygynyň hajatlary üçin gaýtadan ulanmaga, ekerançylyk ýerleriniň meliorativ ýagdaýyny, Garagum çölüniň ekologik ýagdaýyny gowulandyrmaga mümkinçilik berer.

## §7. Toprak we ýer baýlyklary

Ýer üstüniň gurluşy boýunça Türkmenistan düzlük we daglyk zonalara bölünýär. Her bir zona üçin häsiýetli toprak görnüşleri bar. Ýurdumyzyň düzlük we dag etegi-niň peslikleri mele topraklydyr. Düzlüklerde şeýle hem çöl-çäge, takyr, takyrsow, şor we şorlaşan topraklar ýaýrandyr. Belentliklerde, gyrlarda melemtil-goňras, ekerançylyk ýerlerde, esasan-da, derýa jülgelerinde çemenli toprak agdyklyk edýär. Bu topraklaryň aglabasy ekerançylyk üçin ýaramlydyr, ýöne Diýarymyzyň çäklerinde ýaýran bu topraklarda çüýrüntgiler kän däl, olar 0,2–2% çemesidir. Şoňa görä-de oba hojalyk ekinlerinden ýokary hasyl almak üçin topraga goşmaça mineral we organiki dökünleri dökmek zerur.

Türkmenistan ummasyz ýer baýlyklaryna eýedir. Ýurdumyzyň her bir raýatyna ortaça 9 gektara golaý ýer düşýär. Bu görkeziji boýunça biziň ýurdumyz dünýäde öňdäki orunlarda durýar.

Türkmenistanyň ähli ýer gory 49121 müň gektara barabardyr. Oba hojalygyna ýaramly ýerleriň meýdany 39831,6 müň gektar (ähli ýeriň 69,4%-i). Şonuň 68,3%-ini, daýhan birleşiklerine berkidilen oba hojalyk maksatly ýerler, döwlet gorunyň ýerleri 20,1%-ini, tokaý zonasynyň ýerleri 4,5%-ini, senagat, ulag, aragatnaşyk, energetika, goranmak we gaýry maksatly ýerler 3,3%-ini tutýar. Ýurdumyzyň çäginde tebigaty goraýyş, sagaldyş, dynç alyş we taryhy-medeni maksatly ýerler 781,6 müň gektar, suwly ýerler 508,0 müň gektara deňdir.

Türkmenistanyň ýer gory hojalykda ulanylyşy boýunça dürli hilidir. Ekerançylyk ýerleriniň düzümine oba hojalyk ekinleri ekilýän ýerler girýär. Oňa sürülýän ýerler, köp ýyllyk agaçlaryň tutýan meýdanlary, boz ýerler degişlidir. Oba hojalygynda peýdalanylýan 39831,6 müň gektar meýdanyň 1553 müň gektary sürülýän ýerler (ähli ýer gorunyň 3,8%-i), 38105 müň gektary bolsa öri meýdanlarydyr. Bu bolsa ýurdumyzyň ähli ýer gorunyň 77,5%-ini emele getirýär (*5-nji surat*).




**5-nji surat. Türkmenistanyň ýer gorunyň düzümi**

Ýurdumyzda suw gorunyň çäkliligi sebäpli, oba hojalygyna ýaramly ýerleriň bary-ýogy 2 mln gektara golaýynda ekin ekilýär, bu bolsa ähli ýaramly



**6-njy surat. Öri meýdany**

ýerleriň diňe 6%-ini tutýar. Türkmenistanda ekerançylykda peýdalanmaga ýaramly ýerleriň möçberi 17 mln gektardan hem köpdür.

Türkmenistanyň ekerançylyga ýaramly ýerleriniň 5–6 mln gektary özleşdirmäge degişlidir. Täze özleşdirilmeli ýerler Lebap welaýatynyň çäginde Tallymerjen, Bataş, Mary welaýatynda Jojukly we Şyhmansur düzlüklerinde, Ahal welaýatynda Tejen derýasynyň gadymy deltasynda, Köpetdagyň eteginde, Balkan welaýatynda Maşat–Misserian düzlüginde, Demirgazyk Türkmenistanda Şasenem, Was, Diýarbekir, Aşyk-Aýdyň, Şähribossan massiwlerinde ýerleşýär. Bu ýerlerde ekerançylyga ýaramly takyr görnüşli, takyr, takyrsow mele, takyrsow çemen topraklar giňden ýaýrandyr. Täze ýerleri özleşdirmek bilen birlikde ýerleri işläp bejermegi kämilleşdirmegiň hasabyna olaryň hasyllylygyny ýokarlandyrmak meselesine uly üns bermek gerek. Bu babatda hormatly Prezidentimiziň özleşdirilýän tarp ýerlerde täze oba hojalyk etraplaryny döretmek hem-de

obalaryň durmuş-ykdysady ösüşini çaltlandyrmak baradaky kararlary aýratyn ähmiýete eýedir.

Suwarymly ýerlerden netijeli peýdalanmak hem-de oba hojalyk ekinlerinden, miweli agaçlardan ýokary hasyl almak ýerleriň melioratiw ýagdaýy bilen bagly bolup durýar.

Ekinlere berilmeli suwuň ylmy tarapdan esaslandyrylan möçberi, suwaryş usullary, ekin dolanyşygy, açyk we ýapyk zeýkeşleriň gurluşygy we olaryň ulanylyşy kadalaşdyrylmasa, suwarymly ýerleriň melioratiw ýagdaýy ýaramazlaşýar.

Türkmenistanyň suwarymly ýerleriniň melioratiw ýagdaýyna aýratyn üns berilmelidir. Şonuň üçin ýurdumyzda ýerleriň melioratiw ýagdaýyny gowulandyrmak babatda uly işler amala aşyrylýar. Ähli welaýatlarda öňki hereket edýän şor suw akabalarynyň durky täzelenýär, täze şor suw akabalary gazylýar.

Bu babatda «Altyn asyr» Türkmen kölüniň uly ähmiýeti bar. Ekerançylyk ýerlerinden çykarylýan şor suwlary Garaşor çöketligine ýygnamak ýerleriň ekologik we melioratiw ýagdaýyny düýpli gowulandyrmaga, toplanan şor suwlary ikilenç ulanmaga mümkinçilik berer.

## § 8. Biologik baýlyklar, olary goramak we tygşytly peýdalanmak. Türkmenistanda tebigaty goramak

Türkmenistanyň çäginde ýaýran ösümlikler we haýwanlar biologik baýlyklara degişlidir. Ösümlikler ýurdumyzyň toprak örtügini baýlaşdyrýar. Ony ýeliň tozatmagyndan, suwuň ýuwup äkitmeginden gorap saklaýar. Olaryň hojalyk ähmiýeti uludyr. Garagum çölüniň, belentlikleriň, daglaryň tebigy ösümlikleri öri meýdanlardaky mallar üçin

oňat iýmitdir. Ösümlikleriň dermanlyk ähmiýeti-de örän uludyr.

Goraghanalardan we ekerançylyk meýdanlardan beýleki ýerleriň ösümlik örtügi mallar üçin öri meýdany bolup hyzmat edýär. Olaryň umumy meýdany 41 mln gektara golaýdyr. Tutýan meýdany boýunça (26 mln ga-dan köpräk) çägeli çöllük ýerler has tapawutlanýar. Oňa Garagum, Çilmämmetgum, Üçtagan, Gumsepişen, Maşat, Hazaryň boýundaky çägeli çöller degişlidir. Bu öri meýdanlaryň her gektarynyň mal iýmit ätiýaçlygy 0,6–2,3 sentner aralygyndadyr.

Ýurdumyzyň demirgazyk-günbatarynda Üstýurt böleginde 5 mln gektardan gowrak öri meýdany bar. Bu öri meýdanlarynyň hasyllylygy gektarda 2,5–3 sentnere ýetýär.

Ösümlik örtügi boýunça toýunly çöller (Maşat–Misserian, Tejen–Murgap aralygy, Sarygamyş kölüniň töweregindäki düzlükler) özboluşlydyr. Toýunsow çölleriň ösümlik örtügi oba hojalyk mallaryna güýz we gyş aýlary oňat öri bolup hyzmat edýär. Öri meýdanlarynyň hasyllylygy 0,8–4,2 sentner aralygyndadyr.

Amyderýanyň, Murgabyň, Tejeniň, Etregiň we dag derýalarynyň çaýlymlarynda toraňňy, ýylgyn, ýandak, çaýyr, topalak ýaly ösümlikler giň ýaýrandyr. Beýleki öri meýdanlaryna garanda bu ýerlerde otlaryň hasyllylygy birneme ýokary bolup, 5–9 sentner möçberindedir.

Dag etegi etraplarda 3 mln ga öri meýdany bar. Ygal gowy düşen ýyllarynda Uly we Kiçi Balkan, Köpetdag, Garabil, Bathyz, Köýtendag eteklerinde ot ýatyrmaga mümkinçilik döreýär. Öri meýdanlarynyň hasyllylygy gektarda 1,5–3,1 sentner, käwagtlar bolsa 4–5 sentnere hem ýetýär.

Daglyk sebitler (Uly we Kiçi Balkan, Köpetdag, Köýtendag) mallar üçin oňat öri hasaplanylýar. Olaryň mal bakmak üçin ýaramly ýerleriniň möçberi 2 mln gektardan

gowrak. Agaçlaryň dürli görnüşlerine Köpetdag beýleki ýerlere garanda has baýdyr. Pisse tokaýlary Bathyz gerşinde, Köýtendagda, Köpetdagda hem duşýar. Agaç tokaýlarynyň ýaýran ýerleriniň öri meýdany dürli-dürli otlara baý bolýar. Şonuň üçin olaryň meýdanyny artdyrmak zerurdyr.

Türkmenistanyň tebigy we ekologik şertlerine baglylykda özboluşly haýwanat dünýäsi bar.

Ýurdumyzyň çäginde süýrenijileriň 78, şol sanda ýylanlaryň 27 görnüşi bar. Olardan 4-üsi zäherli ýylanlardyr. Ýylanyň zäheri derman senagatynda dürli dermanlary ýasamak üçin uly ähmiýetlidir. Şonuň üçin Bathyz, Sünt-Hasardag, Köpetdag goraghanalarynda ýylanlaryň saklanylýan, idedilýän ýerleri (serpentariler) döredildi.

Türkmenistanda guşlaryň 372, süýdemdirijileriň 90-dan gowrak görnüşi ýaýrandyr. Olaryň tebigy biogeosenozlaryň sazlaşygynda we adamyň durmuşynda uly ähmiýeti bar.

***Ösümlik we haýwanat dünýäsiniň hojalyk ähmiýeti. Derman ösümlikleri.*** Ülkämiziň çäginde dermanlyk häsiýetli ösümlikler örän köp ýaýrandyr. Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň «Türkmenistanyň dermanlyk ösümlikleri» atly ylmy-amaly ähmiýetli kitabynda Türkmenistanyň çäginde ösýän dermanlyk ösümlikleriň 1500-e golaýy görkezilýär. Dermanlyk ösümlikleriň, şol sanda ýurdumyzda ösýän dermanlyk ösümlikleriň biologiki we himiki aýratynlyklary, ösümlikleriň giňden ýaýran ýerleri, olaryň ylmy we halk lukmançylygynda ulanylyşy baradaky peýdaly maglumatlar kitabyň I, II, III, IV tomlarynda giňden beýan edilýär. Otlaryň köpüsini gadym döwürlerden bäri ýerli halk dürli keselleri bejermekde ulanyp gelipdir.

Buýan ýurdumyzyň esasy dermanlyk ösümligidir. Buýan köki diňe bir saglygy goraýyşda dermanlyk serişde hökmünde peýdalanylman, eýsem, senagatyň we oba hoja-

lygynyň dürli pudaklarynda giňden peýdalanylýar. Onuň himiki düzümi 20-den gowrak biologiki işjeň birleşmeleri özünde saklaýar. Buýan, esasan, Amyderýanyň jülgesinde ýaýrandyr. Häzirki wagtda onuň tutýan meýdany 15–16 müň gektara ýetýär. Ýurdumyzda buýan kökünden dürli derman serişdeleri taýýarlanylýar. Türkmenabat şäherinde «Buýan» obasenagat birleşigi hereket edýär. Buýan ösümliginiň başga-da ösýän ýerleri Murgap we Tejen derýalarynyň jülgeleridir.

Türkmenistanyň çäginde tokaýlaryň tutýan meýdany uly däldir. Esasy tokaý baýlygy Amyderýanyň, Murgabyň, Tejeniň, Etregiň we Köpetdagdan gözbaşyny alýan derýajyklaryň jülgelerinde ýerleşýär. Garagum çölüniň köp ýerlerinde ojarly, sazakly, gandymly, çerkezli, sözenli tokaýlar bar.

Türkmenistanda tokaý agaçlaryny gorap saklamak, köpeltmek maksady bilen 1992-nji ýylda «Ýurdumyzy bagy-bossanlyga öwürmek barada» karar kabul edildi. Şol döwürden bäri Aşgabadyň, beýleki şäherleriň we etrap merkezleriniň töwereginde gorag tokaý zolaklaryny döretmek boýunça işler giň gerimde alnyp barylýar.

Ýurdumyzyň çäginde senagat ähmiýetli haýwanlary köpeltmek mümkinçilikleri uludyr. Diýarymyzyň derýalarynda, köllerinde we suw howdanlarynda balyklaryň 60-dan gowrak görnüşleri bar. Olaryň içinde bütindünýä ähmiýetli tirana we gyzyl balyk (Hazar deňzinde), ak amur, tüňňi maňlaý (Amyderýa, Murgap, Tejen, Garagum derýalarynda) balyklaryň uly hojalyk ähmiýeti bar. Döwletimizde ýöriteleşdirilen balyk hojalyklary döredilýär.

Türkmenistanda tebigaty goramak häzirki döwrüň iň derwaýys meseleleriniň biridir. Şu maksat bilen ýurtda tebigy baýlyklary aýap saklamaga we tygşytly ulanmaga gönükdirilen birnäçe kararlar kabul edildi. 1991-nji ýylda kabul edilen «Tebigaty goramak hakyndaky» Kanun durmuş-yk-

dysady we ekologik hukuk kadalaryny düzgünleşdirýän esas goýujy resminamadyr.

Türkmenistan daşky gurşawy goramak boýunça birnäçe halkara konwensiýalaryna goşuldy.

Häzirki wagtda daşky gurşawy goramak – Türkmenistanyň döwlet syýasatynyň mizemez esaslary bolup durýar. Şu maksat bilen 2002-nji ýylda «Türkmenistanyň daş-töweregi goramak hakyndaky» milli meýilnama işlenilip düzüldi. Meýilnama daşky gurşawa adam tarapyndan ýetirilýän täsirleriň derejesine baha berýän häzirkizaman ylmy-tehniki usullary ösdürmegi, tebigatdan rejeli peýdalanmagyň häzirkizaman tärlerini we usullaryny ornaşdyrmagy, çölleşmä garşy göreş boýunça dünýä tejribesini ulanmagy, biodürlüligi gorap saklamagy, tebigaty goraýyş kanunyny kämilleşdirmegi we ş.m. göz öňünde tutýar.

Senagatyň giň möçberde ösmegi bilen baglylykda Türkmenistan üçin daşky gurşawy goramak, howanyň tämizligini üpjün etmek 1-nji derejeli ähmiýete eýe bolýar. Sebäbi, häzirki wagtda ýurdumyzda senagat kärhanalarynyň sanynyň artmagy asmana sowrulýan zyýanly jisimleriň mukdarynyň köpelmegine getirip biler.

Senagat kärhanalarynyň aglabasy tozan we gaz arassalaýjy enjamlary bilen abzallaşdyryldy.

Tebigaty goramagyň başga-da netijeli çäreleri işlenilip taýýarlanylýar. Şolaryň biri ilatly ýerleri doly gazlaşdyrmakdan ybarat. Şonuň netijesinde odun üçin gyrymsy agaçlary çapmak we tebigata agram salmak ep-esli azaldy. Tokaýlaryň tebigy taýdan dikelmegi artdy, ýurtda ekologiýa ýagdaýy gowulaşdy.

Türkmenistanyň günbatar kenarlaryny ýuwýan Hazar deňziniň ýurdumyzyň ykdysadyýetinde tutýan orny uludyr. Uly hojalyk ähmiýetini nazara alyp ýurdumyzda deňzi we onuň baýlyklaryny rejeli peýdalanmak,

baýlaşdyrmak hem-de goramak boýunça toplumlaýyn işler amala aşyrylýar. Bu işde Hazarýaka döwletleri we halkara guramalary bilen işjeň hyzmatdaşlyk edilýär. 2000-nji ýylda «Hazar ekologik maksatnamasy» işlenip düzüldi we durmuşa geçirilýär.

Aral deňziniň we onuň suw aýtymynyň ekologiýasynyň meselelerine hem uly üns berilýär. Türkmen Aral ýakasynyň çäkleri ýurduň demirgazyk böleginde 90 müň km$^2$ meýdany tutýar.

Garaşsyzlyk ýyllarynda ýurdumyzyň demirgazyk sebitiniň ekologik ýagdaýyny gowulandyrmak boýunça uly möçberli durmuş-ykdysady maksatly çäreler amala aşyryldy. Bu bolsa, gysga wagtyň içinde öz oňyn netijelerini berdi.

!?!

## Soraglar we ýumuşlar

**1.** Türkmenistanda senagaty ösdürmek üçin haýsy mineral çig mal baýlyklarynyň ähmiýeti uly?

**2.** Türkmenistanyň ýer gorunyň düzümi haýsy ýer görnüşlerinden duryar?

**3.** Türkmenistanda oba hojalyk önümçiligini ösdürmek üçin klimat şertleri nähili?

**4.** Ýurdumyzda Hazar deňiz kenarynyň rekreasion baýlyklaryny peýdalanmak boýunça nähili işler alnyp barylýar? «Awaza» Milli syýahatçylyk zolagynyň döredilmeginiň maksady näme?

**5.** Ýurduň meýdan-çägi boýunça ýerüsti suw baýlyklary nähili ýaýran?

**6.** Türkmenistanyň haýsy derýalarynyň halk hojalygynda ähmiýeti has uly?

**7.** Türkmen kölüniň gurulmagynyň ähmiýeti nämeden ybarat?

**8.** Çölde, daglarda we derýa jülgelerinde haýsy dermanlyk ösümlikleri ösýär?

**9.** Türkmenistanda haýsy goraghanalar bar?

**10.** Sudur kartada ýurdumyzyň mineral baýlyklarynyň esasy ýataklaryny (känlerini) degişli şertli belgiler bilen belläň.

**11.** Mineral baýlyklaryň känlerini, olaryň görnüşleri boýunça sanawyny düzüň we depderiňize ýazyň.

**12.** Türkmenistanyň ekerançylygyna ýaramly topraklaryň atlaryny depderiňize ýazyň.

**13.** Türkmenistanda tebigy baýlyklary goramak we rejeli peýdalanmak boýunça nähili kanunlar kabul edildi? Olary depderiňize ýazyň.

# IV bap

# Türkmenistanyň ilatynyň geografiýasy

## § 9. Ilatyň sany we artyşy

Döwletiň esasy baýlygy onuň ilatydyr. Şonuň üçin ilatyň kadaly ösüşini üpjün etmek, olaryň durmuş şertlerini, maddy hal-ýagdaýyny mundan beýläk-de gowulandyrmak Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan döwletimiziň ykdysady syýasatynyň baş ýörelgesidir.

Ilat öndüriji güýç hökmünde döwletiň durmuş-ykdysady ösüşiniň esasy girewidir. Şonuň üçin ykdysady ösüşiň geljekki sepgitleri kesgitlenende ilatyň umumy sany, onuň sebitler we çäkler boýunça bölünişi, jyns we ýaş düzümi, territoriýa boýunça gürlügi hakyndaky maglumatlar uly ähmiýete eýedir. Olar ykdysadyýetiň haýsy pudaklarynyň ösdürilmeginiň ileri tutulmalydygy, ýurduň haýsy sebitleriniň durmuş-ykdysady ösüşine aýratyn üns berilmelidigi ýaly meseleleriň ylmy taýdan esaslandyrylyp çözülmegine ýardam edýär. Şeýle hem, ilat ýurtda öndürilen önümleri esasy sarp ediji bolup durýar. Ilat üçin haýsy önümleriň we harytlaryň näçe mukdarda öndürilmelidigine, haýsy görnüşli hyzmatlaryň ýerine ýetirilmelidigine doly çözgüt tapmaga mümkinçilik berýär.

***Ilatyň sany we artyşy.*** Islendik ýurduň, sebitiň, etrabyň ilatyna häsiýetnama şol ýerde ýaşaýan adamlaryň umumy sany kesgitlenip berilýär. Ilat baradaky maglumatlaryň esasy çeşmeleri hökmünde ählumumy ilat ýazuwlarynyň,

4. Sargyt № 2401.

döwlet dolandyryş edaralary tarapyndan hasaba alynýan dogulýan we ýogalýan adamlar, nika baglaşmalar we nika bozulmalary, ilatyň göçüp-gonmak hereketleri (migrasiýa) baradaky gündelik maglumatlar hyzmat edýär. Biziň ýurdumyzda şu maglumat çeşmeleriniň ikisi hem giňden peýdalanylýar.

Türkmenistan özüniň Garaşsyzlygyny gazanandan soň, ozalky SSSR-iň düzümine giren respublikalaryň arasynda ilkinji bolup, 1995-nji ýylyň ýanwar aýynda ilkinji gezek ilat ýazuwyny geçirdi. Ilat ýazuwynyň maglumatlarynyň ylmy-amaly ähmiýeti uludyr. Onuň maglumatlary Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň gysga döwürleýin ýa-da uzak möhletleýin maksatnamalary düzülende giňden peýdalanylýar.

Ilatyň sanyny we ýaşaýyş-durmuş şertlerini seljermek maksady bilen Türkmenistanda 2012-nji ýylyň 15–26-njy dekabrynda ilatyň we ýaşaýyş jaý fondunyň uçdantutma ýazgysy geçirildi.

Ýurdumyzyň ilatynyň sany çalt depginler bilen artýar. Soňky 90 ýyldan gowrak döwrüň içinde ilatyň sany 6 esse artdy.

Ilatyň sanynyň ösüşi dürli durmuş-ykdysady sebäpler bilen baglanyşyklydyr. Öňi bilen ýurdumyzda ilatyň sanynyň artmagyna itergi berýän demografik syýasatyň ýöredilýändigini bellemek gerek. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň durmuşa geçirýän, ilatyň ösüşini üpjün edýän oňaýly demografik syýasaty netijesinde ilatyň sany çalt depginler bilen artýar.

Demografik syýasat – bu döwlet tarapyndan ilatyň kadaly ösüşini üpjün etmäge gönükdirilen çäreleriň jemidir.

Ýurtda şeýle demografik ýagdaýyň emele gelmegine ilatyň durmuş derejesiniň ýokarlanmagy itergi berýär. Halkyň maddy hal-ýagdaýyny gowulandyrmaga gönükdirilen durmuş-ykdysady we medeni özgertmeleriň geriminiň




**7-nji surat. Türkmenistanyň ilatynyň sanynyň ösüş depgini (ilat ýazuwlarynyň maglumatlary boýunça) müň adam**

barha giňelmegi ilatyň ösüşine oňat täsir edýär. Döwlet tarapyndan bu ugurda geçirilýän çäreler sagdyn durmuş keşbini üpjün edýär. Ilat üçin lukmançylyk hyzmatlarynyň hemme görnüşleri elýeterli. Olaryň hiliniň ýokary bolmagy çagalaryň we eneleriň saglygyny goramak bilen baglanyşykly işleriň netijeliligini artdyrýar. Türkmenistanda eneleriň çaga dogurmaklaryny döwlet tarapyndan höweslendiriji çäreler, ýagny ykdysady we durmuş ýeňillikleri bellenilýär. 2007-nji ýylda kabul edilen «Durmuş üpjünçiligi hakynda» Türkmenistanyň Bitewi Kanuny bu babatda uly çäreleri göz öňünde tutýar.

Umuman, ilatyň ösüş meselesi ýurduň durmuş-ykdysady ösüşiniň hemişe esasy ugurlarynyň biri bolup durýar. Garaşsyzlyk ýyllarynda bu mesele döwletiň iňňän uly ähmiýet berýän ugurlaryna öwrüldi. Ýurtda geçirilýän durmuş-ykdysady özgertmeler öňi bilen ilatyň durmuş hal-ýagdaýlaryny gowulandyrmaga gönükdirilýär. Bu bolsa Watanymyzda oňaýly ilat ösüşini üpjün etmegiň ygtybarly

ýoludyr. Bu meselä döwletimiziň uzak möhletleýin ösüşiniň baş ugurlarynyň biri hökmünde garalýar.

Türkmenistanyň sebitler boýunça ilatynyň artyş depgini barada aýdylanda, onda onuň birsydyrgyndygyny bellemek bolar. Ilatyň sany hemme welaýatlarda hem çalt artýar.

## § 10. Ilatyň tebigy köpelişi

Türkmenistanda ilatyň sanynyň artyşy, esasan, tebigy köpelişiň hasabyna bolup geçýär. Ilatyň tebigy köpelişi – bu dogulýanlar bilen ýogalýanlaryň arasyndaky tapawut bolup, ilatyň köpelişiniň esasy görkezijisidir.

Halkara kabul edilen koeffisiýente laýyklykda, dogluş, ýogalyş we tebigy artyş hersi aýratynlykda her 1000 adama düşýäni bilen hasaplanylýar we promillerde ($^{0}\backslash_{00}$) aňladylýar. Bu koeffisiýent dogulýanlaryň, ýogalýanlaryň, tebigy köpelişiň sanyny ilatyň ortaça, bir ýyldaky sanyna bölmek bilen hasaplanylýar.

Soňky ýyllarda durmuş-ykdysady ösüşiň bazar şertlerine geçmegi bilen ýurdumyzda ilatyň dogluş koeffisiýenti ýokary bolmagynda galýar. Türkmenistan ilatyň köpeliş derejesi boýunça GDA ýurtlarynyň arasynda öňdäki orunlaryň birini eýeleýär.

Garaşsyzlyk ýyllarynda ýurdumyzda ilatyň ýogalyş koeffisiýentiniň derejesi hem görnetin peseldi. Ol bolsa gönüden-göni hormatly Prezidentimiziň ýurdumyzda durmuşa geçirýän «Saglyk» maksatnamasy we durmuş-ykdysady özgertmeleri bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr. Häzirki wagtda Türkmenistanda ilatyň saglygyny goramak, ekologik ýagdaýy gowulandyrmak, ilatyň durmuş hal-ýagdaýyny ýokarlandyrmak babatda uly möçberli çäreler durmuşa geçirilýär.

Ýurdumyzyň welaýatlary boýunça ilatyň tebigy köpelişinde uly tapawutlar duýulmaýar. Ýöne şäherler bilen

deňeşdirilende oba ýerlerinde tebigy köpelişiň derejesi birneme ýokarydyr.

Ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň mundan beýläk-de ýokary depgin bilen ösmegi, elbetde, ilat ösüşiniň häzirki ýokary badynyň saklanmagyna ýardam eder. Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüş syýasatynda raýatlaryň girdeji almaklary üçin amatly şertleri we deň mümkinçilikleri döretmek we ilatyň ýaşaýyş derejesini dünýä derejesine ýetirmek esasy ugurlaryň biri bolmagyna galýar. Ýurdumyzy durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň orta we uzak möhletleýin maksatnamalarynda tebigy köpelişiň hasabyna Türkmenistanyň ilatynyň sany ýokary derejede köpeler diýlip göz öňünde tutulýar. Tebigy köpeliş çaga dogulmagynyň depginleriniň düýpli ýokarlanmagynyň we adam ölüminiň, aýratyn hem çaga ölüminiň azalmagynyň hasabyna üpjün ediler. Şunuň netijesinde ilatyň ömrüniň ortaça dowamlylygy artar. Bu bolsa geljekde hem ýurdumyzyň ilatynyň durnukly ösüşini üpjün eder.

## § 11. Ilatyň jyns, ýaş we maşgala düzümi

Türkmenistanda ilatyň umumy sanynyň 50,2%-ini aýallar düzýär, şunlukda, bu görkeziji oba we şäher ýerlerinde deňeçerräkdir. Ýurdumyzda erkekleriň we aýallaryň san taýdan tapawudy kem-kemden azalýar. Eger-de 1990-njy ýyllarda ähli ilatyň 49,7%-i erkekler bolan bolsa, 2012-nji ýylda ol 49,9%-e ýetdi.

Türkmenistanda häzirkizaman maşgalasynyň häsiýetli sypaty köp çagalylykdan ortaça maşgala sanyna degişli toparlara geçmekdir. Soňky döwürde ýurdumyzda orta ululykdaky maşgalalaryň sanynyň artýandygy aýdyň görünýär. 1995-nji ýylda geçirilen ilat ýazuwy boýunça, 4–6 adamdan ybarat bolan ortaça ululykdaky maşgalalar 47%, uly (7 we ondan hem köp adamly) maşgalalaryň sany 31%-e barabar

boldy. Türkmenistanda maşgalanyň ortaça sany 5,3 adama deňdir, şol sanda şäher ýerlerinde 4,6 adam, oba ýerlerinde bolsa 6,0 adamdyr. Şäherde we obada ýaşaýan maşgalalaryň adam sany boýunça tapawudy oba ilatynyň milli düzümi we olaryň köp çagalylyk däplerini saklaýandyklary bilen baglanyşyklydyr.

Çaga dogluşynyň derejesi köp babatda ýurtda emele gelen nika baglaşmak ýagdaýy bilen şertlenendir. Ýurdumyzda ilatyň durmuş taýdan goraglylygyny üpjün etmäge gönükdirilen syýasat adamlara ertirki güne bolan ynamy döretmäge ýardam berdi. Ilatyň durmuş taýdan kepillendirilmegi, adamlaryň özleriniň we nesilleriniň geljegine bolan ynamly garaýşy täze maşgalalaryň döremegi üçin amatly ýagdaýy döredýär. 2012-nji ýylda güýje giren «Türkmenistanyň Maşgala kodeksine» laýyklykda 18 ýaşda nikalaşmaga rugsat berilýär. 2011-nji ýylda nikalaşmagyň umumy koeffisiýenti 10,3‰, nika bozulmalaryň umumy koeffisiýenti bolsa bary-ýogy 1,2‰-ä deň boldy. Nika bozulmalaryň az bolmagy döwletiň ilatynyň ahlak derejesiniň ýokarylygynyň we maşgala agzybirliginiň subutnamasydyr.

Ilatyň ýaş düzüminiň üýtgeýşi Türkmenistanyň amatly demografik ýagdaýyny we ilatyň sanynyň barha artýandygyny (köpelişe eýedigini) görkezýär. 8-nji suratdan görnüşi ýaly, ýurdumyzyň ilatynyň ýaş düzüminde çagalar we ýaşlar agdyklyk edýär. 0-dan 24 ýaşa çenli ýaş toparlarynyň hersiniň ilatyň umumy sanyndaky paýy 4%-den, 15–19 we 20–24 ýaş toparlary bolsa 5%-den hem geçýär. Bu ýagdaý jyns toparlarynyň (erkekler we aýallar) ikisinde hem görünýär.

Garaşsyzlyk ýyllarynda ýurtda emele gelen demografik ýagdaýlar adam ömrüniň ortaça dowamlylygynyň artmagynyň möhüm aýratynlygydyr. Bu görkeziji milletiň durmuş hal-ýagdaýynyň derejesini kesgitleýän esasy görkezijileriň biridir. 1991–2011-nji ýyllaryň içinde Türkmenistanda




**8-nji surat. Türkmenistanyň ilatynyň jyns we ýaş alamatlary boýunça düzümi**

adam ömrüniň ortaça dowamlylygy 65,8 ýaşdan 70 ýaşa çenli artdy.

Ýurtda adam ömrüniň ortaça dowamlylygynyň artmagyna Türkmenistanyň gazanýan ägirt uly ykdysady üstünlikleri we Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň durmuşa geçirýän netijeli durmuş syýasaty ýardam berdi.

## § 12. Ilatyň milli düzümi. Zähmet baýlyklary we olaryň peýdalanylyşy

***Milli düzümi.*** Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň alyp barýan demografik we milli syýasaty ýurdumyzda ilatyň milli düzüminiň dürlüliginiň saklanmagyny, Türkmenistanyň çäginde ýaşaýan ähli halklaryň agzybirlikde, asuda durmuşda ýaşamagyny üpjün edýär.


GAZAGYSTAN
ÖZBEGISTAN
EÝRAN
56°
40°
36°
S.Türkmenbaşy
KÖNEÜRGENÇ
Akdepe
Gurbansoltan eje
GARABOGAZ
Guwlymaýak
Gyzylgaýa
TÜRKMENBAŞY
Türkmenbaşy
Akdaş
Kenar
Belek
Gyzylsuw
Oglanly
Jebel
BALKANABAT
HAZAR
Garagol
Uzboý
BEREKET
GUMDAG
SERDAR
Içoguz
Bokurdak
BAHARLY
Magtymguly
GÖKDEPE
AŞGABAT
ABADAN
ÄNEW
Ruhabat
Ýaşlyk
Arçabil
Berkarar
Ekerem
Garadepe
Etrek
Esenguly
ŞÄHER WE ŞÄHERÇELERIŇ ILAT SANY
500 000 -den köp
200 000 -den 500 000 -e çenli
100 000 -den 200 000 -e çenli
50 000 -den 100 000 -e çenli
10 000 -den 50 000 -e çenli
10 000 -den azrak
Şäherler
Şäherçeler
Oba ilatly ýerler. 1 nokat 2000 adam.



TÜRKMENISTANYŇ ILATY
şäher we oba ilaty (% hasabynda)
oba ilaty
49.2 %
50.8 %
şäher ilaty
ÖZBEGISTAN
OWGANYSTAN
EÝRAN
Gubadag
S.A.Nyýazow
GAZOJAK
Lebap
Birata
SEÝDI
Galkynyş
Nyýazow
Farap
TÜRKMENABAT
Sakar
Saýat
Garabekewül
Hojambaz
Halaç
ATAMYRAT
Amyderýa
Kerkiçi
Dostluk
MAGDANLY
Mukry
Köýtendag
Kelif
Garamätnyýaz
Bagtyýarlyk
Ýagtyýol
Babadaýhan
Sakarçäge
Mollanepes
Zähmet
MARY
ŞATLYK
BAÝRAMALY
S.Turkmenbaşy
Murgap
Turkmengala
TEJEN
Altyn asyr
Oguzhan
ÝOLOTEN
Duşak
Gaňňaly
Sarahs
Sandykgaçy
Tagtabazar
Galaýmor
SERHETABAT
Dg.
50
0
50
100
km


**9-njy surat.**

Türkmenistanda häzirki wagtda 40-dan gowrak milletiň wekilleri ýaşaýar. 1995-nji ýylda geçirilen ilat ýazuwynyň maglumatlaryna görä, ýurduň ilatynyň 90%-e golaýyny türkmenler düzýär.

Türkmen milleti Altaý dil maşgalasynyň türki diller toparyna degişlidir. Türkmenistanda 1990-njy ýyldan başlap türkmen dili döwlet dili hökmünde ykrar edildi. Türkmenler döwletiň çäklerinden daşarda hem uly etniki topar bolup ýaşaýarlar. Dünýä türkmenleriniň ynsanperwer bileleşiginiň maglumatlaryna görä, Özbegistanda 150 müň, Russiýada 60 müň, Täjigistanda 25 müň türkmen ýaşaýar. Türkmenleriň uly topary Eýranda (1 mln), Owganystanda (1 mln), Yrakda (600 müň), Türkiýede (150 müň), Siriýada (60 müň), Hytaýda (85 müň) bar. Umuman, daşary ýurtlarda ýaşaýan türkmenleriň sany 3,5 mln adama golaýdyr.

Daşary ýurtlardaky ildeşlerimiziň ýaşaýyş durmuşyny has çuňňur öwrenmek, olar bilen doganlyk gatnaşyklaryny ýola goýmak maksady bilen Dünýä türkmenleriniň ynsanperwer birleşigi döredildi. Her ýylda şol guramanyň Maslahaty Aşgabatda geçirilýär.

Ýurdumyzda sany boýunça türkmenlerden soňra özbekler we ruslar uly etniki topary emele getirýärler (7,4%). Özbekler, esasan, Daşoguz we Lebap welaýatlarynyň çäginde ýaşaýarlar. Ruslar, esasan, şäherlerde we şäherçelerde jemlenendir. Türkmenistanyň ilatynyň 2,6%-i beýleki halklaryň paýyna düşýär. Gazak milletiniň aglaba bölegi Günbatar Türkmenistanda we Daşoguz welaýatynda ýaşaýar. Mary welaýatynyň birnäçe etraplarynda buluçlar uly etniki topary emele getirýärler.

Beýleki milletleriň arasynda tatarlar, ermeniler, azerbaýjanlar, ukrainler sany boýunça tapawutlanýarlar. Olar ýurdumyzyň şäherlerinde we şäherçelerinde ýaşaýarlar.

Döwletimiziň çäklerinde ýaşaýan dürli milletlerden bolan halklaryň ählisine hem öz ene dillerini ösdürmäge uly

mümkinçilikler döredilýär. Häzir ýurdumyzyň dürli ýerlerinde ilatyň isleglerini nazara alyp, rus, özbek, gazak, buluç dillerinde okadylýan mekdepler işleýär.

***Zähmet baýlyklary.*** Adamlaryň ýaşaýan we işleýän gurşawy hökmünde tebigat olaryň köp dürli maddy we ruhy talaplaryny kanagatlandyrmagyň esasy çeşmesi bolup hyzmat edýär. Ýöne şol talaplary kanagatlandyrmak zähmet baýlyklary bolmazdan mümkin däldir. Ähli ilatyň zähmetini dogry peýdalanmak üçin ýurduň zähmet baýlyklaryny, ýagny ilkinji nobatda, zähmete ukyply ilatyň sanyny, onuň düzümini we ýurduň sebitleri boýunça paýlanyşyny bilmek gerek.

Zähmet baýlyklaryna Türkmenistanda 16–61 ýaşdaky erkek adamlar we 16–56 ýaşdaky aýal-gyzlar degişlidir.

Ýurdumyzyň ilatynyň umumy sanynda zähmete ukyply ýaşdan kiçiler 29,4%-ini, zähmete ukyply ýaşdakylar 64,3%-ini we diňe 6,3%-ini garrylar tutýar. Tutuş Türkmenistanyň ilatynyň umumy sanynda çagalaryň we ýaşlaryň sanynyň köplügi zähmet baýlyklarynyň durnukly köpelişini hem-de nikalaşmada we dogluşda ýokary derejäni üpjün edýär.

Kadaly ilat ösüşini üpjün edýän esasy sebäpleriň biri-de ilatyň iş bilen üpjünlik meselesidir. Köp halatda zähmet baýlyklarynyň netijeli peýdalanylyşy ilatyň tebigy ösüşine täsir edýär. Şonuň üçin ýurdumyzda ilaty iş bilen üpjün etmek meselesine uly üns berilýär.

Türkmenistanyň Prezidenti hormatly Gurbanguly Berdimuhamedow Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwründe ýurdumyzy durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň ileri tutulýan ugry hökmünde täze önümçilik desgalarynyň gurluşygynyň gerimini artdyrýar. Şeýlelikde, şäherleriň we obalaryň binagärçilik keşbi özgerýär. Oba ýerleriniň durmuş-medeni desgalar bilen üpjünçiligini gowulandyrmak meselelerini çözmek boýunça uly möçberli işler ama-




**10-njy surat. Halk hojalygynda işleýänleriň ykdysadyýetiň pudaklary boýunça bölünişi, %-de**

la aşyrylýar. Bu bolsa ilatyň iş bilen üpjünligini görnetin artdyrmaga mümkinçilik berýär.

Durmuş-ykdysady özgertmeler iş bilen üpjün etmegiň oňaýly derejesini saklamaga däl, eýsem, ykdysadyýetiň ähli pudaklarynda goşmaça iş orunlaryny döretmäge ýardam etdi.

Ykdysadyýetde işleýänleriň sany, esasan, hususy, bilelikdäki kärhanalaryň, şahsy telekeçiligiň, başga kärhanalaryň hem-de olaryň döwlet tarapyndan goldanylmagynyň hasabyna ösdi. Soňky 20 ýylda döwletiň garamagyna girmeýän ykdysadyýet ulgamda işleýänleriň sany tas 2 esse artdy.

Şahsy kömekçi hojalyk ýurduň ilatynyň ykdysady işinde, aýratyn-da, oba ýerinde, möhüm faktorlaryň biri bolmagynda galýar.

Ýurtda zähmet baýlyklarynyň peýdalanylyş derejesini görkezýän wajyp görkezijileriň biri-de iş bilen meş-

gullanýan ilatyň ykdysadyýetiň pudaklary boýunça bölünişidir.

10-njy suratda 2011-nji ýylda ýurdumyzda iş bilen meşgullanýan ilatyň sanynyň halk hojalyk pudaklary boýunça bölünişi görkezilýär. Işleýänleriň sany boýunça oba hojalygy esasy pudak bolmagynda galýar. Ykdysady işjeň ilatyň 46,6%-i bu pudakda zähmet çekýär. Senagat pudaklarynda bolsa işleýänler 14,1%-e deňdir. Onuň möçberi soňky ýyllarda artýar. Ýurdumyz boýunça halk hojalygynyň önümçilik däl toplumyna degişli pudaklarda zähmet bilen meşgullanýan ilatyň 30%-ine golaýy işleýär.

## § 13. Ilatyň meýdan-çäkler boýunça ýerleşiş aýratynlyklary

Türkmenistan oba hojalyk önümçiliginiň ösen ýurdy bolanlygy sebäpli, ilatyň 49,4%-iniň oba ýerlerinde jemlenmegine getirýär. Ilatyň 50,8%-i bolsa şäherlerde we şäherçelerde ýaşaýarlar. Oba ilaty ýurdumyzyň çäginde ýerleşýän 1927 sany obada, şäher ilaty bolsa 25 sany şäherde we 79 şäherçede jemlenendir. Türkmenistanyň welaýatlary, etraplary we şäherleri boýunça ilatyň sany düýpli tapawutlanýar.

2-nji tablisadan görnüşi ýaly, Mary, Daşoguz we Lebap welaýatlarynda ilatyň sany has ýokarydyr.

*2-nji tablisa*

**Türkmenistanyň sebitleriniň meýdany, ilatynyň ortaça gürlügi**

*(2011-nji ýylyň 1-nji ýanwaryna çenli)*

| | Meýdany, müň km² | 1 km²-e düşýän ilatyň sany, adam | Ýurduň ähli ilatyna görä paýy, % |
|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 |
| Türkmenistan | 491,21 | 11,0 | 100 |

*2-nji tablisanyň dowamy*

| | | | |
|---|---|---|---|
| Aşgabat şäheri | 0,470 | 1300 | 12,7 |
| Welaýatlar:<br>Ahal | 97,16 | 8,3 | 14,5 |
| Balkan | 139,27 | 3,0 | 8,5 |
| Daşoguz | 73,43 | 15,9 | 21,1 |
| Lebap | 93,73 | 12,1 | 20,5 |
| Mary | 87,15 | 14,6 | 22,7 |

Ýurdumyzyň çäginde ilat örän endigansyz ýerleşendir. Ilatyň ortaça gürlügi umumy territoriýa boýunça 1 km$^2$ meýdanda 11 adama deňdir. Ýöne ilatyň esasy bölegi derýa jülgelerindäki oazislerde, dag etek düzlüklerinde, önümçiligiň bar ýerlerinde jemlenendir. Ol ýerlerde ilatyň gürlügi ýokary bolup, tersine, uly meýdany tutýan Garagum çölünde, belentliklerde we daglyk sebitlerinde ilatyň ortaça gürlügi juda pesdir, ýagny 1 km$^2$ meýdana 2–3 adamdan geçmeýär.

Etraplaryň medeni zolaklarynda ilatyň gürlügi 1 km$^2$ meýdana 200–300 adama çenli ýetýär. Ýurdumyzyň paýtagty Aşgabat şäheriniň we welaýat merkezleriniň töweregindäki ýerlerde bu görkeziji 500–600 adama çenli artýar.

Şäherler we oba ilatly ýerler, esasan, derýalaryň boýlarynda, demir we awtomobil ýollarynyň ugrunda ýerleşýärler. Soňky ýyllarda täze tarp ýerleriň özleşdirilmegi, çölde we beýleki ýerlerde nebit we gaz ýataklarynyň açylmagy netijesinde ilatyň geografik ýerleşişinde üýtgeşmeler bolup geçýär. Ýurdumyzda garaşsyzlyk ýyllarynda gurlan demir ýollarynyň ugrunda täze ilatly ýerler peýda bolýar. Bu bolsa geljekde ýurdumyzyň territoriýasynda ilatyň oturymlaşmak hadysasynyň has hem işjeňleşmegine getirýär.

## Soraglar

**1.** Ýurduň ilatynyň sany nähili artýar?

**2.** Soňky ýyllarda Türkmenistanda dogluşyň we tebigy köpelişiň derejesi nähili üýtgeýär?

**3.** Türkmenistanda ilatyň ýaş, jyns we maşgala düzüminiň aýratynlyklary nämeden ybarat?

**4.** Türkmenistanda haýsy milletler ýaşaýarlar?

**5.** Türkmenistanyň çäginden daşarda türkmenler haýsy döwletlerde ýaşaýarlar?

**6.** Zähmet baýlyklarynyň düzümine ilatyň haýsy bölegi degişli?

**7.** Ilatyň esasy bölegi halk hojalygynyň haýsy pudaklarynda zähmet çekýär?

**8.** Ýurduň meýdan-çägi boýunça ilat nähili ýerleşen?

**9.** Türkmenistanyň ilatynyň ortaça gürlügi nähili?

**10.** Näme üçin Türkmenistanda oba ilaty agdyklyk edýär?

**11.** Türkmenistanda näçe sany şäher bar?

# V bap

# Türkmenistanyň halk hojalygynyň umumy häsiýetnamasy

## § 14. Halk hojalyk toplumynyň döremegi we ösüşi

Her bir döwletiň çäginde bitewi halk hojalyk toplumy döreýär. Dürli taryhy döwürlerde onuň ösüş depgini çaltlanýar ýa-da haýallaýar, düzümi bolsa uly özgerişlere sezewar bolýar. Halk hojalygynda köp sanly kärhanalar we guramalar hereket edip, döwletiň hojalyk, durmuş-medeni we syýasy durmuşynyň ähli ugurlarynyň işini üpjün edýärler.

Kärhanalaryň, edaralaryň we guramalaryň bir böleginiň işi maddy gymmatlyklary döretmeklige ýa-da olary öndürijilerden sarp edijilere ýetirmeklige, beýlekileriň işi bolsa, medeni we durmuş maksatly dürli görnüşli hyzmatlary ýerine ýetirmäge, döwleti dolandyrmaga, ýaş nesle ylym-bilim bermäge, ilatyň saglygyny goramaga we ş.m. gönükdirilendir.

Birinji toparyň kärhanalary – maddy önümçilik toplumy, ikinji toparyň kärhanalary – önümçilik däl toplumy döredýärler. Jemgyýetiň ösmegi üçin maddy we önümçilik däl sferalaryň ikisi-de aýgytlaýjy ähmiýete eýedir. Olaryň arasynda jebis baglanyşyk saklanýar.

Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistanda hem bitewi halk hojalyk toplumy hereket edýär. Halk hojalygynyň döremegi ýurdumyzyň bütin taryhy ösüşi bilen baglanyşyklydyr.

Türkmenistan gündogar bilen günbatary birikdirýän Beýik Ýüpek ýolunyň ugrunda ýerleşmek bilen gadym döwürlerden bäri ykdysady we medeni ösüşleriň mekany, senediň we söwdanyň möhüm merkezi bolupdyr. Ýurdumyzda binagärçilik, dokmaçylyk, zergärçilik ýokary derejelere ýetipdir. Şol döwürde dünýä ykdysadyýetinde esasy orun tutan oba hojalygy uly ösüşe eýe bolupdyr. Oba hojalygy ýurdumyzyň toprak-howa şertlerine laýyklykda ýöriteleşipdir. Bu ýerde ösdürilip ýetişdirilen däneli we bakja ekinleri, dowarlar hem-de olardan alynýan önümler köp ýurtlara iberilipdir.

Russiýa birikdirilmezinden öňki döwürde türkmen hojalygynyň esasyny maldarçylyk, suwarymly ekerançylyk we senetçilik düzüpdir. Maldarçylykda dowardarçylyk we düýedarçylyk has ösüpdir. Amyderýanyň orta we aşak akymlarynda, Murgap we Tejen derýalarynyň jülgelerinde, Köpetdag eteginde ýokary hilli galla, pagta, gök we bakja önümleri, üzüm, miwe ir-iýmişleri ýetişdirilip, daşary ýurtlara iberilipdir, ýüpekçilik giňden ýaýrapdyr. Senetçilikde mata dokamak, deri eýlemek, demirçilik, aýakgap tikmek, gaýyk ýasamak we ş.m. esasy orun tutupdyr. Orta asyr şäherleri bolan Mary, Nusaý, Köneürgenç, Abywert, Sarahs, Amul, Zemm we beýlekiler bilimiň, ylmyň, senediň we söwdanyň merkezleri bolupdyr. Orta asyrlarda ýurdumyzda ylym, aýratyn hem takyk ylymlar uly ösüşe eýe bolupdyr. Şol döwürde ýurdumyzyň çäginde hereket eden ylmy mekdeplerde ýerli we daşary ýurtly alymlar işläpdir. Ýurdumyzyň kenarýakasynda deňiz bilen baglanyşykly hojalyklar ösüpdir.

Türkmenistanyň Russiýa birikdirilen döwrüniň esasy hojalygy ekerançylyk, maldarçylyk we tebigy baýlyklary gazyp alýan senagat bolupdyr.

Ownuk, pes öndürijilikli, köplenç, senetçilik görnüşindäki kärhanalaryň agdyklyk etmegi, az sanly iri kärhanalaryň bolsa ülkäniň tebigy baýlyklaryny gazyp alyp, daşyna

5. Sargyt № 2401.

ugratmagy, patyşa hökümetiniň Türkmenistanyň çäginde alyp baran ykdysady syýasaty boldy.

Soňra 70 ýyldan hem gowrak SSSR-iň düzüminde bolan Türkmenistan, esasan, çig mal öndürýän respublika hökmünde tanalýardy. Bu ýerde gazma baýlyklary çykarmak we oba hojalyk önümçiligi has agdyklyk edýärdi. Çig mallary taýýar önüm görnüşine çenli gaýtadan işleýän iri kärhanalar juda azdy. Täze senagat kärhanalaryny döretmäge, öndürilýän çig maly ýerinde gaýtadan işlemäge az üns berilýärdi. 1990-njy ýylda Türkmenistanda ýygnalan pagta hasylynyň bary-ýogy ýüzden üç bölegi ýurduň öz içinde gaýtadan işlenilýärdi. Şunlukda, Garaşsyzlygyna eýe bolan Türkmenistan özüniň durmuş-ykdysady ösüşine tarap gönükdirilen ilkinji gadamlaryny milli ykdysadyýetiň düzümini üýtgetmekden başlady.

Bu ýagdaý bilen baglylykda, dogrusy, ähli pudaklarda düýpgöter özgertmeleriň zerurdygy baradaky mesele ör-boýuna galdy. Şeýle maksat bilen bazar ykdysadyýetine geçmegiň özümize mahsus modeli işlenilip düzüldi. Onuň esasy, baş ýörelgeleri kem-kemden, basgançakly, ewolýusion ýol bilen özgertme geçirip, ykdysadyýeti dolandyrmakda esasy ornuň döwlete degişlidigini, ykdysadyýetiň köp taraply gurluş häsiýetiniň bardygyny, özgertmeleriň durmuşy ugra gönükdirilendigini ykrar etmekdi.

Bu garaýyşlar uzak möhletli «10 ýyl abadançylyk» (2000-nji ýyla çenli) syýasatyna girizildi we Türkmenistany ykdysady, syýasy we medeni taýdan ösdürmegiň ýakyn we uzak möhletleýin maksatnamalarynda ösüş dowamyny tapdy.

Geçiş döwrüniň çylşyrymlylygyna garamazdan, olarda göz öňünde tutulan çäreleriň yzygiderli durmuşa geçirilmegi önümçiligiň pese gaçmagyna hem-de ilatyň durmuş derejesiniň peselmegine ýol bermezlige, jemgyýetde syýasy durnuklylygy saklamaga mümkinçilik berdi.

Ýurduň ykdysadyýetiniň heniz sowet döwründe emele gelen oba hojalygyna ýöriteleşmesi 1990-njy ýyllarda jemi önümiň düzüminde oba hojalygynyň uly paýynyň (40%) bolmagyny şertlendirdi. Senagatyň paýy bary-ýogy 17%-den geçmeýärdi. Şonda onuň 80%-den gowragyny çig mal taýýarlaýan pudaklar tutýardy. Senagatda taýýar görnüşdäki önümleri çykarýan köp kärhanalar içerki isleglere gönükdirilmän, esasan, başga respublikalaryň talaplaryna görä işlediler. Oba hojalygy pagta öndürmäge ýöriteleşdirildi. Ýurtda iş ýüzünde azyk toplumy ösmedi.

Çig mal serişdeleriniň daşary çykarylmagynyň agdyklyk etmegi, ýurduň ykdysadyýetiniň daşardan gelýän önümlere we hyzmatlara bolan ýokary derejedäki garaşlylygy garaşsyzlygyň ilkinji ýyllarynda uly ykdysady kynçylyklaryň döremegine getirdi. Geçiş döwründe geçirilen guramaçylyk we ykdysady özgertmeler, maýa goýum syýasatynyň kämilleşdirilmegi, ýurduň halk hojalyk toplumynyň düzüminde senagat önümçiliginiň, esasan-da, onuň işläp bejerýän pudaklarynyň ähmiýetiniň artmagyna sebäp boldy.

1999–2011-nji ýyllarda jemi içerki önümiň (JIÖ) göwrüminde senagatyň paýy 49,3%-e ýetdi. Şonda senagatyň düzüminde çig mal taýýarlaýan pudaklaryň tutýan orny tas iki esse azaldy. Ýeňil we azyk senagat pudaklarynyň paýy bolsa 15,3%-e çenli ýokarlandy.

Garaşsyzlyk ýyllarynda döwlet tarapyndan giň möçberli ýer reformalary geçirildi. Oba hojalygynda ileri tutulýan pudak bolan pagtaçylygy saklap galmak bilen birlikde, däneçilik hojalygy döredildi. Maldarçylygy çalt ösdürmek üçin esas goýuldy. Bu bolsa ýurduň öz önümçiliginiň hasabyna esasy azyk önümleri bilen ilaty üpjün etmek meselesini çözmäge mümkinçilik berdi. Häzirki wagtda oba hojalygy ýurduň jemi içerki önüminiň 10%-ini tutýar (*11-nji surat*).




**11-nji surat. Türkmenistanda jemi içerki önümiň pudaklaýyn düzümi (2011-nji ýyl)**

Ykdysady ösüşiň ýokary depginleri halk hojalygynyň ähli ugurlarynda maýa goýum işiniň güýçlendirilmegi netijesinde üpjün edildi. Bu bolsa JIÖ-niň ösmegine ýardam etdi.

## § 15. Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşinde ýetilen sepgitler

Türkmenistanyň oňyn daşary we içeri syýasaty, hemişelik Bitaraplyk, kanunçylyk esasynda berkidilip geçirilýän özgertmeleriň yzygiderliligi durmuş-ykdysady ösüşde ýokary netijeleriň gazanylmagyna ýardam etdi. Munuň özi işjeň senagat we maýa goýum syýasatyny durmuşa geçirmekligiň hasabyna üpjün edildi. Bu çäreler, ilkinji nobatda, senagatyň önümçilik ugruny üýtgetmeklige, ýagny gaýtadan işleýän pudaklary çig mal bilen üpjün etmekden ahyrky taýýar önümleri öndürmeklige, köp zäh-

met talap edýän pudaklaryň ösüşini çaltlaşdyrmaklyga gönükdirildi.

Ykdysadyýetiň ýokary depginde ösmegini üpjün etmekde ähmiýeti barha artýan döwlete dahylsyz bölege, ýagny hususyýetçilige aýratyn orun degişlidir. Eýýäm 1999-njy ýyla çenli söwdada, jemgyýetçilik iýmiti kärhanalarynda, ilata durmuş hyzmaty, syýahatçylyk pudaklarynda eýeçiligiň hususylaşdyrylmagy iş ýüzünde tamamlandy. Kanunçylyk we hukuk esasynyň bolmagy, hususy kärhanalary döretmäge we ýekebara zähmet işi bilen meşgullanmaga, hususy telekeçiligiň örüsini giňeltmäge mümkinçilik berdi.

Diňe soňky 5 ýylyň içinde (2007–2012-nji ýyllarda) ilatymyzyň satyn alyş ukyby boýunça adam başyna düşýän jemi içerki önümiň möçberi 1,9 esse artdy. 2012-nji ýylda ýurdumyzda jemi içerki önümiň adam başyna düşýän möçberi ortadan ýokary girdejileri bolan ýurtlar üçin umumy kabul edilen derejeden ýokary boldy.

Häzir Türkmenistan «Açyk gapylar» syýasatyny ýöredýär, milli kanunçylygyny dünýä standartlaryna laýyklykda kämilleşdirýär. Nebitgaz pudagynda, oba hojalygynda, syýahatçylykda, saglygy goraýyşda, bilim ulgamynda we beýleki ugurlarda düýpli reformalar amala aşyrylýar. Ýurdumyzda ýokary derejede ösen döwlet üçin häsiýetli bolan senagatyň ileri tutulýan häzirki zaman pudaklary: nebiti we gazy gaýtadan işleýän, dokma, derman senagaty, azyk, gurluşyk industriýasy pudaklary döredildi.

Önümçilik pudaklarynyň sazlaşykly ösdürilmegi, senagatyň, oba hojalyk önümçiliginiň ösüşiniň ynamly depginleri, gurluşygyň çalt depginler bilen ösüşi Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýurdumyzda geçirýän ykdysady özgertmeleriň esasy bolup durýar. Hereket edýän bazar bahalarynda JÝÖ-niň diňe 2007–2012-nji ýyllarda 3,5 esse ýokarlanandygyny bellemek hem ýeterlikdir.

Garaşsyzlyk ýyllarynda maddy önümçiligiň esasyny düzýän senagat uly depginler bilen ösýär. Baý we köpdürli mineral serişdelere esaslanýan nebitgaz, himiýa, gurluşyk materiallary pudaklary onuň çalt ösýän ugurlarydyr. Ykdysadyýetimiziň ileri tutulýan ugurlarynyň biri-de nebitgaz pudagydyr. 2011-nji ýylda ýurdumyzda gazyň çykarylyşy 66 mlrd $m^3$, nebitiň çykarylyşy bolsa 10,6 mln tonna barabar boldy.

Türkmenistanyň jemi içerki önüminiň düzüminde oba hojalyk önümçiliginiň paýy uludyr. Şunlukda, däneçilige we pagtaçylyga esasy orun degişlidir. Pagtanyň we dänäniň öndürilişi ýylsaýyn artýar. 2011-nji ýylda 1096,5 müň tonna pagta, 1168,3 müň tonna bugdaý öndürildi. Ekerançylygyň beýleki ugurlarynda hem öňegidişlikler mese-mälim görünýär. Şeýle hem teplisa hojalygyny ösdürmäge aýratyn üns berilýär. Maldarçylyk önümleriniň öndürilişiniň artmagy netijesinde ýurdumyzda azyk howpsuzlygyny üpjün etmek babatda uly sepgitlere ýetildi.

Oba hojalyk önümlerini, şol sanda pagtany, pagta çigidini we bugdaýy, gök, miwe we maldarçylyk önümlerini gaýtadan işleýän senagat çalt depginler bilen ösdürilýär.

Garaşsyzlygymyzy alanymyzdan soň, dokma önümçiligi Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň ileri tutulýan pudaklarynyň birine öwrüldi. Onuň düzüminde nah ýüplügi, dürli görnüşli matalary öndürýän, ýüpegi gaýtadan işleýän, göni we ýüňi işleýän kärhanalar hem-de aýakgap fabrikleri bar. Soňky ýyllaryň dowamynda dokma senagatynda önümçiligiň ösüşiniň durnukly ýokary depgini 20% ösüş bilen barýar.

2007-nji ýylyň martynda bolup geçen XX Halk Maslahatynda oba hojalygyny, şol sanda ilaty azyk önümleri bilen üpjün edýän pudaklary ösdürmek babatda uly wezipeler bellenildi. Şol wezipeleriň durmuşa geçirilmegi ýurdumyzyň ykdysady kuwwatynyň artmagyna, onuň möhüm puda-

gy bolan oba hojalyk ulgamynyň kämilleşmegine we netijeliliginiň artmagyna, halkymyzyň ýaşaýyş derejesiniň mundan beýläk-de ýokarlanmagyna şert döredýär.

Ýurdumyzy dünýäniň ösen döwletleriniň hataryna çykarmak, ilatyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini mundan beýläk-de gowulandyrmak Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň häzirki geçirýän durmuş-ykdysady özgertmeleriniň özenidir. Bu ugurda uly taslamalara badalga berilýär.

Türkmenistanyň Prezidentiniň Hazar deňziniň kenarynda ýerleşýän «Awaza» Milli syýahatçylyk zolagyny döretmek baradaky maksatnamasy köpsanly daşary ýurt maýadarlarynda gyzyklanma döreden iri taslamalaryň biridir. Häzirki wagtda Türkmenistan bu taslama köp möçberde maýa goýumlaryny goýdy. Ýewropanyň, Russiýanyň, Amerikanyň, Türkiýäniň belli kompaniýalary we firmalary tarapyndan hem bu taslama maýa goýumlary goýulýar.

Türkmenistan ulag infrastrukturasyny ösdürmäge hem uly üns berýär. Demirýol pudagy ýurdumyzyň ulag ulgamynyň esasy düzüm bölekleriniň biridir. Garaşsyzlyk ýyllarynda Türkmenistanda täze demir ýol ulgamlary, şol sanda uzynlygy 308 km bolan Tejen–Sarahs–Maşat demir ýoly, uzynlygy 203 km bolan Türkmenabat–Atamyrat demir ýoly, uzynlygy 540 km bolan Aşgabat–Garagum–Daşoguz demir ýoly guruldy. Häzirki wagtda uly ykdysady bähbidi we halkara ähmiýeti boljak «Demirgazyk–Günorta» (Gazagystan–Türkmenistan–Eýran) demir ýolunyň gurluşygy tamamlanyp barýar.

Türkmenistanda ilatyň durmuş goraglylygyny üpjün etmek boýunça-da uly göwrümli çäreler durmuşa geçirilýär. 1992-nji ýyldan bäri ýurdumyzyň ilaty gazdan, elektrik energiýasyndan, suwdan we beýleki hyzmatlardan mugt peýdalanýar. Ýaşaýyş jaý-jemagat, ulag hyzmatlary, azyk


56°
S.Türkmenbaşy
KÖNEÜRGENÇ
Akdepe
Gurbansoltan-eje
DAŞOG
Ruhybelent
Sarygamyş köli
GARABOGAZ
Garabogazgol aýlagy
Gyzylgaýa
Türkmen köli
Guwlymaýak
TÜRKMENBAŞY
Türkmenbaşy
40°
Belek
Içoguz
Kyrkgu
Mollagara
Jebel
BALKANABAT
HAZAR
Goturdepe
Uzboý
Barsagelmez
GUMDAG
BEREKET
Ýerbent
SERDAR
Gögerendag
Ogurjaly ad.
HAZAR DEŇZI
Bokurdak
Körpeje
Gamyşlyja
Magtymguly
Arçman
BAHARLY
GÖKDEPE
Ekerem
Ekerem
Keýmir
ABADAN
Ruhabat
AŞGABAT
Akpatlawuk
Etrek
Etrek
Ýaşlyk
ÄNEW
Esenguly
56°
Kak
SENAGAT PUDAKLARY
Maşyn-gurluşyk
Himiýa senagaty
Nebit-himiýa. Nebiti we gazy gaýtadan işleýän
Ýeňil senagat
Azyk senagaty
Gurluşyk materiallary senagaty
Pagta arassalaýjy
Beýlekiler
Ýylylyk elektrik stansiýalary
Ýylylyk elektrik stansiýalary(gurulýan)
Suw-elektrik stansiýalary
GAZMA BAÝLYKLARY
Tebigy gaz
Nebit
Tebigy gaz we nebit
Daş kömür
Kükürt
Nahar duzy
Kaliý duzy
Glauber duzy
Ýodly-bromly suwlar
OBA HOJALYGY
Suwarymly ekerançylyk, bagçylyk. (oazisler)
Dag we dag etek öri meýdanlary
Çöl öri meýdanlary
Gowaça
Bugdaý
Şaly
Üzüm agaçlary
Baglar
Zeýtun agaçlary
Pisse agaçlary
Hurma agaçlary
Dowardarçylyk
Iri şahly mallar
Düýedarçylyk
36°


TÜRKMENISTANYŇ
YKDYSADY KARTASY
60°
64°
40°
Gubadag
S.A.Nyýazow
GAZOJAK
Türkmen
Ojak
Naýyp
Birata
Dg.Balguýy
Kükürtli
Kerpiçli
Böwürdeşik
SEÝDI
Galkynyş
Nyýazow
Bagaja
TÜRKMENABAT
Farap
Sakar
Saýat
Samandepe
Malaý
Kokdumalak-
Ýaşyldepe
Garabekewül
Hojambaz
Halaç
Kerkiçi
MAGDANLY
Dostluk
ATAMYRAT
Mukry
Köýtendag
Garamätnyýaz
Amyderýa
Üçajy
Ýagtyýol
Garagum
Babadaýhan
Sakarçäge
MARY
Zähmet
BAÝRAMALY
Parahat
ŞATLYK
Türkmengala
TEJEN
S.Türkmenbaşy
Oguzhan
Murgap
Altyn Asyr
ÝOLÖTEN
Duşak
Go.Ýolöten
Ýaşlar
Osman
Sarahs
Sandykgaçy
Döwletabat-Dönmez
Tek-tek
Tagtabazar
Galaýmor
Tejen
SERHETABAT
Murgap
Dg.
50
0
50
100
km

**12-nji surat.**

önümleriniň käbir görnüşleri üçin diňe ujypsyz tölegleri bellenilýär. Oba hojalyk önümlerini öndürijilerden salgytlar alynmaýar.

Ýurdumyzda ilata hyzmat ediş ulgamy kämilleşdirilýär. Bilim we ylym ulgamynda uly özgertmeler amala aşyrylýar. Ösüp gelýän ýaş nesle dünýä ülňülerine laýyk gelýän bilimi üpjün etmek maksady bilen häzirkizaman, multimedia ulgamy ornaşdyrylan döwrebap orta mekdepler, ýokary okuw mekdepleri, çagalar baglary gurulýar. Ýurdumyzyň ýaşlarynyň bir bölegi daşary ýurtlaryň öňdebaryjy ýokary okuw jaýlaryna bilim almaga ugradylýar. Häzirkizaman stadionlary we sport desgalary, teatrlar, muzeýler we beýleki medeni maksatly desgalar döwletimiziň ähli welaýatlarynda gurulýar.

Türkmenistanda saglygy goraýyş pudagyny dünýädäki ýokary görkezijilere ýetirmek maksady bilen, saglygy goraýşy we derman senagatyny ösdürmäge uly ähmiýet berilýär. Saglygy goraýyş ulgamy häzirki zaman lukmancylyk enjamlarynyň has täze görnüşleri bilen üpjün edilýär. Bu ugurda belli daşary ýurt kompaniýalary bilen hyzmatdaşlyk edilýär. Aşgabat şäherinde we welaýat merkezlerinde täze onlarça häzirkizaman saglygy goraýyş edaralary – hassahanalar, anyklaýyş merkezleri, saglyk öýleri gurlup, ulanylmaga berildi. Bu bolsa Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwründe halkymyzyň ýaşaýyş durmuşynyň ýokarlanmagyna ýardam edýär.

Geljekki döwürde ýurdumyzy ösdürmegiň esasy ugurlary «Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň 2011–2030-njy ýyllar üçin Milli maksatnamasynda» aýdyň bellenilýär. Ol milletimiziň Lideriniň ýolbaşçylygynda durmuşa geçirilmegi dowam edýän täze döwrüň ykdysady syýasatynyň dowamy bolup durýar. Maksatnamada döwlet Baştutanymyzyň Türkmenistany mundan beýläk hem ykdysady taýdan ösdürmek we şonuň esasynda halkyň hal-ýagdaýyny ýokar-

landyrmak boýunça ylmy we nazaryýet ideýalarynyň, halkara we sebit bähbitli başlangyçlarynyň hem-de uly möçberli maýa goýum taslamalarynyň durmuşa ornaşdyrylmagy öz beýanyny tapdy.

## § 16. Senagatyň pudaklaýyn düzümi. Ýangyç energetika toplumy

Türkmenistan Garaşsyzlygyny gazanmak bilen, özbaşdak senagat syýasatyny amal etmek mümkinçiligini gazandy, bu bolsa tutuş milli ykdysadyýeti döretmegiň iň möhüm alamatydyr.

Başlangyç döwürde ykdysady howpsuzlygy üpjün etmek hem-de senagat taýdan ösen ýurtlaryň derejesine laýyk gelýän pudaklary ösdürmeklige niýetlenen senagat önümçiliginiň düzüminde gyssagly özgeriş geçirmek birinji derejeli wezipe boldy.

Ozal senagatyň düzüminde çig maly gazyp almak ugry agdyklyk edýärdi. Tutuş senagat boýunça harytlyk önümleriň bahasynda ýangyç-energetika toplumynyň hem-de oba hojalyk çig malyny ilkinji gezek işläp bejermegiň tutýan orny 60%-e, gaýtadan işläp bejerýän senagatyňky bolsa 30%-e barabardy.

Halkyň isleg bildirýän önümini öndürmegi guramak ýeterlik däldi. Senagatyň umumy göwrüminde onuň paýy 20%-e barabardy, şol sanda azyk öndürýän pudaklary 9%-e golaýdy. Ýurdumyzda öndürilýän oba hojalyk çig malynyň az bölegi taýýar önüm hökmünde işlenilip bejerilýärdi. Öndürilýän pagta süýüminiň diňe 3%-i, ýüpek çig malynyň we ýuwlan ýüňüň 25%-i taýýar önüm görnüşinde gaýtadan işlenilýärdi. Önümçiligiň şeýle deňölçegsiz düzüminde ykdysadyýetiň içerki talaplary we ilatyň senagat önümine bolan islegi daşyndan, ýagny başga sebitlerden getirilmeginiň hasabyna üpjün edilýärdi.

Emele gelen hakyky ýagdaý bazar gatnaşyklaryna geçmegiň başlangyç şertlerini örän kynlaşdyrýardy.

Şunuň bilen baglanyşykda amala aşyrylýan özgertmeler, öňi bilen, gaýtadan işleýän pudaklaryň çaltlandyrylan ösüşine, olaryň daşary ýurtlara çykaryş kuwwatyny ýokarlandyrmaga, önümçiligiň döwrebap kämilleşdirilmegine höwes döretmäge, täze pudaklary döretmäge gönükdirilýärdi.

Häzirki wagtda ýurdumyzyň senagat önümçiliginiň düzüminde ýangyç energetika pudaklary, azyk we ýeňil senagaty esasy orun tutýar. Olaryň paýyna tutuş senagat önüminiň 91,4 %-i düşýär.

Senagat önümçiliginiň sebitler boýunça düzümi hem üýtgeýär. Soňky ýyllarda Balkan we Lebap welaýatlarynyň senagat önümçiligindäki paýy barha artýar (*14-nji surat*).

**Ýangyç-energetika toplumy.** Türkmenistanyň senagat pudagara toplumlarynyň arasynda ýangyç-energetika toplumy möhüm orun eýeleýär. Türkmenistanyň senagat önümçiliginde onuň tutýan paýy 1980-nji ýylda 25,5%-e deň bolan bolsa, 2000-nji ýylda 56,3%, 2011-nji ýylda bolsa 76,1%-e barabar boldy.

Ýangyç-energetika toplumynyň düzümine:

– dürli ýangyjy, ýagny nebit we gaz ýataklaryny gözleýän;

– burawlaýan, gazyp alýan;

– nebit we gaz geçirijiler arkaly sarp edijilere iberýän;

– nebiti we gazy gaýtadan işleýän;

– ilaty nebit önümleri we tebigy gaz bilen üpjün edýän;

– elektrik energiýasyny öndürýän, ony sarp edijilere ýetirýän we olara hyzmat edýän kärhanalar girýär.

Ýangyç-energetika toplumyny ösdürmeklige garaşsyzlygymyzyň ilkinji günlerinden başlap uly üns berilýär. Toplumy ösdürmegiň döwlet syýasaty alnyp barylýar. Bu syýasaty durmuşa ornaşdyrmakda, birinjiden, nebitiň we gazyň täze ýataklaryny ýüze çykarmak esasynda gorlaryny artdyr-




**13-nji surat. Türkmenistanyň senagat önümçiliginiň pudaklaýyn düzümi (2011-nji ýyl)**

mak, olaryň gazylyp alnyşyny ýokarlandyrmak; ikinjiden, nebitiň we gazyň gaýtadan işlenişini artdyrmak we çuňlaşdyrmak; üçünjiden, oňa işewür öňdebaryjy daşary ýurt kompaniýalaryny çekmek; dördünjiden, gazylyp alnyýan nebiti, nebit önümlerini, tebigy gazy dünýä bazarynda ýerleşdirmek wezipeleri duryar.

Ýurdumyzyň ykdysadyýetinde bu toplumyň ähmiýetiniň artmagy baý uglewodorod gorlarynyň bolmagy bilen baglanyşyklydyr. Döwletimizde nebiti we tebigy gazy gazyp almak, daşamak, olary gaýtadan işlemek häzirki döwürde dünýä derejesine laýyk getirilýär.

Baý ýangyç baýlyklaryň esasynda ösýän ýangyç-energetika toplumy ýurduň senagatynyň özenidir. Onuň düzümine ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň ähli pudaklary bilen baglanyşykly nebitgaz pudagy we elektroenergetika girýär. Türkmenistanda bu toplum nebiti we gazy çykarmagyň, gaýtadan işlemegiň, daşamagyň we saklamagyň, elektrik energiýasyny öndürmegiň, paýlamagyň, halk hojalygynda we ilatyň gündelik durmuşynda peýdalanmagyň çylşyrymly we köp ugurly ulgamydyr.




**14-nji surat. Türkmenistanyň sebitleri boýunça senagat önümçiliginiň düzümi**

Häzirki wagtda ýangyç-energetika toplumynyň düzüminde gaz senagaty 63,2%-i, nebit çykarmak 26,2%-i tutýar.

Dünýä ähmiýetindäki uglewodorod serişdelerine eýe bolan Türkmenistan öz halkynyň we bütin adamzadyň bähbitlerine özüniň ägirt uly energetika mümkinçiligini netijeli peýdalanmaga örän jogapkärli we konstruktiw çemeleşmäge ygrarly bolup galýar. Döwlet ýakyn on ýyllyklarda nebitiň we gazyň çykarylyşynyň, gaýtadan işlenilişiniň we daşary ýurtlara iberilişiniň möçberini köp esse artdyrmagy göz öňünde tutýar. Täze energetika syýasaty ýurdumyzyň baý uglewodorod gorlaryna esaslanýar. Garaşsyz we baky Bitarap ýurdumyzyň ekspertleriniň berýän bahalary boýunça Türkmenistanyň uglewodorod serişdeleri 20,8 milliard tonna nebite we 25,2 trillion $m^3$ gaza barabardyr. Ýurdumyzda bar bolan serişdeleriň ýarysyna golaýy, ýagny şertli ýangy-

jyň 18,2 milliard tonnasy Hazaryň türkmen ýalpaklygynyň paýyna düşýär.

Häzirki güne çenli ýurdumyzyň gury ýerlerinde we deňizde geljegi uly nebit we gaz gorlarynyň müňden gowragy ýüze çykaryldy, ýataklaryň 150-den gowragy açyldy. Diňe soňky 5 ýylda Türkmenistanda geçirilen geologiýa-gözleg işleriniň netijesinde 20-den gowrak uly nebit we gaz ýataklary açyldy.

Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwründe ýurdumyzyň nebitgaz toplumy güýçli depginler bilen ösdürilýär. Ýurdumyzyň nebit we gaz gorlary garaşsyzlyk ýyllarynda milli ykdysadyýetimiziň kuwwatly daýanjy bolup, hojalyk pudaklaryny durnukly ösdürmäge zerur bolan düýpli maýa goýumlaryny toplamakda aýratyn orun eýeleýär. Häzirki döwürde nebitgaz senagaty ýurduň ykdysady garaşsyzlygyny berkitmegiň, halkyň durmuş hal-ýagdaýyny ýokarlandyrmagyň, kuwwatly, köp ugurly önümçilik pudaklaryny döretmegiň esasy çeşmesi bolup durýar. Türkmenistan dünýä döwletleriniň arasynda özüniň ýangyja we elektrik energiýasyna bolan isleglerini öz hususy baýlyklary bilen doly kanagatlandyrýan we onuň ep-esli bölegini daşary ýurtlara çykarýan ýurtdur.

## § 17. Nebit senagaty

Nebit senagaty döwletiň milli hojalygynda görnükli orunlaryň birini eýeleýär. Ol nebit geologiýa-gözleg işlerini, nebiti çykarmagy, daşamagy we gaýtadan işlemegi öz içine alýar.

**Nebiti çykarmak.** Türkmenistanda nebitiň çykarylyşynyň özboluşly taryhy bar. Onuň çäginde nebitiň we tebigy gazyň öz-özünden ýeriň ýüzüne çykýandygy gadym döwürlerden bäri belli bolupdyr. Taryhy maglumatlar biziň eýýamymyzdan öňki birinji asyrda Parfiýa döwletine degişli

bolan Astauena welaýatynda (Günbatar Türkmenistan) nebitiň bolandygy barada şaýatlyk edýär. Nebiti parfiýalylar dürli maksatlar, şol sanda uruş hajatlary üçin ulanypdyrlar. Soňraky döwürlerde Çeleken ýarym adasyndan tä Eýranyň araçägine çenli bolan Hazar deňziniň gündogar kenarynyň bütin boýunda diýen ýaly nebitiň bardygy halk köpçüligine giňden mälim bolupdyr.

Türkmenistanyň Günorta-Günbatar sebitlerinde çykarylan nebit gury ýer we deňiz üsti bilen Hindistanyň, Arabystanyň, Eýranyň hem-de Günorta Ýewropanyň iri şäherlerine daşalypdyr. XVII–XIX asyrlarda Çelekende onlarça nebit guýulary hereket edipdir. Çelekene köp sanly daşary ýurt kompaniýalary, nebitsenagat şereketleri gelip başlapdyr we olar her ýylda müňlerçe tonna nebit çykarypdyrlar.

Türkmenistan dünýäde senagat ähmiýetli nebit önümçiligi dörän ilkinji ýurtlaryň biridir. Doganlar Nobeller XIX asyryň ahyrynda Çeleken ýarym adasynda senagat ähmiýetli nebit çykaryp başlapdyrlar. Olar Çelekende ilkinji 9 km bolan nebit geçirijini gurupdyrlar. Daşary ýurt kompaniýalarynyň nebitli gatlaklary kadasyz ulanmagy netijesinde nebitiň çykarylyşy ep-esli azalypdyr we XX asyryň birinji çärýeginde bolsa onuň çykarylyşy togtapdyr. Türkmenistan respublikasy döredilenden soňra, täze nebit çykaryjy tehnikalaryň we usullaryň ornaşdyrylmagy netijesinde hem-de Nebitdag ýatagynyň özleşdirilip başlanmagy bilen 1930-njy ýyllardan başlap ýurdumyzda nebitiň çykarylyşy senagat ähmiýete eýe boldy. 1940–1950-nji ýyllarda ýurdumyzda çykarylýan nebitiň mukdary ýylda ýarym million tonnadan geçdi. Uly möçberde nebit çykarmaklyk 1960-njy ýyllarda, ýagny Goturdepe, Barsagelmez we Ekerem nebit ýataklarynyň özleşdirilmegi bilen başlandy. 1964-nji ýyldan başlap türkmen nebitçileri nebit gözleg işlerini Hazar deňzine geçirdiler we gysga wagtyň içinde Jygalybeg, Çe-

lekenýangümmez, Jeýtun we Garaköl deňiz ýataklaryny açdylar. 1969-njy ýylda şol açylan ýataklar işe girizildi. Türkmenistanda nebit çykarmagyň iň ýokary görkezijisi 1977-nji ýylda 17 million tonna deň boldy. Şol ýyllardan başlap öňki Soýuz hökümeti tarapyndan geologiýa-gözleg we buraw işleriniň gowşadylmagy ýurdumyzyň senagat ähmiýetli nebit gorlarynyň azalmagyna we şonuň netijesinde onuň çykarylyşynyň ýylsaýyn pese düşmegine getirdi. 1990--njy ýylda Türkmenistanda çykarylan nebitiň mukdary bary-ýogy 5,6 million tonna deň boldy.

Garaşsyzlyk ýyllarynda geologiýa-gözleg we çuň burawlaýyş işleriniň artmagy, onlarça täze nebitgaz ýataklarynyň açylmagy we işe girizilmegi, uglewodorod çig mallarynyň çykarylyşynyň iň täze usullarynyň ornaşdyrylmagy netijesinde ýurdumyzda nebitiň çykarylyşy durnukly ösüşe eýe bolup başlady. 2000-nji ýylda ýurdumyz boýunça 7,2 million tonna golaý nebit gazylyp alnan bolsa, bu görkeziji 2011-nji ýylda 10,6 million tonnadan geçdi. Çykarylýan nebitiň uly bölegi Goturdepe we Barsagelmez ýataklarynyň paýyna düşýär. Olardan başga-da nebit ýurdumyzyň günbatarynda Akpatlawuk, Gumdag, Gamyşlyja, Gögerendag, Guýjuk, Gyzylgum, Keýmir, Ördekli, Ekerem, Ekizek, Çeleken, şeýle hem deňiz ýalpaklaryndaky ýataklardan çykarylýar. Çykarylýan «gara altyn» nebit geçirijiler arkaly Türkmenbaşynyň nebiti gaýtadan işleýän zawodlar toplumyna ugradylýar.




**15-nji surat. Türkmenistanda nebitiň çykarylyşy (mln tonna)**

Garaşsyzlyk ýyllarynda pudaga dünýäniň iň kämil enjamlary, tilsimatlary we iş usullary ornaşdyryldy, ösen we


GAZAGYSTAN
ÖZBEGİSTAN
GARAGALPAGYSTAN
S.TÜRKMENBAŞY
KÖNEÜRGENÇ
AKDEPE
GURBANSOLTAN EJE
DAŞOG
SARYGAMYŞ KÖLI
Zeňňibaba köli
Süwe br.
GARABOGAZ
GARABOGAZKÖL AÝLAGY
Guwlymaýak
TÜRKMENBAŞY
40°
Gyzylsuw ad.
Çeleken
Goturdepe
HAZAR
Jygalybeg
Barsagelmez
BALKANABAT
GUMDAG
Dänata
BEREKET
SERDAR
Uzboý
Içoguz
Kyrkgu
Altyn a
Gögerendag
OGURJALY AD.
Körpeje
Gamyşlyja
MAGTYMGULY
Sumbar
Arçman
BAHARLY
KÖPETDAG SUW HOWDANY
GÖKDEPE
ABADAN
AŞGABAT
ÄNEW
RUHABAT
Çendir
ETREK
Ekerem
Keýmir
MADAW SUW HOWDANY
Akpatlawuk
ESENGULY
HAZAR DEŇZI
EÝRAN
Artyk
KAKA
56°
ŞERTLI BELGILER
DÖWLET ARAÇÄKLERI
WELAÝAT ARAÇÄKLERI
DEMIR ÝOLLARY
AWTOMOBIL ÝOLLARY
ÇÄGELI ÇÖLLER
ŞORLUKLAR
ILATLY ÝERLER
TÜRKMENBAŞY — ŞÄHERLER
MURGAP — ŞÄHERÇELER
GAZ
NEBIT
NEBIT WE GAZ
KÖMÜR
NEBITI GAÝTADAN IŞLEÝÄN ZAWODLAR
GAZY GAÝTADAN IŞLEÝÄN ZAWODLAR
ÝYLYLYK ELEKTRIK STANSIÝALARY
GURLUŞYGY DOWAM EDÝÄN ÝYLYLYK ELEKTRIK STANSIÝALARY
GIDRO ELEKTRIK STANSIÝALARY
Gaz geçirijiler
Nebit geçirijiler
Elektrik geçirijiler
MAŞ
36°


TÜRKMENISTANYŇ
ÝANGYÇ - ENERGETIKA SENAGATY
ÖZBEGISTAN
OWGANYSTAN
ÝRAN
ÜRGENÇ
HYWA
Ojak
Naýyp
Dg.Balguýy
Kükürtli
Kerpiçli
Böwürdeşik
ÜŇÜZ
ŞORLUGY
SEÝDI
GALKYNYŞ
Bagaja
NYÝAZOW
TÜRKMENABAT
FARAP
BUHARA
SAMARKANT
GARŞY
Samandepe
Kokdumalak
Ýaşyldepe
SAKAR
SAÝAT
AMYDERÝA
GARABEKEWÜL
Malaý
Üçajy
Ýylan
Garaşsyzlygyň 10 ýyllygy
HOJAMBAZ
HALAÇ
ATAMYRAT
MAGDANLY
DOSTLUK
KÖÝTENDAG
ZEÝIT SUW HOWDANY
ÝAGTYÝOL
GARAGUM
SAKARÇÄGE
MOLLANEPES
BAÝRAMALY
MARY
Satlyk
MURGAP
TÜRKMENGALA
HINDIGUŞ SUW HOWDANY
KOLHOZBENT SUW HOWDANY
ÝOLÖTEN
Go. Ýolöten
BABADAÝHAN
TEJEN
OGUZHAN
ALTYN ASYR
TEJEN-2 SUW HOWDANY
HANHOWUZ SUW HOWDANY
TEJEN-1 SUW HOWDANY
HORHOR SUW HOWDANY
SARAHS
Döwletabat - Dönmez
SARYÝAZY SUW HOWDANY
DAŞKÖPRI SUW HOWDANY
TAGTABAZAR
Tek - Tek
1267
DOSTLUK SUW HOWDANY
SERHETABAT
Guşgy
Kaşan
DÜÝEBOÝUN SUW HOWDANY
BIRATA
NYÝAZOW
GUBADAG
60°
64°
40°
Dg.
50 0 50 100
km

16-njy surat.

ýokary netijeli önümçiliklere eýe bolan daşary ýurt kompaniýalary çekildi. Häzirki wagtda Günbatar Türkmenistanyň gury ýer giňişliklerinde, deňziň ýalpaklarynda «Türkmennebit» Döwlet konserni hem-de dünýä belli daşary ýurt kompaniýalary önümi paýlaşmak hakynda ylalaşygyň şertlerinde nebit-gazly ýataklaryň 30-dan gowragyny özleşdirýärler.

Soňky ýyllarda Merkezi Garagumda we Gündogar sebitlerde geljegi uly bolan nebit ýataklaryny özleşdirmeklige girişildi. Mary welaýatynda Günorta Ýolöten ýatagynda ýokary önümli nebit käni açyldy we ulanylyşa berildi. 2004-nji ýyldan başlap Amyderýanyň sag kenaryndaky Ýaşyldepe ýatagyndan nebit çykarylyp başlandy. 2009-njy ýylda Baharly şäherinden demirgazykda, Merkezi Garagumda nebitli Ýylakly, nebit-gazly Mydar ýataklary özleşdirilip başlandy.

Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwründe hormatly Prezidentimiziň başlangyjy bilen nebitgaz pudagynda uly özgertmeler amala aşyrylýar. Daşary ýurt kompaniýalaryň ýokary derejeli hünärmenleriniň gatnaşmagynda nebitgaz ýataklarynyň gorlaryny öwrenmek babatda düýpli audit işleri geçirilýär.

**Nebiti gaýtadan işlemek.** Nebiti gaýtadan işleýän senagat kärhanalary Türkmenbaşy we Seýdi şäherlerinde ýerleşýär. Günbatar we Merkezi Türkmenistanda çykarylýan nebit Türkmenbaşynyň nebiti gaýtadan işleýän zawodlar toplumynda gaýtadan işlenilýär.

Garaşsyzlygyň ilkinji ýyllaryndan başlap ýurduň nebitgaz toplumyny ösdürmegiň ileri tutulýan ugry hökmünde Türkmenbaşy şäherindäki nebiti gaýtadan işleýän zawody döwrebaplaşdyrmak hem-de gaýtadan enjamlaşdyrmak boýunça işler ýaýbaňlandyryldy. Zawodlar toplumyndaky işe girizilen häzirkizaman önümçilik desgalar nebiti gaýtadan işlemegiň çuňlaşdyrylmagy bilen bir hatarda önümleriň görnüşleriniň giňelmegini we möçberiniň artmagyny üpjün etdi. Häzirki wagtda zawodlar toplumy zyýanly etil suwuk-



**17-nji surat. Türkmenbaşy şäherindäki nebiti gaýtadan işleýän zawodlar toplumy**

lygy goşulmadyk awtobenzinleri, awiakerosini, tehniki we yşyklandyryjy kerosini, az kükürtli we kükürtden arassalanan dizel ýangyjyny, ýangyç mazudyny, esas ýaglarynyň 5 görnüşini, haryt ýaglarynyň 30 görnüşini, polipropilen, peç ýangyjyny, katalitik krekingiň ýeňil gazoýlyny, aşa gyzdyrylan nebit we jemlenen nebit kokslaryny, suwuklandyrylan hojalyk gazyny, tehniki kükürdi, gaty gurluşyk, suwuk we şepbeşik ýol bitumlaryny, sintetiki ýuwujy serişdelerini öndürýär.

Häzirki wagtda zawody döwrebaplaşdyrmagyň ikinji tapgyry dowam etdirilýär.

2011-nji ýylda zawodlar toplumynda 7 mln. 906,7 tonna golaý uglewodorod çig maly gaýtadan işlenilip, dünýä ülňülerine laýyk gelýän ýokary hilli nebit önümleri we suwuklandyrylan gaz öndürildi.Türkmenbaşynyň nebiti gaýtadan işleýän zawodlar toplumynda öndürilen, halkara hil ölçeglerine laýyk gelýän, gymmatly nebit önümleriniň

66 %-den gowragynyň daşary ýurtlara eksport edilmegi dünýäde bu önümlere bolan islegiň ýokarydygyny görkezýär.

Seýdi şäherindäki nebiti gaýtadan işleýän kärhana ýurdumyzyň gündogar böleginde çykarylýan, esasan hem, Amyderýanyň sag kenaryndaky Ýaşyldepe meýdançasyndan getirilýän nebiti gaýtadan işläp, benzin, dizel ýangyjy, mazut önümlerini öndürýär. 1994-nji ýyldan bäri Gündogar Türkmenistanyň ýataklaryndan çykarylýan gaz kondensaty şu ýerde gaýtadan işlenilýär we ondan alynýan arassalanan ýokary hilli açyk nebit önümler Ýewropanyň we Aziýanyň birnäçe ýurtlaryna eksport edilýär. Gaz kondensatyny gaýtadan işlemek üçin Bagaja meýdançasyndan zawoda çenli uzynlygy 37 kilometre barabar bolan gaz geçiriji guruldy. Häzirki wagtda zawodyň önümçilik durky düýpli täzelenýär. Kärhananyň önümçiliginiň döwrebaplaşdyrylmagy netijesinde geljekde nebiti, gazy, kondensaty gaýtadan işlemegiň hasabyna alynýan önümleriň görnüşleri artar we hili ýokarlanar.

## § 18. Gaz senagaty

**Gaz çykarmak.** Türkmenistanyň ýangyç-energetika toplumynyň düzüminde gaz senagaty aýratyn orun tutýar. Sebäbi halkara we milli bilermenleriň çaklamalaryna görä, Türkmenistanyň subut edilen tebigy gazynyň gorlary 25,2 mlrd m$^3$-e barabar bolup, bu görkeziji boýunça dünýäde dördünji orny eýeleýär. Bu bolsa Türkmenistanyň gaz senagatyny has ýokary derejede ösdürmäge oňaýly täsir edýär.

Türkmenistanda gaz senagaty 1966-njy ýylda Ojak gaz käniniň açylmagy bilen döredi. 1974–1984-nji ýyllarda Şatlyk, Döwletabat, Üçajy, Seýrap, Şorköl, 1986-njy ýylda Malaý we Samandepe ýataklarynyň işe girizilmegi gazyň çykarylyşyny 1989-njy ýylda 90 mlrd m$^3$-e ýetirmäge mümkinçilik berdi. Şol ýyllarda Türkmenistan gaz çykarmak

boýunça dünýäde Russiýadan, ABŞ-dan, Kanadadan soň dördünji orunda durýardy. Şol bir wagtyň özünde çykarylýan gazyň 95 %-den gowragy Türkmenistanyň bähbidine hyzmat etmän, ozalky umumysoýuz goruna goşulyp, Ýewropa ýurtlaryna eksport edilýärdi. Diňe garaşsyzlyk ýyllary içinde türkmen halky öz tebigy gazyny ýurt bähbidine peýdalanyp başlady. Häzirki wagtda Günorta we Gündogar Türkmenistan tebigy gazyň gorunyň iň köp toplanan sebitidir. Bu sebitde açylan gaz we gaz kondensatly ýataklaryň sany 60-dan geçýär.



**18-nji surat. Türkmenistanda tebigy gazyň çykarylyşy (mlrd. $m^3$)**

Tebigy gazyň esasy bölegi uly gorlary bolan Kükürtli, Kerpiçli, Samandepe, Naýyp, Ojak, Malaý, Üçajy, Balguýy, Galkynyş, Şatlyk, Böwürdeşik, Döwletabat, Bagaja känlerinden çykarylýar. Merkezi Garagumda hem gaz känleriniň 16-syndan gaz çykarylýar. Özüne Günorta Ýolöten-Osman, Minara we Ýaşlar ýataklaryny birleşdirýän «Galkynyş» gaz käni Türkmenistanda iň iri ýataklaryň biridir. Galkynyş käninde we onuň golaýynda ýerleşýän geljegi uly Günorta Garaköl, Garaköl, Jürji, Gündogar Ýolöten, Gündogar Ýandakly meýdanlarynda geologiýa-gözleg işleri dowam etdirilýär.

Häzirki wagtda «Türkmengaz» döwlet konserni 28 sany gazly we gaz kondensatly ýataklary işläp taýýarlaýar. Günbatar Türkmenistanda tebigy we nebit bilen ugurdaş gaz «Türkmennebit» döwlet konserni tarapyndan çykarylýar. Bu ýerde Körpeje, Nebitlije, Günorta Gamyşlyja ýaly ýataklardan gazyň uly möçberleri çykarylýar. Ýakynda Akpatlawuk, Keýmir, Çekişler, Altyguýy, Şatut, Nebitlije, Kemer

we beýleki birnäçe ýataklar senagat taýdan özleşdirilip başlandy. Türkmenbaşy etrabynyň Gyýanly şäherçesinde gazy gaýtadan işleýän zawoddan we ýerüsti terminaldan ybarat bolan önümçilik toplumynyň işe girizilmegi bilen Hazar deňziniň türkmen ýalpagynda ýerleşýän Magtymguly, Öwez, Diýarbekir, Maşrykow we Garagöl nebitgaz ýataklaryndan «Petronas Çarigali (Türkmenistan) Sdn Bhd» kompaniýasy tarapyndan tebigy gaz senagat taýdan çykarylyp başlandy. Umuman, Türkmenistanda 2000-nji ýylda jemi 47 mlrd $m^3$, 2011-nji ýylda bolsa 66 mlrd $m^3$ gaz öndürildi (*18-nji surat*).

**Gazy gaýtadan işlemek.** Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwründe Türkmenistan dünýäde gazy gaýtadan işleýän iri döwletleriň hataryna goşuldy. Ýurdumyzyň gazy gaýtadan işleýän senagatynyň mümkinçiliklerini netijeli ulanmak Türkmenistanyň gaz pudagyny ösdürmegiň möhüm ugrunyň biri bolup durýar. Ýurdumyzda karbamidiň, tehniki uglerodyň, suwuklandyrylan gazyň öndürilişini artdyrmaga gönükdirilen önümçilikler işe girizilýär. Suwuklandyrylan gaza dünýä bazarynda köp isleg bildirilýär. Ol daşary ýurtlaryň birnäçesine eksport edilýär. Türkmenbaşy şäherindäki nebiti gaýtadan işleýän zawodlar toplumynda, şeýle hem Seýdiniň nebiti gaýtadan işleýän zawodynda nebit bilen ugurdaş çykýan gazlar gaýtadan işlenilip suwuklandyrylan görnüşe geçirilýär. Naýypdaky we Bagajadaky gazy gaýtadan işleýän kuwwatly toplumlarda Garagumdaky ýataklardan alynýan gazlar suwuklandyrylan görnüşe geçirilýär. Gaz gaýtadan işlenilende köp mukdarda kondensat hem alynýar, kondensatdan bolsa Seýdiniň nebiti gaýtadan işleýän zawodynda açyk reňkli nebit önümleri taýýarlanylýar.

Ýaşyldepede hereket edýän gazy gaýtadan işleýän zawodda Amyderýanyň sag kenaryndaky çykarylýan uglewodorod çig mallary işlenilýär. Ýurdumyzyň günortasyndaky

we gündogaryndaky ýataklarda gazy gaýtadan işleýän zawodlarda öndürilýän suwuklandyrylan gazy saklamak we ýerlemek üçin Sarahs we Serhetabat demir ýol menzillerinde wagon çeleklerine we ýöriteleşdirilen awtoulaglara guýup ugradýan terminallary işe girizildi. Bu ýerde öndürilen suwuklandyrylan gazyň ählisi diýen ýaly halkara bazarlaryna ugradylýar.

Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwründe ýurdumyzyň ýangyç-energetika toplumynyň kuwwatyny artdyrmak, soňky ýyllarda açylan uglewodorod çig malynyň täze ýataklaryny ulanmaga bermegiň hasabyna eksport üçin gaz geçirijileriniň çig mal binýadyny pugtalandyrmak işleri alnyp barylýar. 2009-njy ýylda ýurdumyzyň günortasynda ýerleşen Günorta Ýolöten ýatagyny senagat taýdan özleşdirmek üçin «Türkmengaz» Döwlet konserniniň Günorta Koreýanyň, Hytaýyň we Birleşen Arap Emirlikleriniň kompaniýalary bilen baglaşan ylalaşyklarynyň möçberi 9,7 mlrd amerikan dollaryna barabardyr.

**Gaz geçirijileri.** Gaz senagatynyň möhüm düzüm bölegi gaz geçirijiler ulgamydyr. Känlerden (ýataklardan) çykarylýan gaz sarp edijilere gaz geçirijiler arkaly ugradylýar. Ýurdumyzyň çäginde Goturdepe–Belek–Türkmenbaşy, Balkanabat–Belek, Mollaker–Mary, Sakar–Türkmenabat–Galkynyş, Maýsk–Aşgabat–Abadan, Merkezi Garagum–Ýylanly, Döwletabat–Deryýalyk we beýleki gaz geçirijiler hereket edýär. 2009-njy ýylda uzynlygy 180 kilometrden geçýän Malaý-Bagtyýarlyk gaz geçirijisi ulanylmaga tabşyryldy. Onuň iki kilometre golaýy Amyderýanyň aşagyndan çekilendir. Bu gaz geçiriji Türkmenistan–Hytaý gaz geçirijisiniň birinji bölegi bolup durýar.

Ýurdumyzyň ähli iri ýataklaryny «mawy halka» birleşdirmäge mümkinçilik berjek bir bitewi gaz geçiriji ulgamy döretmek üçin 2010-njy ýylda geçirijilik kuwwatlylygy ýylda 30 milliard $m^3$-e barabar bolan «Gündogar–Günbatar»

gaz geçirijisiniň gurluşygy başlandy. Onuň uzynlygy 800 kilometre golaý bolup, 2015-nji ýylda ulanylmaga berler. Bu gaz geçiriji ýurdumyzyň tebigy gazyň uly gorlary jemlenen, şol sanda ägirt uly Günorta Ýolöten–Osman ýatagy ýerleşen günorta bölegini merkezi we Hazarýaka bölegi bilen birleşdirer.

Türkmenistanyň geosyýasy we geoykdysady ýerleşişi ýangyç baýlyklarymyzy dürli ugurlar boýunça dünýä bazaryna çykarmaga şert döredýär. Ýurdumyz dünýäniň senagat taýdan ösen we ýokary derejede ösüp barýan sebitleriniň çatrygynda ýerleşýär. Dünýäniň möhüm energetika döwleti hökmünde Türkmenistan bu sebitde örän uly orun tutýar.

Halkara şertnamalaryna laýyklykda 2009-njy ýylyň dekabrynda Türkmenistan–Hytaý we 2010-njy ýylyň ýanwar aýynda Türkmenistan–Eýran täze gaz geçirijileri ulanyşa berildi, Orta Aziýa–Merkez gaz geçiriji ulgamy döwrebaplaşdyryldy. 2010-njy ýylyň ýanwar aýyndan başlap tebigy gazynyň Döwletabat–Derýalyk gaz geçiriji magistraly boýunça Russiýa gaz eksport edilişi täzeden dikeldildi. Şertnama laýyklykda her ýyl Russiýa 30 mlrd $m^3$ tebigy gazy ugradylýar.

Türkmenistandan Hytaýa barýan gaz geçirijisi arkaly 30 ýylyň dowamynda her ýyl türkmen gazynyň 40 mlrd $m^3$ iberiler. Gözbaşyny Amyderýanyň sag kenaryndaky Samandepe ojagyndan alyp gaýdýan gaz geçirijisiniň uzynlygy 7 müň kilometre golaý bolup, onuň 184,5 kilometri öz ýurdumyzyň çäginde ýerleşýär. Hytaýa iberilýän gazy arassalamak maksady bilen Samandepede 2009-njy ýylda gaz arassalaýan zawod guruldy.

Türkmenistandan Eýrana eksport edilýän tebigy gazyň möçberi her ýylda 14 mlrd $m^3$-e ýetýär. Şonuň 8 mlrd $m^3$-i ýurdumyzyň günorta-günbataryndan geçýän Körpeje–Gurtguýy, 6 mlrd $m^3$-i bolsa, 2010-njy ýylda ulanylmaga berlen, taslama kuwwatlygy 12 mlrd $m^3$ bolan Döwletabat–Sarahs–

Hangeran gaz gejirijisi boýunça iberilýär. Bu gaz geçirijiniň Döwletabat gaz ýatagyndan Eýran bilen serhede çenli uzynlygy 30,5 kilometre deňdir.

Geljekde tebigy gazyň dünýä bazarlaryna ugradylyşyny artdyrmak maksady bilen gaz geçirijileriniň täze taslamalaryny durmuşa geçirmek boýunça işler dowam etdirilýär. Häzirki wagtda Hazarýaka, Hazarüsti gaz geçiriji taslamalarynyň üstünde işlenilýär. Türkmenistan–Owganystan–Päkistan–Hindistan (TOPH) gaz geçirijisi taslamasynyň amala aşyrylmagy bolsa Aziýa sebitleriniň ýurtlarynda energetika howpsuzlygyny üpjün etmekde Türkmenistanyň eýeleýän ornuny has ýokarlandyrmaga ýardam eder.

Türkmenistanyň baý uglewodorod serişdelerini dünýä bazarlaryna ugratmagyň diwersifikasiýasyny amala aşyrmak üçin uly işler amal edilýär. Hormatly Prezidentimiziň halkara ýangyç geçirijileriň howpsuzlygyny üpjün etmek baradaky başlangyçlarynyň dünýä bileleşigi tarapyndan goldanylmagy, döwlet Baştutanymyzyň energiýa howpsuzlygyny üpjün etmek babatda dünýä möçberinde amala aşyrýan ägirt uly işleriniň subutnamasydyr. Turba geçirijileriň howpsuzlygynyň üpjün edilmegi daşary ýurtlara türkmen gazynyň durnukly eksport edilmegini hem-de çäginden turba geçirilýän we gazy sarp edýän ýurtlara uly ykdysady bähbit getirer.

Türkmenistanyň Prezidentiniň ýolbaşçylygynda ähli ilatly ýerleri gazlaşdyrmak üçin döwlet maksatnamasy ýerine ýetirilýär. Häzirki wagtda Türkmenistanyň ähli şäherleri we obalary gazlaşdyryldy hem-de mugt gaz bilen üpjün edilýär.

## § 19. Elektroenergetika

Türkmenistanyň ykdysady-durmuş ösüşiniň esasy sütünleriniň biri elektroenergetika senagatydyr. Ol halk hojalygynyň iň çalt depginde ösýän pudagydyr.




**19-njy surat. Türkmenistanda elektrik energiýasynyň öndürilişi (mlrd KWt/s)**

Häzirki wagtda ýurdumyzyň elektrik stansiýalarynyň jemi kuwwatlylygy 4109 MWt-a deňdir. Munuň özi Garaşsyzlykdan öňki döwür bilen deňeşdirilende iki esse köpdür. Türkmenistanda 2011-nji ýylda 19,1 mlrd kwt/sagada golaý elektrik energiýasy öndürildi we onuň 87%-i ýurduň öz içinde peýdalanyldy. Elektrik energiýanyň 2,2 mlrd KWt/sagatdan gowragy bolsa eksport edildi. Ýurdumyz Türkiýe, Eýran, Täjigistan, Owganystan döwletlerine elektrik energiýasyny eksport edýär. Öndürilen elektrik energiýanyň 25%-den gowragy senagatda, 16,7%-i oba hojalygynda, 14,2%-i jemagat hojalygynda, 5%-den gowragy ulag we aragatnaşyk pudaklarynda peýdalanyldy. Türkmenistanyň ilatyna her ýyl 2 mlrd KWt/sag elektrik energiýasy muzdsuz berilýär. Türkmenistan öz ilatyny tebigy gaz we elektrik energiýasy bilen mugt üpjün edýän ýeke-täk döwletdir.

Häzirki wagtda Türkmenistanyň Energetika ministrliginiň düzümine 11 sany elektrik stansiýasy, 6 sany önümçilik birleşigi, elektrik ulgamynyň kärhanalary we beýlekiler girýär.

Türkmenistanda az kuwwatly ilkinji dizel elektrik stansiýalary XX asyryň başlarynda peýda boldy. Murgap

derýasynda 1913-nji ýylda kuwwaty 1,2 MWt bolan Hindiguş suw elektrik stansiýasy guruldy. Bu desga häzirki wagtda elektrik stansiýa-muzeý hökmünde hereket edýär.

Döwletimizde 1950-nji ýyllardan başlap kuwwatly ýylylyk elektrik stansiýalary gurlup başlandy. 1945–1959-njy ýyllarda Türkmenbaşy şäherindäki nebiti gaýtadan işleýän zawodyň ýanynda kuwwaty 37,8 müň kilowatt-sagat bolan bug turbinaly elektrik stansiýa guruldy. 1958–1966-njy ýyllarda kuwwatlylygy 321 MWt bolan Abadan döwlet elektrik stansiýasy guruldy. 1998-nji we 2003-nji ýyllarda Abadan elektrik stansiýasynda goşmaça gaz turbinaly gurluşlar oturdyldy. 1969-njy ýylda Balkanabatda kuwwatlylygy 126 MWt bolan gaz turbinaly elektrik stansiýa bina edilýär. Soňra Türkmenbaşy şäherinde döwlet elektrik stansiýasy we Seýdi şäherinde kuwwatlylygy 160 MWt bolan ýylylyk elektrik merkezi işe girizildi. 1973-nji ýylda birinji energoblogy işe girizilen Mary döwlet elektrik stansiýasynda häzir tok öndürijileriň sekizisi işledilýär. Kuwwatlylygy 1685 MWt bolan Mary döwlet elektrik stansiýasynyň işe girizilmegi bilen Türkmenistanyň energetika senagaty ägirt uly ösüşe eýe boldy. Häzir bu elektrik stansiýa döwletde öndürilýän elektrik energiýasynyň 40%-den gowragyny berýär.

Garaşsyzlyk ýyllarynda ilkinji energetika desgasy Seýdi şäherinde guruldy. Bu ýylylyk elektrik stansiýasynyň iki bölümi bolup, olar 1992-nji we 2004-nji ýyllarda işe girizildi. 1996-njy ýylda Daşoguz welaýatynyň elektrik energiýa üpjünçiligini çözmek maksady bilen uzynlygy 379 km bolan ýokary woltly Seýdi–Daşoguz elektrik geçiriji ulgamy guruldy. Şeýle hem 1996-njy ýyldan başlap, Amyderýanyň çep kenaryny özümizde öndürilýän elektrik energiýasy bilen üpjün etmek ýola goýuldy. 2001-nji ýylda 500 KWt bolan «Serdar» podstansiýasynyň işe girizilmegi ýurdumyzyň doly energetika garaşsyzlygyny üpjün etdi.

Türkmenistanda alnyp barylýan uly özgertmeler gönüden-göni elektroenergetika pudagyna bagly bolup durýar. Bu elektrik energiýasynyň ulanylyşynyň her ýylda 5–6 % artýandygyndan hem görünýär. Şonuň üçin Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe ýurdumyzda elektrik energiýasyny öndürýän stansiýalaryň gurluşygyna we öňki hereket edýän stansiýalaryň döwrebaplaşdyrylmagyna aýratyn üns berilýär. Ýurdumyzda täze gazturbinaly elektrik stansiýalary gurmakda, öňki stansiýalary döwrebaplaşdyrmakda dünýä belli «Jeneral elektrik» amerikan kompaniýasynyň tutýan orny uludyr. Şu kompaniýa Türkmenbaşydaky nebiti gaýtadan işleýän zawodlar toplumynda 3 sany gaz trubinaly kuwwatly elektrik stansiýasyny işe girizdi. 2007-nji ýylda Daşoguz şäheriniň günbatarynda gurlup ulanylmaga berlen döwlet elektrik stansiýasy her ýylda 1,5 mlrd KWt/sag-dan gowrak elektrik energiýasyny öndürýär. 2006-njy ýylda Aşgabat şäheriniň günorta-gündogar böleginde kuwwatlylygy 254,2 MWt, 2010-njy ýylda Ak bugdaý etrabynda kuwwatlylygy 254,2 MWt bolan «Ahal» gazturbinaly döwlet elektrik stansiýalary ulanylmaga tabşyryldy. Olar Aşgabat şäherini we Ahal welaýatyny elektrik energiýasy bilen has ygtybarly üpjün edýär. «Awaza» Milli syýahatçylyk zolagynyň binalaryny elektrik energiýasy bilen ygtybarly üpjün etmek maksady bilen 2010-njy ýylda işe girizilen Awaza döwlet elektrik stansiýasynyň kuwwatlylygy hem 254,2 MWt-a deňdir. Şol ýylda üç sany gaz turbinasy bolan Balkanabat döwlet elektrik stansiýasynda her biriniň kuwwatlylygy 127,1 MWt bolan iki sany gaz turbinaly goşmaça energobloklary işe girizildi. Netijede, Balkanabat elektrik stansiýasynyň kuwwatlylygy üç esse artdyryldy we häzir 380,5 MWt-a barabardyr. Türkmenistanyň elektroenergetikasynyň esasyny türkmen tebigy gazynda işleýän ýylylyk we gazturbina elektrik stansiýalary düzýär. Şunuň bilen birlikde ýurdumyzda gurulýan

elektrik stansiýalarynyň ählisi diňe gazda däl, eýsem, dizel ýangyjynda hem işläp bilýär.

Türkmenistanyň ähli sebitlerini elektrik energiýasy bilen üpjün etmek hem-de daşary ýurtlara eksport etmek üçin dürli ugurlar boýunça kuwwatly elektrik geçirijiler guruldy. Şeýlelikde, döwlet boýunça bir bütewi energetika ulgamy döredildi. Türkmen elektroenergetika ulgamy birleşdirilen Orta Aziýa energiýa ulgamy bilen özara baglanyşyklydyr. 2003-nji ýylda Eýrana energoköpri işläp başlady. Balkanabat–Gondbad LEP – 220 arkaly elektrik energiýasy eksport edilip başlandy. Şol elektrik geçiriji ulgam Türkiýä elektrik energiýasyny ibermek üçin energiýa geçirijisiniň bir bölegi bolup durýar. 2004-nji ýylda türkmen elektrik energiýasynyň Eýranyň demirgazyk-gündogar welaýatlaryna iberilmegini üpjün eden elektrik geçirijisi işläp başlady. Türkmenistan Owganystanyň demirgazyk we günorta-günbatar welaýatlarynda elektrik geçirijileriň 300 kilometrden gowragyny gurdy.

Häzirki wagtda Aşgabadyň elektrik üpjünçiliginiň durnuklylygyny ýokarlandyrmak üçin güýjenmesi 220 KW deň bolan halkalaýyn tok geçiriji ulgamy gurulýar. Paýtagtymyzyň elektrik üpjünçiliginiň ygtybarlylygyny ýokarlandyrmak üçin daşary ýurt kompaniýalarynyň gatnaşmagynda iri taslamalary amala aşyrýar. Geljekde Amyderýanyň sag kenarynyň energiýa üpjünçiligini has-da ygtybarlandyrmak maksady bilen bu ýerde ýene-de «Parahat–Perwert–Atamyrat» elektrik geçirijisi gurlar. Günorta Ýolöten, Gurrukbil, Garabil ýataklaryny energiýa bilen üpjün etmek, elektrik togunyň Owganystana çykarylyşyny artdyrmak üçin Mary–Tagtabazar elektrik geçirijisiniň gurluşygy göz öňünde tutulýar. Häzirki wagtda Mary–Sarahs–Maşat elektrik geçiriji ulgamyny gurmak baradaky taslamanyň üstünde işlenilýär.

Ýurdumyzyň ähli ilatly ýerlerini elektrik energiýasy bilen üpjün etmek üçin müňlerçe kilometr elektrik geçirijiler guruldy. «Türkmenistanyň Prezidentiniň obalaryň, şäherçeleriň, etrapdaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň durmuş-ýaşaýyş şertlerini özgertmek boýunça 2020-nji ýyla çenli döwür üçin Milli maksatnamasynyň» çäklerinde ýurduň iň uzakdaky künjeklerini hem elektrikleşdirmek, obalarda, şäherçelerde, etrap merkezlerinde elektrik paýlaýjy ulgamlaryň, transformator kiçi beketleriniň durkuny täzelemek işleri alnyp barylýar. Maksatnamada 24 müň kilometrden gowrak elektrik geçirijileri gurmaklyk bellenildi.

Dünýä derejesinde giňden ulanylýan energiýanyň adaty bolmadyk çeşmelerini Türkmenistanda giňden peýdalanmaga örän uly mümkinçilikler bar. Hormatly Prezidentimiz Türkmenistanda bu gün dünýä tejribesinde giňden ulanylýan Gün we ýel energiýasynyň netijeli peýdalanmagyna uly ähmiýet berýär. Energiýanyň dikeldilýän çeşmeleri esasynda adaty däl energetika geçilmegi durnukly ykdysady ösüşe, adaty energetiki baýlyklary tygşytlamaga hem-de daşky gurşawa täsirini peseltmäge mümkinçilik berer. Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň «Gün» ylmy-barlag institutynda alternatiw energetikany, hususan-da, Günüň ýagtylyk energiýasyny elektrik energiýa öwürmek boýunça synag desgalaryny işläp taýýarlaýarlar. Bu desgalar, esasan, senagat merkezlerinden uzakda ýaşaýan we işleýän ilatyň zerurlyklaryny kanagatlandyrmaga gönükdirilendir. Garagum çölünde barlag we taslama ýel, Gün energetika desgalary arkaly guýulardan suw çykarmak, ýaşaýyş jaýlary ýylatmak, sowatmak, durmuş hajatlaryny üpjün etmek işleri geçirilýär. Gyzylsuw adasynda hereket edýän ýel energetika desgasy özüniň ýokary görkezijilileri bilen tapawutlanýar.

## § 20. Türkmenistanyň nebitgaz senagatyny ösdürmegiň 2030-njy ýyla çenli döwür üçin maksatnamasy

«Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň 2011–2030-njy ýyllar üçin Milli maksatnamasynda» ýangyç-energetika toplumyny mundan beýläk-de ösdürmek boýunça uly wezipeler bellenilýär. Maksatnamada nebitiň, gazyň çykarylyşyny we gaýtadan işlenilişini hem-de içerki we daşarky sarp edijilere ugradylyşyny, ýangyç serişdeleriniň çig-mal binýadyny mundan beýläk-de ösdürmek üçin geçiriljek işleriň esasy ugurlary we möçberleri kesgitlenildi.

Nebitiň we tebigy gazyň çykarylyşyny artdyrmak üçin olaryň ygtybarly gorlaryny üpjün etmek maksadyna eýerip, geologiýa-gözleg hem-de çuň burawlaýyş işleriniň zerur möçberlerini geçirmekde netijeliligi ýokarlandyrmak üçin täze tilsimatlary we usulyýetleri ornaşdyrmak göz öňünde tutulýar.

Maksatnamada nebitiň çykarylyşyny, gaz kondensatyny goşmak bilen 2020-nji ýylda 23,4 mln tonna, 2025-nji ýylda 40,3 mln tonna we 2030-njy ýylda 66,6 mln tonna çenli ýetirmek göz öňünde tutulýar.

Hazar deňziniň türkmen böleginiň ägirt uly ýangyç serişdelerini nazara alyp, nebitiň çykarylyşynyň esasy ösüşi deňiz içi we kenarýaka deňiz toplumlaryny özleşdirmegiň hasabyna gazanylar.

Nebitiň daşary ýurtlara iberilmegi milli tanker flotuny döretmegiň, goşmaça deňiz terminalyny we täze nebit geçirijileri gurmagyň hasabyna dürli ugurlar boýunça amala aşyrylar.

Maksatnama laýyklykda gazyň çykarylyşy 2020-nji ýylda 187,7 mlrd $m^3$ we 2030-njy ýylda 229,8 mlrd $m^3$-e barabar bolar. 2030-njy ýylda gazyň içerki sarp edilişi 50 mlrd $m^3$ ýeter. Ýurduň içinde gazyň sarp edilişi, esasan, ilat sanynyň

7. Sargyt № 2401.

artmagynyň hem-de ýurdumyzyň tebigy gazy ulanýan senagat pudaklarynyň ösmeginiň hasabyna ýokarlanar. Tebigy gazyň daşary ýurtlara iberilişi 2020-nji ýylda 140 mlrd $m^3$ we 2030-njy ýylda 180 mlrd $m^3$ möçberinde meýilleşdirilýär. Gaz çykarmak boýunça göz öňünde tutulan sepgitlere ýetmek işläp gelýän Döwletabat, Malaý, Garaşsyzlygyň 10 ýyllygy, Körpeje we beýleki ýataklardan gaz çykarmak boýunça kuwwatlyklary artdyrmagyň hasabyna üpjün ediler. Gaz çykarmak boýunça kuwwatlyklary geljekde has-da artdyrmagy täze ýataklary işe girizmegiň we öňküleri gaýtadan enjamlaşdyrmagyň hasabyna amala aşyrmak göz öňünde tutulýar.

Geljegi uly täze ýataklary özleşdirmek bilen bir hatarda tebigy gazy taýýarlamagy, gaýtadan işlemegi we akdyrmagy üpjün etmek üçin degişli binýatlyk ulgamynyň kuwwatlyklary hem dörediler. Gazyň çykarylyşyny artdyrmak üçin maýa goýumlarynyň esasy möçberi ilkinji nobatda guruljak Garabil–Gurrukbil, Günorta Ýolöten we Garajaowlak ýataklar toparyny işe goýbermek üçin enjamlaşdyrmaga gönükdiriler. Ýakyn geljekde iri maýa goýumlaryny Hazar deňziniň türkmen bölegindäki täze ýataklary, Amyderýa basseýnini, Merkezi Garagumdaky we geljegi uly bolan beýleki gazly ýerleri özleşdirmäge, şeýle hem gazy gaýtadan işleýän senagaty ösdürmäge gönükdirmäge meýilleşdirilýär.

«Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň 2011–2030-njy ýyllar üçin Milli maksatnamasyna» laýyklykda, nebiti gaýtadan işleýän pudagyň durkuny täzelemek we döwrebaplaşdyrmak hem-de öndürilýän nebit önümleriniň görnüşlerini artdyrmak işleri dowam etdiriler. Maksatnamada 2015-nji ýylda nebitiň gaýtadan işlenilişini 15 million tonna, 2020-nji ýylda – 20 mln tonna we 2030-njy ýylda – 30 mln tonna ýetirmeklik göz öňünde tutulýar. Daşary ýurtlara ýerlenilýän nebit önümleriniň möçberi 2020-nji ýylda 14 mln tonna we 2030-njy ýylda 20 mln tonna ýetiriler. Bu görkezijileri Türkmenbaşydaky we Seýdiniň ne-

biti gaýtadan işleýän zawodlarynda hereket edýän we işe girizilmeli kuwwatlyklaryň, şeýle hem 2025-nji ýylda Balkan welaýatynda we 2030-njy ýylda Ahal we Mary welaýatlarynda nebiti gaýtadan işleýän täze zawodlary gurmagyň hasabyna amala aşyrylar.

Tebigy gazy diňe ýangyç hökmünde däl, eýsem, himiki usullaryň kömegi bilen ykdysadyýetiň beýleki wajyp ugurlary üçin hem köp görnüşli önümleri öndürmek üçin ulanmak göz öňünde tutulýar. Geljekde tebigy gazyň düzüminden etan, propan-butan, kükürt we beýleki halk hojalygyna zerur bolan çig mallary senagat möçberinde saplap almak we olardan gymmatly önümleri öndürmek niýet edilýär.

Häzirki wagtda hereket edýän nebiti we gazy gaýtadan işleýän zawodlaryň öndürijiligini ýokarlandyrmagyň we täze guruljak zawodlaryň hasabyna suwuklandyrylan gazyň öndürilişiniň möçberi 2020-nji ýyla çenli 2 mln tonna we 2030-njy ýyla çenli 3 mln tonna ýetiriler.

Häzirki döwürde Türkmenistanyň elektroenergetika pudagynda ulgamyň mundan beýläk-de döwrebaplaşdyrylmagyna uly ähmiýet berilýär. Täze gaz turbinaly elektrik stansiýalary, täze elektrik geçiriji liniýalar, onlarça bölüji podstansiýalar gurulýar, paýtagtymyzyň we ýurdumyzyň beýleki şäherleriniň ilatly ýerleriniň ygtybarly energiýa üpjünçiligi amala aşyrylýar. «Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň 2011–2030-njy ýyllar üçin Milli maksatnamasynda» energetika pudagyny ösdürmek boýunça möhüm çäreler bellenildi. Şoňa laýyklykda, ýakyn ýyllarda Ahal welaýatynyň Ruhabat etrabynda Gurtly, Ak bugdaý etrabynda «Ahal-2» elektrik stansiýalaryny gurmak meýilleşdirilýär. Bu bolsa ýurdumyzda elektrik energiýasynyň öndürilişini ep-esli artdyrar. 2030-njy ýylda Türkmenistanda elektrik energiýasyny öndürmegiň göz öňünde tutulýan möçberi 36,5 mlrd KWt/sagada ýeter.

### Soraglar we ýumuşlar

**1.** Türkmenistanyň çäginde nebitiň çykarylyşy haýsy döwürlerde başlapdyr?

**2.** Türkmenistanda nebitiň gazylyp alnyşy garaşsyzlyk ýyllaryna çenli näme sebäpden peselipdir?

**3.** Nebit arassalaýjy zawodlarda nebitden nähili önümler öndürilýär?

**4.** Türkmenistanda haçan gaz senagat pudagy döredildi?

**5.** Türkmenistanda haýsy magistral gaz geçirijileri bar?

**6.** Näme üçin gaz kompressor stansiýalary gurulýar?

**7.** 2030-njy ýyla çenli Türkmenistanda nebit we gaz senagatynyň ösüşine häsiýetnama beriň.

**8.** Garaşsyzlyk ýyllarynda gurlan elektrik stansiýalaryň atlaryny we kuwwatlyklaryny depderiňize belläň.

## § 21. Himiýa senagaty toplumy

**Himiýa senagaty** senagaty we gurluşygy täze, ýokary netijeli çig mallar, maddalar bilen, oba hojalygyny mineral dökünler, ilaty bolsa sarp ediş önümleri bilen üpjün edýär. Ýurdumyzyň ýerüsti we ýerasty tebigy baýlyklarynyň uly ätiýaçlyklaryna eýe bolmagy we bu baýlyklaryň köpdürlüligi köpugurly himiýa önümçiligini ösdürmäge şert döredýär.

Hormatly Prezidentimiziň täze durmuş-ykdysady syýasatynda ägirt uly eksport mümkinçiligi bolan, halk hojalygynyň çalt ösýän pudagy hökmünde himiýa senagatyny ösdürmäge örän möhüm ähmiýet berilýär. Himiýa senagatynyň kuwwatyny artdyrmak, hususan-da, ýerli çig mallaryň esasynda işleýän önümçilikleri ösdürmek möhüm wezipeleriň biri bolup durýar.

Himiýa senagat toplumy Türkmenistanyň senagatynyň umumy önüminiň 1,1%-ini (2011-nji ý.) berýär. Bu senagat çig mallaryň görnüşlerine, öndürilýän önümlere, kärha-

nalaryň tilsimat aýratynlyklaryna baglylykda 4 sany pudaga bölünýär:

1. Magdan – himiýa senagaty;
2. Esasy himiýa;
3. Nebit – himiýa senagaty;
4. Derman – himiýa senagaty.

Bu pudaklaryň ýerleşişi olaryň energiýa, çig mal, zähmet baýlyklary bilen üpjünçiligine, taýýar önümleriň ýerleşdirilişine we önümçilik gatnaşyklaryna baglydyr.

**Magdan-himiýa senagaty.** Magdan-himiýa senagaty kükürdiň, kaliý, nahar we daş duzlarynyň, şeýle-de beýleki mineral maddalaryň dürli görnüşlerini gazyp alýan hem-de gaýtadan işleýän kärhanalary özüne birleşdirýär. Onuň paýyna himiýa senagat önüminiň 30 %-e golaýy düşýär.

Türkmenistanyň çäklerinde kükürt çykarmak 1928-nji ýylda Garagumuň jümmüşindäki Derwezede zawodyň gurulmagy bilen başlanýar. Ýöne gorlaryň azlygy we Gowurdakda ýokary hilli kükürt magdanynyň uly gorunyň açylmagy bilen 1961-nji ýyldan kükürt çykarmak ýurdumyzyň çet günorta-gündogaryna geçdi. Gowurdakda indi 75 ýyl bäri arassa kükürt ýerasty eretmek usuly bilen alynýar. Kükürt plastmassalar we sintetiki süýümler, kagyz we boýag, aýna, rezin önümçiliklerinde, dokma, azyk we derman senagatynda giňden ulanylýar. Oba hojalygynda ol zyýan berijilere garşy göreşmekde ýaramly serişde bolup hyzmat edýär. Öndürilýän kükürt magdanynyň 60%-i Türkmenabadyň himiýa zawodynda kükürt kislotasyny öndürmek üçin sarp edilýär. Soňky ýyllarda kükürt gazy gaýtadan işleýän zawodlarda gazyň düzüminden hem alynýar.

Magdan-himiýa senagatynyň ösen pudaklarynyň biri mineral duzlary çykarmakdyr. Olar nahar (daş duzy, galit), kaliý, natriý sulfaty we beýleki duzlardyr. Daş we nahar duzlary möhüm azyk önümi hem-de konserw serişdesidir. Himiýa senagatynda bu duzlardan soda, hlor, aşgar, duz

kislotasy alynýar. Daş duzy keramika, gön-deri, sabyn, metallurgiýa, elektroenergetika senagatlarynda, oba hojalygynda, lukmançylykda giňden peýdalanylýar.

Nahar duzunyň senagat taýdan çykarylyşy 1895-nji ýylda Guwlumaýakda we Babahojada başlandy. Häzirki wagtda hem bu ojaklarda ýurdumyzyň iň kuwwatly nahar duz kärhanalary hereket edýär. «Guwluduz» kombinatynda ilatymyz üçin ýodlaşdyrylan azyklyk duzy we ýurdumyzyň senagat kärhanalary üçin tehniki duzy öndürilýär. Kärhananyň ýodlaşdyrylan ýokary hilli azyklyk duzy 2005-nji ýylda Bütindünýä saglygy goraýyş guramasynyň halkara güwänamasyna mynasyp boldy. Türkmenistan öz ilatyny ýodlanan nahar duzy bilen mugt üpjün edýän dünýäde ýeke-täk döwletdir. Nahar duzunyň baý gorlary Soltan Sanjarda, Ýeroýulanduzda, Garaşorda, Sarygamyşda, Uzboýuň gury hanalarynda, Köýtendag etrabynda (Öküzbulakda, Magdanlyda) bar. Türkmenistanda nahar duzunyň baý gorlary soda önümçiligini guramak üçin esas bolup durýar. Geljekki ýyllarda Babahoja nahar duzly käninde ýyllyk kuwwatlylygy 20 müň tonna kaustik sodany we 18 müň tonna hlor we hlor önümlerini, duz kislotasyny öndürýän zawody gurmak göz öňünde tutulýar.

Kaliý duzy oba hojalyk ekinleri üçin döküniň çig maly hökmünde ulanylýar. Onuň esasy gorlary Köýtendag etrabyndaky Garlyk ýatagynda ýerleşip, 100 km-e çenli uzalyp gidýär. Bu ýerde 4 gatlak senagat taýdan işlemäge taýýar edildi we ýerasty eretmek usuly bilen kaliý çykarylýar. 2009-njy ýylda Garlyk şäherçesinde kaliý dökünlerini öndürmek boýunça dag-magdan baýlaşdyryjy toplumyň düýbi tutuldy. Kärhananyň ýyllyk öndürijilik kuwwaty 1,4 mln tonna barabar bolar. Bu ägirt uly senagat kärhanasy Belarus Respublikasynyň hünärmenleriniň gatnaşmagynda gurulýar. Geljekde kaliý dökünleriniň öndürilişi 4 mln tonna çenli artar. Çig mala baý käniniň binýadynda kaliý dökün-

lerini öndürýän täze senagat kärhanasynyň döredilmegi ýurdumyzyň oňa bolan islegini doly üpjün eder. Ony daşary ýurtlara hem uly möçberlerde ibermäge mümkinçilik dörär.

Magdan-himiýa senagatynyň örän ähmiýetli ugry natriý sulfatyny öndürmekdir. Garabogazgol aýlagynyň mineral baýlyklary aýlagyň düýbüne çöken, gömlüp galan hem-de aýlagyň içindäki açyk duzly erginler görnüşinde duş gelýär. Häzirki wagtda diňe gömlüp galan erginler himiki çig mal hökmünde ulanylýar. Her ýyl şu erginleriň 12–14 mln $m^3$-i gaýtadan işlenilýär. 1924-nji ýylda döredilen S. A. Nyýazow adyndaky «Garabogazsulfat» önümçilik birleşigi kükürtturşy natriý, kükürtturşy magniý, nahar, glauber duzlarynyň we beýleki duzlaryň 10-dan gowrak görnüşini öndürýär. Kärhanada duz erginlerinden himiki önümler görnüşinde epsomit, bişofit, kesel bejeriji bişofit ergini, brom we ekstra hilli nahar duzy alynýar. Öndürilýän önümleriň esasy bölegi daşary ýurtlara eksport edilýär. Geljekde Garabogazgol aýlagynyň gidrotermal çig malyny toplumlaýyn gaýtadan işlemek meýilleşdirilýär. Şonuň üçin bu ýerde täze önümçilikler işe giriziler. Garabogaz şäherinde ýakyn ýyllarda ýyllyk kuwwaty 665 müň tonna karbamid, metanol, karbamid-formaldegid öndürýän toplum, «Garabogazsulfat» önümçilik birleşiginde ýyllyk kuwwaty 260 müň tonna natriý sulfaty, bişofit, epsomit bolan önümçilik desgasyny gurmak bellenilýär.

**Esasy himiýa önümçiligi.** Tebigy gazy gaýtadan işläp, azot dökünlerini, sintetik ammiagy, ammiakdan we fosforitden superfosfat dökünlerini, arassa kükürtden kükürt kislotasyny öndürmeklige ýöriteleşen kärhanalar esasy himiýa senagatyna degişlidir.

Marynyň azot dökünleri we Türkmenabadyň fosfor dökünlerini, kükürt kislotasyny öndürýän himiýa zawody pudagyň iri kärhanalarydyr. Türkmenabatdaky kärhanada 2016-njy ýyldan karbamid dökünini öndürjek täze zawodyň


56°
40°
36°
KÖNEÜRGENÇ
AKDEPE
Sarygamyş köli
DAŞOGUZ POLIETILEN ÖNÜMLERI ZAWODY
GARABOGAZSULFAT Ö.B.
Garabogazgol aýlagy
GYZYLGAÝA
Türkmen köli
GUWLYMAÝAK DUZ KOMBINATY
TÜRKMENBAŞYNYŇ NEBITI GAÝTADAN IŞLEÝÄN ZAWODY
BELEK
IÇOGUZ
BALKANABADYŇ HIMIÝA ZAWODY
HAZARYŇ HIMIÝA ZAWODY
GUMDAG
BEREKET
SERDAR
MAGTYMGULY
Sumbar
ARÇMAN
BAHARLY
KELETÄNIŇ SEMENT ZAWODY
ABADAN
OWADANDEPÄNIŇ MERMER–GRANIT ZA
RUHABADYŇ TURBA KOMBINATY
AŞGABADYŇ FARMASEWTIKA ZAWO
AŞGABADYŇ AÝNA KOMBINATY
ÝAŞLYGYŇ KAGYZ KOMB
KAKA
EKEREM
ETREK
ESENGULY
Etrek
HAZAR DEŇZI
ŞERTLI BELGILER
ZAWODLAR
Himiýa zawodlary
Nebiti gaýtadan işleýän zawodlar
Gazy gaýtadan işleýän zawodlar
Himiýa çig mallaryny gaýtadan işleýän zawodlar
GAZYLYP ALYNÝAN TEBIGY BAÝLYKLAR
Gaz
Nebit
Kömür
Nahar duzy
Kaliý duzy
Natriý sulfaty
Ýod
Brom
Kükürt
Gurşun
Sink
Kwars çägeleri
Hek daşy
Ozekerit
Gips
Keramika palçygy
Bentonit
Dolomit
Sement çig maly
Kaolinli çägeler
Selestin



TÜRKMENISTANYŇ
HIMIÝA SENAGATY
60°
64°
40°
GAZOJAK
GAZY GAÝTADAN IŞLEÝÄN ZAWODY
BIRATA
SEÝDINIŇ NEBITI GAÝTADAN IŞLEÝÄN ZAWODY
GALKYNYŞ
TÜRKMENABADYŇ S.A. NYÝAZOW AD. HIMIÝA ZAWODY
BAGAJANYŇ GAZY GAÝTADAN IŞLEÝÄN ZAWODY
FARAP
SAKAR
Altyn asyryň baş şor suw akabasy
GARABEKEWÜL
MAGDANLYNYŇ KÜKÜRT ZAWODY
MAGDANLYNYŇ DUZ KOMBINATY
HALAÇ
ATAMYRAT
DOSTLUK
KÖÝTENDAG
Amyderýa
ÝAGTYÝOL
BABADAÝHAN
MARYNYŇ AZOT ZAWODY
TEJENIŇ KARBAMIT ZAWODY
Garagum
ŞATLYK
BAÝRAMALY
TÜRKMENGALA
ALTYN ASYR
OGUZHAN
ÝOLÖTEN
DUŞAK
Murgap
SARAHS
SANDYKGAÇY
Tejen
TAGTABAZAR
GALAÝMOR
SERHETABAD
$CaSO_4 \cdot 2H_2O$
$SrSO_4$
KCl
Pb
Zn
S
$CaCO_3$
$SiO_2$
NaCl
Dg.
50 0 50 100
km


21-nji surat.

gurluşygyna girişmek göz öňünde tutulýar. Ýylda 640 müň tonna karbamid öndürmäge niýetlenen önümçilik tapgyrlaýyn işe giriziler.

2005-nji ýylda işe girizilen Tejeniň karbamid zawodynyň kuwwatlylygy her ýylda 350 müň tonna karbamid, 200 müň tonna ammiak öndürmäge niýetlenendir. 2011-nji ýylda kärhanada 283 müň tonna karbamid, 193 müň tonna ammiak öndürildi.

Ýurdumyzda mineral dökünleriniň önümçiligini has-da ösdürmek barada uly maksatnamalar goýulýar. 2011-nji ýylda birnäçe daşary ýurt kompaniýalarynyň gatnaşmagynda Mary şäherinde täze ammiak we karbamid öndürýän zawodlaryň gurluşygy başlandy, olaryň taslama kuwwatlylygy bir ýylda 400 müň tonna ammiagy we 640 müň tonna karbamidi öndürmäge barabardyr. Şeýle hem, Balkan we Lebap welaýatlarynda karbamid öndürýän zawodlaryň gurluşygy alnyp barylýar.

Zerur önümler hasaplanýan ýody we bromy çykarmak himiýa senagatynyň düzüminde görnükli orun tutýar. Türkmenistan ýod-bromly suwlaryň gorlary boýunça dünýäde öňdebaryjy orunlaryň birini eýeleýär. Balkanabadyň ýod we Hazaryň himiýa zawodlary esasy kärhanalar hasaplanylýar. Balkanabadyň ýod zawodynda tehniki ýod we onuň birleşmeleriniň, brom we onuň duzlarynyň önümçiligi ýola goýlan. Serdar etrabyndaky «Bereket» ýod zawodynda hem tehniki ýod öndürilýär. Hazaryň himiýa zawodynda tehniki ýod, demir bromy, tehniki uglerod, kaliý ýody, kaliý ýodaty, agardyjy serişdeler, tehniki kislorod we beýleki himiýa önümleri öndürilýär. Öndürilen kaliý ýody saglygy goraýyş ulgamynda, derman senagatynda, kinofoto önümçiliginde, kaliý ýody bolsa duzy ýod bilen baýlaşdyrmakda ulanylýar. Tehniki uglerod kauçuk, rezin önümçiliginde, boýag ýasamakda peýdalanylýar. Agardyjy serişde dezinfeksiýa işlerinde, egin-eşikleri tämizlemekde, tehniki kislo-

rod bolsa demir önümlerini kesmekde, kebşirlemekde esasy zerurlyklaryň biridir. Hazaryň himiýa zawodynyň öndürýän esasy önümleriniň ýene-de biri ýoddur. Deňiz suwundan alynýan ýoduň hili ýokarydyr. Şonuň üçin-de zawodyň bu önümi dünýä bazarynda uly islegden peýdalanýar.

Düzüminde ýod saklaýan ýerasty suwlaryň gory her ýylda 4 müň tonnadan gowrak ýody öndürmäge mümkinçilik berýär. Şol mümkinçilikleri we dünýä bazarynyň isleglerini nazara alyp ýakyn geljekde ýoduň öndürilişi 3 esse artdyrylar. Ýoduň we bromuň çykarylyşyny giňeltmek maksady bilen, pudagyň öňünde täze önümçilik kuwwatlyklaryny döretmek wezipesi durýar. Geljekde Çeleken ýatagyny we Gumdag şäheriniň ýanyndaky Boýadag ýatagyny özleşdirmek maksady bilen iki sany täze ýod-brom kärhanasy işe giriziler. Serdar etrabynyň «Bereket» ýod zawodynyň ikinji nobatdakysyny gurmak meýilleşdirilýär. Täze önümçilikler ýoduň we ýod öndürmek üçin ulanylýan serişdeleriň, bromuň öndürilişini ep-esli artdyrar. Gumdag şäherinde, Uzboý şäherçesinde, Esenguly etrabynyň Bugdaýly şäherçesinde, Serdar etrabynda tehniki ýody, bromy we brom önümlerini öndürýän täze desgalary gurmak, şeýle-de Hazar himiýa zawodynyň, «Bereket» ýod zawodynyň önümçilik kuwwatlyklaryny artdyrmak bellenilýär.

## §22. Nebit-himiýa we derman senagaty

**Nebit-himiýa senagaty.** Nebit-himiýa häzirki wagtda iň çalt ösýän we geljegi uly pudaklaryň biridir. Ol nebitden, nebit bilen ugurdaş çykýan gazdan dürli himiki önümleri öndürýär. Türkmenistanda garaşsyzlyk ýyllarynda bu önümçilik pudagyny ösdürmäge örän uly ähmiýet berilýär. Türkmenbaşynyň nebiti gaýtadan işleýän zawodlar toplumynda katalitik riforming we katalitik kreking enjamlarynyň işe girizilmegi bilen çalgy ýaglary we polipro-

pilen öndürilip başlandy. Zawodlar toplumynyň milli sekunt katalitik krekingi desgasynda öndürilýän suwuklandyrylan gaz polimerleri öndürmek üçin çig mal bolup hyzmat edýär. Polimerlerden bolsa ekologiýa taýdan arassa, ýokary halkara hil ülňüsine laýyk gelýän granulirlenen polipropilen alynýar. Öndürilýän polipropilen polimer plýonkalary, emeli süýüm, termoplastlar, gaplaýyş ýüplügi, awtomobiller üçin süzgüçler, egin-eşikler, mebeller, lukmançylyk materiallary öndürilende ulanylýar. 2011-nji ýylda 87,3 müň tonna polipropilen öndürildi. Onuň esasy bölegi daşary ýurtlara eksport edilýär.

Türkmenistanda täze harytlary we önümleri öndürýän tehnologik kuwwatlyklary döretmek maksady bilen 2006-njy ýylda Ruhabat etrabynda «Türkmenturba» zawody işe girizildi. Häzirkizaman talaplaryna laýyk gelýän bu kärhana polietilen, polipropilen, aýna süýümli we içinden polat sim geçýän termoplastik turbalary öndürýär. Kärhana bir ýylda 25 müň pagon km turba öndürip bilýär. Şonuň agramly bölegi damjalaýyn suwaryş üçin niýetlenen turbalardyr. Öňdebaryjy kämil enjamlar bilen üpjün edilen kärhana dürli diametrli we maksatly turbalary çykarýar. Kärhanada öndürilen önümler nebitgaz pudagynda, oba hojalygynda, gurluşykda we jemagat hojalygy ulgamynda ulanylýar. Turbadan başga-da kärhanada fitingleriň (geçirijileri birikdirmek we bölmek üçin niýetlenen serişdeleriň) 130-a golaý görnüşi öndürilýär.

Hazaryň himiýa zawody nebit bilen ugurdaş çykýan gazyň binýadynda rezin senagaty üçin tehniki uglerod öndürýär.

Daşoguz şäherindäki «Polimiz» kärhanasynda halk hojalygynyň dürli ugurlarynda giňden ulanylýan dürli diametrdäki maýyşgak geçirijileriň 25-e golaý görnüşleri öndürilýär.

Abadan şäherinde ýerleşýän «Agöýli» önümçilik kärhanasy Türkmenbaşynyň nebiti gaýtadan işleýän zawodlar

toplumynda öndürilýän polipropilenden un we un önümlerini gaplamak üçin haltalary öndürýär. Aşgabat şäherinde durmuşda giňden ulanylýan dürli plastmassa gap-gaçlaryny öndürýän kärhana ýerleşýär. Türkmenabadyň himiýa zawodynda polietilen plýonkalary we polipropilen turbalary öndürilýär.

2004-nji ýylda Ahal welaýatynyň Ýaşlyk şäherçesinde Türkmenistanyň Kagyz önümçilik toplumy işläp başlady. Bu toplumyň işe girizilmegi bilen döwletimizde senagatyň täze pudagy – kagyz senagaty emele geldi. Toplumyň önümçiliginde Awstriýadan, Germaniýadan, Fransiýadan, Italiýadan we Hindistandan getirilen häzirki zaman enjamlary oturdyldy. Oturdylan enjamlar häzirki döwrüň iň kämil enjamlary bolup, ähli işler kompýuterler arkaly dolandyrylýar. Çig mal bolup topluma bugdaý samany hem-de pagta linti hyzmat edýär. Kärhana ofset kagyzlaryny, gaplama kagyzlaryny, durmuşda ulanylýan kagyzlaryň dürli görnüşlerini öndürýär.

Ýakyn ýyllarda ýurdumyzda nebit-himiýa önümçiligini ösdürmek babatda uly maksatnamalar bellenilýär. Ojak-Naýypdaky gaz-himiýa toplumyny gurmak, Seýdi şäheriniň nebiti gaýtadan işleýän zawodynda nebitden dürli himiki önümleri öndürmek we bu ýerde tebigy gazyň, gaz kondensatynyň esasynda uly gaz-himiýa senagat merkezini döretmek göz öňünde tutulýar. Häzirki wagtda Günorta Ýolöten käninde harytlyk gazy almak we gazy kükürtden arassalaýjy önümçilik desgalarynyň toplumy daşary ýurt hünärmenleriniň gatnaşmagynda gurulýar.

**Derman senagaty.** Bu önümçilik ugry Türkmenistanyň çalt ösýän pudaklarynyň biridir. Onuň kärhanalary derman ösümliklerinden we himiki serişdelerden dürli görnüşli derman önümlerini öndürýärler. Ýurdumyzda bitýän dermanlyk ösümlikleriniň adam saglygyny goramakdaky ähmiýeti hormatly Prezidentimiziň «Türkmenistanyň der-

manlyk ösümlikleri» atly ylmy işinde öz beýanyny tapýar. Şol sebäpli Türkmenistanda ýerli ösümliklere esaslanýan derman senagatyny ösdürmeklige uly ähmiýet berilýär. Häzirki wagtda «Türkmendermansenagat» ylmy-önümçilik birleşiginiň kärhanalarynda derman serişdeleriniň 200-den gowragy öndürilip, olaryň 30 görnüşi ýerli dermanlyk ösümliklerden alynýan derman serişdeleridir.

«Saglyk» derman kärhanasy ýurdumyzda derman serişdelerini öndürýän ilkinji we öňdebaryjy kärhanadyr. Bu ýerde dermanlaryň 90 görnüşiniň önümçiligi özleşdirilendir. 1998-nji ýylda bilelikdäki «Türkmenderman Ajanta Farma Limited» türkmen-hindi kärhanasy işe girizildi. Onuň 7 sany önümçilik bölüminde dermanlaryň 100-e golaý görnüşi, şeýle hem çalynýan serişdeler, diş ýuwulýan pastalar öndürilýär. 1999-njy ýylda ýurdumyzda infuzion erginleri öndürýän «Tenekar» derman kärhanasy işe girizildi. Häzirki güne çenli kärhanada infuzion erginleriň 17 görnüşiniň önümçiligi ýola goýuldy.

Türkmenabadyň «Buýan» obasenagat toplumynda saglygy goraýyş we derman senagaty üçin buýan köküniň şerbedi, ekstrakty, poroşogy öndürilýär. Buýan köküniň gaýtadan işlenilmegi netijesinde alynýan önümler derman senagatyndan başga-da dürli içgiler we konditer önümleri taýýarlananda, kosmetikada, reňk-boýag ýasamakda we beýleki pudaklarda giňden ulanylýar. Obasenagat toplumynda ýylda 4,5 müň tonna guradylan buýan köki taýýarlanylýar. Buýan köki birnäçe ýurtlara eksport edilýär. Ýurdumyzda taýýarlanylýan buýan köküniň we onuň önümleriniň möçberini artdyrmak, hilini gowulandyrmak we halkara bazaryna çykarmak maksady bilen 2008-nji ýylda toplumyň düzüminde Hytaý kompaniýasy bilen hyzmatdaşlykda buýan köküniň gury ekstraktynyň bir ýylda 1000 tonnasyny öndürmäge niýetlenen täze zawod işe girizildi.

«Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň 2011–2030-njy ýyllar üçin Milli maksatnamasynyň» esasynda derman senagatyny çalt depginler bilen ösdürmek, ýurdumyzyň ilatynyň ýokary hilli, howpsuz derman we saglygy goraýyş maksatly serişdeler bilen üpjünçiligini has-da gowulandyrmak, pudagy düýpli diwersifikasiýalaşdyrmak maksady bilen «Türkmenistanda derman senagatyny ösdürmegiň 2011–2015-nji ýyllar üçin döwlet maksatnamasy» kabul edildi. Şoňa laýyklykda ilatymyzy özümizde öndürilýän derman serişdeleri bilen doly üpjün etmek maksady bilen Aşgabat şäherinde kuwwatlylygy ýylda 10 mln gap bolan infuzion erginleri öndürýän kärhana, Bereket etrabynda ýodly taýajyklary we ýodly galam öndürýän, Jebel şäherçesinde bejeriş palçygyny we deňiz duzuny gaplaýan, Aşgabat şäherinde bir ýylda 200 tonna zyýansyzlandyryjy erginleri öndürýän kärhanalary gurmak meýilleşdirilýär.

**!?!** **Soraglar we ýumuş**

**1.** Türkmenistanda himiýa senagaty üçin mineral çig mallarynyň nähili görnüşleri bar?

**2.** Ýurdumyzda himiýa senagatynyň haýsy pudaklary ösen?

**3.** Himiýa senagatynyň organiki sintez we polimer önümçiligini ösdürmek üçin nähili mümkinçilikler bar?

**4.** Magdan-himiýa, esasy himiýa, nebit himiýa we derman himiýa senagat merkezlerini sudur kartada belläň.

## § 23. Türkmenistanyň metal işläp bejerýän we maşyngurluşygy senagaty

Maşyngurluşygy ykdysadyýetiň möhüm pudaklarynyň biridir. Soňky ýyllarda Türkmenistanda hem bu pudagy ösdürmäge uly ähmiýet berilýär. Onuň düzümine metal işläp bejerýän we maşyngurluşygy kärhanalary girýär. Hä-

zirki wagtda ýurdumyzyň maşyngurluşyk pudagynyň kärhanalary halkyň sarp edýän harytlarynyň 300-den gowrak görnüşini öndürýär.

Türkmenistanda metaly eretmekligiň özboluşly taryhy bar. Ata-babalarymyz geçmişiň bürünç, mis, demir eýýamlarynda metallary: mis, gurşun, altyn, kümüş, galaýy, sink, bürünç, demri eredip, metallurgiýa senedini ýola goýupdyrlar. Olar şol metallardan dürli hojalyk (ekerançylyk we aw awlamak) gurallaryny, söweş esbaplaryny, bezeg şaý-seplerini ýasapdyrlar. Şol gurallary, ýaraglary ýasamak üçin ussahanalaryň, jaýlaryň bolandygyny taryhy we arheologiki maglumatlar subut edýärler. Mary welaýatyndaky Goňurdepeden, Ahal welaýatynyň çäginde Göksüýrüden, Änewden tapylan demir eredilen peçleriň, ussahanalaryň galyndylary biziň aýdanlarymyza şaýatlyk edýär. Mysal üçin, Änewde ýaşan ata-babalarymyz biziň eýýamymyzdan öň V-II müň ýyllyklarda mis metalyny eretmäni, taplamany, ony myşýak bilen goşup, soňra galaýy bilen eredip, bürünç ýasamany başarypdyrlar. Myşýak goşulan bürünç metaly Orta Aziýada (şol sanda Türkmenistanda) ekerançylykda, binagärçilik işlerinde giňden ulanylypdyr.

Köp alymlaryň ýazmagyna görä, metallurgiýanyň (metal eretmekligiň) ilkinji döreän merkezi Orta Aziýa bolup, soňra Eýrana, Kiçi Aziýa, Kawkaza, Hindistana, Ortaýer deňiz kenarlaryna we Ýewropa döwletlerine ýaýrapdyr.

***Demir eredýän we metal işläp bejerýän kärhanalar.*** Rus patyşalygy we Sowet häkimiýeti ýyllary içinde Türkmenistanda demir ýollarynyň gurulmagy bilen baglanyşykly Serdar şäherinde ilkinji demir ýol wagonlary abatlaýan kärhana döredildi. Türkmenbaşyda, Aşgabatda, Maryda iri parowoz depolary we ussahanalary işe girizilipdir. Aşgabatda kiçeňräk mehaniki zawod-ussahananyň esasynda metal işläp bejerýän «Krasnyý metallist» (häzirki «Demir») zawody 1925-nji ýyldan işläp başlady. Zawod

häzir demir krowatlary, peçleri, demir gözenekleri, mekdepler, çagalar baglary üçin esasy durky demirden bolan stol-oturgyçlary öndürýär. Aşgabadyň demir we Marynyň maşyngurluşyk zawody alýumin gatyşykly çoýun gazanlary, çaý gaýnadylýan kündükleri we dürli önümleri öndürip, içki bazarlara çykarýarlar. Bu pudagyň derýa we deňiz gämilerini abatlaýan kärhanalary Türkmenbaşy we Türkmenabat şäherlerinde, suw hojalyk enjamlaryny abatlaýan kärhanalar Maryda we Türkmenabatda, teplowozlary abatlaýan kärhanalar Aşgabat, Mary, Türkmenabat, Daşoguz şäherlerinde, wagon abatlaýan kärhana Serdar şäherinde ýerleşýär. Awtoulaglary, oba hojalyk tehnikalaryny abatlaýan kärhanalar ähli şäherlerde we etrap merkezlerinde ýerleşýärler.

Abadan şäherindäki turba zawody suw we gaz geçiriji polat turbalary öndürmeklige ýöriteleşýär. Kärhanada, esasan, diametri 25–50 mm bolan metal turbalar öndürilýär.

2009-njy ýylda Ruhabat etrabynyň Owadandepe obasynda ýurdumyzyň ilkinji metallurgiýa zawody işe girizildi. Onuň önümçilik kuwwaty 160 müň tonna metal öndürmeklige niýetlenen. Metal böleklerini (metallalomy) eretmekden alynýan sozulan metaldan dürli ölçegdäki gurluşyk armaturalary we beýleki önümler alynýar. Kärhanada polat guýujy we sozujy bölümler hereket edýär. Zawodyň gurulmagy ýurdumyzda alnyp barylýan gurluşyk işlerini metal önümleri bilen öz wagtynda we doly üpjün etmäge mümkinçilik berýär. Geljekde bolsa ýurdumyzyň çäginde açylan metal magdan känlerini özleşdirmäge esas döredýär.

**Maşyn-gurluşyk.** Döwletimizdäki iri maşyngurluşyk we metal işleýän senagat kärhanalary 2012-nji ýylda döredilen Senagat ministrliginiň düzümine girýär. Soňky ýyllarda hojalyk pudaklarynyň we ilatyň maşyngurluşyk we elektrotehniki önümlere bolan isleglerini kanagatlandyrmak maksady bilen kärhanalaryň sany artdyrylýar, täze önümçilik-

8. Sargyt № 2401.

ler ýola goýulýar. Pudagyň kärhanalary ýurdumyzyň ähli welaýatlarynda ýerleşendir we dürli görnüşdäki önümleri öndürmäge ýöriteleşdirilendir.

Pudakda iri kärhanalaryň biri Aşgabadyň «Nebitmaşyngurluşyk» döwlet kärhanasydyr. Onuň düzüminde ýyladyjy-kebşirleýji, mehanika, gurallar, demirçilik, gaz peçlerini hem-de plastmassa önümlerini öndürýän bölümler hereket edýär. Kärhana ýurdumyzda öndürilýän önümleriň köpdürlüligi bilen tapawutlanýar. Bu ýerde nebit önümlerini guýujy we sorujy enjamlar, saklamak üçin gaplar (çelekler), nebit geçirijileri gyzdyryjylar, elektrik geçiriji ulgamlar üçin demir sütünler, gaz plitalary, gazanlar, plastmassa gap-gaçlar, laý-beton garyndylaryny garýan enjamlar öndürilýär.

Aşgabadyň «Azykmaşyngurluşyk» zawody azyk senagaty üçin enjamlary we ätiýaçlyk şaýlary öndürmäge ýöriteleşdirilendir. Önümleriň esasy görnüşleri hamyr ýugrujy we krem garyjy maşynlar we çörek bişirmek üçin peçlerdir. Soňky ýyllarda halkyň sarp edýän harytlarynyň 40-dan gowrak görnüşiniň önümçiligi ýola goýuldy.

Paýtagtymyzda ýerleşýän «Türkmenkabel» zawody elektrik geçiriji simleri, ýagtylyk beriji tehniki enjamlary, reduktorlary öndürýär, olary ýurduň içine we daşyna çykarýar. Şäherde ýerleşýän gaz apparaturalary zawody dört we iki gözli gaz plitalaryny, ýangyn söndürijiler we gurluşyk işleri üçin gurallary öndürýär.

Marynyň «Maşyngurluşyk» zawodynda çoýun-guýma, mehaniki, kebşirleýji, galwaniki bölümler hereket edýär. Merkezden daşlaşýan güýç esasynda işleýän dürli göwrümli sorujylar (20-den gowrak görnüşi) kärhananyň esasy önümleriniň biridir. Zawod oba hojalyk ýerlerini bejermek üçin traktorlara dakylýan enjamlaryň birnäçe görnüşlerini, nebitgaz senagaty üçin çelekleri hem öndürýär. Bu kärhanada geljekde sement zawodynyň peçlerinde daş owradyjy-

lary, 100 tonna çenli göwrümli polat gaplaryny ýasamak göz öňünde tutulýar.

Mary şäherindäki demir-mehaniki kärhanasynda sandan çykan kompressorlary abatlanýar we ýokary woltly elektrik geçiriji sütünler taýýarlanylýar. Kärhanada sink çaýylan yşyklandyryjy sütünleriň önümçiligi hem ýola goýuldy.

Türkmenabat şäherindäki «Agromaşyngurluşyk» zawodynda dizel herekete getirijilerini abatlamak we synag etmek, mehaniki we kebşirleýiş bölümleri bar. Dizel herekete getirijisiniň dwigatelleriniň ähli görnüşlerini düýpli abatlamak kärhananyň esasy önümçilik işidir. Bu ýerde laý garyjylaryň, çelekleriň, metal derwezeleriň dürli görnüşleri, buraw enjamlary, wagon-jaýlar, oba hojalygy üçin zerur bolan gurallar we ätiýaçlyk şaýlary öndürilýär. Bu şäherdäki tejribe abatlaýyş-mehaniki zawody dürli kysymly ekskawatorlary abatlamak işlerini ýerine ýetirýär.

Garaşsyzlyk ýyllarynda Türkmenabatda gurlan maşyngurluşyk kärhanalarynyň biri hem elektron bloklar zawodydyr. Bu ýerde transformatorlar, magnit geçirijiler öndürilýär.

Türkmenabadyň ýol-gurluşyk maşyn abatlaýyş zawodynda uniwersal motobloklary ýasalýar. Şäherdäki «Türkmenaltyn» kärhanasynda häzirki zaman tilsimatlaryny ulanyp, gymmat bahaly daşlardan we altyndan bezeg şaý-sepleriniň uly toplumy öndürilýär. Bu ýerde almaz timarlamak işi hem amala aşyrylýar.

Döwletimizde ilkinji elektrik pribor zawody Seýdi şäherinde guruldy. Kärhanada dürli görnüşdäki ölçeg gurallary öndürilýär. Mary welaýatynyň Saparmyrat Türkmenbaşy şäherçesindäki kärhanada bolsa elektrik enjamlaryny öndürmek ýola goýlan.

Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň geljekki ösüşi onuň maşyngurluşyk önümlerine bolan isleglerini artdyrylma-

gy bilen şertlenendir. Şonuň bilen baglanyşyklylykda içerki we daşarky bazarlaryň isleglerine gönükdirmegiň hasabyna pudakda öndürilýän önümleriň görnüşlerini giňeltmek we möçberini artdyrmak wezipesi durýar. Ýakyn ýyllarda santehniki gurallary öndürýän, tehnikany we enjamlary abatlaýyş zawodlaryny gurmak, ýurduň elektroenergetika pudagynyň yzygiderli ösýänligi we döwrebaplaşdyrylýanlygy bilen baglanyşykly simleriň we daşy örtülen kabelleriň öndürilişini has-da artdyrmak göz öňünde tutulýar. 2020-nji ýyla çenli Mary welaýatynda alýuminiý eredýän kärhana hem gurlar.

**!?!** **Soraglar we ýumuş**

**1.** Metaly işläp bejermek biziň ýurdumyzda haýsy döwürlerde ýüze çykypdyr?

**2.** Türkmenistanda maşyngurluşygyň haýsy ugurlary ösdürilýär?

**3.** Ýurdumyzda senagatyň bu pudagynyň ösüş geljegi nähili?

**4.** Garaşsyzlyk ýyllarynda gurlan maşyngurluşyk kärhanalarynyň atlaryny depderiňize ýazyň we ýerleşýän ýerlerini sudur karta geçiriň.

## § 24. Gurluşyk toplumy. Gurluşyk materiallary senagaty

Täze döwrüň ýyllary içinde ýurduň ykdysadyýetinde esasy serişdelere, şol sanda gurluşyk işlerine goýlan maýa goýumlary ep-esli artýar. Düýpli maýa goýumlaryň iri möçberleriniň özleşdirilmegi netijesinde gurluşyk pudagy işjeň ösýär. Soňky 6 ýylda gurluşyk guramalary tarapyndan ýerine ýetirilen potrat işleriniň möçberi 11,2 esse artdy. Gurluşyk ulgamynda döwlete degişli däl pudak çalt depginler bilen ösýär. Soňky ýyllarda gurluşyk pudagynyň

güýçli ösýändigi häsiýetli ýagdaýdyr. Senagatda, oba hojalygynda, suw hojalygynda, ýaşaýyş jaý we jemagat hojalygy ulgamynda gurluşyk işleri giň gerim bilen amala aşyrylýar.

**Gurluşyk materiallary senagaty.** Gurluşyk pudagynyň geriminiň giňemegi köp derejede gurluşyk materiallarynyň öndürilişini artdyrmagy talap edýär. Türkmenistanyň gurluşyk materiallar senagatyny ösdürmek üçin tebigy baýlyk mümkinçilikleri uludyr. Mälim bolşy ýaly, ýurdumyzyň ähli welaýatlarynda gurluşyga gerek bolan dürli magdan däl baýlyklarynyň uly gorlary bar.

Şol çig-mal ätiýaçlyklarynyň esasynda gurluşyk materiallary senagatynda önümleriň dürli görnüşleri: sement, magdan däl gurluşyk materiallary, diwar materiallary, gurluşyk üçin betondan ýygnama gurnawlaryň bölekleri, asbest-sementden listler, gurluşyk aýnasy, keramzit, tebigy daşlardan örtgi materiallary, asfalt-beton, gips, hek, kaolin öndürilýär.

Türkmenistanyň gurluşyk materiallary senagaty ministrliginiň düzüminde 60-a golaý kärhana işleýär. Pudagyň jemi önüminiň 30%-e golaýy döwlet eýeçiligine degişli bolmadyk bölegiň paýyna düşýär. Döwlet eýeçiligine degişli bolmadyk kärhanalarda, esasan, kerpiç, ýonulan daş, ýanýodalar üçin plita ýaly önümleri öndürilýär.

Gurluşygyň maksadyna we ýerine ýetirilýän işleriň aýratynlyklaryna baglylykda gurluşyk materiallary senagatynyň düzüminde biri-biri bilen aýrylmaz baglanyşykly üç sany önümçilik toparyny tapawutlandyrmak bolar:

1. Mineral-gurluşyk çig mallaryny (çäge, çagyl, daş owuntyklary, iri daşlary we beýlekileri) gazyp almak we olary işläp bejermek;

2. Berkidiji materiallary öndürmek (sement, hek, gips);

3. Jaýlary we desgalary bina etmek üçin, dürli diwar gurulýan materiallary, önümleri we konstruksiýalary (beton we demir-beton önümleri) öndürmek.

Türkmenistanyň gurluşyk materiallary senagatynda sement önümçiligi uly orun tutýar. «Türkmensement» önümçilik birleşiginiň kärhanalarynda 2011-nji ýylda 1210,4 müň tonna sement öndürildi. Ýurdumyzda ilkinji sement zawody 1950-nji ýylda Abadan şäherinde guruldy. Garaşsyzlyk ýyllarynda şäheriň ekologik ýagdaýyny gowulandyrmak we çig mal känlerine ýakyn ýerleşdirmek maksady bilen bu kärhana Ahal welaýatynyň Baharly etrabyndaky Kelete obasynyň golaýyna göçürildi. Şol ýerde daşary ýurt kompaniýalarynyň gatnaşmagynda ýyllyk kuwwaty 1 mln tonna bolan täze sement zawody guruldy. Baharlynyň sement zawodynda 400-lük, 500-lük belgili sement we onuň duza durnukly görnüşi öndürilýär. Häzirki wagtda iň köp isleg bildirilýän sementiň 500-lük belgili görnüşidir. Sement öndürmek üçin hek daşy çig maly we toýun zawodyň golaýyndaky känlerden alynýar, gips bolsa Magdanlydan getirilýär.

Diýarymyzda gurulýan möhüm binalary we desgalary ýokary hilli gurluşyk materiallary bilen üpjün etmek hem-de ýerli gurluşyk çig malyny rejeli we netijeli peýdalanmak maksady bilen 2011-nji ýylda Balkan welaýatynyň Jebel şäherçesinde sement zawody işe girizildi. Bu zawod ýurdumyzyň seýsmiki zolagynda köp gatly binalar we beýleki desgalar gurlanda ulanylýan, ýokary berkligi bilen tapawutlanýan portland sementini öndürýär. Mundan başga-da zawod nebitgaz senagaty üçin zerur bolan tamponaž sementini, şeýle hem köprüleriň binýatlary we sütünleri, beýleki gidrotehniki desgalar üçin sulfata durnukly sementi öndürýär. Sement öndürmek üçin zerur bolan hek daşy, kwars çägesi, gips, argillit, demir jöwheri zawodyň golaýynda ýerleşen karýerden gazylyp alynýar.

Lebap welaýatynyň Gowurdakda ýerleşýän çig mal käniniň esasynda Köýtendag etrabynyň Garlyk şäherçesinde kuwwatlylygy ýylda 1 mln tonna barabar sement zawody 2013-nji ýylyň 14-nji fewralynda ulanylmaga berildi. Bu bolsa diňe bir ýurduň içinde bu möhüm gurluşyk materialyna bolan islegi kanagatlandyrmak bilen çäklenmän, eýsem, onuň daşary ýurtlara eksport edilmegini hem üpjün eder.

Demir-beton we beton konstruksiýalary önümçiligi gurluşyk materiallary senagatynyň iň ýaş, geljegi uly pudagydyr. Häzirki wagtda «Türkmendemirbetonönümleri» önümçilik birleşigine degişli demirbeton önümlerini öndürýän 13 sany kärhana hereket edýär. Olar Aşgabat, Abadan, Tejen, Mary, Türkmenabat, Daşoguz, Balkanabat, Türkmenbaşy, Baýramaly, Şatlyk şäherlerinde, Wekilbazar etrabynda ýerleşýärler.

2010-njy ýylda Ruhabat etrabynyň Owadandepe obasynda ýyllyk kuwwatlylygy 200 müň $m^3$ deň bolan energiýa tygşytlaýjy, seýsmiki taýdan durnukly gurluşyk materialy bolan gazbeton önümlerini öndürýän zawod işe girizildi. Dünýä ýurtlarynyň gurluşyklarynda giňden ulanylýan häzirki zaman gazbeton kwars çägesinden, gipsden, sementden, hekden we az mukdarda alýuminden öndürilýär. Ol suwuklykly birleşdiriji, ýuka dargaýan kremnezýom düzüminiň, suwuň we gaz emele getirijiniň gatamagy netijesinde alynýar, özi-de ýeňil hem-de öýjükli materialdyr. Gazbeton ýylylyk geçirijiliginiň pesligi, zäherli maddalary bölüp çykarmaýanlygy, könelmeýänligi we oda çydamlylygy bilen tapawutlanýar.

Diýarymyzyň ähli welaýatlarynda ýol-gurluşyk önümlerini öndürýän kärhanalar hereket edýär. Türkmenbaşynyň nebiti gaýtadan işleýän zawodlar toplumynda öndürilýän nebit bitumy jaý we ýol gurluşyklarynda gymmatly çig mal hökmünde giňden ulanylýar. Onuň esasyny ýol gurluşygyn-

da ulanylýan bitum düzýär. Ýurdumyzyň welaýat we etrap merkezlerinde gurluşyk kerpiçlerini öndürýän zawodlary hereket edýär. Türkmenistanda soňky ýyllarda gurluşykda ýokary hilli material hökmünde giňden peýdalanylýan keramiki kerpijiň öndürilişi artýar. Keramzitiň esasy bölegi Ýaşlyk şäherçesindäki keramzit zawodynda öndürilýär.

Asbest-sement önümlerinden – şifer Abadanda, çerepisa Balkanabatda, asbest turbalar Baýramalyda öndürilýär. Abadanyň «Gurluşykmateriallary» kombinatynda önümçilik kuwwatlyklaryny doly peýdalanmagyň hasabyna asbest-sementden listleriň öndürilişi ep-esli artdy.

2006-njy ýylda Ruhabat etrabynyň Owadandepe şäherçesinde tebigy daşdan (mermer, granit we ş.m.) kuwwatlylygy bir ýylda 205 müň tonna örtgi materiallaryny öndürmek boýunça mermer we granit işläp bejerýän zawod işe girizildi. Bu zawod ýurdumyzda bina edilýän köp sanly desgalary mermer we granit daşlary, bezeg örtükleri bilen üpjün edýär. Häzirki döwürde kärhana çig mal Lebap welaýatyndan, şeýle hem Owganystan döwletinden getirilýär. Aşgabadyň «Santehönümleri» zawodynda suwdan goraýan material bolan izogany öndürmeklik ýola goýuldy. 2009-njy ýyldan başlap bu kärhana üçeklerde ulanylýan folgoizoly öndürip başlady. Ol üçekleriň hyzmat edýän möhletini has-da uzaltmaga we folganyň özboluşly aýratynlyklary netijesinde goşmaça ýylylygyň saklanmagyny üpjün etmäge ukyplydyr.

Aşgabadyň aýna kombinaty 50 ýyldan gowrak wagt bäri hereket edýär we gurluşyk aýnasyny öndürýär. Häzirki wagtda kombinatda täze tehnologiýalary oturtmak işleri alnyp barylýar. 2011-nji ýylda Aşgabatda çüýşe önümlerini öndürýän «Keýik» hususy kärhanasy işe girizildi. Kärhana doly önümçilik tapgyrly bolup, bu ýerde zerur bolan ähli önümçilik işleri – çig maly taýýarlamakdan başlap, taýýar önümleri gaplamaga çenli iş tapgyryny öz içine alýar. Önüm-

çilik üçin zerur bolan ähli çig mallar, ýagny dolomit, kwars çägesi, soda, natriý sulfaty we beýleki goşundylar ýurdumyzda öndürilýär. Kärhana aýna gaplarynyň 23 görnüşini öndürmäge ukyplydyr.

Türkmenistanyň Gurluşyk materiallary senagaty ministrliginiň «Türkmendaşlary» önümçilik birleşiginde 11 sany magdan däl gurluşyk materiallaryny öndürýän kärhanalar hereket edýär. Magdan däl we gurluşyk materiallary öndürýän kombinatlar Türkmenbaşy, Bereket etraplarynda, Keletede, Baharlyda, Abadanda, Duşakda, Galaýmorda, Türkmenabatda, Magdanlyda, Kelifde, Gubadagda hereket edýär. Häzirkizaman enjamlary bilen üpjün edilen kärhanalar – owradylan we ýuwlan daşlary, daş-gum garyşygyny hem-de heki öndürip, ol önümler bilen ýerli we daşary ýurt gurluşyk firmalarynyň isleglerini doly kanagatlandyrýar. Jebel şäherçesiniň golaýynda kaolin zawody hereket edýär.

Farfor-faýans önümçiligi Daşoguz welaýatynyň Gurbansoltan eje adyndaky etrabynda we Balkanabatda ýerleşýär. Bu kärhanalarda, esasan, farfor çäýnek-käse, daş tabaklaryň uly tapgyrlary öndürilýär.

Gurluşyk materiallaryny öndürýän önümçilikleriň dürli görnüşleriniň ösdürilmegi häzirkizaman Türkmenistan üçin ileri tutulýan ugur bolup durýar. Ol ýurt boýunça ýüzlerçe önümçilik, durmuş maksatly we üpjünçilik ulgamynyň desgalarynyň gurulmagy bilen şertlendirilendir.

«Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň 2011–2030-njy ýyllar üçin Milli maksatnamasyna» laýyklykda täze önümçilik binalarynyň gurulmagy we hereket edýän kärhanalaryň durkunyň täzelenilmegi sementiň öndürilişiniň 2020-nji ýylda 2,9 million tonna, 2030-njy ýylda bolsa 3,4 million tonna ýetirilmegini talap edýär.

Milli maksatnama laýyklykda ýurdumyzyň dürli ýerlerinde täze gurluşyk materiallaryny öndürýän kärhanalaryň

uly toplumy peýda bolar. Ahal, Balkan, Daşoguz welaýatlarynda magdan däl materiallary öndürýän owradyjy-saýhallaýjy zawodlaryň, ýurdumyzyň ähli welaýatlarynda asfalt we asfaltbeton öndürýän zawodlaryň 18-siniň gurlup ulanylmaga berilmegi gurluşyk we ýol-gurluşyk işleriniň has-da ýaýbaňlanmagyna mümkinçilik döreder.

!?!

### Soraglar we ýumuş

1. Türkmenistanyň gurluşuk toplumynyň düzümine haýsy pudaklar girýär?

2. Ol pudaklaryň çig mallar bilen üpjünçiligi nähili?

3. Gurluşyk materiallarynyň esasy känlerini we gurluşyk toplumynyň kärhanalarynyň ýerleşen şäherlerini sudur kartada belläň.

## § 25. Oba senagaty toplumy

Türkmenistanyň milli ykdysadyýetiniň durnukly ösmeginiň maddy esasy hökmünde agrosenagat toplumy iňňän möhüm ähmiýete eýedir.

**Oba senagat toplumy** – bu oba hojalyk önümlerini öndürmäge, gaýtadan işlemäge hem-de olary ahyrky sarp edijä ýetirmäge, şonuň ýaly-da oba hojalygy üçin önümçilik serişdelerini öndürmäge we oňa hyzmat etmäge ýöriteleşen, özara baglanyşykly pudaklaryň jemidir.

Bazar ykdysadyýeti şertlerinde agrosenagat toplumynyň üç sany özara baglanyşykly ugurlaryny we umumy infrastrukturasyny tapawutlandyrmak bolar.

Birinji ugra agrosenagat toplumynda hojalygy ýöredýän kärhanalaryň traktorlara, oba hojalyk maşynlaryna, awtomobillere, ekerançylyk we maldarçylyk önümlerini gaýtadan işlemek boýunça enjamlara, mineral dökünlere, ösümlikleri goramagyň himiki serişdelerine, gurluşyk

materiallaryna we ş.m. bolan isleglerini kanagatlandyrmak üçin önümçilik serişdelerini öndürýän hem-de oba hojalygyna gös-göni önümçilik hyzmatlaryny edýän pudaklar girýär.

Ikinji ugra ekerançylygy we maldarçylygy öz içine alýan oba hojalygy girýär. Oba hojalygy agrosenagat toplumynyň özeni bolup durýar. Onuň ösdürilmegi ilatyň azyk önümlerine, senagatyň bolsa çig mala bolan isleglerini has doly kanagatlandyrmak boýunça strategik wezipäniň çözülmegine gönükdirilendir.

Üçünji ugra oba hojalyk önümlerini gaýtadan işleýän we ony soňky sarp edijä çenli ýetirmek bilen meşgullanýan pudaklar girýär.

Oba senagat toplumynyň ösüşi infrastruktura ulgamynyň guralyşyna we ýeten derejesine baglydyr. Infrastruktura ulgamy öz gezeginde önümçilik we sosial infrastruktura bölünmek bilen, önümçilik işini amala aşyrmak üçin zerur bolan ähli şertleri döredýän pudaklaryň toplumy hökmünde, ýurduň tutuş milli ykdysadyýetiniň özeni bolup çykyş edýär.

Ýurdumyzyň halk hojalygynyň iri pudagy bolan oba senagat toplumynyň önümçilik infrastrukturasyny (demir we awtomobil ýollary, ulag serişdeleri, köprüler, oba hojalyk önümlerini saklamak üçin desgalar, geçiriji abzallar, turba geçirijiler, irrigasion desgalar, oba hojalygynyň önümçilik-tehniki hyzmaty, aragatnaşyk – kommunikasiýasy we ş.m.) ösdürmek bilen bir hatarda hormatly Prezidentimiz obanyň sosial infrastrukturasyny (bilim we mekdebe çenli ýaşly çagalar edaralary, saglygy goraýyş, medeniýet we sungat edaralary, söwda we jemgyýetçilik iýmiti, ilata durmuş we jemagat hyzmaty kärhanalary, ruhy gymmatlyklary döredýän edaralar) ösdürmekligi hem öz syýasatynyň strategik ugry edip kesgitledi. Hormatly Prezidentimiziň bu syýasatynyň durmuşa geçirilişiniň

aýdyň mysaly hökmünde «Türkmenistanyň Prezidentiniň obalaryň, şäherçeleriň, etrapdaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň durmuş-ýaşaýyş şertlerini özgertmek boýunça 2020-nji ýyla çenli döwür üçin Milli maksatnamasyny» görkezmek bolar.

Agrosenagat toplumynyň bökdençsiz işlemegi üçin onuň ähli pudaklarynyň deňölçegli we deňagramly ösdürilmegi, maddy-önümçilik binýadynyň pugtalandyrylmagy üpjün edilmelidir. Oba hojalyk önümleriniň öndürilişini artdyrmak, onuň saklanylyşyny, daşalyşyny, gaýtadan işlenilişini we ahyrky sarp edijä ýetirilişini gowulandyrmak üçin pudaklaryň aralaryndaky ykdysady arabaglanyşyklaryň kämilleşdirilmegine, olaryň takyk özara täsir etmeginiň guralyşyna uly üns berilmelidir.

Dolandyryş-edara ediş babatda agrosenagat toplumynyň düzümine daýhan birleşikleri, daýhan hojalyklary, oba hojalygyny önümçilik serişdeleri bilen üpjün edýän we onuň önümlerini gaýtadan işleýän, eýeçiligiň dürli görnüşlerindäki senagat kärhanalary we beýleki hyzmat ediji edaralar girýär.

Maglumatlardan görnüşi ýaly, 2011-nji ýylda 2000-nji ýyl bilen deňeşdirilende, agrosenagat toplumynyň jemi önüminiň möçberi 4,8 esse köpeldi. Bu toplumda ýurduň içerki jemi önüminiň 30%-e golaýy öndürilýär. Esasy önümçilik serişdeleriniň 30%-den gowragy jemlenendir, ýurduň ykdysadyýetinde işleýänleriň ýarpysyna golaýy zähmet çekýär.

**Oba hojalygy ykdysadyýetiň möhüm pudagydyr.** Agrosenagat toplumynyň ykdysady esasyny oba hojalygy düzýär. Onuň paýyna ýurduň jemi içerki önüminiň 10%-i, esasy önümçilik serişdeleriniň 25,2%-i düşýär, bu pudakda ykdysadyýetdäki ähli işleýänleriň 46,6%-i zähmet çekýär.

Türkmenistanyň oba hojalygy ekerançylyk we maldarçylyk pudaklaryna bölünýär. Ýurdumyzyň oba hojalygynyň

jemi önüminiň 44%-i ekerançylygyň we 56%-i maldarçylygyň paýyna düşýär. 2011-nji ýylda öndürilen oba hojalyk önümleriniň 75%-i, maldarçylyk önümleriniň bolsa 93%-ine golaýy hususy hojalyklara degişlidir. Bu ýurdumyzda döwlet eýeçiligi bilen bir hatarda oba hojalygynda hususy eýeçiligiň we telekeçiligiň giňden ornaşdyrylýandygyny görkezýär. Hukuk reformasynyň çäklerinde kämilleşdirilýän salgyt kanunçylygy, salgyt ýeňillikleriniň ulgamy telekeçiligi goldamagyň netijeli guraly boldy.

Täze döwür oba hojalyk önümçiliginiň gurluşynda düýpli özgertmeleriň amala aşyrylmagy bu pudagyň netijeli işlemegine uly itergi berýär. Ekerançylykda galla we pagta öndürmäge döwlet tarapyndan aýratyn ähmiýet berilmegi, olaryň döwlet satyn alyş nyrhlarynyň ýokarlandyrylmagy we oba hojalyk önümçiligini ýöretmekde döwlet tarapyndan döredilýän mümkinçilikler, ýeňillikler, kärendeçilere, ekerançylara we maldarlara salgyt salynmazlygy, bazar gatnaşyklarynyň oba hojalygyna ornaşdyrylmagy, oba işgärleriniň zähmetini höweslendirýär hem-de azyk önümleriniň görnüşlerini we öndürilişini artdyrýar. Bu bolsa öz gezeginde ýurdumyzyň ilatynyň sarp edýän azyk önümleriniň 90%-den gowragynyň Türkmenistanyň özünde öndürilmegini we doly azyk howpsuzlygyny üpjün edýär. Häzirki wagtda oba hojalygynyň düşewüntliligini ýokarlandyrmak, ösdürilip ýetişdirilýän önümleriň içerki we daşarky bazarlara çykarylyşyny artdyrmak maksady bilen döwlet tarapyndan ägirt uly möçberde serişde goýberilýär. Oba hojalygyndaky döwlet syýasatymyzyň baş maksady, ýurdumyzda azyk bolçulygyny döretmekden we oba hojalyk önümleri bilen bazarlarymyzy doly üpjün etmekden ybaratdyr.

Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwründe ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň iň möhüm pudaklarynyň biri bolan oba hojalygyny düýpli galkyndyrmak boýunça uly özgertme-

ler durmuşa geçirilýär. Oba hojalygynyň maddy-tehniki binýadyny kämilleşdirmekde uly öňegidişikler gazanyldy. Ýurdumyzda alnyp barylýan «Açyk gapylar» syýasaty öňdebaryjy daşary ýurt tehnikalaryny we tehnologiýalaryny oba hojalygynda giňden ornaşdyrmaga, sebitde bäsdeşlige ukyply önümleri öndürmäge amatly şertler döredýär. Oba hojalygyna yzygiderli kämil tehnikalaryň, oba hojalyk gurallarynyň, dökünleriň dürli görnüşleriniň, mör-möjekleriň, hapa-haşal otlaryň garşysyna ulanylýan gerbisidleriň, himiki serişdeleriň alnyp berilmegi oba hojalyk önümleriniň ýokary derejede ösdürilip ýetişdirilmegine uly mümkinçilikler döredýär.

«Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň 2011–2030-njy ýyllar üçin Milli maksatnamasyna» laýyklykda, oba hojalygynyň ösüşi ilatyň azyk önümlerine, senagatyň çig mala bolan isleglerini doly kanagatlandyrmaga we daşary ýurtlara haryt çykarmak mümkinçiliklerini giňeltmäge gönükdiriler.

Oba hojalyk önümçiliginiň möçberleriniň artdyrylmagy ýerleriň melioratiw ýagdaýyny gowulandyrmagyň, mineral dökünleri peýdalanmagyň, mallaryň önümliligini ýokarlandyrmagyň, önümçilikde has ýokary we çylşyrymly tehnologiýalary ulanmagyň netijesinde gazanylar. Ekerançylykda ulanylýan ýerleriň topragyny gurplandyrmak üçin örän wajyp agrotehniki çäre hasaplanýan ekin dolanyşygynyň özleşdirilmegi üpjün ediler.

Türkmen kölüni, täze suw howdanlaryny gurmagyň, öňki suw howdanlaryny giňeltmegiň hasabyna ýerleriň melioratiw ýagdaýyny gowulandyrmak göz öňünde tutulýar. Jemi önümiň möçberleriniň 70%-e golaýy oba hojalyk ekinleriniň hasyllylygynyň, mallaryň we guşlaryň önümliliginiň ýokarlanmagynyň hasabyna üpjün ediler. Ýerleriň hasyllylygyny artdyrmak üçin ýurdumyzyň sürüm ýerleriniň melioratiw ýagdaýy gowulandyrylar.

Damjalaýyn usulda suwarmak arkaly ekinleri, husu-san-da, gök ekin, miwe we üzüm önümlerini ösdürip ýe-tişdirmekde we onuň ulanylýan ugurlaryny giňeltmek bo-ýunça köp ýyllaryň dowamynda toplanan tejribe has-da baýlaşdyrylýar. Ýakyn geljekde möwsümleýin oturdylýan ösümlikleriň ýagyş ýagdyrmak ýaly usul boýunça suwaryl-magyna geçmek göz öňünde tutulýar. Bu usul bugdaýy su-warmakda netijeli ulanylyp bilner.

!?!

### Soraglar we ýumuşlar

**1.** Ýurduň ykdysadyýetinde obasenagat toplumynyň ähmiýeti nämeden ybarat?

**2.** Türkmenistanda oba hojalygy üçin tebigy şertler we baýlyk-lar ýeterlikmi?

**3.** Garaşsyzlyk ýyllarynda obasenagat toplumyny ösdürmekde nähili üstünlikler gazanyldy?

**4.** Oba hojalygyny ösdürmek maksady bilen XX Halk Masla-hatynda nähili kararlar kabul edildi?

## § 26. Türkmenistanyň suw hojalyk toplumy

Döwletimiziň suw baýlyklaryny peýdalanmagy do-landyrýan, oňa gözegçilik edýän Türkmenistanyň suw ho-jalygy ministrligidir. Suw baýlyklarynyň peýdalanylyşyny ikinji basgançakda Ministrligiň welaýat bölümleri amala aşyrýarlar. Suw hojalygy ministrliginiň düzüminde do-kuz sany suw howdanlaryny birleşdirýän Garagumderýa ulanyş we dolandyryş suw hojalygy we käbir suwaryş ulgamlarynyň özbaşdak hereket edýän müdirlikleri bar. Her bir welaýat müdirliginiň düzüminde suwaryş we şor suw akaba ulgamyny saklamak we kadaly ulanmak boýun-ça dürli işleri alyp barýan abatlaýjy – gurluşyk bölümleri işleýär.

Türkmenistanyň ekerançylyk meýdanlary Daşoguz welaýatynda Düýeboýun suw howdanyndan başlaýan Türkmen derýasy boýunça Amyderýanyň suwy Şabat, Gazabat kanallar arkaly akdyrylyp, Görogly, S. A. Nyýazow, Gurbansoltan eje adyndaky, Akdepe, Ruhubelent etraplarynyň ekerançylyk meýdanlary suwarylýar. S.Türkmenbaşy, Köneürgenç etraplarynyň ekin ýerleri Hanýap, Kyrkgyzoý kanallarynyň kömegi bilen suwlulandyrylýar.

Lebap welaýatynyň ähli suwaryş ulgamlary gözbaşlaryny Amyderýadan alýarlar we welaýatyň ekin meýdanlaryny suwlulandyrýarlar.

Tagtabazar etrabynyň daýhan birleşikleriniň ekerançylyk ýerleri Murgap derýasyndan bentsiz gözbaş alýan Nowhana kanaly arkaly suw bilen üpjün edilýär.

Ýolöten we ondan demirgazykda ýerleşen etraplaryň ekin meýdanlaryny Hanýap we kiçi Hanýap, Babagammar, Soltanýap, Täze durmuş, Gyzylýap, Garagum derýasyndan başlanýan Maşyn kanaly, Amanhanýap, Sugtyýap, Alaşaýap, Bentýap, Akybaý, Garaýap arkaly suwarylýar.

Oguz han etrabyndaky ýerlere Howuzhan suw howdanyndan gözbaş alýan Oguzhan kanaly arkaly suw berilýär.

Ahal welaýatynyň oba hojalyk ekin meýdanlary Garagum, Tejen derýalary, Köpetdag eteginiň derýajyklary, akarlary, dik guýulary, kärizleri arkaly suwarylýar. Köpetdag etegindäki düzlügiň gadymy suwaryş ulgamlaryna kärizler degişlidir. Kärizler biziň eýýamymyzdan öň VI–V asyrlarda gurlupdyr. Taryhy maglumatlara görä Köpetdag etegindäki düzlükde 175 sany käriz gazylypdyr. Şolardan häzirki wagtda 40-a golaýy ulanylýar.

Sarahs etrabynda Tejenden gözbaş alýan Salyrýap, MK (Garagum derýasyndan başlanýan göterme kanaly) ýaplaryň kömegi bilen ekin ýerleri suwarylýar.

Balkan welaýatynyň ekerançylyk meýdanlary Garagum, Etrek, Sumbar, Çendir derýalarynyň suwlary bilen

suwarylýar. Bulardan başga-da Köpetdagdan gözbaş alýan çeşmeleriň we dag eteklerinde gurlan dikguýularyň (skwažinalaryň) suwlary hem suwaryş işleri, agyz suwy üçin peýdalanylýar.

Türkmenistanda ulanylýan arassa suwuň 89,9%-i suwarmak, suwlulandyrmak we oba hojalyk suw üpjünçiligi üçin, 7,4%-i önümçilik hajatlary (oba hojalyk önümçiliginiň hajatlaryndan gaýry), 2,7%-i hojalyk we agyz suwuna bolan zerurlyklar üçin ulanylýar. Ilat sanynyň köpelmegi, obalarda, şäherçelerde we şäherlerde ýaşaýan ilatyň ýaşaýyş-durmuş şertleriniň has-da gowulandyrylmagy, täze önümçilik kärhanalaryň gurulmagy netijesinde önümçilik hajatlary we agyz suwy üçin ulanylýan suwuň möçberi yzygiderli artýar.

Ýurdumyzyň Suw hojalygy ministrligi oba hojalyk ekinlerini suw bilen üpjün etmek we suwarylýan ýerleriň meliorativ ýagdaýyny kadaly derejede saklamak üçin düýpli işleri alyp barýar. Häzirki wagtda ýurdumyz boýunça 44,2 müň kilometrden gowrak suwaryş ulgamlary, 36,6 müň kilometre golaý şor suw akabalary, 16 sany suw howdany, ulanylýar.

Döwürleýin suwlary ýygnamak we derýalaryň suwlaryny sazlamak hem-de ýylyň dowamynda suwa bolan islegleri doly kanagatlandyrmak maksady bilen ýurdumyzda birnäçe sowma-guýma we derýa hanasyndaky suw howdanlary döredildi. Häzirki wagtda ýurdumyzyň suw hojalyk ulgamynda jemi göwrümi 3,5 mlrd $m^3$ bolan 16 sany suw howdanlary ulanylýar. Olara Amyderýadaky Soltan Sanjar, Murgap derýasynda Hindiguş, Kolhozbent, Saryýazy, Tejen derýasynda 1-nji Tejen, 2-nji Tejen, Dostluk, Etrek derýasynda Mämmetköl, Gyzylaý, Deleli, Garagum derýasynda Garaşsyzlygyň 15 ýyllygy, Hanhowuz, Gurtly, Gündogar Aşgabat (Sport), Köpetdag suw howdanlary degişlidir.

9. Sargyt № 2401.

2010-njy ýylda sil suwlaryny bir ýere jemleýän, göwrümi 632 müň $m^3$ bolan «Bagyr» suw howdany ulanmaga tabşyryldy. Bu suw howdany 1200 gektar ekerançylyk meýdanyny suwarmaga niýetlenendir. Sekizýabyň dagdan çykýan ýerinde, Gökdepe etrabynyň Ýaňgala obasynyň günortasynda göwrümi 1 mln $m^3$ bolan suw howdany hem guruldy. Bu suw howdany ýagynly günlerde şol sebitde ýüze çykýan uly sil suwlaryny bir ýere ýygnamaga, ýaz – tomus aýlarynda ekin meýdanlaryny suwarmaga mümkinçilik berýär. Häzirki wagtda Kaka etrabynyň Gozgangala obasynyň golaýynda göwrümi 5,2 mln $m^3$-e barabar bolan «Gozgançaý» suw howdany gurulýar. Bu ýerde 500 müň $m^3$-e barabar bolan arassa agyz suwy saklanar. Suw howdanynyň işe girizilmegi bilen etrabyň ilatly ýerleriniň agyz suw üpjünçiligi has-da oňatlaşar hem-de 1,5 müň gektar ýeri suwlulandyrmaga mümkinçilik berer. Suw howdanynyň ikinji nobatdakysynyň gurluşygy tamamlananda, onuň göwrümine 25 mln $m^3$ sil suwy ýerleşer.

Ýurdumyz ýerasty suwlara örän baýdyr. Ýerasty suwlaryň uly gorlary Ýasga, Çilmämmetgum, Bathyz, Zähmet, Garabil, Repetek, Jynlygum, Gündogar-Üňüz aňyrsy ýataklarynda jemlenendir. Türkmenistanyň anyklanan ýerasty suw gory gije-gündizde 3,5 mln $m^3$-e deňdir. Olardan maksatly suw alnyşy bolsa 30 %-e golaýdyr. Häzirki wagtda ýurdumyzyň dag etek düzlüklerinde, Garagum çölünde, Günbatar etraplarda ýörite guýular gazylyp we dik guýular burawlanyp, ýerasty süýji suwlar hojalykda peýdalanylýar.

Balkan welaýatynda we Tagtabazar etrabynda ýerasty süýji suwlaryň uly mukdarynyň bardygy anyklanyldy hem-de hojalyk maksatlary üçin ulanylyp başlandy. Türkmenistanyň iri şäherleriniň biri bolan Balkanabadyň suw üpjünçiligi Garagum derýasy bilen bir hatarda, uzynlygy 120 kilometrden geçýän suw geçiriji arkaly Ýasga ýerasty kölüniň suwy bilen çözülýär.

Garagumda 5 müňden gowrak guýy bolup, olaryň uly bölegi mallary suwarmakda ulanylýar.

Ýerleriň şorlaşmagy we onuň bilen gös-göni bagly zeý suwlaryny suwarymly ýerleriň çäklerinden daşary äkitmek wajyp meseleleriň biridir. Türkmenistanyň suwarymly ýerlerinden her ýylda 7 mlrd $m^3$ töweregi zeý suwlary ýygnanýar. Ozal zeý suwlaryny äkitmek her welaýatda bir hili çözülýärdi: Daşoguzda olar Sarygamyş çöketligine, bir bölegi Garaguma, Lebapda Amyderýa, bir bölegi Garaguma, Maryda, Tejende, Köpetdag eteginde bolsa Garagum çölüne akdyrylýardy.

Ekerançylyk ýerlerinden çykarylýan şor suwlary ýurduň demirgazyk-günbatarynda ýerleşýän Garaşor çöketligine ýygnamak, ýerleriň ekologik we melioratiw ýagdaýyny düýpli gowulandyrmak, toplanan şor suwlary ikilenç ulanmak hem-de azyk bolçulygyny gazanmak maksady bilen Türkmenistanyň Prezidentiniň Permany esasynda 2000-nji ýylda Garagum («Altyn asyr» Türkmen köli) gurlup başlandy. Şor suwlar köle iki sany uly akaba arkaly getirilýär. Olaryň birinjisi Baş şor suw akabasy, ikinjisi Daşoguz goludyr. Baş şor suw akabasy Lebap welaýatynyň Galkynyş etrabyndan Garaşor çöketligine 720 kilometre çenli aralygy kesip geçýär. Daşoguz golunyň uzynlygy 381 kilometre deňdir.

2009-njy ýylyň 15-nji iýulynda «Altyn asyr» Türkmen kölüniň birinji nobatdakysy ulanylmaga berildi. Türkmen kölüniň gurluşygy üç tapgyrda alnyp barlar. Uzynlygy 103 kilometre, ini 18,6 kilometre, ortaça çuňlugy 69 metre ýetýän uly emeli suw howdanynyň sygymlylygy 132 mlrd $m^3$ barabar bolar. Türkmen köli suw serişdeleriniň aýawly saklanmagyna we rejeli ulanylmagyna ýardam bermek bilen bir hatarda ýurdumyzyň we tutuş Orta Aziýa sebitiniň çäklerinde ekologik abadançylygyň üpjün edilmegine öz täsirini ýetirer. Türkmen kölüne her ýylda minerallaşan

zeý suwlarynyň 10 mlrd m$^3$-e golaýy akdyrylar. Munuň özi ähli welaýatlarda suwarymly ýerleriň melioratiw ýagdaýynyň düýpgöter gowulandyrylmagyna mümkinçilik bermek bilen, topragyň şorlamagy, batgalyklaryň döremegi we guraklyk bilen bagly köp sanly meseleleri çözer.

Suwuň rejeli peýdalanylyşyny, ilatyň arassa agyz suwy bilen doly üpjün edilmegini ýola goýmak, döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biridir. «Suw hakynda» Türkmenistanyň bitewi Kanunynyň kabul edilmegi bilen, suwa tygşytly hem aýawly çemeleşmek babatda uly işlere badalga berildi. Garaşsyzlyk ýyllarynda ýurdumyzyň ähli welaýatlarynda ilatyň agyz suwy üpjünçiligini gowulandyrmak boýunça çäreler durmuşa geçirildi. Ilatyň arassa agyz suwy bilen üpjünçiligi adamlaryň jan saglygy üçin esasy zerurlyklaryň biridir. Şol sebäpli täze we ýokary hilli agyz suwy zawodlarynyň, suw arassalaýjy desgalaryň gurulmagy, içimlik suwuň sanitar kadalara laýyk gelmeginiň gözegçilikde saklanylmagy öz oňyn netijesini berýär. Soňky ýyllarda ýurdumyzda gurlan suw arassalaýjy desgalaryň, agyz suwuny öndürýän kärhanalaryň sany artýar.

!?!

## Soraglar

**1.** Türkmenistanyň ekin meýdanlary haýsy derýalaryň kömegi bilen suwlulandyrylýar?

**2.** Garaşsyzlyk ýyllarynda Demirgazyk Türkmenistanda haýsy uly suw desgasy guruldy?

**3.** Garagum derýasy haýsy welaýatlaryň ekin meýdanlaryny suw bilen üpjün edýär?

**4.** Ekerançylyk meýdanlarynyň aralarynda näme üçin zeýkeşler gurulýar?

**5.** Merkezi Garagumda «Altyn asyr» Türkmen kölüniň gurulmagynyň nähili ähmiýeti bolar?

## § 27. Ekerançylyk pudaklary. Däneçilik toplumy

Oba hojalygynyň, esasan-da, ekerançylygyň netijeliligi diňe bir oňa sarp edilýän zähmetiň möçberine we hiline bagly bolman, eýsem tebigy şertlere hem köp derejede baglydyr. Tebigy şertler oba hojalygynyň ýerleşişine we ösüşine täsir edýän esasy düzüm bölegidir.

Şonuň üçin täze döwürde her bir welaýatyň, etrabyň ýerleşiş we toprak-howa aýratynlyklaryna görä oba hojalyk önümçiliginiň amatly ugurlary ösdürilýär. Türkmenistanyň klimaty gurak kontinental bolmagyna garamazdan, bellibir derejede ykdysady we sosial ösüş üçin amatlydyr. Türkmenistanda howanyň guraklygy we onuň çyglylygynyň pesligi, aýazsyz döwrüniň uzaklygy ýylylygy halaýan dürli oba hojalyk ekinlerini ösdürip ýetişdirmäge we ýylda iki hasyl almaga mümkinçilik berýär.

Oba hojalyk ekinleriniň umumy meýdany boýunça Mary (411,7 müň ga) we Ahal (394,8 müň ga) welaýatlary tapawutlanýarlar. Lebap welaýatynyň ekerançylyk ýerleri 334,1 müň gektara, Daşoguz welaýatynyňky 324,4 müň gektara we Balkan welaýatynyňky 90,0 müň gektara ýetýär.

Häzirki döwürde ekerançylyk pudaklarynyň ösüşini dürli ugurlar boýunça üpjün etmek maksady bilen hem-de ýerleriň toprak – howa aýratynlyklaryny nazara alyp, ýurdumyzda däne bilen pagtadan başga-da, miwe, ir-iýmiş, gök, bakja we beýleki ekinleri ösdürip ýetişdirmeklige uly orun berilýär.

Türkmenistanda ekerançylygyň şu aşakdaky ugurlary ösdürilýär:

1) däneli we kösükli ekinleri (bugdaý,arpa, şaly, mekgejöwen we ş.m.) ösdürip ýetişdirmek;

2) tehniki ekinler (gowaça, gant şugundury, künji) ýetişdirmek;




**22-nji surat. Türkmenistandaky ekin meýdanlarynyň bölünişi**

3) gök, bakja ekinleri we kartoşka ýetişdirmek;

4) miweçilik we üzümdarçylyk;

5) ot-iýmlik ekinleri ösdürip ýetişdirmek.

**Däneçilik.** Däneli ekinlerden, esasan, bugdaý azyklyk maksady bilen ösdürilip ýetişdirilýär. Olaryň düzüminde adama ýaramly biologiki beloklar, krahmal, gant we ýag bardyr. Bugdaý üwelende undan başga köp mukdarda kepek çykýar, ol bolsa maldarçylygy ösdürmeklige ýardam edýär. Wajyp hojalyk ähmiýetine garamazdan, Türkmenistanda Garaşsyzlyk döwrümize çenli däneçilige ikinji derejeli pudak hökmünde garaldy. Şol döwürde ýurdumyz boýunça ýylda bary-ýogy 70 müň tonna golaý iýmlik däne öndürilýärdi. Bazar ykdysady gatnaşyklaryna geçilmegi hem-de ýurdumyzda azyk howpsuzlygyny üpjün etmek maksady bilen däneçilik pudagyny ösdürmek üçin gysga wagtyň içinde döwlet tarapyndan guramaçylyk we ykdysady çäreler geçirildi (bugdaýyň tohumyny gowulandyrmak, bugdaý saklamak üçin elewatorlaryň, degirmenleriň uly toplumynyň gurulmagy, däne ýygnaýan tehnikalaryň alynmagy we başgalar). Däne ekinleriniň meýdany birnäçe esse artdyryldy. 1990-njy ýylda däneli ekinler 60 müň ga ýeri eýeläp, ähli ekin meýdanlarynyň 5%-ini tutan bolsa 2011-nji ýylda ol 58,5%-e (910 müň gektar) çenli artdy. Ýurdumyzda däneli ekinleriň tutýan meýdanynyň 97%-den gowragy döwlet oba hojalyk kärhanalarynyň paýyna düşýär.



**23-nji surat. Galla oragynda**

Däneli ekinleriň içinde bugdaý agdyklyk edýär. 2011-nji ýylda bugdaýyň tutýan meýdany 860 müň gektar bolup, ol ýurdumyzyň umumy ekin meýdanynyň ýarpysyndan gowragydyr. Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwründe alnyp barylýan oba hojalyk özgertmeleri netijesinde bugdaýyň taýýarlanylyşy ýylsaýyn ösýär. 2012-nji ýylda däneli ekin meýdanlarynyň 96%-den gowrak ýerlerinde bugdaý ösdürilip ýetişdirilip, 1 million 200 müň tonnadan gowrak hasyl ýygnaldy. Bugdaý ýurdumyzyň ähli welaýatlarynda ekilýär.

Hormatly Prezidentimiziň tagallasy bilen her bir sebitiň toprak-howa aýratynlyklaryndan ugur alyp, güýzlük bugdaý ekilýär. Geljekde bugdaýy öndürmegiň mukdaryny artdyrmagyň şerti hökmünde düme şertlerinde däne ýetişdirmeklige uly üns berilmelidir. Häzirki döwürde geçirilen seljermeleriň esasynda Türkmenistanda düme şertlerinde bugdaý we arpa ekmäge 300 müň gektardan gowrak ýaram-

ly ýerleriň bardygy anyklanyldy. Eger düme şertleri üçin bugdaýyň, arpanyň we beýleki ekinleriň sortlary saýlanyp alynsa, ol gallanyň öndürilişine, hasyllylygynyň ýokarlanmagyna mümkinçilik berer.

Türkmenistanda bugdaýdan soň däneli ekinleriň arasynda şaly ekmeklige, netijede özümizi tüwi bilen üpjün etmeklige hem uly üns berilýär. Şol maksat bilen soňky ýyllarda şaly meýdanlarynyň möçberi giňeldilýär. Eger-de 2000-nji ýylda ýurdumyz boýunça şalynyň tutýan meýdany 11,7 müň ga bolan bolsa, ol 2011-nji ýylda 15,1 müň ga çenli artdyryldy. Şaly, esasan, Daşoguz welaýatynyň S. A. Nyýazow adyndaky, Saparmyrat Türkmenbaşy etraplarynda, Lebap welaýatynyň Saýat, Serdarabat, Garabekewül, Galkynyş, Farap etraplarynda ösdürilip ýetişdirilýär. Ýurdumyzda şalynyň dürli sortlary ekilýär, her ýyl 70 müň tonna golaý şaly hasyly ýygnalýar. Dänelilerden mallar üçin ot-iýmlik maksady bilen arpa we mekgejöwen hem köp ekilýär. Arpa mallara iým hem-de piwo we spirt taýýarlamak üçin ulanylýar, mekgejöwen siloslyk we dänelik maksady bilen ösdürilýär.

Däneli ekinleriň içinde kösükli däneli ekinler halk hojalygynda wajyp orny eýeleýär. Ýurdumyzda kösükli ekinlerden noýba, mäş, nohut, merjimek, soýa, ýerhozy her bir welaýatda, esasan-da, hususy hojalyklarda ösdürilip ýetişdirilýär. Kösükli däneli ekinler ösümlik belogynyň esasy çeşmesidir. Olaryň kösüklerinde, ýapraklarynda we baldaklarynda adam iýmitiniň we mal iýminiň iň esasy iýmit birligi bolan belok köp mukdarda saklanýar. Sümmülli däneli ekinlere garanyňda kösükli däneli ekinleriň dänesinde belok 2–3 esse, samanynda bolsa 3–5 esse köp saklanýar. Kösükli däneli ekinleriň kösügi terligine we gaýtadan işlenen görnüşinde, ýagny süýt, şokolad, ýag hem-de konditer, konserwa önümleri taýýarlananda iýmit hökmünde ulanylýar.

## §28. Tehniki ekinler

**Pagtaçylyk.** Türkmenistanyň oba hojalygynda gowaça esasy ekinleriň biri hasaplanýar. Gowaça biziň ýurdumyzyň çäginde gadymy döwürlerden bäri ekilip gelinýär. Öňki ýyllarda gowaça esasy ekin bolup, ekin meýdanlarynyň agramly bölegini tutýardy. Häzir hem ony ösdürmeklige döwlet tarapyndan ýeterlik derejede üns berilýär. Gowaçadan gelýän girdeji beýleki ekinleriň girdejisinden ýokarydyr. Gowaçanyň esasy hasyly pagta süýüminden we çigidinden durýar. «Türkmenpagta» döwlet konserniniň pagta arassalaýjy kärhanalarynyň uly isleg bildirýän önümi bolan pagta süýümi milli dokma senagatymyz üçin esasy çig maldyr we gymmatly eksport önümidir. Pagtanyň çigidinden ösümlik ýagy hem-de sabyn alynýar, galyndysy bolsa şulha hem-de künjara görnüşinde maldarçylygy ösdürmäge ýardam edýär. Bir tonna pagtadan 300–360 kilogram süýüm, 540–600 kilogram çigit, 40 kilogram lint we ş.m. Umuman, gowaçadan öndürilýän önümleriň sany häzirki döwürde 150-den geçýär. Şonuň üçin ol örän ähmiýetli hem-de girdejili ekinleriň biri hasaplanylýar.

Türkmenistanda gowaçanyň dürli görnüşlerini (inçe, orta we ýogyn süýümli) ösdürmek üçin amatly tebigy şertler (ýylylyk, ýagtylyk, toprak we suw baýlyklary) bar, döwlet tarapyndan durmuş-ykdysady şertler döredilýär. Garaşsyzlyk ýyllaryna çenli bu ekin Daşoguz, Lebap, Mary, Ahal welaýatlarynda ekilen bolsa, Garagum derýasynyň suwunyň getirilmegi netijesinde Balkan welaýatynda hem ekilip başlandy. Soňky ýyllarda gowaçanyň tutýan meýdany azaldy. Häzirki wagtda pagtanyň öndürilişini ekin meýdanlaryny giňeltmegiň däl-de, hasyllylygyny ýokarlandyrmagyň hasabyna artdyrmaklyk maksat edinilýär. Gowaçanyň hasyllylygy, esasan, berilýän organiki we mineral dökünleriň möçberine, melioratiw kadalaryň berjaý edilişine, ösümlikle-




**24-nji surat. Pagta kabul ediş nokady**

riň mör-möjeklerden gorap saklanmagyna, ekin dolanyşygyna we beýlekilere baglydyr. Ýurdumyzda 2011-nji ýylda 1235 müň tonna pagta öndürildi. Häzirki wagtda bu strategiki oba hojalyk ekini 556,4 müň gektar meýdanda ösdürilip ýetişdirilýär. Her bir welaýatyň toprak-howa aýratynlyklary göz öňünde tutulyp, gowaçanyň ekilýän sortlary welaýatlar boýunça biri-birinden tapawutlandyrylýar. Gowaçanyň «Ýolöten-7» görnüşli orta süýümli sorty, esasan, Ahal, Lebap we Mary welaýatlarynyň meýdanlarynda, «133» sortly gowaça Daşoguz welaýatyndan başga welaýatlaryň ählisinde, orta süýümli «149F», «S–4727», «Daşoguz–120», «Serdar» sortlary Daşoguz welaýatynda ösdürilip ýetişdirilýär. Lebap we Balkan welaýatlarynda beýleki sortlar bilen birlikde gowaçanyň orta süýümli «S–2606» sorty ekilýär. Ahal we Mary welaýatlarynyň ekin meýdanlarynda gowaçanyň inçe süýümli sortlary hem ekilýär. Gowaçanyň tutýan meýdany boýunça Mary we Daşoguz welaýatlary, ýygnalýan hasylyň

möçberi boýunça Mary we Lebap welaýatlary tapawutlanýar. Ýurdumyz boýunça ähli gowaça ekilen meýdanlaryň 29,6%-i (165 müň ga) we taýýarlanan pagtanyň 381,9 müň tonnasy, ýagny 34,8%-i Mary welaýatynyň paýyna düşýär.

**Gant şugundyryny ösdürip ýetişdirmek.** Ilaty özümizde öndürilýän gant bilen üpjün etmek maksady bilen garaşsyzlyk ýyllarynda gant şugundyryny ekmek ýola goýuldy. Mary şäheriniň golaýynda gurlan şeker zawodyny çig-mal bilen üpjün etmek maksady bilen gant şugundyrynyň ekilýän meýdanlary giňeldildi. Gant öndürýän zawod we gant şugundyryny ýetişdirýän hojalyklar 2001-nji ýylda Türkmenistanyň Azyk senagaty assosiasiýasynyň düzüminde döredilen «Maryşeker» paýdarlar jemgyýetine degişli edildi. Öndürilýän gant şugundyrynyň agramly bölegi Mary welaýatyna degişli. Welaýatyň howa şertlerinde, ýagny ýylylygyň we ýagtylygyň bol ýerinde gant şugundyry bol hasyl berýär hem-de beýleki ýerlere garanyňda onuň şekerliligi ýokary. Häzirki wagtda welaýatyň etraplarynyň 9-synda kärendeçilige laýyklykda «Maryşeker» paýdarlar jemgyýeti bilen şertnama esasynda gant şugundyry ýetişdirilýär. Ýöne bu çig malyň esasy bölegi Garagum, Oguzhan we Baýramaly etraplarynda öndürilýär. Bu ekin köp hojalyklarda aralyk ekin hökmünde, ýagny bugdaý hasyly ýygnalan meýdanlarda hem ösdürilip ýetişdirilýär. Aralyk ekin hökmünde gant şugundyry Ahal we Lebap welaýatlarynyň hojalyklarynda hem ýetişdirilýär. 2011-nji ýylda 132,2 müň tonna gant şugundyry taýýarlanyldy. Gant şugundyrynyň tutýan meýdany hem ýylsaýyn artýar. Eger 2000-nji ýylda gant şugundyrynyň tutýan meýdany 7,3 müň gektar bolan bolsa, bu görkeziji 2011-nji ýylda 14,9 müň gektara çenli artdy.

Biziň ýurdumyzda beýleki tehniki ekinlerden künji we günebakar köp ekilýär. Künji dänesi ýokumly maddalara baýdyr. Onuň ýagy süýji-köke, konserwa, margarin önümçiliginde, lukmançylykda, şeýle hem tehniki maksatlar üçin

giňden ulanylýar. Künji dänesiniň ýagy alnandan soňra, mallar üçin iým bolan künjarasy galýar. Häzir Türkmenistanda künji, esasan, Daşoguz welaýatynda köp ekilýär.

Ýurdumyzda günebakar, esasan, şahsy hojalyklarda giňden ekilýär we onuň hasyly günebakar ýagyny almakda, süýji-köke önümlerini taýýarlamakda giňden ulanylýar. Ahal, Mary we Lebap welaýatlarynyň toprak-howa şertleri günebakary ösdürip ýetişdirmek üçin amatlydyr.

Balkan welaýatynyň Etrek etrabynda wajyp subtropik tehniki ekinleriň biri bolan zeýtun ösdürilip ýetişdirilýär. Etrek etrabyndaky subtropik ekinleriň ylmy-önümçilik merkezindäki 30 gektar ýerde ýetişdirilen baglardan 2011-nji ýylda 32 tonnadan gowrak zeýtun miwesi ýygnaldy. Zeýtunyň iýmit siňdirijilik, bedeni arassalamak, kuwwat berijilik güýji örän ýokarydyr. Etrek etrabynda ösdürilýän zeýtun dünýäniň beýleki ýurtlarynda ýetişdirilýän zeýtundan 40–45 gün öň hasyl berýär. Ýaglylygy hem 10–15% ýokary. Bir düýp zeýtun agajy 350 kilogram arassa önüm berýär. Etrek etrabyndaky subtropik ekinleriň ylmy-önümçilik merkezinde hurma palmasy hem ösdürilip ýetişdirilýär.

## §29. Ekerançylygyň beýleki pudaklary

**Gök-bakja ekerançylygy.** Türkmenistanyň klimatik şertleri gök we bakja ekinleriniň aglabasyny bütin ýylyň dowamynda açyk meýdanda ekip ýetişdirmäge mümkinçilik berýär. Bu ekinler ilat üçin möhüm azyk önümleridir.

Ýurdumyzda ýokary hasylly, yssa çydamly irki, aralyk, giçki pomidor sortlary ösdürilip ýetişdirilýär. Kelem adamyň iýmitinde iň ýaramly azyk önümleriniň biridir. Ýurdumyzda, esasan, ak kelem, az möçberde reňkli kelem ekilýär. Adamlaryň saglygy üçin örän peýdaly, dürli witaminlere baý, köp görnüşde azyk iýmiti üçin ulanylýan käşir ösdürip ýetişdirmek hem ähli welaýatlarda ýola goýlan.Täze döwür-

de gökçüligi ösdürmäge aýratyn orun berilýär. Eger 2000-nji ýylda gök ekinleriň meýdany 16,8 müň gektar bolan bolsa, ol 2011-nji ýylda 29,3 müň gektara çenli artdy. 2011-nji ýylda ýurdumyz boýunça 690,1 müň tonna gök önümler alyndy. Türkmenistanda gök ekerançylyga ýöriteleşen hojalyklaryň aglabasy Gökdepe, Ruhabat, Ak bugdaý etraplarynyň çäklerinde hem-de iri senagat merkezleriniň töwereginde ýerleşendir. Ýygnalan gök önümleriň 35,4%-den gowragy Ahal welaýatynyň paýyna düşýär. Beýleki sebitleriň arasynda gök önümleri öndürmekde Mary we Lebap welaýatlary tapawutlanýar. Öndürilen gök önümleriň ýarpysyndan gowragy terligine peýdalanylýar, galany azyk senagaty kärhanalarynda gaýtadan işlenilip, konserwa görnüşinde ulanylýar. Bu ekinleriň meýdanynyň (ýurduň şu ekinleriniň ähli meýdanynyň 90%-e golaýy) we ýygnalan önüminiň köp bölegi (92,3%) hususy hojalyklaryň paýyna düşýär.

Türkmenistanda bakja ekinleriniň asyl ýerli görnüşleri ösdürilip ýetişdirilýär. Ol ekinler örän süýji tagamy we ýokumlylygy bilen tapawutlanýar. Ilaty ýylyň dowamynda bakja ekinleri bilen üpjün etmek üçin gawun-garpyzlaryň we kädileriň ir we giç ýetişýän görnüşleri ekilýär. Türkmenistan gawunyň watany hasaplanýar. Türkmen gawunlary şekere, dürli ýokumly maddalara baýdyr. Gawun-garpyz elmydama berhizlik hörekleriň biri bolupdyr. Gawun, esasan, terligine iýilýär. Gawundan kak, sök, toşap, mürepbe hem edilýär. Häzirki wagtda ýerli tohumdaky gawunlaryň 200-den gowrak görnüşi ösdürilip ýetişdirilýär. Ýurdumyzda garpyzyň astrahan, melitopol, aksüýri, garasüýri, garatogalak, gyş (düme garpyzy) sortlary ekilýär. Türkmenistanda we dünýä bazarynda bakja önümlerine ter görnüşinde hem-de gaýtadan işlenen önümlerine (gawun kaky, garpyz toşaby, gawun-garpyz şireleri we beýlekiler) isleg artýar. Şol nukdaýnazardan ýakyn geljekde ýurdumyzda gadymdan alnyp barylýan bakjaçylygy ösdürmeklige aýratyn orun

berilýär. Daşoguz welaýatynda iň peýdaly bakja ekinleriniň biri bolan kädi ösdürilip ýetişdirilýär. Kädi azyklyk hem-de dermanlyk önüm hökmünde giňden peýdalanylýar. Kädi çigidi ýag almak üçin hem peýdalanylýar.

2011-nji ýylda Türkmenistanyň ähli hojalyklarynda azyklyk bakja ekinleriniň tutan meýdany 15,6 müň gektara deň bolup, ýygnalan hasyl 301 müň tonnadan gowrak boldy. Bakja önümleriniň uly bölegini, ýagny 267 müň tonnasyny hususy hojalyklar berdi. Amatly toprak-howa şertlerine laýyklykda Ahal we Daşoguz welaýatlary bakja ekerançylygyna ýöriteleşendir. Öndürilen azyklyk bakja önümleriniň 36,2%-i Ahal, 27,7%-i Daşoguz welaýatlarynyň paýyna düşýär.

Türkmenistanyň howa şertlerinde kartoşkanyň bol hasylyny ýetişdirmäge mümkinçilik bar. Kartoşkanyň wegetasion döwri, takmynan, 100 gün bolup, fewral–mart aýlarynda ekilip, iýun aýynda hasyly ýygnalýar. 2011-nji ýylda ýurdumyz boýunça 13,9 müň gektara kartoşka ekilip, ondan 251,5 müň tonna hasyl alyndy. Kartoşkanyň ekin meýdanynyň 98,5%-i we hasylynyň 97,6%-i hususy hojalyklaryň paýyna düşýär. Kartoşkanyň ekin meýdany we ýygnalan hasyly boýunça Daşoguz (69,5 müň tonna), Lebap (58,0 müň tonna) we Ahal (54,1 müň tonna) welaýatlary tapawutlanýarlar.

**Miweçilik.** Türkmenistanyň toprak-howa şertleri dürli görnüşli miweli baglary ösdürip ýetişdirmek üçin örän amatlydyr. Diýarymyzda miweli baglardan alma, armyt, beýi, garaly, saraly, şetdaly, erik, ülje, alça, nar, injir, hurma, zeýtun, pisse ösdürilip ýetişdirilýär. Ahal, Mary welaýatlary we Lebap welaýatynyň günorta etraplary alma, armyt, erik, şetdaly, pisse, badam, ülje, garaly, injir ekmeklige ýöriteleşendir. Daşoguz welaýatynda we Lebap welaýatynyň demirgazyk etraplarynda, esasan, alma, beýi, erik, şetdaly, alça we garaly ösdürilýär. Toprak-howa şertlerini netijeli

peýdalanmak maksady bilen Magtymguly we Etrek etraplarynda esasan nar, injir, hurma, zeýtun, hoz ekilýär. Türkmenistanda tagamly, dermanlyk häsiýetli, behişdi miweleriň biri bolan nary öndürmeklige aýratyn orun berilýär. Türkmenistanda Sumbar jülgesinde we Etrek etrabynda naryň gowy ösmegi, hasyl bermegi üçin örän amatly howa şertleri bar. Türkmenistandaky subtropiki ösümlikleriň arasynda gündogar hurmasy geljegi uly miweli agaçlaryň biri bolup, injir we nar bilen deňeşdirilende sowuga, gyzgynlyga çydamlylygy bilen tapawutlanýar. Şonuň üçin ony gury subtropiki etraplarda ösdürmek bilen çäklenmän, ýurdumyzyň beýleki etraplarynda hem ösdürmek zerurdyr.

Türkmenistanda gadymy döwürlerden bäri hoz bilen badam köpçülikleýin ekilýär. Ýurdumyzda bu miweli agajyň alty görnüşi duş gelýär.

Ýurdumyzda düzüminde ýokumly maddalara baý bolan limon miwesini ösdürip ýetişdirmeklige hem aýratyn orun berilýär. Türkmenistanyň toprak-howa şertleri limonyň dürli sortlaryny ösdürip ýetişdirmäge mümkinçilik berýär. Onuň hasyly, esasan, Ahal, Mary we Lebap welaýatlarynda köp ýygnalýar. 2011-nji ýylda ýurdumyz boýunça miweli baglaryň tutýan meýdany 15,4 müň gektara deň bolup, ýygnalan miweler we ir-iýmişler 168,2 müň tonna deň boldy. Ýygnalan hasylyň 87%-den gowragy hususy hojalyklaryň paýyna düşdi. Diýarymyzda ýygnalan miweleriň we ir-iýmişleriň 35,8%-i Daşoguz, 21,6%-i Lebap, 19,0%-i Ahal welaýatlarynyň paýyna düşýär.

**Üzümdarçylyk.** Üzüm Türkmenistanda gadymdan bäri ekilýän miwe agajyna degişlidir. Üzüm agajy Etrek, Tejen, Murgap derýalarynyň jülgelerinde mundan 4–6 müň ýyl ozal ösdürilip ýetişdirilipdir. Häzirki wagtda üzümçiligi ösdürmek, görnüşlerini gowulandyrmak boýunça netijeli işler alnyp barylýar. Üzümçilik oba hojalygynyň ykdysady taýdan girdejili pudagynyň biridir. Türkmenistan boýunça

üzüm agaçlarynyň tutýan meýdany 2011-nji ýylda 20,5 müň gektara barabar. Ýygnalan üzüm bolsa 273,8 müň tonna deň boldy.

Türkmenistanda üzümdarçylygy ösdürmek üçin amatly howa-toprak şertleriniň bolmagy ýurdumyzyň köp sebitlerinde, aýratyn hem, Ahal welaýatynyň dag eteklerinde dünýäde süýjüligi boýunça tapawutlanýan üzümleri ösdürip ýetişdirmäge mümkinçilik berýär. Üzüm agaçlarynyň esasy meýdanlary Ahal welaýatynyň Gökdepe, Ruhabat we Ak bugdaý etraplarynyň ýöriteleşdirilen hojalyklarynda jemlenendir. 2011-nji ýylda öndürilen üzümiň 79,4%-i Ahal welaýatynyň paýyna düşýär. Amyderýa we Murgap jülgelerinde hem üzümdarçylyk ösendir. Garabekewül, Sakar, Ýolöten, Tagtabazar, Wekilbazar etraplarynda ýöriteleşdirilen üzümdarçylyk hojalyklary bar.

**Mallar üçin ot-iýmlik ekinleri ösdürip ýetişdirmek.** Maldarçylyk önümleriniň öndürilişini artdyrmagyň esasy şertleriniň biri ot-iýmlik binýadynyň tutulmagyndan ybaratdyr. Ýurdumyzyň umumy ekin meýdanynyň 28,6 müň gektaryny (1,8%) mallar üçin ot-iýmlik ekinleri tutýar. Olaryň aglaba bölegi ýorunjadyr, çünki ol maldarçylygy ösdürmek we ekin dolanyşygynda gowaça we beýleki ekinleriň hasyllylygyny ýokarlandyrmak üçin juda zerurdyr. Ýurdumyzyň maldarçylyk pudagynyň ot-iým binýadyny pugtalandyrmak, ot-iýmleriň hilini gowulandyrmak maksady bilen ýorunja ekilýän meýdanlar ýylsaýyn artýar. Maldarçylygyň ot-iým üpjünçiligini pugtalandyrmak maksady bilen her ýyl 10 müň gektardan gowrak ýere siloslyk we gök ot üçin mekgejöwen ekilýär. Şu maksat bilen jöwen hem ösdürilip ýetişdirilýär. Jöwen gurakçylyga çydamly we topragyň bellibir şorlugyna-da döz gelýändigi bilen tapawutlanýar. Jöwen tiz ösüp, möwsümde iki-üç gezek orduryp, şireli ter gök palaç berip bilýär. Ýurdumyzda,

esasan-da, Daşoguz welaýatynda jöweniň altaýlyk, gatybaş, dörtaýlyk, boýjöwen, şekerçiňrik, keltebaş ýaly sortlary ekilýär.

!?!

### Soraglar we ýumuş

**1.** Türkmenistanda ekerançylygyň haýsy pudaklary has ösen?

**2.** Türkmenistanda tehniki ekinlerden haýsylary ekilýär?

**3.** Türkmenistanda bakjaçylygy, miweçiligi we üzümdarçylygy ösdürmek üçin nähili şertler bar?

**4.** Oba hojalygynda, ýagny ekerançylykda ekin dolanyşygy zerurmy?

**5.** Däneçiligiň esasy ýaýran etraplaryny sudur kartada belläň.

## § 30. Maldarçylyk toplumy. Dowardarçylyk

Türkmenistanda azyk bolçulygyny döretmekde we oba hojalyk önümleri bilen bazarlarymyzy doly üpjün etmekde maldarçylyk pudagy hem möhüm ähmiýete eýedir. Maldarçylyk oba hojalygynyň möhüm pudagy bolmak bilen ilaty et, süýt önümleri, senagaty ýüň, deri ýaly çig mallar, ekerançylygy organiki dökünler bilen üpjün edýär.

Türkmenistanda maldarçylygyň esasy ugurlary dowardarçylyk, gara mallary ösdürip ýetişdirmek, düýedarçylyk, gylýalçylyk, guşçulyk, ýüpekçilik, balaryçylyk we balykçylykdyr. Ýurdumyzda maldarçylygy ösdürmek üçin zerur bolan ähli tebigy we durmuş-ykdysady şertler bar. Häzirki wagtda maldarçylyk pudagy ähli oba hojalyk önüminiň 56%-ini berýär.

Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwründe Türkmenistanyň Prezidentiniň başlangyjy bilen oba hojalygynda amala aşyrylýan özgertmeler maldarçylyk pudagyna hem degişlidir. Olar mallaryň baş sanyny artdyrmaga, olary saklamagyň ulgamyny kämilleşdirmäge we pudagyň hil

10. Sargyt № 2401.

görkezijilerini ýokarlandyrmaga, weterinar gullugyny kämilleşdirmäge gönükdirilendir. Bu bolsa ýurdy azyk bilen üpjün edýän esasy pudak hökmünde maldarçylygy mundan beýläk hem çalt depginler bilen ösdürmek üçin mümkinçilikleriň bardygyny tassyklaýar. Ýurtda maldarçylygy ösdürmek üçin ähli zerur şertler döredilendir: döwlet tarapyndan maldarçylyk önümlerine salynýan salgytlaryn ähli görnüşleri ýatyryldy, şahsy hojalykda saklanýan mallaryň sanyna çäklendirmeler aýryldy, öri meýdanlaryndan peýdalanylýandygy üçin töleg alynmaýar, öri meýdanlaryny suwlulandyrmaga we maldarlara tehniki taýdan hyzmat etmäge uly üns berilýär. Şunuň ýaly şertleriň döredilmegi netijesinde mallaryň baş sanyny köpeltmekde we maldarçylyk önümleriniň öndürilişini ardyrmakda uly üstünlikler gazanyldy.

Garaşsyzlyk ýyllarynda ilatyň hususy hojalyklarynda mallaryň baş sany ep-esli artdy. 2000-nji ýyl bilen deňeşdirilende 2011-nji ýylda gara mallaryň sany 1,4 esse, dowarlar 1,9 esse, guşlar 3,1 esse köpeldi. Bu bolsa maldarçylyk önümleriniň ep-esli derejede artmagyna getirdi. Netijede, şol döwürde ýurdumyzda etiň öndürilişi 2 esse, süýdüň öndürilişi 2,2 esse, ýumurtganyň öndürilişi 2,6 esse artdy. 2011-nji ýylda Türkmenistanda öndürilen maldarçylyk önümleriniň agramly bölegi, ýagny etiň 93,2%-i, süýdüň 97,2%-i, ýumurtganyň we balyň 99%-i, ýüňüň 88%-e golaýy hususy hojalyklaryň paýyna düşdi. Maldarçylyk ýurdumyzyň ähli welaýatlarynda hem ösdürilýär, ýöne mallaryň baş sany we öndürilýän önümiň möçberi boýunça Daşoguz, Mary, Ahal we Lebap welaýatlary has tapawutlanýarlar.

**Dowardarçylyk.** Türkmenistanda dowardarçylyk maldarçylygyň has ösen pudagydyr. Dowarlary bakmak üçin Merkezi, Üňüz aňyrsy Garagumda, günorta-gündogar Garagumda, Bathyz we Garabil belentliklerinde, Köpetdagyň,

Köýtendagyň, Uly we Kiçi Balkanyň dag eteklerinde we jülgelerinde, demirgazyk-günbatar daglyk-baýyrlyk sebitlerinde oňat öri meýdanlary bar. Olaryň köp ýerleri guýular bilen üpjün edilen. 2011-nji ýylyň başynda ýurdumyz boýunça dowarlaryň baş sany 17,2 milliona ýetdi. Şonuň 4,8 mln gowragy (28,0%-i) Mary we 4,5 mln gowragy (26,1%-i) Ahal welaýatlarynyň paýyna düşýär. Ýurdumyzyň ähli dowarlarynyň 86,3%-i hususy hojalyklara degişlidir.

Asyrlar boýy biziň ata-babalarymyz ýerli şertlere uýgunlaşan goýun tohumlaryny ösdürip ýetişdiripdirler. Häzirki wagtda biziň ýurdumyzda, esasan, dowarlaryň iki tohumy: garaköli we saryja goýunlary giňden ýaýrandyr. Türkmenistanda ösdürilýän dowarlaryň 60%-den gowragy garaköli goýunlardyr. Bu goýunlar çöllük we ýarym çöllük, hasyly pes öri meýdanlaryny netijeli ulanmakda iň bir oňaýly tohumdyr. Garaköli goýundarçylygy ýurdumyzyň ähli etraplarynda, esasan-da Mary we Lebap welaýatlarynyň öri meýdanlarynda agdyklyk edýär.

Saryja tohumly goýunlar – et, ýag we gowy hilli ýüň öndürmek üçin ýöriteleşdirilen dowardarçylyk ugry bolup, ol Ahal we Balkan welaýatlarynda giňden ösdürilýär. Saryja goýunlaryň ortaça agramy 50–55 kg bolup, ondan ortaça 3–3,5 kg ýüň gyrkylyp alynýar. Saryja goýunlardan alynýan ýüň uzynlygy hem-de ýumşaklygy üçin senagat ähmiýetlidir. Bu ýüň elde dokalýan türkmen halylary üçin ýokary hilli ýüplükleri öndürmekde gymmatly çig maldyr.

Lebap welaýatynyň Köýtendag etrabynda dowarlardan gowy netijeler gazanmak üçin geçen asyryň 80-nji ýyllarynda garaköli goýunlaryny gissar tohumy bilen çakyşdyrmak netijesinde agramy 50 kg-dan geçýän täze görnüş döredildi. Inçe ýüň berýän goýun tohumlary we angor geçileri Baharly, Magtymguly etraplarynyň daglyk böleklerinde köpeldilýär. Her goýundan 4,5–6 kg-ä çenli ýüň alynýar. Olaryň diri agramy 50–55 kg-ä ýetýär.

Türkmen halky irki döwürlerden bäri dowarlary sagmagy gurap, dowar süýdünden dürli süýt önümlerini öndürip, özleriniň azyk üpjünçiligini gowulandyrypdyrlar. Dowar süýdi we ondan taýýarlanylýan önümler (gatyk, mesge ýagy, saryýag, aýran, süzme-çekize, gurt, sargan, peýnir) özüniň tagamlylygy, ýokumlylygy, hümmetliligi hem-de dermanlyk häsiýetiniň bardygy bilen tapawutlanýar. Häzirki döwürde dowarlary sagmagy guramaga, dowar süýdünden dürli önümleri taýýarlamagyň halk usullaryny döwrebaplaşdyryp, önümçiligi ýola goýmaga doly mümkinçilik döredi. Geljekde Ahal welaýatynda ýylda 300 tonna süýt öndürýän geçi hojalygyny, Balkan welaýatynyň Serdar etrabynda peýnir, aýran, et öndürmäge niýetlenen geçidarçylyk hojalygyny döretmek göz öňünde tutulýar.

## § 31. Maldarçylygyň beýleki pudaklary

**Iri şahly mallary ösdürip ýetişdirmek.** Türkmenistanda bu pudak süýt we et öndürmeklige ýöriteleşip, ykdysady ähmiýeti boýunça dowardarçylykdan soň ikinji orunda durýar. Beýleki pudaklardan tapawutlylykda, maldarçylygyň bu ugry mallaryň ýatakda saklanylmagyna we taýýarlanan ot-iýmler bilen iýmitlendirmeklige esaslanýar. Häzirki wagtda ýurdumyzda maldarçylygy senagat esasynda alyp barmaklygyň tehnologiýasy gowy işlenip düzülen we önümçilige giňden ornaşdyrylan. 2011-nji ýylyň maglumatlaryna görä, ýurdumyzda gara mallaryň baş sany 2,2 milliona, şol sanda sygyrlaryň sany 1,1 milliona ýetdi. Amyderýanyň orta we aşaky akymlarynyň çäklerinde süýtli otlaryň köp bolmagy bu pudagy ösdürmeklige oňaýly täsir edýär. Şonuň üçin Türkmenistanyň gara mallarynyň baş sanynyň 42,0 %-i Daşoguz welaýatynyň paýyna düşýär. Häzirki wagtda gara mallaryň uly bölegi hususy hojalyklarda jemlenendir.

Gara mallardan gyzyl sähra tohumy agdyklyk edýär. Ak bugdaý etrabynyň «Şaýol» maldarçylyk toplumynda ýokary hilli hem-de köp önüm berýän (süýt, süýt önümleri, et-ýag) Germaniýadan getirilen tohum ala sygyrlary – «Bolşteýnyfras» öküzleri we sygyrlary ösdürilýär. Geljekde ýurdumyzda has ýagly süýt berýän, ot-iýme horan, kesellere durnukly bolan türkmen «zebu» sygyrlaryny köpeltmeklik göz öňünde tutulýar. «Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2012–2016-njy ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasyna» laýyklykda ýurdumyzyň welaýatlarynda et we süýt öndürmek we gaýtadan işlemek maksady bilen maldarçylyk toplumlaryny, hojalyklaryny, şeýle-de mal semrediş hojalyklaryny döretmek göz öňünde tutulýar.

**Düýedarçylyk.** Düýedarçylyk Türkmenistanda maldarçylygyň möhüm we geljegi uly pudagy bolmak bilen, özüniň arzan düşýän ýokumly eti, berhizlik süýdi we gymmat bahaly ýüňi bilen ähmiýetlidir. Türkmenistanyň maldarçylyk pudagynda iň arzan önümleri düýedarçylykdan alynýar. Ýurdumyzda türkmen halky tarapyndan köp asyrlaryň dowamynda alnyp barlan halk seçgiçilik işiniň netijesinde döredilen arwana tohumly düýeler ösdürilýär. Türkmen arwana düýeleriniň süýtlüligi beýleki düýe tohumlaryna garanyňda iki esse ýokarydyr. Lukmançylyk nukdaýnazaryndan ol süňk-myşsa, dem alyş, ýürek-gan damar ulgamlaryna oňyn täsir edýär, guragyryny, artriti, bogun agyryny aradan aýyrýar we şol keselleri bejermäge ýardam edýär. Düýe ýüňi dokma senagatynda ýukajyk ýüň matalary öndürmekde ulanylýar. Häzirki wagtda Türkmenistanyň 5 sany düýedarçylyk hojalyklarynda, şol sanda Mary welaýatynyň «Sakarçäge», Balkan welaýatynyň «Türkmenistan» we «Gyzylarbat», Ahal welaýatynyň «Kirpili» we Lebap welaýatynyň «Jeýhun» hojalyklarynda arwana düýeleriniň tohumyny has-da kämilleşdirmäge, süýt önüm-

liligini artdyrmaga gönükdirilen tohumçylyk-seçgi işleri yzygiderli alnyp barylýar. Bu bolsa ýurdumyzyň bazarlarynda azyk bolçulygyny döretmäge, ilatyň düýe süýdünden taýýarlanýan önümlere bolan islegini kanagatlandyrmaga ýardam edýär. 2011-nji ýylda ýurdumyzda 124,0 müň düýe hasaba alyndy. Düýeleriň baş sanynyň 76,2%-i hususy hojalyklaryň paýyna düşýär. Düýeleriň baş sany boýunça Balkan (41,4 müň ýa-da ähli düýeleriň 33,6%-i) we Ahal (41,6 müň ýa-da 35,2%-i) welaýatlary tapawutlanýarlar.

**Gylýalçylyk.** Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwründe ata-babalarymyz bedewlerimizi köpeltmek, olaryň şöhratyny öňküden-de galdyrmak we dünýä ýaýmak mümkinçiligi artýar. 1991-nji ýylda «Türkmen atlary» Döwlet birleşiginiň döredilmegi bilen, türkmeniň dünýä belli bolan ahal-teke we ýomut tohumlary köpeldilýär. Ahalteke bedewleri ýyndamlygy, çydamlylygy hem-de juda owadanlygy bilen beýleki at tohumlaryndan aýratyn tapawutlanýarlar. Täze döwürde atçylygy, atçylyk sportuny ösdürmeklige uly orun berilýär. Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow «Ahalteke bedewi – biziň buýsanjymyz we şöhratymyz» atly ylmy kitabynda ahalteke bedewlerini atçylyk turizminde giňden ulanmaklygyň wajypdygyny görkezýär.

Garaşsyzlyk ýyllarynda täze atçylyk toplumlarynyň gurulmagy we hususy hojalyklara goldaw berilmegi netijesinde atlaryň baş sany artyp başlady. 2011-nji ýylda Diýarymyz boýunça 25,5 müň gylýallar hasaba alyndy. Olaryň 87%-den gowragy hususy hojalyklarda jemlenendir. Gylýallaryň 8,4 müňi Daşoguz we 6,2 müňi Ahal welaýatlaryna degişlidir. Aşgabat şäherinde, welaýat merkezlerinde we Ruhabat etrabynda atçylyk-sport toplumlary gurlup ulanylmaga berildi. Bu bolsa geljekde atçylygy ösdürmäge itergi berýär. Ýurdumyzda, aýratyn hem Daşoguz we Balkan welaýatlarynda türkmen bedewleriniň hilinden bolan ýomut atlary ösdürilip ýetişdirilýär.

**Guşçulyk.** Ilaty guş eti, ýumurtga önümleri bilen doly üpjün etmek meselesini çözmekde guşçulyk pudagyny ösdürmegiň ähmiýeti uludyr. Şonuň üçin ýurdumyzda guşçulyk pudagyny ösdürmäge aýratyn üns berilýär. Ýurdumyzda guşçulyk pudagyny ösdürmek häzirkizaman enjamlary bilen enjamlaşdyrylan uly guş toplumlarynda iň täze tehnologiýany ulanmak arkaly guşlaryň ýokary önümli görnüşlerini ösdürip ýetişdirmek bilen amala aşyrylýar. Häzir ýurdumyzda şeýle toplumlaryň 10-dan gowragy bolup, olaryň iň irileri bolan Baharlynyň «Guş toplumy», Gökdepäniň «Altyn hilal», Ruhabadyň «Perganat», Tejen etrabynyň S. A. Nyýazow adyndaky daýhan birleşiginiň, Lebap welaýatynyň Saýat etrabyndaky «Katretdin», maldarçylyk daýhan birleşiginiň, Balkanabadyň guş toplumlary broýler jüýjelerini ýetişdirmäge niýetlenendir.

2011-nji ýylyň başynda ýurdumyz boýunça 16,7 mln guş hasaba alyndy. Guşlaryň umumy sanynyň 99,6%-i hususy hojalyklaryň paýyna düşýär.

Geljekde ilaty guş eti we ýumurtga bilen doly üpjün etmek maksady bilen welaýatlarda broýler tohumly towuk etini öndürýän önümçiligi bolan ferma hojalyklaryny, guşçulyk hojalyklaryny döretmek göz öňünde tutulýar.

**Balaryçylyk.** Ýurdumyzda balaryçylygy ösdürmeklige wajyp orun berilýär. Diýarymyzda öndürilýän ary baly tebigy taýdan arassalygy, ýokary hilliligi bilen tapawutlanýar. Türkmenistandaky balary maşgalalarynyň uly bölegi hususy hojalyklara degişlidir. Murgap oazisi, Lebap ýaýlasy hem-de Köpetdag etegi balaryçylygyň möhüm sebitleridir. 2011-nji ýylda ýurdumyz boýunça 792,2 tonna ary baly taýýarlanyldy. Şonuň 39,3%-i Mary, 34,2%-i Lebap we 19,9%-i Ahal welaýatlarynyň paýyna düşýär.

**Balykçylyk.** Ýurdumyzda täze döwürde balykçylygy ösdürmeklige aýratyn orun berilýär. Balykçylyk hojalygy ýurdumyzyň derýalarynda, suw howdanlarynda we Hazar

deňzinde ösdürilýär. Gymmatly bekre balygyny köpeltmek maksady bilen Hazaryň kenarynda ýerleşen Gyýanly şäherçesinde öňdebaryjy döwrebap tehnologiýalara esaslanan balygy emeli usulda ösdürip ýetişdirýän we işbil önümini öndürýän önümçilik toplumy gurulýar. Esenguly etrabynda hem balyklary emeli usulda köpeldýän uly kärhana hereket edýär.

Hazaryň türkmen kenarynda takgaz balyklaryň 6-sy duşýar. Olaryň hemmesi maýda, külke balyklar bolup, deňziň hemme ýerinde duşýar. Olar köpçülikleýin tutulýan azyklyk balyklardyr. Teňňebalykşekillilerden taran, takgaz, çapak, külke, maňňalça, çortan balygy Hazar deňzinde giň ýaýran görnüşdir. Hazar deňzinde başga ýerlerden getirilip köpeldilen kefal, azatmahy balyklary hem duşýar.

Garagum derýasynyň boýundaky süýji suwly howdanlarda balyklary ösdürip ýetişdirýän hojalyklar ýerleşýär. Olarda, esasan, suw otlary bilen iýmitlenýän ak uçar, zagara, ak tüňňi maňlaý atly balyklary ösdürilýär. Sarygamyş kölünde, Birata etrabyndaky Düýeboýun suw howdanynda balyklaryň uly gorlary bar. Türkmenistanyň Döwlet balyk hojalygy komitetiniň maglumatlaryna görä, Sarygamyş kölünde balygyň 11 görnüşi bar.

Maksatnama laýyklykda, ýurdumyzyň ähli welaýatlarynda balyklary emeli usulda ösdürip ýetişdirýän we gaýtadan işleýän önümçilik toplumlaryny, söwda we jemgyýetçilik iýmiti kärhanalaryny, sowadyjy ammarlary gurmak we işe girizmek bellenilýär.

**Ýüpekçilik.** Ýurdumyzda oba hojalygynyň möhüm pudaklarynyň biri bolan ýüpekçilik çalt depginler bilen ösýär. Türkmenistan Hytaýdan soň ýüpekçiligiň gadymy watany hasaplanýar. Ýüpek matalary dokamak üçin ilkinji nobatda gymmatly çig mal bolan piläni öndürmeli. Ýurdumyzda, esasan, ýerli şertlere uýgunlaşan, çalt ýetişýän, bol hem oňat hilli pile saraýan gurçuk tohumynyň täze

görnüşleri çykarylýar. Gurçuk tohumlary Aşgabatda, Maryda, Türkmenabatda, Daşoguzda ýöriteleşdirilen kärhanalarda taýýarlanylýar. Ýüpek gurçugyny idetmek möwsümi bir aýdan köpräk wagty öz içine alýar. Ýüpekçiligi ösdürmek üçin iň möhüm şertleriň biri-de tutçulygy ösdürmekdir. Tut agaçlary ýüpek gurçuklary üçin ýeke-täk iýmit çeşmesidir. Türkmenistanda pile öndürmekde Lebap welaýaty has tapawutlanýar. Pile öndürmeklik Ahal, Daşoguz we Mary welaýatlarynda hem ösendir.

!?!

### Soraglar

**1.** Türkmenistanyň maldarçylyk pudaklary halk hojalygyna nähili önümleri berýär?

**2.** Türkmenistanda maldarçylygy ösdürmek üçin amatly tebigy we durmuş-ykdysady şertler barmy?

**3.** Türkmenistanda maldarçylygyň haýsy pudaklary has ösen?

## § 32. Halkyň sarp edýän harytlarynyň önümçiligi boýunça pudaklaryň toplumy. Ýeňil senagaty

Halkyň sarp edýän harytlaryny öndürýän önümçilik toplumyna ýeňil we azyk senagat kärhanalary girýär. Türkmenistanyň senagat kärhanalarynda öndürilýän senagat önümleriniň 15,3 %-i bu pudaklaryň paýyna düşýär.

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýöredýän ykdysady syýasatynyň esasy ugurlary ýerli oba hojalyk çig malyny gaýtadan işleýän önümçilikleri ösdürmek we ýurdumyzda azyk bolçulygyny döretmek bolup durýar. Şoňa baglylykda soňky ýyllarda bu toplumy ösdürmek babatda uly işler durmuşa geçirilýär.

**Ýeňil senagaty.** Ýeňil senagaty halkyň köp isleg bildirýän harytlaryny öndürýän pudaklary özünde jemleýär.

Onuň düzümine dokma, trikotaž, tikin, ýüpek, ýüň, gön, aýakgap önümçilikleri girýär. Ýeňil senagaty özüniň önümçilik gatnaşyklary boýunça köp pudaklar, esasan-da, ösümlik (pagta, zygyr, kenep) we maldarçylyk çig mallaryny (deri, gön, ýüpek, ýüň) berýän oba hojalygy bilen has ýakyndan baglanyşyklydyr.

Garaşsyzlyga eýe bolmazymyzdan öň, Türkmenistanyň çäginde ýeňil senagata degişli kärhanalar juda azdy. Bar bolan uly bolmadyk kärhanalar bolsa, esasan, Aşgabat, Mary, Daşoguz we Türkmenabat şäherlerinde ýerleşýärdi.

Ýurdumyzyň garaşsyzlygyny gazanmagy dürli oba hojalyk, mineral-çig mal we uglewodorod baýlyklaryny döwletimiziň çäginde gaýtadan işlemäge ýol açdy. Häzirki wagtda ýurduň jemi içerki önüminiň 7%-i ýeňil senagaty berýär, eksportynyň 5%-den gowragy bu pudagyň paýyna düşýär. Ýeňil senagaty kärhanalarynda 37 müňe golaý adam zähmet çekýär, bu bolsa ýurdumyzyň senagat pudaklarynda işleýänleriň 30%-den gowragydyr.

Ýeňil senagatynyň ähli pudaklary diýen ýaly çig mala ýakyn ýa-da taýýar önümiň sarp edilýän ýerinde gurulýar. Ýurdumyzyň ähli sebitlerinde senagat önümleriniň düzüminde ýeňil senagatynyň, esasan-da, dokma pudagynyň tutýan orny uludyr.

**Dokma senagaty.** Ýeňil senagaty pudagynyň düzüminde öndürýän önüminiň möçberi we işleýän adamlaryň sany boýunça dokma senagaty has tapawutlanýar. Türkmenistanyň ýeňil senagatynyň umumy önüminiň 70%-i şu pudagyň paýyna düşýär. Ýokary hilli pagtanyň, ýüpegiň, ýüňüň köp mukdarda öndürilmegi dokma senagatynyň kuwwatynyň artmagyna esas döredýär.

SSSR döwründe Türkmenistanyň öz çägindäki dokma senagaty kärhanalarynda her ýyl öndürilýän 400 müň tonnadan gowrak pagta süýüminiň diňe 3%-ini gaýtadan işlemäge güýji ýetýärdi. Şol ýyllarda ähli enjamlary we

tehnologiýalary könelişen 4 sany kärhana hereket edýärdi.

Türkmenistan iri pagta öndüriji ýurt bolmak bilen, ýurduň dokma senagatyny işjeň ösdürýär. Garaşsyzlyk ýyllarynda 30-dan gowrak iri we orta ululykdaky dokma toplumlary, fabrikleri işe girizildi. Olar çig mal binýadynyň gönüden-göni golaýynda ýerleşmek bilen, pagta süýümini gaýtadan işlemekden başlap, taýýar önüm çykarmaga çenli önümçiligiň yzygiderliligini doly üpjün edýär.

Daşary ýurtlaryň iň öňdebaryjy kompaniýalarynyň ýokary öndürijilikli täze tilsimat enjamlary we maşynlary bilen üpjün edilen dokma senagat kärhanalary jinsi, sütükli, panbarhat, trikotaž, setin, çit we beýleki matalary, hem-de şolardan tikilýän taýýar önümleri, şeýle hem lukmançylykda ulanylýan pamyk hem-de kosmetik pamygy uly möçberde öndürýär. Häzirki wagtda Türkmenistan dünýä bazarlarynda uly isleg bildirilýän ýokary hilli dokma önümlerini köp möçberde öndürýän döwletiň derejesine eýe boldy. Türkmenistanyň dokma toplumynyň öndürýän önümleriniň 70%-den gowragy, şol sanda pagta süýümi, ýüplügi, nah matalar, trikotaž matalaryň dürli görnüşleri we olardan tikilýän taýýar önümleri dünýäniň 30-dan gowrak ýurtlaryna eksport edilýär.

Dokma senagatynyň esasyny düzýän nah mata önümçiliginde ilkinji iş tapgyry pagtany arassalamakdyr. Pagta arassalaýan kärhanalar ulag çykdajylaryny azaltmak maksady bilen gönüden-göni pagtaçylyk etraplarynda ýerleşdirilýär. Türkmenistanda pagtany ilkinji işläp bejermek üçin «Türkmenpagta» döwlet konserniniň garamagynda 35 sany pagta arassalaýjy kärhana hereket edýär. Şol kärhanalar bir ýylda 2,1 million tonnadan gowrak pagtany gaýtadan işlemäge ukyplydyr. Pagta arassalaýan zawodyň esasy önümi pagta süýümi we pagta çigididir. Pagta süýüminiň esasy bölegi ýüplük öndür-



**25-nji surat. Häzirkizaman dokma kombinaty**

mek üçin, uly bolmadyk bölegi bolsa pamyk görnüşinde lukmançylykda, ýorgan-düşek öndürmekde peýdalanylýar. Öndürilen ýüplük nah mata senagaty üçin esasy çig maldyr. Geljekki ýakyn ýyllarda pagta arassalaýyş senagatyny ösdürmek maksady bilen Garabekewül, Altyn asyr, Sakarçäge, Mary, Köneürgenç etraplarynda täze pagta arassalaýjy kärhanalar gurlar. Nah mata kärhanalarynda ýüplükden mata dokamak we matalary reňklemek, güllemek, bejermek işleri alnyp barylýar. Ýurdumyzda ýüplük egirme fabrikleri bilen bir hatarda dokma toplumlary gurulýar. Dokma toplumlary özünde pagta süýüminden tä taýýar egin-eşiklere çenli bolan önümçilik işini jemleýär.

Aşgabat şäherindäki «Türkmenbaşy» dokma toplumy we paýtagtymyzyň demirgazyk-günbatarynda ýerleşýän dokma toplumynyň 1-nji nobatdakysy nah mata önümçiliginiň uly kärhanalarydyr. Bu toplumlarda matalaryň dürli görnüşlerinden başga-da çagalar we ulular üçin niýetlenen

egin-eşikler, el çalgyçlar, ýorgan-düşek we ýassyk daşylar, ýapynjalar öndürilýär.

Ahal welaýatynyň Ruhabat etrabynyň Herrikgala obasynda 1997-nji ýylda Türkmenbaşy jinsi toplumy işe girizildi. Dokma, ýüplük, tikin we boýag fabriklerinden ybarat bolan toplumda ýüplük, dürli galyňlykdaky jinsi matasy we ondan taýýarlanylýan egin-eşikleri öndürilýär. Gökdepäniň we Gypjagyň dokma toplumlarynda taýýarlanylýan dürli görnüşli trikotaž matalar we olardan tikilen taýýar önümler ýokary hilliligi bilen tapawutlanýar.

Wekilbazar etrabyndaky dokma toplumynda ýüplüklerden brezent we trikotaž önümleri öndürilýär. Baýramalynyň dokma toplumynda dokalýan tüýjümek matadan dürli ölçegdäki we reňkdäki çalgyçlar, hammam geýimleri öndürilýär. Aşgabadyň, Marynyň 8-nji mart adyndaky dokma fabriginde dürli görnüşdäki matalar dokalýar. Bu önümleriň esasy bölegi daşary ýurtlara eksport edilýär.

Türkmenabadyň ýaglyk öndürýän fabriginde nah ýüplükden dürli nagyşly ýaglyklar, agardylan we agardylmadyk matalar, ýorgan-düşekler öndürilýär.

Pagta egriji kärhanalar dokma önümçiliginiň esasy köplügini düzýär. Şeýle kärhanalar Türkmenabat, Daşoguz, Abadan, Tejen, Serdar, Seýdi şäherlerinde, Kaka, Türkmengala, Tagtabazar, Görogly şäherçelerinde, Baharly, Sakarçäge, S. A. Nyýazow adyndaky, Halaç etraplarynyň çäginde ýerleşýär. Olarda nah ýüplükleriň dürli görnüşi öndürilýär.

Dokma senagatyny ösdürmek hem-de pudagyň eksport mümkinçiliklerini artdyrmak maksady bilen 2009-njy ýylda Türkmenabat şäherinde, 2010-njy ýylda Daşoguz we Gökdepe şäherlerinde täze uly pagta egriji fabrikler işe girizildi. Olarda öndürilýän dürli görnüşli ýokary hilli nah ýüplükler yurdumyzyň kärhanalaryna iberilýär hem-de daşary ýurtlara eksport edilýär.

2010-njy ýylda Ruhabat etrabynda ýurdumyzyň dokma pudagy üçin bütinleý täze önümi, ýagny sintetiki we pagta süýümlerinden garyşyk ýüplükleri öndürýän fabrik işe girizildi. Garyşyk ýüplügi öndürýän kärhananyň ýanynda dokma we boýag fabrikleri guruldy.

Ýurdumyzyň ýüplük egriji fabriklerini naýça bilen üpjün etmek maksady bilen Türkmengala şäherçesinde naýça fabrigi-de guruldy. Bu naýça fabrigi her günde 105 müň sany naýça çykarmaga niýetlenendir.

Trikortaž önümleri dokma toplumlaryndan başga-da Baýramaly we Ýolöten şäherlerindäki trikortaž fabriklerinde, şeýle-de beýleki kärhanalarda öndürilýär.

Aşgabat, Türkmenabat şäherlerinde lukmançylyk we kosmetiki pamyk önümlerini öndürýän fabrikler ýerleşýär. Abadan şäherinde pagta galyndysyny gaýtadan işleýän, Türkmenabatda dokalmaýan mata öndürýän fabrikler hereket edýär.

Aşgabadyň «Ahal», «Bahar» tikin fabrikleri Marynyň «Ýeňiş» tikin fabriginde, Magtymguly we Esenguly şäherçelerindäki tikin fabriklerinde, Türkmenabat, Türkmenbaşy, Serdar şäherlerinde ýerleşýän halkyň sarp edýän harytlaryny öndürýän fabriklerde, Ýolöteniň bezeg fabriginde çagalar we ulular üçin egin-eşikler, sport lybaslary, jins matasyndan iş egin-eşikleri, erkek adamlaryň köýnekleri, düşek örtükleri, ýorgan-düşekler we beýleki köp görnüşli önümler öndürilýär. Daşogzuň çeper-tikinçilik, Görogly etrabyndaky tikin we trikortaž önümleri kärhanalarynda, Balkanabadyň jorap, Serdarabat etrabyndaky elýaglyk-jorap fabriklerinde trikotaž we jorap önümleriniň dürli görnüşleri öndürilýär.

2011-nji ýylda Bereket şäherinde açyk reňkdäki we dürli nagyşlary bolan nah matalardan bir ýylda düşek toplumlarynyň 600 müňüsini tikmäge niýetlenen tikin fabrigi işe girizildi.

**Ýüpek önümçiligi.** Ýurdumyzda ýüpek önümçiligi giň gerim bilen ösýär. Çig mal binýadynyň, ýüpek matanyň dürli görnüşlerini dokamakda türkmen halkynyň endigi hem-de ol matalara ýokary derejedäki islegiň bolmagy Türkmenistanda ýüpek senagatyny ösdürmeklige uly mümkinçilik berýär. Indi 80 ýyl bäri hereket edip gelýän Aşgabadyň ýüpek fabrigi ýokary derejeli enjamlaryň we iň täze tehnologiýalaryň esasynda ýüpek matany, milli keteni, düýpli gyňajy hem-de ýokary hilli ýüpek halylary öndürýär. Türkmenabat şäheriniň «Ýüpek» önümçilik birleşigine Türkmenabatdaky öňden hereket edýän, durky täzelenen ýüpek kelepleýji fabrigi we 1999-njy ýylda gurlan täze ýüpek egirýän fabrik girýär. Häzirki wagtda Türkmenabadyň «Ýüpek» önümçilik birleşiginde ýaşyl Tugumyzdan başlap, lukmançylykda ulanylýan ýüpek sapaklara çenli onlarça görnüşli önümler öndürilýär.

2008-nji ýylda Ruhabat etrabynda hytaýly hünärmenleriň gatnaşmagynda panbarhat öndürýän fabrik işe girizildi. Panbarhat dokamak üçin Aşgabadyň ýüpek fabriginiň öndürýän ýüpegi ulanylýar. Kärhana bir ýylda dürli reňkdäki we öwüşgindäki boýalan hem-de gül basylan panbarhatyň 1 million pogon metrini öndürmäge niýetlenendir, munuň özi içerki bazarda bu mata bolan islegi doly kanagatlandyrmaga, şeýle hem ony eksporta ibermäge mümkinçilik berýär.

**Ýüň önümçiligi.** Türkmenistanda ýüň senagatyny dürli ugurlar boýunça ösdürmäge çig mal üpjünçilik we beýleki mümkinçilikler bar. Marynyň ýüň ýuwýan, Ruhabat etrabyndaky ýüňi gaýtadan işleýän kärhanalarda ähli welaýatlardan gelýän ýüň ýuwulýar. Kärhanalar, esasan, haly önümçiligine ýaramly ýüňleri öndürýärler.

Türkmenabadyň ýüň egirme-dokma fabriginde ýüň ýüplügi we matalary öndürilýär. Aşgabadyň «Egriji» kärende kärhanasynda ýüň ýüplüginiň dürli görnüşleri, şol sanda haly ýüplügi, gülli we gara keçeler, matraslar, odeýallar,

ýassyklar, arassa ýüňden dokalýan el halylary öndürilýär. Aşgabadyň «Argaç» ýüň egriji fabrigi ýüplük we haly önümçiligi üçin tebigy boýaglary öndürýär. Kärhanalarda öndürilýän ýüň ýüplükler haly fabriklerine ugradylýar.

**Haly önümçiligi.** Häzirki wagtda ýurdumyzda haly önümçiligi «Türkmenhaly» döwlet birleşiginde jemlenendir. Ýöriteleşdirilen haly fabrikleri Aşgabat, Mary, Baharly, Gökdepe, Serdar, Bereket, Balkanabat, Atamyrat, Daşoguz şäherlerinde we Magtymguly, Esenguly, Halaç şäherçelerinde ýerleşýär. Olardan başga-da halyçylyk bölümleri köp etraplarda we şäherlerde hereket edýär. Haly dokamakda hususyýetçiligiň ähmiýeti-de uludyr. Haly dokamak üçin iň ýaramly ýüň saryja goýunlardan alynýar. Biziň ýurdumyzda ösýän ösümliklerden solmazak we dürli öwüşginli, durnukly reňkler öndürilýär. Diýarymyzda bitýän ösümlikleriň 150-den gowrak görnüşi reňk öndürmäge ýaramly hasap edilýär. 2012-nji ýylda halyçylyk kärhanalarynda haly önümleriniň 41 müň 950 $m^2$ öndürildi.

**Gön-aýakgap senagaty.** Ýurdumyzda öndürilýän ownuk we iri şahly mallaryň derileri Aşgabadyň we Marynyň gön zawodlarynda gaýtadan işlenip, ýokary hilli gön taýýarlanylýar. Taýýarlanan gön önümleriniň esasy bölegi Aşgabadyň «Türkmengalkan» aýakgap fabrigine, Tejen we Türkmenabat şäherlerindäki, Magtymguly şäherçesindäki aýakgap fabriklerine ugradylýar. Olarda çagalar we ulular üçin aýakgaplar, şeýle-de harbylar üçin niýetlenen aýakgaplar öndürilýär we ýurdumyzyň içindäki sarp edijilere ugradylýar.

**!?!**

## Soraglar we ýumuş

**1.** Halkyň sarp edýän önümlerini öndürýän pudaklara haýsy kärhanalar toplumy degişli?

**2.** Ýeňil senagatynyň haýsy pudaklary çig mal binýadyna baglylykda ýerleşýär?

**3.** Garaşsyzlyk ýyllarynda haýsy şäherlerde we şäherçelerde dokma senagat kärhanalary guruldy?

**4.** Türkmenistanda gön-aýakgap, haly önümçiliginiň esasy kärhanalaryny sudur kartada belläň.

## § 33. Azyk senagaty

Azyk senagaty oba senagat toplumynyň esasy pudaklarynyň biridir. Oňa ýurdumyzda azyk bolçulygyny döretmek, ilaty ýokary hilli we köp görnüşli önümler bilen üpjün etmekde uly orun degişlidir.

Häzir döwlet Baştutanymyzyň tagallasy bilen azyk senagatynda giň möçberli işler durmuşa geçirilýär, şol sanda iň häzirki zaman enjamlary bilen enjamlaşdyrylýan täze kärhanalar gurulýar, öňdebaryjy tehnologiýalar ornaşdyrylýar, hereket edýän önümçilik kuwwatlyklary giňeldilýär, önümçilikde ekologiýa taýdan arassa çig mal giňden ulanylýar. Bu bolsa azyk önümleriniň öndürilişiniň artmagyna, netijede, ýurdumyzyň bazarlaryny dürli azyk harytlary bilen doly üpjün etmäge we bellibir bölegini daşary ýurtlara çykarmaga mümkinçilik berdi.

Azyk senagaty un, et-süýt, ýag, konditer (süýji-köke), şeker, piwo we alkogolsyz içgiler, çakyr, gök-miwe önümlerini gaýtadan işleýän, balyk önümlerini öndürýän pudaklary özüne birleşdirýär.

Garaşsyzlyk ýyllarynda azyk senagatynda 120 sany täze kärhanalar we kiçi zawodlar, häzirki zaman enjamlary oturdylan 60-dan gowrak täze önümçilik bölümleri işe girizildi. Pudagyň kärhanalarynyň esasy bölegi 1996-njy ýylda döredilen Türkmenistanyň Azyk senagaty assosiasiýasynyň düzümine girýär.

Döwlet tarapyndan azyk senagatynda telekeçiligi ösdürmeklige uly üns we goldaw berilýär. Şol sebäpli-de azyk önümlerini öndürmeklikde hususy kärhanalaryň, önüm-

11. Sargyt № 2401.

çilik bölümleriniň gurlup işe girizilmegi öz oňyn netijesini berýär.

**Un üweýän we çörek önümleri senagaty.** Ilaty azyk önümleri bilen üpjün etmekde un üweýän senagata örän möhüm orun degişlidir. Un, esasan, bugdaýdan alynýar we ol çörek-bulka, konditer we köke önümlerini öndürmekde peýdalanylýar. 1991-nji ýyla çenli uly bolmadyk galla önümleri kombinatlary Aşgabat, Mary, Türkmenabat, Daşoguz şäherlerinde ýerleşýärdi. Ilat üçin zerur bolan unuň we makaron önümleriniň esasy bölegi öňki Soýuzyň beýleki respublikalaryndan getirilýärdi.

Garaşsyzlyk ýyllarynda bugdaýy gaýtadan işlemegi artdyrmak we önümleriň giň görnüşini öndürmek maksady bilen galla saklamaga we ýokary hilli un çykarmaga niýetlenen uly toplumlar Balkanabat, Tejen, Baharly, Änew şäherlerinde we Oguz han etrabynda işe girizildi. Täze elewatorlar Baýramaly, Türkmenabat, Serdar şäherlerinde, Ruhubelent we Duşak şäherçelerinde, Akdepe, Ak bugdaý, Görogly, Mary, Ýolöten, Altyn asyr, Ruhubelent etraplarynda guruldy. Galla önümleri boýunça degirmenler Kaka we Dostluk şäherçelerinde, Köneürgençde işe girizildi. Türkmengala şäherçesinde önümleriň 18 görnüşini öndürýän un we unaş fabrigi guruldy.

2012-nji ýylda Ruhabat etrabynda we Türkmenabat şäherinde däne saklaýan elewatorlary bolan, un üweýän toplum, Serdar we Görogly etraplarynda bugdaý saklamaga un öndürmäge niýetlenen kärhanalar işe girizildi.

**Et-süýt senagaty.** Ýurdumyzda et-süýt senagaty barha ösýär. Uly et kombinatlary Aşgabatda, Mary, Türkmenabat, Balkanabat, Türkmenbaşy, Daşoguz şäherlerinde ýerleşýär. Diýarymyzyň et senagaty kärhanalarynda 100-e golaý görnüşli et önümleri taýýarlanylýar. Ýurdumyzda öndürilýän et we süýt önümleriniň uly bölegi hususy kärhanalaryň paýyna düşýär. Häzirki wagtda Serdar, Ruhabat, Tagta-

bazar, Köneürgenç we Görogly etraplarynda täze ýokary tehnologiýaly maldarçylyk toplumlarynyň gurluşygy alnyp barylýar.

Geljekki ýakyn ýyllarda Aşgabat, Türkmenbaşy şäherlerinde, Tagtabazar we Akdepe etraplarynda şöhlat önümlerini we etli ýarym fabrikatlary öndürýän kärhanalary öz içine alýan, eti gaýtadan işleýän toplumlary gurmak göz öňünde tutulýar.

Guşçulygy ösdürmek hem ilaty et bilen üpjün etmegiň bir ygtybarly ugrudyr. Şonuň üçin ýurdumyzda towuk etiniň öndürilişini artdyrmaklyga aýratyn orun berilýär. Broýler towuk etini öndürmeklige niýetlenen häzirki zaman guşçulyk toplumlary Balkanabat şäherinde, Baharly, Gökdepe, Saýat etraplarynda hereket edýär. Olaryň iň irisi Baharly etrabyndaky «Guş toplumydyr». Bu hususy ýöriteleşdirilen hojalygyň önümçilik kuwwaty bir ýylda guş etiniň 3 müň tonnasyna we 4 million ýumurtga deňdir.

Süýt we süýt önümlerini öndürýän kärhanalaryň çig mal binýadyny süýt maldarçylygy düzýär. Şonuň üçinem kärhanalaryň önümçilik kuwwatlyklaryny artdyrmak maldarçylygyň ösüşine, onuň ot-iým üpjünçiligine baglydyr. Häzirki wagtda ýurdumyzda öndürilýän süýdüň hemmesini diýen ýaly hususy hojalyklar berýär. Süýt önümleri zawodlary Aşgabat, Mary, Türkmenabat, Daşoguz, Balkanabat, Türkmenbaşy, Serdar, Baýramaly, Tejen, Kaka, Hazar, Köneürgenç, Atamyrat şäherlerinde ýerleşýärler.

Häzirki zaman kärhanalaryň biri bolan Ruhabat etrabynda ýerleşýän «Körpe» çagalar iýmiti kärhanasynda körpeler üçin önümleriň dokuz görnüşi öndürilýär.

**Ýag senagaty.** Ösümlik ýagyny öndürýän senagat ýurdumyzda irki döwürde dörän pudakdyr. Ilkinji ýag zawody 1903-nji ýylda Baýramaly şäherinde guruldy. Häzirki wagtda Köneürgenç, Daşoguz, Türkmenabat, Baýramaly we Serdar şäherlerinde ýerleşýän ýag öndürýän kärhanalarda

pagta, günebakar, künji, üzüm çigitlerinden ýokary hilli, ilat tarapyndan uly isleg bildirilýän ösümlik ýaglary öndürilýär. 2010-njy ýylda Ahal welaýatynyň Ruhabat etrabynyň Owadandepe obasynyň golaýynda ýylda 96 müň tonna pagta çigidini gaýtadan işleýän «Ahal» ösümlik ýagy kärhanasy işe girizildi. Bu kärhanada bir gije-gündiziň dowamynda ekologiýa taýdan örän arassa 50 tonna golaý ýokary hilli pagta ýagy we 10 tonna margarin öndürilýär. Etrek etrabynda ýokary hilli, adam üçin iň peýdaly zeýtun ýagyny öndürýän kärhana işleýär.

**Şeker senagaty.** Ýurdumyzda möhüm pudaklaryň biri bolan şeker senagaty peýda boldy.1998-nji ýylda Mary welaýatynda ýyllyk kuwwatlylygy 30 müň tonna bolan şeker öndürýän «Maryşeker» kärhanasy ulanylmaga berildi. Kärhana 2011-nji ýylda 166 müň tonnadan gowrak gant şugundyryny gaýtadan işläp, 11,4 müň tonnadan gowrak şeker we şeker önümlerini, köp mukdarda spirt we şugundyryň galyndysyny öndürdi. Gant şugundyry Mary welaýatynyň hojalyklarynda öndürilýär.

**Konditer senagaty.** Ýurdumyzdaky kärhanalarda süýji-köke önümleriniň dürli görnüşleri öndürilýär. Bu önümleri öndürýän kärhanalar köp halatda taýýar önümleriň sarp edilýän ýerinde gurulýar. Türkmenistanyň iň uly süýji-köke öndürýän fabrigi Aşgabatda ýerleşýär. Türkmenabat, Mary we Daşoguz şäherlerinde hem süýji-köke öndürýän kärhanalar hereket edýär. Ýurdumyz boýunça her ýyl 30 müň tonna golaý süýji-köke önümleri öndürilýär. Döwlete degişli kärhanalardan başga-da konditer önümleriniň dürli görnüşleri hususy kärhanalarda öndürilýär. Şeýle kärhanalar, önümçilik sehleri her bir şäherde we etrapda ýerleşýär.

Geljekde süýji-köke önümlerini öndürýän kärhanalaryň önümçilik kuwwatlyklaryny artdyrmak we olarda ýokary hilli, dünýä ölçeglerine laýyk gelýän önümleri öndürmek

maksady bilen Aşgabat şäherinde kuwwatly konditer fabrigini gurmak göz öňünde tutulýar.

**Gök-miwe önümlerini gaýtadan işlemek.** Gök-miwe önümlerini gaýtadan işleýän senagaty ösdürmegiň Türkmenistanda örän uly mümkinçilikleri bar. Oba hojalygynda, esasan, hususyýetçiler tarapyndan öndürilýän gök-bakja, miwe önümlerini gaýtadan işleýän konserwa we tomat zawodlary Mary, Türkmenabat, Daşoguz, Abadan, Tejen şäherlerinde, Ruhabat, Sandykgaçy, Sakar şäherçelerinde, Serdarabat etrabynda ýerleşýär.

Garaşsyzlyk ýyllarynda gurlan kärhanalaryň biri-de, Ruhabat etrabyndaky «Ruhubelent» açyk paýdarlar jemgyýetidir. Bu kärhanada miwe şireleriniň 7 görnüşi, aýna we plastik gaplarda ajy we süýji üwmeçler öndürilýär. Ýerli şertde ösdürilip ýetişdirilen pomidorlardan tomat goýýaltmasy hem taýýarlanylýar. Öndürilýän önümleriň bir bölegi daşary ýurtlara eksport edilýär.

**Çakyr senagaty.** Türkmenistanda üzümden ýag, toşap we beýleki önümleri taýýarlamak bilen bir hatarda, çakyr önümlerini öndürmek uly orun tutýar. Häzirki wagtda Azyk senagaty assosiasiýasyna degişli çakyr kärhanalary Aşgabat, Abadan, Änew, Türkmenabat şäherlerinde, Gökdepe, Ruhabat, Ak bugdaý, Ýolöten, Garabekewül etraplarynda we Tagtabazar etrabynyň Sandykgaçy şäherçesinde ýerleşýär. Olarda çakyr önümleriniň 70-e golaý milli görnüşleri taýýarlanýar. Türkmen üzüminden ýasalan çakyr önümleri hoşboý tagamy we ýokary hili bilen tapawutlanýar. Çakyr kärhanalaryny ýerli çig mal bilen üpjün etmek maksady bilen Ahal welaýatynda däne spirtini öndürýän zawody gurmak meýilleşdirilýär.

**Piwo we alkogolsyz içgileri öndürmek.** Soňky ýyllarda piwo önümçiligi ösýär. Piwo öndürmekde çig mal hökmünde arpa peýdalanylýar. Aşgabat, Abadan, Balkanabat, Mary, Türkmenabat, Daşoguz şäherlerinde döwlete

degişli we hususy eýeçilikdäki piwo öndürýän kärhanalary hereket edýär.

Ilatyň uly isleg bildirýän alkogolsyz içgilerini öndürmek uly ähmiýete eýe boldy. Agyz suwuny, şireli we şiresiz alkogolsyz içgileri öndürýän «Arçabil» agyz suwy zawody, mineral suwlaryny öndürýän «Çeşme» döwlet kärhanasy, miwe şirelerini öndürýän «Ruhubelent» paýdarlar jemgyýeti, «Koka-Kola Botlezz» kärhanasy bu pudagyň uly kärhanalary hasaplanylýar. Ýurdumyzyň şäherlerinde, etrap merkezlerinde we käbir obalarda hususyýetçilere degişli alkogolsyz içgileri öndürýän kiçi kärhanalaryň we önümçilik bölümleriniň onlarçasy işleýär.

2011-nji ýylda Balkan welaýatynyň Magtymguly etrabynyň «Ýeňiş» daýhan birleşiginde kuwwaty ýylda 2,7 million dekalitr ýokary hilli agyz suwuny, alkogolsyz içgileri öndürýän zawod işe girizildi.

**Balyk senagaty.** Ýurdumyzda azyk bolçulygyny döretmekde balykçylyk hojalygynyň tutýan orny uludyr. Häzirki wagtda ilatymyzy Türkmenistanyň Döwlet balyk hojalyk komitetiniň düzümindäki «Altyn balyk» we «Balkan balyk» döwlet kärhanalary balyk we balyk önümleri bilen üpjün edýär.

«Altyn balyk» döwlet kärhanasynyň düzüminde «Ahalbalyk», «Daşoguzbalyk», «Marybalyk», «Lebapbalyk» hojalyklary hereket edýär. Bu kärhanalarda ýurdumyzyň içerki suwlarynda balyklar emeli usulda köpeldilýär, olar diri, doňdurylan we kakadylan görnüşlerinde sarp edijilere ýetirilýär. «Balkanbalyk» döwlet kärhanasy Hazar deňziniň türkmen böleginde balyklary ösdürip ýetişdirmek, köpeltmek, tutmak we tutulan balyklary gaýtadan işlemek bilen meşgullanýar. Bu ýerde täze tutulan, doňdurylan, kakadylan, konserwirlenen balyklar, şeýle hem iýmlik balyk uny öndürilýär.

Häzirki wagtda dünýä ýüzünde gymmatly hasaplanýan bekre balygyny has-da köpeltmek maksady bilen Hazaryň

kenar ýakasynda ýerleşýän Gyýanly obasynda we Esenguly etrabynda öňdebaryjy döwrebap tehnologiýalara esaslanan, bekräni emeli usulda ösdürip ýetişdirýän we balyk önümlerini gaýtadan işleýän iri önümçilik toplumlarynyň gurluşygy alnyp barylýar.

**Duz önümçiligi.** Nahar duzy «Guwlyduz» kombinatynda öndürilýär. Bir asyrdan gowrak wagt bäri hereket edýän «Guwlyduz» kombinatynyň önümçilik kuwwaty ýylda 35 müň tonna çenli ýodlaşdyrylan nahar duzuny öndürmäge ukyplydyr. Kombinatyň öndürýän dürli görnüşli duzlary ýurdumyzyň hem-de daşary ýurtlaryň sarp edijilerine ugradylýar. Ýurdumyzda ilatymyz 1994-nji ýyldan bäri nahar duzy bilen mugt üpjün edilýär we 1996-njy ýyldan başlap bolsa ýodlaşdyrylan duz bilen üpjün etmek ýola goýuldy.

Ýakyn ýyllarda Türkmenbaşy şäherinde täze balyk we et kombinaty, Mary, Lebap we Ahal welaýatlarynda agyz suwuny, miwe we mineral suwlary öndürýän kärhanalar, Serdar şäherinde bir iş gününde süýt önümleriniň 15 tonnasyny öndürmäge niýetlenen süýt zawody gurlup ulanylmaga berler. Şalynyň öndürilişiniň artdyrylmagy mynasybetli Daşoguz welaýatynyň Saparmyrat Türkmenbaşy etrabynda şalyny arassalaýan täze zawod gurlar.

### Amaly iş (Öý işi)

**1.** Atlasdan we hasabat maglumatlaryndan peýdalanyp, sudur kartada reňkler bilen oba hojalyk ekinleriň esasylarynyň ekilýän etraplaryny, şertli belgiler esasynda ýeňil we azyk senagat kärhanalaryny bellemeli.

**2.** Okuw kitabyndaky we beýleki bar bolan hasabat maglumatlaryny seljerip, obasenagat toplumynyň pudaklarynyň ösüşini diagrammalar bilen görkezmeli.

**3.** Türkmenistanda ýeňil we azyk senagat önümleriniň öndürilişini häsiýetlendirýän diagrammalary gurmaly.

**4.** Ýaşaýan ýeriňizde ýerleşýän obasenagat (ekerançylyk, maldarçylyk, ýeňil we azyk senagaty) kärhanasynyň işi bilen tanyş bolmaly we ýazmaça habarnama taýýarlamaly.

## § 34. Ulaglar ulgamynyň halk hojalygyndaky ähmiýeti. Demir ýol ulagy

Türkmenistanyň ulag we aragatnaşyk toplumy özüne ulag serişdeleriniň ähli görnüşlerini, olar bilen baglanyşykly önümçilik we önümçilik däl ulgamlary birleşdirýär. Ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň ähli ugurlarynyň netijeli we sazlaşykly işlemegini üpjün etmekde ulag we aragatnaşyk ulgamyna uly orun degişli. Ulag gönüden-göni önümçiligiň dowamy bolup, ol zähmetiň sebitleýin bölünişinde, ykdysadyýetiň ýöriteleşişinde, toplumlaýyn ösüşinde, tebigy baýlyklaryň özleşdirilişinde aýgytly orun tutýar. Uly meýdan – çäge eýe bolan Türkmenistan üçin ulaglaryň ähmiýeti has-da möhümdir. Türkmenistan geografik nukdaý nazaryndan amatly ýerde, Ýewraziýa ýollarynyň çatrygynda ýerleşýär. Türkmenistanyň Prezidentiniň başlangyjy esasynda ýükleri halkara we üstaşyr daşamagyň özüne çekijiligini, bäsleşige ukyplylygyny we netijeliligini üpjün edýän, ýurtda bitewi, köpugurly we daşary ýurtlar bilen goşulyşan ulaglar giňişligini emele getirmäge uly üns berilýär.

Ýurdumyzyň tebigy baýlyklaryny doly we netijeli peýdalanmak, ulag-geografiki ýerleşişini has gowulandyrmak maksady bilen garaşsyzlyk ýyllarynda, aýratyn hem, soňky ýyllarda ýerli we halkara ähmiýetli ulag ýollary guruldy. Türkmenistanyň Ýewropa bilen Aziýanyň we häzirki döwürde emele gelýän «Demirgazyk–Günorta» geçelgesiniň çatrygynda ýerleşmegi iri möçberli, halkara ähmiýetli demir, awtomobil, howa ýollarynyň we turba geçirijileriň gurulmagynyň möhümdigini görkezýär.

Hormatly Prezidentimiziň tagallalary bilen ýurdumyzda ulaglaryň häzirki zaman görnüşleri yzygiderli satyn alynýar. Bu «Boing» kysymly uçarlara, teplowozlara we wagonlara, deňiz, awtomobil we beýleki maksatly ulaglarynyň dürli görnüşlerine degişlidir. Ornaşdyrylan öňdebaryjy teh-

nologiýalar we standartlar ilatyň zerur bolan ähli isleglerini üpjün etmäge gönükdirilen telekommunikasiýalar we aragatnaşyk bölegine hem degişli bolup durýar.

Ulag we aragatnaşyk toplumy ýurdumyzda giň gerimli ösýän hojalyk pudagydyr. 2011-nji ýylda Milli hojalygymyzyň jemi içerki önüminiň 4,6%-i şu toplumyň paýyna düşdi. Ulag we aragatnaşyk toplumynda Türkmenistanyň ykdysadyýetinde iş bilen meşgullanýan ilatyň 5,5 %-i zähmet çekýär.

Türkmenistanyň ulaglary köptaraplaýyn çylşyrymly toplum bolup, ol öz düzümine 3127 km umumy peýdalanyşdaky demir ýollaryny, 13644 km umumy peýdalanyşdaky awtomobil ýollaryny, 1000 km içerki gämi gatnaw suw ýollaryny, howa we deňiz ulaglaryna degişli obýektleri, turba geçirijileri we beýleki ulag desgalaryny hem-de ulaglara hyzmat edýän kärhanalary birikdirýär. Türkmenistanda ähli daşalýan ýükleriň 91,2%-i awtomobil ulaglarynyň, 2,6%-i demir ýol ulaglarynyň we 5,4%-i turbageçirijileriň paýyna düşýär. Ulaglarda gatnadylan ýolagçylaryň 96 %-i awtomobil ulaglaryna degişlidir. Türkmenistanyň ulag ulgamynyň düzümine demir ýol, awtomobil, deňiz, içerki suw, howa ulaglary we turbageçirijiler girýär.

**Demirýol ulagy.** Türkmenistanyň ulaglar ulgamynda iň irki döredilen we häzirki wagtda esasylaryň biri demir ýol ulagydyr. Ilkinji demir ýol 1880-nji ýylda Krasnowodsk (häzirki Türkmenbaşy) şäherinden gurlup başlanyp, ol 1885-nji ýylyň 30-njy noýabrynda Aşgabada, 1886-njy ýylyň 3-nji dekabrynda bolsa Çärjewe (häzirki Türkmenabat) bardy. Amyderýanyň üstünden ilkinji agaç köpri 1888-nji ýylda guruldy. Ol 1901-nji ýylda metal köpri bilen çylşyryldy. Bu demir ýoluň uzynlygy Türkmenbaşy şäherinden Özbegistanyň araçägine çenli (Farap etrabynda) 1171 kilometrdir.

Ýoluň Mary–Guşgy (häzirki Serhetabat) şahasy 311 km bolup, ol 1897–1898-nji ýyllarda guruldy. 1947–1955-nji


Birmingem
Frankfurt
Kiýew
Minsk
Moskwa
Sankt - Peterburg
London
56°
Astrahan
Mahaçkala
Baku
Astrahan
Mahaçkala
GARABOGAZ
GARABOGAZKÖL AÝLAGY
Gyzylgaýa
Guwlymaýak
TÜRKMENBAŞY
Türkmenbaşy
40°
Belek
Baku
Mollagara
Jebel
HAZAR
BALKANABAT
Uzboý
GUMDAG
BEREKET
SERDAR
Bender-Enzeli
Baku
Ýerewan
Magtymguly
Arçman
BAHARLY
GÖKDEPE
ABADAN
Ruhabat
Ekerem
Ystambul
Etrek
Esenguly
ÄNEW
Ýaşlyk
Abu-Dabi
56°
S.Türkmenbaşy
KÖNEÜRGENÇ
Akdepe
Gurbansoltan-eje
Ruhubelent
DAŞOGUZ
SARYGAMYŞ KÖLI
Içoguz
Ýerbent
Bokurdak
MAŞAD
36°
ŞERTLI BELGILER
Demir ýollar
Awtomobil ýollary
Deňiz ýollary we ugurlary
Deňiz we derýa duralgalary
Gämi gatnawly derýalar
Içerki howa ýollar
Daşarky howa ýollar
Aeroportlar


ULAG - ARAGATNAŞYK ÝOLLARY
Boldumsaz
Gubadag
S.A.Nyýazow
ÜRGENÇ
HYWA
GAZOJAK
Almaty
Daşkent
Birata
BUHARA
SAMARKANT
Urumçi
SEÝDI
Galkynyş
Nyýazow
Farap
TÜRKMENABAT
Sakar
Saýat
Pekin
Garabekewül
Hojambaz
Jeyhun
Halaç
Kerkiçi
MAGDANLY
ATAMYRAT
Mukry
Dostluk
Köýtendag
Kelif
Garamätnyýaz
Ýagtyýol
Babadaýhan
Mollanepes
Zähmet
Sakarçäge
MARY
BAÝRAMALY
Parahat
ŞATLYK
Türkmengala
TEJEN
Murgap
Oguzhan
ÝOLÖTEN
Duşak
Tagtabazar
Bankok
Galaýmor
SERHETABAT
Ahmedabad
Deli
Amritsar
Dg.
50 0 50 100
km
60°
64°
40°

**27-nji surat.**

ýyllarda bolsa uzynlygy 627 km bolan Çärjew–Goňrat (Özbegistan) demir ýoly çekildi. Bulardan başga-da Balkanabat–Wyşka (häzirki Uzboý), Mukry–Gowurdak, Tahýadaş–Köneürgenç ýaly gysga aralyklara birnäçe demir ýollar guruldy. Umuman, 1991-nji ýyla çenli Türkmenistanyň demir ýollarynyň umumy uzynlygy 2120 km-e barabardy.

Garaşsyzlygy alanymyzdan soňra demir ýol ulaglaryny ösdürmeklige uly ähmiýet berilýär. Sebit we halkara derejeli, şol sanda dünýä bazarlaryna çykylmagyny üpjün edýän transmilli ulag geçelgeleri guruldy. 1996-njy ýylda ulanyşa tabşyrylan Tejen–Sarahs–Maşat demir ýolunyň 132 kilometri biziň ýurdumyzyň çäginden geçýär. Transaziýa demir ýolunyň «altyn halkasy» hasaplanýan bu ýol Orta Aziýa döwletlerini Ýewropa bilen baglanyşdyrýan möhüm ähmiýetli tranzit geçelgesine öwrüldi. 1993-nji ýylda Artyk–Lýuftabat (3 km) demir ýoly işe girizildi. 1999-njy ýylda uzynlygy 215 km bolan Türkmenabat–Atamyrat demir ýoly guruldy. Bu demir ýol şahasy Lebap welaýatynyň Amyderýanyň çep kenarynda ýerleşýän etraplaryny Türkmenabat we paýtagtymyz Aşgabat bilen birikdirdi we şol ýerleriň tebigy, durmuş-ykdysady mümkinçiliklerini özleşdirmäge amatlylyk döretdi.

2009-njy ýylda strategiki taýdan möhüm bolan Atamyrat bilen Kerkiçiniň aralygynda Amyderýanyň üstünden uzynlygy 1414 metr bolan demir ýol köprüsi ulanylmaga berildi. Köpriniň gurulmagy netijesinde demir ýol derýanyň sag kenaryna geçip, ýurdumyzyň bütewi demir ýol halkasyna birikdi. Bu bolsa öz gezeginde demir ýol gatnawyny Türkmenistanyň içinden doly ýola goýmaga, ýoly ep-esli gysgaltmaga hem-de harajatlary azaltmaga mümkinçilik berdi. Amyderýanyň sag kenarynda ýerleşýän tebigy baýlyklary netijeli özleşdirmek maksady bilen 2009-njy ýylda uzynlygy 26 kilometr bolan Kelif–Garlyk demirýol şahasy guruldy.




**28-nji surat. Aşgabat–Garagum–Daşoguz gara ýolunyň gurluşygynda**

2006-njy ýylda uzynlygy 540 km bolan Aşgabat–Garagum–Daşoguz demir ýoly işe girizildi. Bu demir ýolunyň gurulmagy ýurduň içinde ýolagçylary we ýükleri daşamagy artdyrmaga, goňşy döwletler bilen ykdysady gatnaşyklary çaltlandyrmaga, syýahatçylygy ösdürmäge, Garagum çölündäki tebigy baýlyklary özleşdirmäge mümkinçilik berdi.

Milli ykdysadyýetimiziň demir ýol pudagyna uly üns berýän hormatly Prezidentimiziň başlangyjy bilen gurulýan Demirgazyk-Günorta ulag geçelgesi garaşsyzlyk ýyllarynda gurulýan demir ýollaryň arasynda iň iri taslamadyr. Bu ulag geçelgesi Ýewropa ýurtlaryndan Pars aýlagynyň portlaryna çenli demir ýoly 600 kilometre çenli gysgaldýar. Uzen (Gazagystan)–Bereket–Etrek (Türkmenistan)–Gürgen (Eýran) aralygynda jemi 934,5 kilometre uzap gitmeli bu demir ýoluň 722,5 kilometri biziň ýurdumyzyň içinden geçýär. Uzynlygy 444 kilometr bolan Bereket–Gyzylgaýa–Gazagystanyň

Döwlet serhedi aralygynyň gurluşygy 2011-nji ýylda tamamlandy. Häzirki wagtda umumy uzynlygy 256,5 kilometr bolan Bereket–Etrek böleginiň gurluşygy gutaryp barýar. Bu halkara demir ýoly gurlup, işläp başlansoň, Garabogazgol aýlagynyň, Gyzylgaýanyň, Garagumuň, ýurdumyzyň günorta-günbatar sebitleriniň tebigy baýlyklaryny özleşdirmäge, ykdysady mümkinçiliklerini giňeltmäge şertler döräp. Ýurduň içinde söwda-ykdysady dolanyşygyny has giňeltmek üçin ýol açylar. Ýoluň gurulmagy bilen Türkmenistanyň demir ýollarynyň geçirijilik ukyby has artar. Türkmenistan ägirt uly Ýewropa-Aziýa sebitinde polat ýollaryň çatrygyna öwrüler. Demir ýol halkasyny döretmek hem-de ýurdumyzyň gündogar bilen demirgazyk bölegini has ýakynlaşdyrmak maksady bilen uzynlygy 212 kilometr bolan Gazojak–Şasenem demir ýoluny gurmak meýilleşdirilýär. Şeýle-de ýakyn geljekde Atamyrat–Ymamnazar (85 km) demir ýoly we uzynlygy 2,3 km bolan Türkmenabat–Farap demir ýol köprüsi gurlar.

## §35. Ulaglaryň beýleki görnüşleri

**Awtomobil ulagy.** Türkmenistanyň içinde we onuň çäkleri boýunça üstaşyr ýükleriň ep-esli böleginiň awtoulaglar arkaly daşalýandygyny nazara almak bilen awtomobil ulagyny ösdürmek möhüm bolup durýar. Häzir ýurdumyzyň awtomobil ýollarynyň uzynlygy 14 müň kilometre golaýlaýar, olaryň 90%-iniň gaty örtügi bardyr. Häzirki wagtda gurulýan, halkara ähmiýeti bolan Türkmenbaşy–Aşgabat–Mary–Türkmenabat–Farap awtomobil ýolunda giň gerimli ýol-gurluşyk işleri ýokary depginde alnyp barylýar, bu ýol hem Türkmenistanyň çäklerinden üstaşyr ýük daşalyşyny artdyrmaga mümkinçilik berer. Şeýle-de Balkanabat–Hazar, Balkanabat–Etrek–Esenguly, Mary–Serhetabat, Serdar–Etrek–Esenguly, Türkmenabat–Daşoguz, Türk-

menabat–Atamyrat, Daşoguz–Köneürgenç we Aşgabat–Garagum–Daşoguz ýollarynyň durkuny täzelemek işleri alnyp barylýar. Durky täzelenýän we gurulýan ýollaryň umumy uzynlygy 1,7 müň km-e barabardyr. Soňky ýyllarda 150 km uzynlykdaky Aşgabat–Arçman döwrebap awtomagistraly we Aşgabadyň günortasynda Arçabil şaýoly, uzynlygy 40 km bolan aýlawly awtomobil ýoly ulanylmaga berildi. 2011-nji ýylda Türkmenbaşy şäheriniň howa menzilinden «Awaza» Milli syýahatçylyk zolagynyň çägine çenli uzynlygy 20,4 kilometr bolan awtomobil ýoly guruldy we Türkmenbaşy şäherinden «Awaza» Milli syýahatçylyk zolagynyň çägine çenli uzynlygy 8,5 kilometr bolan awtomobil ýolunyň durky täzelendi. Aşgabat şäheriniň we Ahal welaýatynyň çäklerinde estakadaly, köp şahaly awtomobil ýollarynyň 7-sini we köprüleriň 3-sini, jemi uzynlygy 6,8 kilometr bolan awtomobil ýollarynyň 2-sini öz içine alýan desgalar toplumy guruldy.

«Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň 2011–2030-njy ýyllar üçin Milli maksatnamasyna» laýyklykda täze awtoýollary gurmak we hereket edýänlerini üýtgedip gurmak, giňligi 12,25 metr birinji derejeli ýollary gurmak meýilleşdirilýär. Olar ähli ugurlarda Türkmenistanyň içinden geçip, ýurdumyzyň demirgazyk we günorta, gündogar we günbatar ulag geçelgelerini birleşdirer. Bagtyýarlyk döwründe diňe bir magistral ýollaryň durky täzelenmän, eýsem, etraplardaky ýollar hem täzelenýär.

«Türkmenistanyň Prezidentiniň obalaryň, şäherçeleriň, etrapdaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň durmuş-ýaşaýyş şertlerini özgertmek boýunça 2020-nji ýyla çenli Milli maksatnamasyna» laýyklykda obalaryň, şäherçeleriň, etrapdaky şäherleriň we etrap merkezleriniň içerki ýollary düýpli abatlanar we umumy uzynlygy 23,8 müň kilometre barabar awtomobil ýollary gurlar.

**Deňiz-derýa ulagy.** Hazar deňziniň gündogar kenarynyň 600 km gowragynyň ýurdumyza ýanaşmagy deňiz

ulaglarynyň döredilmegine we ösmegine getirdi. Deňiz ulaglary döwletimiziň ulag toplumynyň düzüm bölegi bolup, oňa deňiz gämileri, portlary, gämi remont zawody, hyzmat we edara ediş guramalary girýär. Türkmenistanyň Hazar deňziniň kenaryndaky portlaryna Türkmenbaşy, Hazar, Garabogaz, Alaja, Ekerem degişlidir. Türkmenbaşy şäheriniň Halkara deňiz porty sebitiň iri ulag çatrygynyň wezipesini ýerine ýetirýär hem-de dünýä söwda gatnawynyň möhüm çatrygynyň biri bolup hyzmat edýär.

Türkmenistan ulag ulgamyny ösdürmek strategiýasynda milli deňiz flotuny döretmäge aýratyn ähmiýet berýär. Türkmenbaşy şäheriniň deňiz menziliniň durkuny täzelemek we tehniki taýdan döwrebaplaşdyrmak işleri alnyp barylýar. Ýakyn geljekde Türkmenbaşy şäherinde şeýle hem ýolagçylar üçin niýetlenen häzirki zaman deňiz menzili gurlar. Bu wezipe täze ýolagçy ugurlarynyň, şol sanda Russiýa, Gazagystana, Azerbaýjana, Eýrana tarap ugurlaryň açylmagyny, şeýle hem Hazarda häzirki zaman «Awaza» Milli syýahatçylyk zolagynyň döredilmegini nazara almak bilen aýratyn möhüm bolup durýar. Munuň özi daşary ýurtly syýahatçylaryň akymyny ep-esli artdyrar. Deňiz ulagyny has ösdürmek üçin pudak täze, kuwwatly tankerler, gury ýük daşaýan gämiler, ýolagçy teplohodlary bilen üpjün edilýär.

Ýurdumyzyň içerki gämi gatnawly suw ýollarynyň umumy uzynlygy 1000 km-den gowrakdyr. Amyderýanyň 813 kilometr aralygynda, şeýle hem Garagum derýasynyň 210 kilometr töweregi aralygynda gämi gatnawlary ýola goýlan. Amyderýa Türkmenistanyň çäklerinden Kelifden Düýeboýuna çenli gämi gatnawlydyr we esasan, mineral gurluşyk materiallary, gidrotehniki enjamlary we maşynlary, ýangyç önümleri daşalýar. Amyderýada Türkmenabat, Atamyrat we Kelif gämi duralgalary bardyr. Garagum derýasy Başsakadan Zähmet şäherçesine çenli gämi gatnawlydyr.

**Howa ulagy.** Türkmenistanda howa ulaglaryny ösdürmek ykdysadyýetiň ileri tutulýan ugurlarynyň biridir. Ýurdumyzda bu pudagyň önümçilik binýady pugtalandyrylýar, ýolagçylara hyzmatyň derejesi ýokarlanýar. Raýat awiasiýasyny ösdürmeklige uly möçberli maýa goýumlary gönükdirilýär. Howa gämilerimiz häzirki wagtda dünýäniň onlarça ýurtlaryna gatnawlary amala aşyrýar. Amala aşyrylýan çäreleriň netijesinde howa ulagy boýunça gatnadylýan adamlaryň sany we ýükleriň möçberi ýylsaýyn artýar.

Aşgabat şäherinde 1994-nji ýylda sagatda 1600 ýolagça hyzmat etmäge ukyply, iki uçuş-gonuş zolaklary bolan halkara aeroport toplumy guruldy. Ýurdumyzyň welaýat merkezleriniň uçar menzilleriniň durkuny täzelemek işleri alnyp barylýar. Daşoguz, Türkmenabat şäherlerinde täze uçuş-gonuş zolaklary, Mary şäherinde 2009-njy ýylda dünýä derejesindäki aerowokzal toplumy guruldy. Täze terminal sagatda 300 ýolagça hyzmat etmäge ukyplydyr. 2010-njy ýylda açylan, geçirijilik ukyby sagatda 800 ýolagça barabar bolan Türkmenbaşy şäheriniň täze halkara aeroporty Ýewropadan Günorta we Günorta-Gündogar Aziýa barýan howa ýollarynyň üstaşyr nokadyna öwrülýär, Hazaryň kenarynda hereket edýän «Awaza» Milli syýahatçylyk zolagynyň «howa derwezesi» bolup hyzmat edýär. Häzirki wagtda Aşgabadyň halkara aeroportunyň durkuny täzelemek we ony has giňeltmek boýunça hem işler alnyp barylýar.

**Nebit we gaz geçirijiler.** Ulagyň häzirki zaman wajyp görnüşleriniň biri-de turbageçirijilerdir. Uly uglewodorod serişdelerine eýe bolan Türkmenistan üçin nebit we gaz geçirijileriniň gür torunyň bolmagy iňňän zerurdyr. Ýurdumyzda nebit we gaz senagatynyň çaltlandyrylan ösüşini üpjün etmek hut bu ulag pudagy bilen baglanyşyklydyr. Häzirki wagtda ýurdumyzyň aglaba böleginde, şol sanda oba ýerlerinde dürli kuwwatlykdaky gaz geçirijiler bar.

12. Sargyt № 2401.

Türkmenistanda gazylyp alynýan nebit gaýtadan işleýän kärhanalara, demir ýol stansiýalaryna we deňiz portlaryna nebit geçirijiler arkaly ugradylýar. Häzirki wagtda ýurdumyzda şu aşakdaky nebit geçirijiler hereket edýär: Uzboý–Balkanabat, Gumdag–Balkanabat, Belek–Balkanabat, Goturdepe–Belek–Türkmenbaşy, Goturdepe–Hazar, Jebel–Türkmenbaşy. Çykarylýan tebigy gaz sarp edijilere Goturdepe–Belek–Türkmenbaşy, Gumdag–Balkanabat, Balkanabat–Belek, Goturdepe–Hazar, (Mollaker–Mary, Sakar–Türkmenabat–Galkynyş, Garaçöp–Serhetabat, Maýsk–Aşgabat–Abadan, Garaçöp–Serhetabat, Merkezi Garagum–Ýylanly, Bagaja–Seýdi, Döwletabat–Deryalyk, Malaý–Bagtyýarlyk gaz geçirijileri arkaly akdyrylýar. Aziýanyň we Ýewropanyň döwletleri bilen gatnaşyklaryň işjeňleşdirilmegine halkara ähmiýetli gaz geçirijiler goşmaça mümkinçilik berýär.

Häzirki wagtda ýurdumyzdan eksport edilýän tebigy gazyň bir bölegi Russiýa Federasiýasyna «Orta Aziýa–Merkez» gaz geçirijisi arkaly ugradylýar. Onuň dört ugry hem Türkmenistanyň gaz ojaklaryndan öz gözbaşlaryny alýarlar. 2010-njy ýyldan başlap Döwletabat–Deryalyk gaz geçiriji magistraly boýunça Russiýa türkmen gazynyň eksporty täzeden dikeldildi. Günbatar Türkmenistanda başlanýan, uzynlygy 132 kilometr bolan Körpeje–Gurtguýy (Eýran) gaz geçiriji turbasynyň ýyllyk kuwwatlylygy 10 mlrd m$^3$-e deň bolup, bu desga 1997-nji ýylda ulanmaga berildi.

2009-njy ýylda uzynlygy 7000 kilometrden geçýän Türkmenistan–Hytaý gaz geçirijisi işe girizildi. 2010-njy ýylda işe girizilen, uzynlygy Türkmenistandan Eýrana çenli 30,5 kilometr we ýyllyk kuwwatlylygy 12,5 mlrd m$^3$ bolan Döwletabat–Sarahs–Hangeran gaz geçirijisinden ýylyň dowamynda 6 milliard kubometr gaz eksport edilýär. Onuň geljekde kuwwaty artdyrylar.

Häzirki wagtda dünýä bazaryna türkmen gazyny çykarmagyň ýollary barada uly işler alnyp barylýar. Olardan Türkmenistan–Eýran–Türkiýe–Ýewropa; Türkmenistan–Owganystan–Pakistan–Hindistan ýaly ugurlary görkezmek bolar. Umumy uzynlygy, takmynan, 1735 kilometre deň bolan Türkmenistan–Owganystan–Pakistan–Hindistan gaz geçirijisi üçin Günorta Ýolöten–Osman ýatagy ygtybarly çig mal binýady bolup hyzmat eder.

## § 36. Aragatnaşyk ulgamynyň geografiýasy

Öndüriji güýçleri ösdürmekde we ýerleşdirmekde aragatnaşyk serişdeleriniň örän uly ähmiýeti bar. Aragatnaşyk toplumynyň düzümine poçta, telegraf, telefon aragatnaşyk ulgamlary, telewizion we radio stansiýalary degişlidir. Garaşsyzlyk ýyllarynda Türkmenistanyň ähli welaýatlary häzirki zaman aragatnaşyk serişdesi bolan optiki-süýümli aragatnaşyk kabel magistraly bilen upjün edildi. 1997-nji ýylda Aşgabat–Mary–Türkmenabat, 2003-nji ýylda Aşgabat–Balkanabat–Türkmenbaşy, 2006-njy ýylda Aşgabat–Garagum–Daşoguz aralygynda optiki-süýümli aragatnaşyk kabel magistrallary ulanylmaga berildi. Şeýlelikde, ýurdumyzyň ähli welaýat merkezleri optiki-süýümli kabel magistrallary bilen doly birikdirildi. 1998-nji ýylda internetiň halkara torunyň aragatnaşyk ulgamy Aşgabatda, soňra welaýat merkezlerinde açyldy.

Täze döwürde türkmen telekommunikasiýasyny ýokary derejede ösdürmek we bu ugurda halkymyza edilýän hyzmatyň hilini dünýä ülňülerine laýyk getirmek üçin giň gerimli işler amala aşyrylýar. Bu babatda il-ýurt bähbitli taslamalar durmuşa geçirilýär. Ýerlerde aragatnaşygyň täze stansiýalary we uzelleri, sanly ATS-ler gurulýar. Üstaşyr Aziýa–Ýewropa optika-süýüm aragatnaşyk ulgamy guruldy. Türkmenistanyň çäginde onuň uzynlygy 1400 kilo-

metrdir. Aragatnaşygyň radio, radiorele ulgamy we beýlekiler hereket edýär. Ýurdumyzyň ähli ilatly ýerleri durnukly aragatnaşyk bilen üpjün edildi.

Ilaty telefon aragatnaşygyň hyzmatlary bilen doly üpjün etmek babatynda işler güýçli depginde alnyp barylýar. Diňe 2011-nji ýylda ýerli telefon aragatnaşygy ulgamlarynda umumy sygymy 240 müň belgä deň bolan häzirkizaman telefon stansiýalary guruldy. Umumy uzynlygy 1271 km bolan esasy we zolagiçi süýümli-optiki aragatnaşyk ugurlary guruldy, şonuň netijesinde sanly aragatnaşyk kanallary her bir etrap merkezine ýetirilýär. Paýtagtda ählumumy internet ulgamyna girmek üçin serwer gurlup, ulanylmaga berildi. Türkmenbaşy we Aşgabat şäherlerinde ETS–450 kysymly simsiz radiotelefon stansiýalary guruldy.

Dünýä tejribesinden mälim bolşy ýaly, öýjükli aragatnaşyk torlaryny gurmak tehniki-ykdysady tarapdan örän amatlydyr. Türkmenistanyň telekommunikasiýa toruna öýjükli aragatnaşyk ulgamlary 1994-nji ýylda ornaşdyrylyp başlandy. Şol ýylda ABŞ-nyň «BCTI» korporasiýasy ýurdumyzda analogly öýjükli we hususy radioçagyryş (peýjing) aragatnaşyk ulgamlaryny işe girizdi.

2005-nji ýylda «Altyn asyr» kärhanasynyň esasynda 50 müň belgili milli öýjükli aragatnaşyk tory ulanylmaga tabşyryldy. 2006-njy ýylda Hytaýly hyzmatdaşlaryň gatnaşmagy bilen «Altyn asyr» kärhanasynyň öýjükli aragatnaşyk hyzmatlary giňeldildi. Şonuň netijesinde, Aşgabat şäheriniň we welaýat, etrap merkezleriniň, şäherçeleriň, obalaryň ilaty ýokary tilsimatly öýjükli aragatnaşyk hyzmatlaryndan peýdalanmaga mümkinçilik aldylar.

Türkmenistana gelýän hatlaryň we beýleki bukjalaryň artýandygyny nazara alyp, 1993-nji ýylda «Türkmenpoçta» poçta aragatnaşyk döwlet kompaniýasy döredildi. Türkmenistandan daşary ýurtlara ugradylýan hatlaryň sanynyň barha artýanlygy sebäpli, ýurdumyzyň poçta hojalygy

1993-nji ýylda Bütindünýä poçta birleşiginiň agzalygyna kabul edildi. Bu bolsa örän gysga wagtyň içinde dünýäniň 200-e golaý ýurduna poçta göndermelerini ugratmaga we kabul etmäge mümkinçilik berdi.

Türkmenistanda aragatnaşyk we telekommunikasiýa ulgamyny ösdürmek we kämilleşdirmek döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biri bolup durýar. Häzirki döwürde telekommunikasiýa ulgamlarynyň ähmiýetiniň artýandygyny nazara alyp, Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwründe dünýä ylmynyň we inženerçilik ugrunyň öňdebaryjy gazananlaryny özünde jemleýän bu pudagyň tehniki binýadyny mundan beýläk hem döwrebaplaşdyrmaklyga aýratyn üns berilýär. Aragatnaşyk boýunça ilkinji türkmen emeli hemrasynyň döredilmegi we orbita çykarylmagy göz öňünde tutulýar. Bu emeli hemra telewizion gepleşikleriň görkezilişini täze derejä ýetirer, internete giň zolakly görnüşde aralaşylmagyň ösdürilmegini üpjün eder hem-de kommunikasiýalaryň has kämil we netijeli usullaryna giň ýol açar.

Döwlet dolandyryş edaralarynda maglumatlary beriş ulgamynyň ornaşdyrylmagy, 3G aragatnaşygynyň peýdalanylmagy, hökmany suratda interaktiw tehnologiýalar bilen enjamlaşdyrylýan, doly kompýuterleşdirilen täze bilim edaralarynyň ulanylmaga berilmegi aragatnaşyk pudagyny ösdürmegiň tapawutly aýratynlygy boldy. Şu ýyllarda ýurdumyz internet peýdalanyjylaryň sanyny müňlerçe esse artdyrmak bilen, hakykatdan hem öňe uly ösüş etdi.

2011-nji ýylda Türkmenistanyň Prezidentiniň tabşyrygy boýunça Pudagara elektron resminamalar dolanyşygynyň ýeke-täk ulgamyny döretmegiň birinji tapgyry Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň kärhanalarynyň binýadynda üstünlikli başlanyldy.

Türkmenistanyň Prezidentiniň başlangyjy boýunça paýtagtymyzda ägirt uly desga, beýikligi 211 metre ýetýän,

özboluşly binagärlik keşbi bolan telewizion minara guruldy. Teleradiogepleşikleriň ýazgy edilýän birnäçe studiýalaryny, tehniki enjamlar otaglaryny hem-de medeni tomaşa merkezlerini özünde jemleýän bu telewizion minara Türkmenistany dünýäniň ähli ýerinde tanalýan nyşanasyna öwürýär.

### Amaly iş (Öý işi)

**1.** Atlasdan we beýleki maglumat çeşmelerinden peýdalanyp, Türkmenistanyň hereket edýän we gurulýan demir we awtomobil ýollaryny, nebit we gaz geçirijilerini, deňiz we derýa gämi gatnaw ýollaryny, gämi duralgalaryny, port şäherlerini sudur karta geçirmeli.

**2.** Hasabat maglumatlaryny seljermek esasynda ulag pudaklarynyň ösüşini görkezýän diagrammalary gurmaly.

## § 37. Türkmenistanyň durmuş taýdan ösüşi. Ilatyň durmuş goraglylygynyň üpjün edilişi

Türkmenistanyň Prezidenti hormatly Gurbanguly Berdimuhamedow tarapyndan, durmuş taýdan nazarlandyrylan, türkmen jemgyýetiniň her bir raýatyna amatly ýagdaý döredýän durmuş-ykdysady syýasat alnyp barylýar. Türkmenistanyň raýatlaryna durmuş kepillendirmeleri Türkmenistanyň Baş kanunynyň – Konstitusiýasynyň esasynda üpjün edilýär. Oňa laýyklykda, raýatlaryň zähmet çekmäge, öz islegine görä hünär, kär we iş ýerini saýlap almaga, durmuş üpjünçiliginden peýdalanmaga hukugy bardyr. Häzirki günde Türkmenistanyň ägirt uly möçberlerdäki tebigy we ykdysady mümkinçilikleri halkyň hal-ýagdaýyny ýokarlandyrmaga, durmuş-ykdysady ösüşiň öňdebaryjy görkezijilerine ýetmäge gönükdirilendir.

Türkmenistanda uly möçberde durmuş-medeni ulgamyň desgalarynyň we inženerçilik amatlyklarynyň gurulmagy milletiň saglygyny pugtalandyrmaga ýardam edýär hem-de jemgyýetiň intellektual we medeni mümkinçiliklerini üznüksiz ösdürmek üçin amatly şertleri döredýär. Şunda ösüşiň ykdysady we durmuş jähtleriniň özara işjeň gatnaşygy «Döwlet – adam üçindir!» diýen ýörelgäni has doly häsiýetlendirýän ileri tutulýan ugur bolup durýar. Ýurdumyzyň ähli ýaşdaky raýatlary üçin dünýäniň durmuş ülňülerini kepillendirýän, öňdebaryjy ölçegleriň bitewi durmuş ulgamy döredilýär.

Durmuş syýasaty öňi bilen goldawa we goraga mätäç raýatlara gönükdirilendir. Türkmenistanda durmuş taýdan üpjünçilik – zähmete ukypsyz raýatlara, maýyplara, çagaly maşgalalara we beýleki adamlara maddy taýdan üpjünçiligiň we durmuş hyzmatyny etmegiň pensiýalar, döwlet kömek pullary we durmuş ýeňillikleri bermek görnüşinde tölegler arkaly amala aşyrylýan döwlet ulgamyndan ybaratdyr. Döwlet serişdeleriniň hasabyna köp çagaly maşgalalara, ene-atasyz çagalara, urşa gatnaşyjylara we döwlet ýa-da jemgyýetçilik bähbitlerini goramakda saglygyny ýitirenlere goşmaça goldaw berilýär. 2007-nji ýylyň 1-nji iýulynda güýje giren, «Durmuş üpjünçiligi hakynda» Türkmenistanyň bitewi Kanuny bu babatda esasy maksatnamalaýyn resminamadyr. 2009-njy ýyldan başlap ýanwar aýyndan pensiýalar her ýylda 10% köpeldildi. Çaga doglanda tölenýän kömek puly, çaga seretmek we maýyplyk boýunça kömek pullary ýokarlandy. Çaga seretmek boýunça kömek pulunyň tölenýän dowamlylygy bir ýarym ýyldan üç ýyla çenli artdyryldy. Çagalykdan maýyplar üçin hemaýat pulunyň möçberi bir ýarym esse köpeldildi.

Ýurdumyzda ilata tebigy gazy, benzini, suwy, nahar duzuny, elektrik energiýasyny 2030-njy ýyla çenli mugt bermek saklanyp galyndy. Munisipal ýaşaýyş jaýynda öý tölegi

üçin döwlet tarapyndan ýeňillik berilýär. Hususy ýaşaýyş jaýy üçin salgyt salynmaýar. Ýurduň ilatyna jemgyýetçilik ulaglaryndan peýdalananda baha ýeňillikleri berilýär. Telefon aragatnaşygynyň hyzmatlary üçin abonent tölegleri pes möçberde saklanýar. Baha ýeňilliklerinden başga-da ýurduň ilaty bilim, saglygy goraýyş hyzmatlaryndan mugt peýdalanýar.

Döwlet bar bolan iş ýerlerini döwrebaplaşdyrmak we çalt depginde täze iş orunlaryny döretmek arkaly ýurduň zähmete ukyply ilatyny iş bilen doly üpjün etmek meselesini üns merkezinde saklaýar. Iş bilen doly üpjünçiligi we durmuş kepillendirmeleriniň elýeterliligini amala aşyrmaga niýetlenen ýörite edara – Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrligi döredildi.

Hormatly Prezidentimiziň tagallasy netijesinde ýaşaýyş jaý ulgamynda ägirt uly üstünlikler gazanylýar. Ýaşaýyş jaý gurluşygy ulgamynda ýeňillikli şertleri boýunça ipoteka karzlaşdyrylyşy işjeň amala aşyrylýar. Häzirki wagtda ipoteka karzlaşdyrylyşy kiçi we orta möçberdäki şäherlere, obalara hem girizilýär.

Hormatly Prezidentimiziň alyp barýan syýasatynda ilaty agyz suwy bilen üpjün etmäge aýratyn üns berilýär. Ýurtda «Türkmenistanyň ilatly ýerlerini arassa agyz suwy bilen üpjün etmek boýunça Baş maksatnama» kabul edildi, oňa laýyklykda bu möhüm ulgamda desgalaryň gurluşygy alnyp barylýar.

Şu günki gün ýurduň ähli künjeklerinde düýpli özgertmeleri görüp bolýar. Mary welaýatynda iki ýyldan hem az wagtyň dowamynda abadanlaşdyrylan Altyn sähra etrabynyň Altyn sähra obasy guruldy, bu ýerde çagalar bagy, multimedia tehnologiýa enjamlary gurnalan mekdep, iň täze saglygy goraýyş enjamlary bilen enjamlaşdyrylan Saglyk öýi hem-de hassahana, Medeniýet merkezi ulanylmaga berildi, 20-den gowrak ähli amatlyklary bolan iki gatly kot-

tej-öýler täze ýaşaýjylary kabul etdi. Türkmen obasynyň täze durmuşynyň aýdyň mysaly Hazaryň kenarynda ýerleşen Esenguly şäherçesidir. Türkmenistanlylaryň ýaşaýşyny düýpli gowulandyrmaga niýetlenen şunuň ýaly gerimli özgertmeler Balkan welaýatyndan soň beýleki sebitlerde hem başlandy. Ýüzlerçe maşgalalar, esasan hem, ýaş maşgalalar, täze açylan etraplarda – Daşoguz welaýatynyň Ruhubelent we Lebap welaýatynyň Döwletli etraplarynda täze gurlan, ähli amatlyklary bolan öýlere göçüp bardylar.

## § 38. Durmuş hyzmaty ulgamynyň ösüşi

Durmuş hyzmaty toplumy dürli häsiýetdäki hyzmatlary ýerine ýetirýän pudaklaryň çylşyrymly ulgamy bolup, ýurduň ykdysadyýetiniň çalt depginler bilen ösdürilýän bölegidir.

Hyzmatlar ulgamy ýerine ýetirilýän işleriň görnüşleri, maksady, niýetlenilişi boýunça birnäçe ugra bölünýär:

1. Söwda we durmuş hyzmaty. Bu topluma ownuk söwda we jemgyýetçilik iýmiti kärhanalary, ilata dürli häsiýetdäki durmuş hyzmatlaryny ýerine ýetirýän kärhanalar we edaralar degişlidir.

2. Ilata ýaşaýyş jaý-kommunal hyzmaty (ýaşaýyş jaýlaryna hyzmat edýän, olary abatlaýan, jemagat hojalygy edara-kärhanalary).

3. Ulag we aragatnaşyk hyzmatlary (ilata hyzmat edýän ulag we aragatnaşyk kärhanalary).

4. Medeni-durmuş hyzmatlary (aragatnaşyk, sport hyzmatlary, syýahatçylyk, myhmanhana hyzmaty, teatrlar, medeniýet we sungat edaralary).

5. Ylym we bilim ulgamy (çagalar baglary, umumy bilim berýän, başlangyç, orta we ýokary hünär mekdepleri, ylmy edaralar).

6. Lukmançylyk hyzmatlary we durmuş üpjünçiligi (saglygy goraýyş, sanatoriýa-kurort edaralary, durmuş üpjünçiligi edaralary).

Türkmenistan bazar gatnaşyklarynyň öňdebaryjy dünýä ölçeglerine laýyk gelýän häzirkizaman hyzmat amatlyklaryny döretmäge çalyşýar.

Garaşsyzlyk ýyllarynda söwda we durmuş hyzmaty ulgamy çalt depginler bilen ösdürilýär. Ýurtda söwda we hyzmatlar ulgamynda iri taslamalar durmuşa geçirilýär. 2011-nji ýylda paýtagtyň demirgazygynda ulanylmaga berlen, Orta Aziýada iri merkezleşdirilen söwda toplumy bolan «Altyn asyr» gündogar bazary munuň aýdyň mysaly bolup durýar. Iri bazarlardan we söwda desgalaryndan başga-da, ýurduň köp şäherlerinde häzirkizaman dükanlary we jemgyýetçilik iýmiti kärhanalaryň köp sanlysy açyldy.

Tölegli hyzmatlaryň gurluşynda hökmany häsiýeti bolan hyzmatlaryň, ýagny durmuş, ulag, kommunikasiýa we gaýry hyzmatlaryň agdyklyk edýän orny saklanyp galýar.

Türkmenistanyň Prezidentiniň durmuş syýasatynyň möhüm jähtleriniň biri hem adamyň intellektual we ählitaraplaýyn ösmegi üçin ýokary hilli özgertmeleri amala aşyrmak bolup durýar. Şu maksat bilen, ýurduň ylym-bilim mümkinçilikleri özgerdilýär.

**Bilim.** Bilim ulgamynda Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň başlangyjy we onuň ýolbaşçylygynda geçirilýän özgertmeler döwletiň we jemgyýetiň ählitaraplaýyn ösmeginiň esas goýujy maksatnamalarynyň biridir.

Bilim ulgamy Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň we «Bilim hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň esasynda hereket edýär. Olara laýyklykda döwletiň ähli bilim edaralarynda raýatlaryň ählisine bilim hyzmatlaryny mugt almak kepillendirilýär. Ýurtda gowy terbiýe, mynasyp bilim almak




**29-njy surat. Garaşsyzlyk ýyllarynda bina edilen hassahana**

we bilimiň üznüksizligini üpjün etmek üçin zerur bolan ähli şertler döredilýär.

Bilim ulgamynyň ilkinji basgançagy mekdebe çenli çagalar edaralarydyr. 2012-nji ýylda ýudumyzda 871 sany mekdebe çenli çagalar edaralary hasaba alyndy. Täze döwürde häzirkizaman mekdebe çenli çagalar edaralarynyň gurluşygy ýaýbaňlandyryldy. Döwrebap enjamlaşdyrylan çagalar baglarynyň onlarçasy gurlup, ulanylmaga berildi. Olarda çagalar üçin amatly şertler döredilendir.

Türkmenistanda 2012-nji ýylda umumy bilim berýän 1761 sany orta mekdep hasaba alyndy. Türkmenistanyň orta bilim berýän mekdepleri 2007–2008-nji okuw ýylyndan bäri onýyllyk okuw maksatnamasyna geçirildi. Ýurdumyzda 2013–2014-nji okuw ýylyndan başlap umumy orta bilimiň möhletini 12 ýyla ýetirmek göz öňünde tutulýar.

Täze döwürde Aşgabat şäherinde we her bir welaýatda multimedia tehnologiýasy, sport zallary we meýdançalary

bolan mekdepler gurulýar. Diňe 2012-nji ýylda tutuş ýurt boýunça 33 sany umumyorta bilim berýän mekdepler, 46 sany mekdebe çenli edaralar, 2 sany ýokary okuw mekdepleri açyldy.

Orta mekdeplerde okatmagyň interaktiw usullaryny peýdalanmak we okatmak tejribesinde maglumatlar tehnologiýasyny ulanmak, mugallymlar hem-de okuwçylar üçin elektron okuw kitaplaryny we gollanmalaryny işläp düzmek umumy orta bilim berlişiniň hilini ýokarlandyrmaga ýardam edýär. 2011-nji ýylyň 1-nji sentýabryndan Türkmenistanyň orta umumybilim berýän mekdepleriniň 1-nji synp okuwçylaryna Döwlet Baştutanynyň adyndan ýörite sowgatlar – şahsy kompýuterler gowşurylýar.

Hünär boýunça başlangyç bilim – bu kär öwretmek ulgamynda ilkinji halkadyr we dürli-dürli bilim edaralarynyň (liseýler, kollejler) üsti bilen amala aşyrylýar.

Orta hünär bilimi milli bilim ulgamynyň möhüm halkasynyň biri hasaplanýar we ol orta halkadaky hünär ussatlykly işçileri taýýarlamagy amala aşyrýar. Orta hünär bilim edaralarynyň sany ýyl-ýyldan artýar. 2012-nji ýylda şeýle okuw mekdepleriniň sany 32-ä ýetdi. Täze döwrüň talabyna görä, täze hünärler peýda bolýar, orta hünär mekdeplerinde täze bölümler açylýar, täze kärler öwredilýär.

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň durmuş-ykdysady syýasatynda ýokary bilim ulgamyndaky özgertmeler ileri tutulýar.

Şunuň bilen baglanyşykly, ýokary okuw mekdepleriniň täze binalary gurulýar, welaýatlarda kuwwatly maddy-tehniki binýady bilen abzallaşdyrylan täze institutlar açylýar. 2009-njy ýylda paýtagtda Türkmenistanyň Ulag we aragatnaşyk institutynyň täze häzirki zaman okuw binasy açyldy. 2010-njy ýylda Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersiteti ulanmaga berildi, şeýle-de Mary welaýatynda Türkmenistanyň Döwlet energetika instituty, Daşoguzda

Türkmen oba hojalyk instituty, Türkmenbaşyda Harby-deňiz instituty, paýtagtda Türkmenistanyň Serhet instituty açyldy. Ýokary okuw mekdepleriniň birnäçesinde täze bölümler, täze kafedralar işe girizildi we olarda 30-dan gowrak täze hünärler öwredilip başlandy. 2011-nji ýylda Türkmen Döwlet maliýe instituty, 2012-nji ýylda Türkmen döwlet nebit we gaz instituty we Türkmen döwlet gurluşyk we binagärçilik instituty döredildi. Eger-de, 2006-njy ýylda ýurdumyzda 16 sany Ýokary okuw mekdepleri bolan bolsa, 2012-nji ýylda olaryň sany eýýäm 23-e ýetirildi. Bu ýokary okuw mekdeplerinde okaýan talyplaryň sanynyň ýyl-ýyldan köpelýändigininiň subutnamasydyr.

2011-nji ýylda Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň täze binasynyň toplumynyň we Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň geografiýa bölüminiň dabaraly açylyşy boldy.

Şol ýylda Ykdysadyýet «şäherçesiniň» çäginde 3 müň talyby okatmaga niýetlenen Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynyň jaýy, Medeniýet «şäherçesiniň» desgalarynyň hatarynda Türkmen döwlet medeniýet institutynyň jaýy guruldy. 2012-nji ýylda Türkmenistanyň Milli sport hem-de syýahatçylyk institutynyň, Türkmen döwlet nebit we gaz institutynyň täze binalary gurlup, ulanylmaga berildi.

Türkmenistanyň Prezidentiniň Bilim syýasatynda öňdebaryjy daşary ýurtlaryň ýokary okuw mekdepleri we ylmy merkezleri bilen hyzmatdaşlygy ýola goýmaklyga uly ähmiýet berilýär. Meselem, ýaşlaryň müňlerçesi daşary ýurtlara okuwa iberilýär. Öz nobatynda Türkmenistanyň ýokary okuw mekdeplerinde Owganystan, Eýran, Hytaý, Türkiýe ýaly doganlyk ýurtlaryň we beýleki ýurtlaryň ýaşlaryna okap bilim almaga mümkinçilik döredilýär, bu bolsa öz gezeginde halkara gatnaşyklaryny has-da berkitmäge mümkinçilik berýär.

**Ylym.** Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň döredilmegi gysga wagtyň içinde ylmy ulgamy çynlakaý özgertmäge, täze ylmy-barlag institutlaryny açmaga mümkinçilik berdi.

Ýokary okuw mekdepleriniň we ylmy-barlag edaralarynyň ýanynda aspiranturalar, doktoranturalar we ordinaturalar açyldy. Ylymlar akademiýasynyň edaralarynyň ulgamy has kämilleşdirildi. Häzirki wagtda Ylymlar akademiýasynyň ulgamynda 11 sany ylmy-barlag instituty işleýär.

**Häzirki zaman saglyk we dynç alyş ulgamlary.** Şu günki gün ýurduň saglygy goraýyş pudagy 1995-nji ýylda kabul edilen «Saglyk» Döwlet maksatnamasyny işläp düzmegiň gözbaşynda duran Türkmenistanyň Prezidentiniň ýolbaşçylygynda ösdürilýär. Bu Maksatnamada ýurduň saglygy goraýyş ulgamyny guramagyň we ony mundan beýläk ösdürmegiň anyk we esasy ýörelgeleri öňde goýuldy.

«Saglyk» maksatnamasyny durmuşa geçirmegiň çäklerinde diňe soňky 5 ýylyň dowamynda ýurdumyzda onlarça täze saglyk edaralary gurlup, ulanylmaga berildi. Olara Aşgabat şäherinde gurlan Onkologiýa ylmy-bejeriş merkezi, Kelle we boýun kesellerini bejeriş boýunça halkara merkezi, Ýokanç keselleri müdiriýetiniň düzümine girýän saglyk edaralary, Göz kesellerini bejeriş halkara merkezi, Şikesleri bejeriş halkara merkezi, Gökdere jülgesindäki 500 orunlyk Çagalar sagaldyş merkezi, Maryda, Türkmenabatda, Daşoguzda, Balkanabatda, Gökdepede gurlan «Ene mähri» enäniň we çaganyň saglygyny goraýyş merkezleri, etraplarda gurlan köpugurly hassahanalary, saglyk öýleri degişlidir.

2011-nji ýylda Türkmenistanda 13,2 müň sany ýokary bilimli lukman, 33 müň sany orta saglygy goraýyş işgärleri hasaba alyndy. Ýurdumyzda 26 sany saglyk öýleri, 124 sany hassahana hereket edýär.

Obalarda hem saglygy goraýyş ulgamynda düýpli özgerişlikler bolup geçdi. Welaýatlarda onlarça saglyk merkez-

leriniň, şäher we etrap saglyk öýleriniň gurluşygy alnyp barylýar. Öňdebaryjy saglyk enjamlary bilen abzallaşdyrylan we näsaglary kesellerden doly saplamaga niýetlenen köp ugurly we ýöriteleşdirilen hassahanalar döredilýär.

Meýletin saglygy ätiýaçlandyryş ulgamy Türkmenistanyň ilatyna dermanlary we saglyk maksatly önümleri öz bahasyndan 90% arzan satyn almaga şert döredýär. Tölegli saglyk hyzmatlary bolsa 50% ýeňillikli berilýär. Mundan başga-da Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň şypahanalaryna we dikeldiş edaralaryna ýollaýyşnamalar öz bahasyndan 50% arzan berilýär.

Köp ugurly saglyk hyzmatlaryny edýän şypahanalary, dikeldiş merkezlerini ösdürmeklige hem uly üns berilýär.

Dünýädäki meşhur «Gallup» kompaniýasynyň geçiren barlaglarynyň maglumatlaryna görä, Türkmenistan bagtlylygynyň Halkara reýtingi boýunça 155 ýurduň arasynda 18-nji orny, Aziýa sebitiniň ýurtlarynyň arasynda bolsa 2-nji orny eýeledi. Dünýä sosiologiki barlagynyň esasy soraglarynyň biri-de tutuşlygyna alanyňda adamyň saglyk ýagdaýydyr. Türkmenistanyň bu görkezijisi boýunça ýokary derejä eýe bolmagy – «Saglyk» Döwlet maksatnamasynyň üstünlikli durmuşa geçirilmeginiň subutnamasydyr.

**Bedenterbiýe we sport.** Türkmenistanda bedenterbiýäni we sporty ösdürmeklige uly üns berilýär. Bular milletiň saglygyny berkitmekde, berk bedenli we ruhy taýdan sagdyn ýaş nesli ösdürip ýetişdirmekde ileri tutulýan ugurlar hasaplanýar. Döwletiň bu ulgamy ösdürmekdäki aladasyna soňky döwürde ýurduň ähli welaýatlarynda täze onlarça sport desgalarynyň, stadionlaryň, sport toplumlarynyň we sport mekdepleriniň gurulmagy doly şaýatlyk edýär. Täze mekdepleriň, ýaşaýyş jaýlarynyň gurluşygy taslananda bu ýerlerde sport bilen meşgullanmak üçin en-

jamlaşdyrylan zallaryň, howuzlaryň we meýdançalaryň gurulmagyna uly ähmiýet berilýär.

Aşgabatda Orta Aziýadaky iň uly sport desgalar toplumy – Olimpiýa şäherçesi gurulýar we onuň düzümine otuza golaý desganyň girmegi, ýurdumyzyň türgenleriniň we ýygyndy toparlarynyň sportuň dürli görnüşleri boýunça bäsleşiklere, şol sanda Olimpiýa oýunlaryna gatnaşmaga taýýarlanmaklary üçin esasy binýat bolar.

Häzirki wagtda ýurdumyzyň welaýatlarynyň her birinde häzirkizaman stadionlary, sport toplumlary, aýlawlar ulanmaga berildi. Türkmenistanda atçylyk sporty güýçli depginler bilen ösýär.

**Syýahatçylyk.** Türkmenistanyň baý tebigy şertleri şypahana-sagaldyş hyzmatlaryny çalt depginlerde ösdürmeklige uly mümkinçilikleri döredýär. Syýahatçylygy ösdürmekde Hazar deňziniň kenarýaka zolaklary we Türkmenistanyň hormatly Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň «Awaza» Milli syýahatçylyk zolagynda dünýä derejesindäki deňiz şypahanasyny döretmek hakyndaky başlangyjy uly ünsi çekýär. Bu pudagyň öňünde goýlan wezipeleri çözmegiň toplumlaýyn innowasion çemeleşmesiniň aýdyň mysalydyr. Geljekde «Awaza» ulag, azyk iýmitleri kärhanalaryny, tomaşa çärelerini, syýahatçylyk görkezişleriň desgalaryny, sport meýdançalaryny we beýleki desgalary öz içine alýan ilkinji häzirkizaman ösen amatlyklara eýe bolan syýahatçylyk desgalarynyň toplumy bolar.

«Awaza» Milli syýahatçylyk zolagynyň ösmegi bilen, daşary ýurtly myhmanlaryň beýleki, ilkinji nobatda hem, Türkmenistanyň çäginden daşarda tanalýan şypaly çeşmeleri we bejeriji palçyklary bolan (Mollagara, Arçman, Baýramaly, Ýyly suw, Farap we beýleki şypahanalar), häzirki zaman enjamlary bilen abzallaşdyrylan we öz amatlyklary boýunça dünýä standartlaryndan pes bolmadyk dynç alyş merkezlerine gyzyklanmagy has-da artar.

Hazirki günde ýurtda ilata dünýä derejesinde köp görnüşli hyzmatlary edýän özboluşly bejeriş-dikeldiş edaralary, dynç alyş öýleri, saglygy dikeldiş merkezleri hereket edýär.

Türkmenistanyň taryhy wakalara baý we gaýtalanmajak tebigy özboluşlylygy bilen tapawutlanýan topragy syýahatçylygy giňden ösdürmek we bu ugurda biziň ýurdumyzyň halkara at-abraýyny yokarlandyrmak üçin ajaýyp mümkinçilikleri döredipdir.

**Medeniýet we sungat.** Täze döwürde Türkmenistanyň döwlet syýasatynda medeniýet we sungat ulgamyny ösdürmeklige uly üns berilýär.

Döwlet medeniýeti we sungaty ösdürmeklige uly möçberdäki serişdeleri gönükdirýär.

Türkmen halkynyň örän baý medeni mirasyny bütin dünýäde giňden ýaýratmakda muzeýlere aýratyn orun degişlidir. Şu günki günde Türkmenistanda onuň paýtagtynda we ýurduň beýleki oba-şäherlerinde ýerleşýän muzeýleriň 35-isi hereket edýär. 2010-njy ýylda Maryda taryhy ülkäni öwreniş muzeýi açyldy, 2011-nji ýylda bolsa, şeýle muzeýler Daşoguzda, Türkmenabatda we Balkanabatda açyldy. Türkmenistanyň Baş milli muzeýiniň düzüminde üç bölüm döredildi.

Ýurtda dürli kysymly we döredijilik ugurly teatrlaryň 10-sy işleýär. Şolaryň altysy paýtagtda, galanlary bolsa welaýat merkezlerinde ýerleşýär.

Türkmenistanlylaryň medeni we ruhy durmuşyndaky esasy orunlaryň birini hem kitaphanalar tutýar. Ýurduň esasy kitap gaznasy (10 mln çap sahypadan gowrak) Türkmenistanyň Medeniýet ministrliginiň garamagynda saklanýar.

Ýurtda täze döwrüň talabyna we bu ugurda häzirki zamanyň gazananlaryna laýyklykda, çap-neşir işlerini ösdürmeklige uly ähmiýet berilýär. Häzirki wagtda neşir işleri

gönüden-göni bilim ulgamyny özgertmek, ýokary hünärli işgärleri taýýarlamak täze döwürde jemgyýetiň täze ideologiýasyny döretmek wezipesi bilen baglydyr.

!?!

**Soraglar we ýumuş**

**1.** Türkmenistanda ilata nähili durmuş ýeňillikleri berilýär?

**2.** Durmuş hyzmaty ulgamy haýsy pudaklara bölünýär?

**3.** Hasabat we döwürleýin neşirleriň maglumatlary esasynda Türkmenistanda bilim ulgamynyň ösüşi barada habarnama taýýarlamaly.

## § 39. Türkmenistanyň daşary ykdysady gatnaşyklarynyň geografiýasy

Ýurduň dünýä hojalygyna birikmegi, daşary ykdysady gatnaşyklaryň çuňlaşmagy, halkara zähmet bölünişiginiň artykmaçlyklaryndan netijeli peýdalanmak – garaşsyz döwletiň berkemeginiň esasydyr. Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan täze döwürde parahatçylykdan, dostluk-doganlykdan gözbaş alýan daşary syýasaty, daşary ýurtlar bilen özara bähbitli hyzmatdaşlygy ösdürmäge berýän ägirt uly ünsi bilen dünýä jemgyýetçiligini gyzyklandyryp gelýär.

Daşary ykdysady hyzmatdaşlygy ösdürmekde Türkmenistan öz hemişelik Bitaraplygynyň halkara hukuk derejesinden ugur alýar.

Türkmenistan amatly geografiki ýerleşişi taýdan Ýewropany Orta Aziýa, Hytaý, Ýaponiýa bilen birleşdirýän köp bolmadyk döwletleriň biridir. Onuň çägini Beýik Ýüpek ýoluny häzirkizaman görnüşinde dikelden Ýewraziýa demir ýolunyň kesip geçmegi, şeýle-de «Demirgazyk-Günorta» demir ýolunyň gurulmagy ýurdumyzyň ulag-geografik we geosyýasy ýerleşişiniň amatlylygyny has-da artdyrýar

we daşary ykdysady gatnaşyklary üçin uly mümkinçilikler döredýär.

Ýurdumyzyň geoykdysady taýdan amatly ýerleşýändiginden başga-da, syýasy durnuklylyk, yzygiderli durmuş-ykdysady ösüş, telekeçilere we kompaniýalara berilýän ençeme ýeňillikler we artykmaçlyklar, maýa goýumlarynyň ygtybarlylygyny we netijeliligini üpjün edýän beýleki şertler Türkmenistanyň ykdysadyýetine daşary ýurt maýasyny goýmaga möhüm şertler bolup durýar.

Türkmenistanyň daşary syýasatynyň baş ugry türkmen döwletiniň halkara işlerine gatnaşmagynyň derejesiniň we geriminiň mundan beýläk-de giňelmegi bilen häsiýetlendirilýär. Dünýäniň ähli döwletleri we halkara guramalary Türkmenistanyň Prezidentiniň alyp barýan «Açyk gapylar» syýasatyny we möhüm başlangyçlaryny goldaýarlar. Çünki, Türkmenistan özüniň hoşniýetli halkara syýasatyny adamzadyň öňünde duran möhüm meseleleri çözmäge gönükdirýär. Türkmenistan özüniň ägirt uly tebigy baýlyklaryny, ykdysady kuwwatyny, amatly ulag-geografik ýerleşişiniň mümkinçiliklerini ýurtlaryň we sebitleriň parahatçylykly ýaşamagyna, söwda-ykdysady we medeni-gumanitar aragatnaşyklaryň ösmegine gönükdirýär.

Türkmenistanda daşary ykdysady gatnaşyklaryň ähli ugurlary utgaşykly ösdürilýär. Ýöne onuň düzüminde daşary söwdanyň ähmiýeti has uludyr. Garaşsyzlygyň ilkinji ýyllaryndan başlap ýurdumyzda daşary söwda gatnaşyklary giň gerimde ösdürildi. Türkmenistanyň eksportynyň esasy häsiýetli aýratynlygy, onuň düzüminde tebigy gazyň daşary ýurtlara çykarylmagynyň agdyklyk etmegidir. Täze döwürde Türkmenistanyň eksportynyň düzümini kämilleşdirmek, onda taýýar önümleriň paýyny ýokarlandyrmak boýunça düýpli işler geçirildi.

Ýurduň eksportyny diwersifikasiýalaşdyrmak meselesi wajyp wezipe hasaplanýar. Sebäbi Türkmenistan diňe bir




**30-njy surat. Türkmenistanda daşary söwdanyň ösüşi**

ýangyç-energetika toplumyny ösdürmek bilen çäklenmän, ösen tehnologiýalar bilen enjamlaşdyrylan gaýtadan işleýän senagat, agrosenagat toplumyny ýokary derejede ösdürmäge çalyşýar. Bu bolsa şol pudaklarda öndürilýän önümleriň hiliniň ýokary bolmagyny we olaryň dünýä bazarlarynda bäsleşige ukyplylygyny üpjün eder.

Täze döwürde Türkmenistanda daşary ykdysady gatnaşyklary giňeltmek we çuňlaşdyrmak boýunça uly çäreler durmuşa geçirilýär. Häzirki wagtda Türkmenistan dünýäniň 96 döwleti bilen daşary ykdysady gatnaşyklary alyp barýar. Ýurdumyzyň daşary söwda dolanyşygy 2011-nji ýylda 28,2 milliard amerikan dollaryna barabar boldy. 2000–2011-nji ýyllarda ýurduň eksportunyň möçberi 11 esseden gowrak, importynyň möçberi bolsa 6 esse ýokarlandy (*30-njy surat*).







**31-nji surat. Türkmenistanda daşary söwdanyň görkezijileri (2011-nji ý.)**

Daşary ýurtlara çykarylýan harytlaryň düzümi, ýurduň halk hojalygynyň ýöriteleşişi hem-de olary ugratmagyň mümkinçilikleri bilen baglanyşyklydyr. Türkmenistanyň daşary ýurtlara çykarýan harytlarynyň düzüminde tebigy gaz, nebit we nebiti gaýtadan işlemegiň önümleri, polimer materiallary, pagta süýümi we dokma önümleri agdyklyk edýär. 2011-nji ýylda Türkmenistanyň eksportynyň 93%-ine golaýyny ýangyç-energetika toplumynyň önümleriniň, şol sanda 64,6 %-i tebigy gazyň paýyna düşdi. Ýurduň çäginden daşary çykarylýan harytlaryň galan bölegini pagta süýümi, nah mata, azyk senagat önümleri, buýanyň köki we ekstrakty, mal önümleri we beýlekiler düzdüler.

2011-nji ýylda Türkmenistanyň importynyň 27,4%-den gowragy maşynlaryň, enjamlaryň we mehanizmleriň, 8,9%-i ulag serişdeleriniň, 42%-i çig mallaryň we materiallaryň, 7,2%-i azyklyk harytlaryň, 14,5%-i azyk däl harytlaryň paýyna düşdi (*31-nji surat*). Türkmenistanyň importynda Türkiýe, Hytaý, Russiýa, Birleşen Arap Emirlikleri, Eýran, Günorta Koreýa, Belarus, ABŞ döwletleri öňdäki hatarlarda durýar. Şol bir wagtda ýurdumyzyň importynyň düzüminde tehnologiýalaryň, enjamlaryň we ulag serişdeleriniň artýanlygy sebäpli Ýewropa ýurtlarynyň tutýan paýy hem ýylsaýyn ýokarlanýar. 2011-nji ýylda Türkmenistanyň eksport harytlarynyň esasy bölegi Eýran, Hytaý, Russiýa, Italiýa, Gruziýa, şeýle-de Türkiýe, Owganystan ýaly döwletleriň paýyna düşdi. Ýakyn ýyllarda türkmen gazynyň hasabyna ýurdumyzyň Hytaý we Eýran döwletleri bilen eksportyň görkezijisi has-da artar.

Ýurdumyzda halkara ykdysady gatnaşyklaryň daşary söwdadan başga-da tehnologik alyş-çalyş, işçi güýjüniň hereketi, daşary ýurt maýa goýumlary, halkara ykdysady integrasiýa, halkara syýahatçylygy ýaly görnüşleri ösdürilýär. Tehnologiki alyş-çalyş gatnaşyklary ylym we ylmy-tehniki boýunça halkara guramalaryň hyzmatdaşlygyny, ylmy-teh-

niki we önümçilik taýdan kooperirlenmegi, tehnikany we dürli kysymly senagat enjamlaryny edinmegi, ygtyýarnama ylalaşyklaryň şertleri esasynda oýlap tapyşlary we beýlekileri öz içine alýar. Tehnologik alyş-çalşyň sanalyp geçilen görnüşlerinden käbiri, hususan-da, daşary ýurt tehnikasy we tehnologiýasy esasynda bilelikdäki kärhanalary döretmek has giňden ýaýrandyr.

Häzirki zaman şertlerinde daşary ýurtlaryň işçi güýjüni çekmek önümçiligi ösdürmegiň amatly görnüşleriniň biri bolup durýar. Bu, esasan-da, ýokary hünärli işçi we hünärmen ýetmezçilik edýän pudaklar üçin netijelidir. Şonuň üçin ýurdumyzyň täzeden döredilýän senagat, oba hojalyk, ulag we beýleki pudaklarynyň kärhanalarynda daşary ýurtly (Türkiýe, Russiýa, Hytaý, Ukraina, Belarussiýa, Eýran, Ýaponiýa we beýleki ýurtlardan) hünärmenler ýerli ilat bilen bilelikde işleýärler.

Daşary ýurt maýalaryny çekmek Türkmenistanyň hojalygynyň ileri tutulýan ugurlary bolan ýangyç-energetika toplumynyň pudaklary, mineral çig mallary gaýtadan işleýän, ýeňil we azyk senagatlary üçin has möhümdir. Halkara ykdysady gatnaşyklarynyň bu ugruna mysal edip Türkmenbaşynyň nebiti gaýtadan işleýän toplumynyň durkunyň täzelenmegini, onuň düzüminde täze önümçilikleriň döredilmegini görkezmek bolar. Oňa Germaniýanyň, Türkiýäniň, Ýaponiýanyň, Eýranyň we beýleki ýurtlaryň iri kompaniýalary maýa goýdular. Häzirki wagtda nebitgaz pudagynda Malaýziýanyň, Türkiýäniň, Hytaýyň, Birleşen Arap Emirlikleriniň, Günorta Koreýanyň we beýleki ýurtlaryň dünýä belli kompaniýalary bilen bilelikde uly taslamalar durmuşa geçirilýär. Halkara ykdysady gatnaşyklarynyň iň ýokary derejeleriniň biri ýurduň halkara ykdysady birleşmelerine girmegidir.

Ýurduň örän köp dürli tebigy, howa we bejeriş-sagaldyş baýlyklary, şeýle-de halkyň taryhy, milli we medeni mirasy

Garaşsyz Türkmenistanda halkara syýahatçylygyny ösdürmek üçin giň mümkinçilikleri döredýär.

Türkmenistanyň meýdan-çäginde uly syýahatçylyk ähmiýeti bolan, iň gadymy parfiýanlaryň, seljuklaryň höküm süren döwrüne degişli taryhy ýadygärlikler, örän täsin tebigy ýadygärlikler (Garlyk gowaklary, dinozawrlaryň yzlary, dag üsti tekiz belentligi we başgalar) ýerleşýär. Bu bolsa geljekde halkara syýahatçylygyny ösdürmäge şertler döredýär.

Türkmenistan halkara syýahatçylyk ugurlarynyň merkezinde ýerleşip, dünýäniň 50-den gowrak, şol sanda ABŞ, Fransiýa, Germaniýa, Türkiýe, Eýran we beýleki ýurtlaryň syýahatçylaryny özüne çekýär. Ýurdumyza gelýän syýahatçylaryň sany barha artýar. 2011-nji ýylda 2000-nji ýyl bilen deňeşdirilende ýurdumyza gelen daşary ýurtly syýahatçylaryň sany 2,7 esse artdy. Şol bir wagtyň özünde Türkmenistandan başga ýurtlara gidýän syýahatçylaryň sany-da artýar.

Häzirki wagtda hormatly Prezidentimiziň başlangyjy bilen Hazar deňziniň kenarynda «Awaza» Milli syýahatçylyk zolagy döredilýär. Bu bolsa geljekde ýurdumyzda ykdysadyýetiň girdejili, möhüm pudagy bolan syýahatçylygy mundan beýläk-de ösdürmeklige ýardam eder.

!?!

## Soraglar we ýumuş

**1.** Türkmenistanda daşary ykdysady gatnaşyklaryň haýsy ugurlary ösdürilýär?

**2.** Ýurdumyzyň eksportynyň düzüminde haýsy harytlar agdyklyk edýär?

**3.** Daşary söwda-da Türkmenistanyň esasy hyzmatdaşlary haýsylar?

**4.** Hasabat we döwürleýin neşirleriň maglumatlary esasynda Türkmenistanyň daşary ykdysady gatnaşyklarynyň haýsy hem bolsa bir ugry boýunça habarnama taýýarlamaly.

VI bap

# Türkmenistanyň durmuş-ykdysady sebitlere bölünişi

## §40. Durmuş-ykdysady sebitleri (raýonlary) bölmekligiň ýörelgeleri

Ýurduň durmuş we ykdysady taýdan ösüşini, hojalygyň territorial ýerleşişini aýry-aýry bölekler boýunça öwrenmek, şol esasda onuň häsiýetli aýratynlyklaryny ýüze çykarmak, ösüşiniň geljekki ähmiýet berilýän ugurlaryny kesgitlemek iňňän zerur bolup durýar. Bu ugurda ýurdy durmuş-ykdysady sebitlere bölmegiň ähmiýeti uludyr. Döwletiň çägini durmuş-ykdysady sebitlere bölmek – bu ykdysady we durmuş geografiýanyň esasy ylmy-barlag ugurlarynyň biridir.

Ýurduň dürli bölekleri biri-birinden tebigy we ykdysady şertleri boýunça tapawutlanýarlar. Olaryň birinde ykdysadyýet uly möçberli we köpdürli tebigy baýlyklaryň esasynda döreýän bolsa, beýlekilerinde oba hojalygy ösdürilýär. Bir welaýatda oba hojalygy ösdürmek bilen gaz senagaty utgaşdyrylýar. Käbir ýerlerde gazyp alma senagatyny, kurort we dynç alyş pudagyny ösdürmäge mümkinçilik bolýar.

Bir ýa-da birnäçe senagat önümlerini öndürmäge, hyzmatyň bellibir ugurlaryny ýerine ýetirmäge ýöriteleşmek bilen ýurduň beýleki welaýatlaryny, etraplaryny üpjün edýär, ýerine bolsa özüne ýetmeýän zatlary alýar. Şeýlelikde, zähmetiň netijesiniň alyş-çalşygy bolup geçýär.

Ýurduň aýry-aýry territoriýalarynyň arasynda zähmetiň şeýle bölünişine geografik ýa-da territorial bölüniş diýilýär. Zähmetiň geografik bölünişigi aýry-aýry territoriýalaryň hojalyk ýöriteleşişini aňladýar, bu bolsa ýurtda jemgyýetçilik zähmetini tygşytlamaga, onuň öndürijiligini ýokarlandyrmaga mümkinçilik berýär.

Meýdan-çägiň ýöriteleşişi taryhy taýdan döreýär we uzak wagtlap saklanýar. Hojalygyň ösüşine baglylykda ýöriteleşiş üýtgäp biler. Meselem, Günorta Türkmenistan durmuş-ykdysady sebiti geçen asyryň 70-nji ýyllarynda tebigy gazyň uly gorlarynyň açylmagy bilen gaz çykaryş, elektroenergetika, mineral dökünleri öndürmäge ýöriteleşýär.

Zähmetiň geografik bölünişiniň netijesinde biri-birinden öz hojalyk ýöriteleşişi boýunça tapawutlanýan durmuş-ykdysady sebitler döreýär.

Durmuş-ykdysady sebit – bu beýlekilerden hojalygyň ýöriteleşişi, ykdysadyýetiň toplumlaýyn ösüş aýratynlyklary, özboluşly geografik ýerleşişi, tebigy we zähmet baýlyklary bilen tapawutlanýan territoriýalardyr.

Türkmenistanda her bir welaýatyň özboluşly zähmet bölünişigi bar. Meselem: Ahal welaýaty tebigy gaz çykarmaklyga, pagtaçylyga we däneçilige ýöriteleşýär. Balkan welaýatynyň hojalygynda nebitgaz senagaty, nebit-himiýa, maldarçylyk esasy orun tutýar. Daşoguz welaýatynyň ykdysadyýetinde oba hojalygy we oba hojalyk önümlerini gaýtadan işleýän pudaklar tapawutlanýar. Lebap welaýatynda nebitgaz senagaty, azyk we ýeňil senagat pudaklary, ekerançylyk pudaklary hojalygyň ýöriteleşiş ugurlary hasaplanýar. Mary welaýatynda gaz çykaryş, elektroenergetika, himiýa senagaty, pagtaçylyk, däneçilik we dowardarçylyk ugurlary has ösendir.

Ykdysady sebitleriň ýöriteleşişini 3 sany görkeziji boýunça kesgitleýärler:

1. Durmuş-ykdysady sebitleriň ýöriteleşen pudagynyň şol sebitiň umumy önüminde tutýan orny (udel agramy) ähli öndürilýän önümiň 50 %-inden ýokary bolmaly.

2. Durmuş-ykdysady sebitiň ýöriteleşen pudagynyň öndürýän önüminiň bellibir bölegi beýleki sebitlere, döwletlere çykarylmalydyr, haryt häsiýetli bolmalydyr. Eger ýöriteleşen önüm ykdysady sebitiň daşyna çykarylmasa, ol diňe ýerli ähmiýetli (lokal) ykdysady sebit bolýar.

3. Durmuş-ykdysady sebitiň ýöriteleşen pudagynyň önüminiň jan başyna düşýän derejesi beýleki ykdysady sebitleriňkiden ýokary bolmalydyr.

Ýurdumyzyň welaýatlarynyň (durmuş-ykdysady sebitleriniň) senagat önümçiligi boýunça ýöriteleşişini 3-nji tablisadan aýdyň görmek bolýar.

*3-nji tablisa*

**Türkmenistanyň welaýatlary boýunça senagat önümçiliginiň pudaklaýyn düzümi, %-de (2011-nji ýyl)**

| | Aşgabat | Welaýatlar | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|
| | | **Ahal** | **Balkan** | **Daşoguz** | **Lebap** | **Mary** |
| **1** | **2** | **3** | **4** | **5** | **6** | **7** |
| Ähli senagat | 100 | 100 | 100 | 100 | 100 | 100 |
| Şol sanda: Elektrik energetikasy | 9,9 | 0,3 | 0,1 | 0,8 | 0,2 | 0,3 |
| Ýangyç | – | 74,9 | 85,5 | – | 86,2 | 67,7 |
| Şol sanda: Nebit çykarýan | – | – | 30,6 | – | 0,2 | – |
| Nebiti gaýtadan işleýän | – | – | 30,9 | – | 6,7 | – |
| Gaz çykarýan | – | 74,9 | 27,0 | – | 79,3 | 67,7 |
| Maşyngurluşygy we metal işläp bejerýän | 15,1 | 0,2 | 11,0 | 2,4 | 0,3 | 0,8 |

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 |
|---|---|---|---|---|---|---|
| Himiýa senagaty | 9,2 | 1,7 | 0,3 | 0,3 | 0,6 | 1,0 |
| Gurluşyk materiallary senagaty | 4,2 | 4,2 | 0,8 | 2,5 | 0,5 | 1,1 |
| Ýeňil | 16,9 | 10,4 | 1,2 | 39,1 | 5,1 | 12,6 |
| Şol sanda: Dokma | 8,0 | 8,6 | 0,8 | 26,6 | 3,9 | 0,6 |
| Tikin | 8,7 | 1,6 | 0,4 | 12,5 | 1,2 | 1,9 |
| Gön, sütükli deri we aýakgap | 0,2 | 0,2 | – | – | – | – |
| Azyk | 33,4 | 6,8 | 1,0 | 54,1 | 6,8 | 16,2 |
| Şol sanda: Azyk-tagam | 30,6 | 5,7 | 0,7 | 45,5 | 5,1 | 12,9 |
| Et we süýt | 1,9 | 0,8 | 0,3 | 5,6 | 1,1 | 2,7 |
| Däne üweýän we ýarma | 0,9 | 0,8 | – | 3,0 | 0,6 | 0,6 |
| Beýlekiler | 11,3 | 1,5 | 0,1 | 0,8 | 0,3 | 0,3 |

Ykdysady sebitiň emele gelmeginde möhüm şertleriň biri-de onuň ýurtda hereket edýän dolandyryş-çäk bölünişiniň ýörelgelerinden ugur alynmagydyr. Durmuş-ykdysady sebitiň düzümine girýän etraplar we hojalyk ulgamlary welaýatlary dolandyryş ulgamy tarapyndan edara edilýär. Munuň özi durmuş-ykdysady sebitler bilen dolandyryş-çäk bölünişiniň bir bitewi sistemadygyny subut edýär.

Ýokarda görkezilen faktorlaryň täsirini nazara alyp häzirki wagtda Türkmenistany 5 sany durmuş-ykdysady sebite bölmek bolýar: Günbatar Türkmenistan, Ahal, Günorta Türkmenistan, Gündogar Türkmenistan, Demirgazyk Türkmenistan sebitleri. Ykdysady sebitleriň ady şol ýerleriň

geografiki ýerleşişi bilen baglanyşyklydyr. Ýurdumyzyň paýtagty Aşgabat şäheri öz ykdysady we sosial potensialy boýunça beýleki şäherlerden has tapawutlanýar. Şonuň üçin ol aýratyn subýekt hökmünde seredilýär.

Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwründe ykdysady sebitleri ösdürmek meselelerine uly üns berilýär. Ýurt Baştutanymyzyň durmuş-ykdysady syýasatynyň möhüm ugurlarynyň biri ýurdumyzyň sebitleriniň gyradeň ösüşini gazanmakdyr.

Hormatly Prezidentimiziň sebit syýasaty her bir welaýatyň tebigy, durmuş we ykdysady mümkinçiliklerini nazara almak bilen, ýurdumyzyň welaýatlaryny durmuş-ykdysady taýdan mundan beýläk-de ýokary depginde ösdürmäge gönükdirilendir. Umuman, ykdysady görkezijiler Türkmenistanyň sebitleriniň ýokarlandyrylan ösüşiniň üpjün edilýändigini görkezýär. Aýry-aýry welaýatlar boýunça bolsa jemi sebitleýin önümiň ösüş depginleri Türkmenistan boýunça emele gelen derejeden hem ýokarydyr.

Welaýatlarda ilaty iş bilen üpjün edýän ýokary zähmet sygymly önümçilik pudaklary ösdürilýär. Ilatyň jan başyna düşýän jemi sebitleýin önüm yzygiderli ýokarlanýar, bu babatda sebitler boýunça aratapawutlar azalýar. Bu syýasat «Türkmenistanyň Prezidentiniň obalaryň, şäherçeleriň, etrapdaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini özgertmek boýunça 2020-nji ýyla çenli döwür üçin Milli maksatnamasynda» hem-de welaýatlary we Aşgabat şäherini senagat taýdan ösdürmegiň maksatnamalarynda hem öz beýanyny tapýar. Muňa mysal edip, Hazar deňziniň ýakasyndaky Esenguly hem-de Balkan welaýatynyň Bereket, Serdar şäherleriniň, Belek şäherçesiniň, Ahal welaýatynyň Ak bugdaý etrabynyň Berkarar (öňki Babadurmaz), Mary welaýatynyň Baýramaly etrabynyň Bagtyýarlyk (öňki Üçajy) şäherçeleriniň

abadanlaşdyrylmagyny, Magdanly-Garlyk sebitiniň tebigy serişdelerini toplumlaýyn özleşdirilmegini, tarp ýerleriň täzeden dikeldilmegini görkezmek bolar.

!?!

## Soraglar

**1.** Durmuş-ykdysady sebitleriň döremegi haýsy faktorlar bilen baglanyşykly?

**2.** Türkmenistanyň welaýatlary haýsy ugurlar boýunça ýöriteleşýärler?

**3.** Türkmenistanyň Prezidenti hormatly Gurbanguly Berdimuhumedow nähili sebit syýasatyny alyp barýar?

# Türkmenistanyň ykdysady-durmuş sebitleri

## Günbatar Türkmenistanyň durmuş-ykdysady sebiti (Balkan welaýaty)

### §41. Tebigy şertleri we baýlyklary. Ilaty

**Geografik ýerleşişi.** Günbatar Türkmenistan durmuş-ykdysady sebiti ýurdumyzyň günbatarynda ýerleşip, özüniň amatly ykdysady-geografik we ulag-geografik ýerleşişi bilen tapawutlanýar. Onuň çägi demirgazyk-günorta we gündogar-günbatar ugurlary boýunça ulag geçelgesi üçin örän amatly üstaşyr nokat bolup hyzmat edýär. Welaýatyň meýdany 139,3 müň km$^2$ bolup, Türkmenistanyň territoriýasynyň 28,3%-ini tutýar. Merkezi Balkanabat şäheri. Sebitiň düzümine 6 etrap (Türkmenbaşy, Bereket, Serdar, Magtymguly, Etrek, Esenguly), 7 şäher (Balkanabat, Türkmenbaşy, Hazar, Gumdag, Serdar, Bereket, Garabogaz) 16 şäherçe, 40 geňeşlik girýär.

**Ýer üstüniň gurluşy we gazma baýlyklary.** Welaýatyň ýer üstüniň gurluşy çylşyrymlydyr. Onuň çäginde Günbatar Köpetdagyň gerişleri, Etrek, Sumbar jülgeleri, Maşat-Misserian düzlügi, Uly we Kiçi Balkan daglary, Üstýurduň çüňkleri, Türkmenbaşy platosy, Gyzylgaýa, Tüwergyr belentlikleri, Hazarýaka pesligi ýerleşýär.

Geologik gurluşy bilen baglylykda, welaýatyň meýdany dürli gazylyp alynýan baýlyklara baýdyr. Ýurdumyzyň nebit

we ugurdaş çykýan tebigy gaz gorlarynyň esasy bölegi Günbatar Türkmenistanda Hazar kenarýaka sebitinde we deňziň suw ýalpaklygynda jemlenendir. Welaýatyň çägindäki esasy nebit ýataklaryna Goturdepe, Barsagelmez, Ekerem, Gumdag, Kelkör, Burun, Guýujyk, Gögerendag, Keýmir, Ördekli, Çekişler, Günbatar Hazar, Dagajyk, Gamyşlyja, Şatut, Akpatlawuk, deňziň ýalpaklygynda Jygalybeg, Diýarbekir, Jeýtun, Magtymguly, Öwez känleri degişlidir.

Balkan welaýatynda tebigy gazyň we nebit bilen ugurdaş çykýan gazlaryň ep-esli gorlarynyň bardygy bellidir. Häzir tebigy gaz Gyzylgum, Ördekli, Körpeje, Tamdyrly, Gündogar Çeleken, Günorta Bugdaýly, Günorta Gurruk, Atasary, Ýolaşan, Çekişler, Garadepe, Sabyr, Gündogar Hümmet ýataklaryndan çykarylýar (32-nji surat).

Sebitiň çäginde Günbatar Köpetdagda bellibir möçberde gurşun, sink, mis, simap saklaýan, Uly Balkanda demirleşen gatlajyklar gabat gelýär. Mineral himiki çig mallardan barit, fosforit, ýod-bromly suwlar (Hazar ýarymadasynda, Boýadagda, Monjuklyda, Gögerendagda, Garadaşly meýdanynda, Goturdepede, Gumdagda), nahar duzy (Babahojada, Guwly kölünde, Garaşorda, Günbatar Uzboýda), mirabilit, natriý sulfaty, bişofit, epsomit, glauber duzy (Garabogazda), gurluşyk materiallary (gýuşa daşy – Türkmenbaşy şäherçesiniň golaýynda, Omaratada), bentonit (Oglanlyda), daşkömür (Ýagmanda, Gyzylgaýada), goňur kömür (Çaýyrlyda), dürli mineral düzümli läbikler (Mollagarada, Akpatlawukda, Gökpatlawukda, Çekişlerde), mineral suwlar (Parhaýda) we başgalar bar.

**Klimaty.** Balkan welaýatynyň çürt-kesik kontinental klimaty bar. Ýöne welaýatyň geografik ýerleşişi we ýer üstüniň gurluşy bilen baglanyşykly onuň klimatynda içki territorial aýratynlyklary duýulýar. Welaýatyň Etrek we Sumbar derýalarynyň jülgeleri üçin gurak subtropiki klimat häsiýetli bolup, bu etraplar klimatyň maýyllygy we çygly-

lygy boýunça beýleki ýerlerden tapawutlanýar. Hazar ýarym adasynda we günorta-günbataryndaky kenarýaka etraplarynda klimata deňziň täsiri uludyr. Wegetasion döwrüň dowamlylygy welaýatyň çäklerinde dürli-dürlüdir. Dag eteginde ýerleşýän Bereket, Serdar etraplarynda Garagum çölüniň täsiriniň uly bolmagy sebäpli, tomsy yssy, güýzi gurak, ýazy ygally, gyşy bolsa gysga bolýar. Temperaturanyň +10°-dan ýokary geçýän günleriniň sany 250–260 güne ýetýär. Aýazsyz günleriň sany gurak subtropiki etraplarda has-da köpdür, mysal üçin, Etrekde 271, Esenguluda 275 güne deňdir.

**Suw baýlyklary.** Balkan welaýaty suw baýlyklaryna garypdyr. Köpetdagyň dag çeşmelerini we derýajyklaryny, Etrek derýasyny, Ýasga süýji suwly ýatagyny hasap etmeseň, welaýatda başga süýji suwly akarlar ýokdur. Welaýatyň köp etraplary üçin şor köller, köne hanalar (Uzboý), wagtlaýyn akarlar (sil suwlary) häsiýetlidir. Sebitiň ilatynyň we hojalygynyň suw üpjünçilik maksatlary üçin Esenguly şäherçesinde, Hazar, Garabogaz, Türkmenbaşy şäherlerinde, «Awaza» Milli syýahatçylyk zolagynda deňiz suwuny süýjediji desgalar işleýär. Soňky ýyllarda Etrek, Esenguly etraplarynyň suw üpjünçilik ýagdaýlaryny gowulandyrmak üçin Etrek derýasynyň joşýan döwründäki artykmaç suwlary ýygnaýan Çat, Mämmetguly, Gyzylaý ýaly suw howdanlary guruldy. Garagum derýasynyň IV nobatdaky gurluşyklary tamamlanandan soňra, Amyderýanyň suwy Balkan welaýatyna bardy. Häzirki wagtda Serdar we Bereket etraplarynda täze ýerleriň uly möçberi özleşdirildi, ilatyň we senagatyň hajatlary üçin suw bilen üpjünlik ýagdaýy gowulandy.

**Ýer we toprak baýlyklary.** Suw ýetmezçiligi Balkan welaýatynda ekerançylygyň ösmegini kynlaşdyrýan esasy faktorlaryň biridir. Bu bolsa ýurdumyzyň beýleki sebitlerine garanda welaýatda ekerançylyk ýerleriniň möçberiniň

14. Sargyt № 2401.

az bolmagyna getirýär. Şonuň üçin-de ýerleriň esasy bölegi öri meýdany hökmünde peýdalanylýar. Welaýatda oba hojalyk ekinleriniň umumy meýdany 88,5 müň gektara golaýdyr.

Durmuş-ykdysady sebitiň toprak örtügi dürlüligi bilen tapawutlanýar. Toprak örtügine daglyk etraplary üçin dag küljümek, dag mele, dag çemen topraklary häsiýetli bolsa, düzlük etraplary (ylaýta-da, Köpetdagyň, Uly we Kiçi Balkanyň etekleri, Maşat-Misserian düzlügi) üçin takyrlar, takyr görnüşli, melemtil-goňur, mele, çägesöw topraklar, Türkmenbaşy we beýleki platolar üçin çägeli-daşly topraklar, derýa kenarlary üçin bolsa çemen topraklary häsiýetlidir. Takyr görnüşli, melemtil, mele topraklar we takyrlar welaýatyň ekerançylyga ýaramly esasy ýer goruny düzýär. Welaýatyň köp ýerlerini (Etrek derýasynyň jülgesini, Hazarýaka pesligini, Türkmenbaşy platosyny, Aşaky Uzboýuň köp ýerlerini) şorluklar we çägeli meýdanlar tutýar.

Balkan welaýaty dynç alyş we saglygy dikeldiş ähmiýetli tebigy baýlyklara baýdyr. Hazar deňziniň jana şypa beriji deňiz howasy we suwy, Mollagaranyň kesel bejeriş ähmiýetli palçygy, Günbatar Köpetdagyň jana ýakymly we tämiz klimaty geljekde syýahatçylygy hem-de kesel bejeriş we dynç alyş ulgamyny ösdürmeklige mümkinçilik berýär.

## Ilaty

Günbatar Türkmenistan durmuş-ykdysady sebitiniň beýleki sebitlere garanda meýdany uly bolsa-da, ilatynyň sany azdyr. Onuň esasy sebäbi welaýatyň çäginde ýerüsti hemişelik akarlaryň (derýalaryň) ýoklugydyr. 2011-nji ýylyň 1-nji ýanwaryndaky maglumatlara görä, welaýatyň çäginde Türkmenistanyň ilatynyň 8,5%-i jemlenendir. Bütin ýurdumyzda bolşy ýaly, ilat, esasan, tebigy köpelişiň hasabyna artýar. Garaşsyzlygyň 20 ýylynda welaýatyň ilaty 18,4% artdy.




**32-nji surat. Balkan welaýatynyň ykdysady kartasy**

Balkan welaýaty ýurdumyz boýunça iň selçeň ilatlaşan sebit hasaplanýar. Ilatyň ortaça gürlügi 1 $km^2$-e 3 adam düşýär. Ähli ilatyň 77,4%-i şäherlerde we şäherçelerde ýaşaýar. Oba ilaty 40 sany geňeşligiň düzümine girýän 128 obada ýaşaýarlar. Şäherler, şäherçeler we obalar, esasan, ulag ýollarynyň ugrunda ýerleşýärler. Soňky ýyllarda nebit-gaz ýataklarynyň işjeň özleşdirilmegi, «Demirgazyk-Günorta» transmagistiral demir ýolunyň gurulmagy netijesinde, şeýle-de welaýatyň çägine Garagum derýasynyň gelmegi bilen Serdar we Bereket etraplarynda täze boz ýerleriň açylmagy netijesinde ilatyň ýerleşişinde özgerişler bolup geçýär. Welaýatyň ilatynyň esasy bölegi senagat pudaklarynda işleýärler.

## §42. Hojalygynyň umumy häsiýetnamasy. Senagaty

Günbatar Türkmenistanda nebit we gaz çykarmak, nebiti we gazy gaýtadan işlemek, himiýa we gurluşyk materiallary senagaty, balyk hojalygy, dowardarçylyk we subtropiki ekinleri ösdürip ýetişdirmek ýöriteleşdirilen pudaklardyr. Häzirki wagtda welaýatda Garagum derýasynyň zolagynda pagtaçylyk we däneçilik pudaklaryny, Hazar deňziniň kenarynda syýahatçylygy ösdürmek uly ähmiýete eýe bolýar.

**Senagaty.** Balkan welaýaty ýurdumyzda senagat taýdan iň ösen sebitdir. Ýangyjyň, mineral himiýa çig malynyň esasynda welaýatyň senagat önümçiligi barha ösýär. Welaýat ýurdumyzda öndürilýän senagat önümleriniň 40,6%-ini berýär. Onuň çäginde ýurdumyzda çykarylýan nebitiň 95,7%-i, tebigy gazyň 21,1%-i, balyk we beýleki deňiz önümleriniň 94%-i, et we et önümleriniň 16,8%-i, elektrik energiýasynyň 20,4%-i öndürilýär.

Balkan welaýatynda nebit, tebigy gaz we nebit bilen ugurdaş çykýan gaz çykarylýan ýataklaryň onlarçasy bar.

2011-nji ýylda sebitde 10,2 mln tonna nebit, 13,9 mlrd $m^3$ tebigy gaz çykaryldy. Geljekde täze ýataklaryň özleşdirilmeginiň we öňki hereket edýänleriniň durkunyň täzelenmeginiň hasabyna nebitiň we gazyň çykarylyşy has-da artdyrylar.

Soňky ýyllarda baý nebitgaz gorlarynyň esasynda nebit himiýa önümçiligi uly ösüşe eýe bolýar. Türkmenbaşynyň nebiti gaýtadan işleýän zawodlar toplumy pudagyň esasy kärhanasydyr. Bu ýerde 1996-njy ýyldan başlap durkunyň täzelenmegi bilen täze önümçilikleriň onlarçasy peýda boldy. Zawodlar toplumyndaky gurlan desgalar nebiti gaýtadan işlemegiň çuňlaşdyrylmagy bilen bir hatarda önümleriň görnüşleriniň we möçberiniň artmagyny üpjün etdi. Toplumda benziniň ekologik taýdan arassa, täze görnüşleri, dizel ýangyjy, çalgy ýaglary, polipropilen, kükürt, suwuklandyrylan gaz, bitum, sintetiki ýuwujy serişdeler we beýleki önümler öndürilýär. Bu topluma nebit Wyşka–Balkanabat, Gumdag–Balkanabat, Goturdepe–Belek–Türkmenbaşy, Goturdepe–Hazar, Körpeje–Gumdag–Balkanabat nebit geçirijileriň kömegi bilen getirilýär.

2011-nji ýylda zawodlar toplumynda 7 mln tonnadan gowrak uglewodorod çig maly gaýtadan işlenip, dünýä ülňülerine laýyk gelýän 1,9 mln *t* benzin, 2 mln *t* golaý dizel ýangyjy we beýleki gymmatly nebit önümleri öndürildi. Önümleriň 70%-e golaýy daşary ýurtlara eksport edilýär. Häzirki wagtda hem bu toplumda täze önümçilikler üçin desgalaryň gurluşygy dowam etdirilýär.

Bu pudaga degişli Hazar şäherindäki himiýa kärhanasynda tehniki uglerod we ugurdaş gazdan rezin önümçiligi üçin gurum öndürilýär.

Nebitgaz senagatynyň esasynda Balkan welaýatynda energetika pudagynyň geljegi uludyr. Welaýatda gaz bilen işleýän Balkanabat DES-i, mazut bilen işleýän Türkmenbaşy ÝES-i, nebiti gaýtadan işleýän zawodlar toplu-

mynda ugurdaş gaz bilen işleýän elektrik stansiýalary, Günorta Gamyşlyjada gurlan gaz turbinaly elektrik stansiýasy bar. Soňky ýyllarda Balkanabatda we Awazada gaz turbinaly täze elektrostansiýalary guruldy. Welaýatyň energetika ulgamy döwletimiziň ýeke-täk energetik ulgamyna birleşdirildi. Onuň üsti bilen Eýrana, Türkiýä elektrik energiýasy iberilýär.

Maşyngurluşygy we metal işläp bejerýän senagat pudagy geçen asyryň başlarynda gurlan Serdar şäherindäki wagon abatlaýyş, Gyzylsuwdaky, Türkmenbaşydaky gämi abatlaýyş, şeýle-de Balkanabadyň nebit enjamlaryny abatlaýan zawodlaryndan ybaratdyr. Şäherlerde we etrap merkezlerinde ulag serişdelerini we oba hojalyk tehnikalaryny abatlaýyş merkezleri işleýär.

Himiýa senagaty geljegi uly pudaklaryň biridir. Mineral çig mallarynyň esasynda welaýatda himiýa kärhanalarynyň onlarçasy hereket edýär. Ýod-bromly suwlaryň esasynda Hazarda, Balkanabatda, Monjuklyda, Serdar etrabynda ýod-brom zawodlary işleýär. Himiýa çig malynyň has köp toplanan ýeri bolan Garabogazgol aýlagynyň mineral serişdeleriniň esasynda «Garabogazsulfat» önümçilik birleşigi işleýär. Bu ýerde natriý sulfaty, bişofit, epsomit we beýleki mineral duzlary çykarylýar. Guwlymaýakda we Babahojada nahar duzuny çykarýan kärhanalar bar.

Soňky ýyllarda welaýatda köpugurly gurluşyk materiallary senagaty döredi. Pudagyň kärhanalarynda sement, dolomit, gips, hek we beýleki gurluşyk materiallary öndürilýär. 2011-nji ýylda Jebel şäherçesiniň golaýynda gurlan sement zawody ýylda 1 mln *t* sement öndürmäge niýetlenen. Bu ýerde, öň belleýşimiz ýaly, ýurdumyzyň seýsmiki zolagynda köp gatly binalaryň we desgalaryň gurluşygynda ulanylýan portland, nebitgaz pudaklary üçin zerur bolan tamponaž we sulfata durnukly sementiň görnüşleri öndürilýär. Magdan däl gurluşyk materiallaryny öndürýän kärha-

nalar Türkmenbaşy, Bereket, Serdar etraplarynda hereket edýär. Türkmenbaşy, Balkanabat şäherlerinde demir-beton önümleri kärhanalary, Balkanabatda çerepisa we farfor çäýnek-käse öndürýän kärhanalar işleýär.

Günbatar Türkmenistan durmuş-ykdysady sebitinde ýeňil senagaty pudagynyň dürli kärhanalary işleýär. Serdar şäherinde pagta arassalaýjy zawod, ýüplük fabrigi, Balkanabatda jorap-trikotaž fabrigi, Magtymguly şäherçesinde tikin we aýakgap fabrikleri, Esenguly we Bereket etraplarynda tikin fabrikleri, şäherlerde we etrap merkezleriniň ählisinde haly fabrikleri hem-de olaryň bölümleri bar.

Soňky ýyllarda welaýatda azyk senagaty uly ösüşe eýe bolýar. Balkan welaýatynyň ilatynyň maldarçylyga uly üns bermegi bu sebitde et-süýt senagatynyň ösmegine mümkinçilik berýär. Balkanabat, Türkmenbaşy şäherlerinde et kombinatlary, Balkanabat, Hazar şäherlerinde süýt zawodlary işleýär. Serdar şäherinde ýag zawody, Etrek şäherçesinde zeýtun ýagyny öndürýän kärhana ýerleşýär. Türkmenbaşy şäherindäki balyk-konserw zawody döwlet ähmiýetlidir. Kärhanada Hazar deňziniň balyk gorlarynyň hasabyna dürli balyk konserwalary we beýleki önümleri öndürilýär.

## §43. Oba senagat toplumy. Ulaglar ulgamy

Balkan welaýatynyň tebigy şertleri we baýlyklary oba hojalygynyň dürli pudaklaryny ösdürmeklige mümkinçilik berýär. Welaýatda oba hojalygynyň, esasan-da, ekerançylygyň ösüşini kynlaşdyrýan faktor suw ýetmezçiligidir. Häzirki wagtda Türkmenistanyň suwarymly ýerlerinde döreýän zeý suwlary Balkan welaýatynyň demirgazyk-gündogarynda ýerleşen Gökleňguýy ýa-da Garaşor oýlugyna akdyrylýar. Garagum kölüniň gurulmagy bilen geljekde akdyrylýan şor suwuň möçberi ýylda 10 km$^3$-e ýeter. Bu bolsa ýurdumyzyň ekerançylyk ýerleriniň şorlaşmak, ekolo-

giki meseleleri çözmeklige we Balkan welaýatynda oba hojalygyny ösdürmäge uly mümkinçilikleri döreder.

Welaýatyň oba hojalygynda ekerançylyk, maldarçylyk, subtropiki ekinleri ösdürmek bilen meşgullanýarlar. Bereket we Serdar etraplarynda gowaça, bugdaý, gök önüm, bakja, ot-iýmlik ekinler ösdürilip ýetişdirilýär. Magtymguly, Esenguly, Etrek etraplarynda miweçilik, subtropik ekerançylyk alnyp barylýar. Suw meselesi çözülse, bu etraplarda subtropik ekerançylygy we miweçiligi ösdürmeklige amatly şertler bar.

Ähli etraplarda ekerançylyk bilen ugurdaş maldarçylyk pudaklary (dowardarçylyk, düýedarçylyk, gylýalçylyk, guşçulyk, iri şahly mallary ösdürip ýetişdirmek) hem ösdürilýär. Türkmenbaşy, Esenguly etraplary, esasan, maldarçylyk pudaklary boýunça ýöriteleşýär.

Welaýatda suwarymly ekerançylyk Bereket, Serdar, Etrek, Magtymguly etraplarynda alnyp barylýar. Bu etraplarda esasy ekinlerden biri bugdaý hasaplanýar. Gowaça, esasan, Serdar, Bereket etraplarynda ekilýär. Şol etraplarda gök-bakja ekerançylygy, miweçilik hem ösendir. 2011-nji ýylda welaýatyň çägindäki ekerançylyk ýerleri 88,5 müň gektara barabar boldy. Şondan 79,1 müň gektar ýere däneliler, 5,5 müň gektara gowaça, 1,1 müň gektar ýere gök ekinler ekildi. Şol ýylda welaýat boýunça 83,3 müň tonna golaý bugdaý hasyly ýygnaldy.

Ýokarda bellenilişi ýaly, welaýatyň oba hojalygynda maldarçylygyň tutýan orny uludyr. Umumy ýer gorunyň düzüminde öri meýdanlary agdyklyk edýär. 2012-nji ýylda gara mallaryň baş sany 81,5 müň, dowarlar 2,8 mln, düýeler 41,4 müňden gowrak boldy.

Geljekde Balkan welaýatynyň subtropiki etraplarynda iri önümçilik binýady döretmek göz öňünde tutulýar. Suw ýetmezçilik meselesini çözmek üçin Garagum derýasynyň günorta-günbatar şahasynyň gurluşygyny dowam etdirmek,

Etrek we Sumbar derýalarynyň hanasynda suw howdanlaryny gurmak işleri dowam etdiriler.

**Ulaglar ulgamy.** Sebitiň amatly ykdysady-geografik ýerleşişi, baý we köp görnüşli tebigy baýlyklaryň bolmagy ulag ulgamynyň dürli ugurlar boýunça ösmegini şertlendirýär. Welaýatyň çäginden geçýän «Demirgazyk-Günorta» demir ýol geçelgesi sebitiň ulag-geografiki ýerleşişini has amatlaşdyrýar we ykdysadyýetiň ösmegine oňyn täsir edýär. «Awaza» Milli syýahatçylyk zolagynyň döredilmegi bilen howa, awtomobil we deňiz ulaglary uly ösüşe eýe bolýar. Türkmenistanyň beýleki döwletler bilen söwda-ykdysady gatnaşyklaryny ösdürmekde Türkmenbaşy şäheriniň deňiz portunyň ähmiýeti uludyr. Häzirki wagtda deňiz menziliniň durky täzelenýär we öňdebaryjy tehnikalar, tehnologiýalar bilen enjamlaşdyrylýar.

**Welaýatyň durmuş taýdan ösüşi.** Balkan welaýatynyň durmuş taýdan ösüşi bütin ýurdumyzda bolşy ýaly, barha ýaýbaňlanýar. Hyzmat ediş ulgamy hem giňden ösdürilýär. 2012-nji ýylda welaýatda 6 mekdep, 3 sany çagalar baglary ulanylmaga berildi. 2013-nji ýylda 34 mekdebiň, 30 sany çagalar baglarynyň gurluşygy alnyp barylýar.

Sebitiň şäherlerinde we etraplarynda bilim, saglygy gozaýyş medeniýet edaralarynyň, sport desgalarynyň uly toplumy hereket edýär.

**Welaýatyň geljekki ösüşi.** «Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň 2011–2030-njy ýyllar üçin Milli maksatnamasyna», Balkan welaýatynyň senagat pudagyny ösdürmegiň esasy ugurlaryna laýyklykda geljekde welaýatda nebitgaz, elektroenergetika, himiýa, gurluşyk materiallary senagat pudaklary, ulag we aragatnaşyk toplumy, syýahatçylyk, balyk hojalygyny ösdürmek ileri tutulýan ugurlar bolar. Oba senagat toplumynda subtropiki ekerançylygy, maldarçylygy, ýeňil we azyk senagatyny ösdürmek boýunça uly wezipeler bellenilýär. «Türkmenistanyň

Prezidentiniň obalaryň, şäherçeleriň, etrapdaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň durmuş-ýaşaýyş şertlerini özgertmek boýunça 2020-nji ýyla çenli döwür üçin Milli maksatnamasynyň» çäklerinde Balkan welaýatynda oba ilatynyň durmuş-ýaşaýyş şertlerini özgertmek maksady bilen uly möçberde maýa goýumlary goýulýar. Şoňa baglylykda welaýatda mekdebe çenli çagalar edaralarynyň 52-si, orta mekdepleriň 21-si, medeniýet öýleriniň 11-si, sport mekdepleriniň 37-si, sport desgalarynyň 22-si we beýleki durmuş maksatly desgalaryň uly toplumy gurlar.

## § 44. Günbatar Türkmenistan ykdysady-durmuş sebitiniň içerki aýratynlyklary

*Balkanabat* nebitçileriň işçi şäheri hökmünde döredi. 1993-nji ýyldan bäri ol welaýatyň dolandyryş merkezi hasaplanýar. Şäheriň ilaty barha artýar. Bu ýerde dürli milletleriň wekilleri ýaşaýarlar. Soňky ýyllarda welaýat merkeziniň suw üpjünçiligi gowulandy. Şähere Bereket etrabyndan suw geçiriji arkaly (Garagum derýasyndan) suw getirilýär. Onuň üsti bilen döwlet ähmiýetli demir, awtomobil we howa ýollary geçýär. Bu bolsa şäheriň durmuş-ykdydasy taýdan ösmegine ýardam edýär.

Balkanabat ýurdumyzyň uly senagat merkezleriniň biridir. Bu ýerde gaz turbinaly ýylylyk elektrostansiýasy, mehaniki-abatlaýyş zawody, farfor zawody, bentonit paraşogyny öndürýän kärhana, ýod-brom zawody, jorap-trikotaž fabrigi, haly, tikin fabrikleri, demir-beton önümleri kombinaty, et-konserwa kombinaty, süýt zawody, çörek önümleri kombinaty, alkogolsyz içgiler we piwo zawody işleýär.

Balkanabat şäheri welaýatyň durmuş-medeni merkezidir. Şäherde welaýat ähmiýetli saglygy goraýyş, bilim edaralary, söwda we durmuş hyzmaty kärhanalary ýerleşýär. Garaşsyzlyk ýyllarynda şäher has-da gözelleşýär, hem-de

onuň binagärlik keşbi gün-günden özgerýär. Bu ýerde häzirki zaman Ene mähri hassahanasy, Anyklaýyş merkezi, drama teatry, muzeý, 10000 orunlyk stadion, häzirki zaman ülňülerine laýyk gelýän mekdepler we mekdepe çenli çagalar edaralary guruldy.

Balkanabat şäher häkimliginiň düzümine *Uzboý, Jebel* şäherçeleri hem girýär.

*Jebel şäherçesi* Balkanabat şäherinden 15 km günbatarda ýerleşýär. Şäherçede demir ýol stansiýasy we nahar duzuny öndürýän kärhana, çerepisa zawody ýerleşýär. Şäherçäniň demirgazygynda Uly Balkan dagynyň eteginde sement zawody guruldy. Şäherçede bejeriş palçygyny we deňiz duzuny gaplaýan kärhana gurulýar. Jebel demir ýol duralgasyndan 5 km günbatarda Uzboýuň gadymy hanasynyň ugrunda Mollagara şypahanasy ýerleşýär. Ol Mollagara kölüniň gyrmança palçygy, duzly şor suwy we gurak klimaty bilen meşhurdyr. Şypahanada guragyry, hereket ediş bedenler, garyn içiniň çişmesi, nerw sistemalary we zenan keselleri bejerilýär. Bu ýerde 2012-nji ýylda täze bejeriş toplumy işe girizildi.

*Uzboý şäherçesi* Balkanabatdan 27 km günorta-günbatarda ýerleşýär. Şäherçäniň ilaty onuň töweregindäki nebit we gaz känlerinde işleýär.

Balkanabat şäherinden 43 km günorta-gündogarda *Gumdag şäheri* ýerleşýär. Ol 1991-nji ýylda şäher statusyny aldy. Şäherde nebit we gaz senagatynyň edara kärhanalary ýerleşýär. Onuň golaýynda Gumdag, Güýjük, Garadepe, Gyzylgum we beýleki nebit we gaz çykýan känler ýerleşýär.

Ýurdumyzyň geljegi uly bolan şäherleriniň biri *Türkmenbaşydyr*. Şäheriň welaýatyň ykdysadyýetiniň ösmeginde ähmiýeti örän uludyr. Ol 1869-njy ýylda esaslandyryldy. Şäher uly ulag çatrygyny emele getirýär. Bu ýerde sagatda 800 ýolagçyny geçirmäge niýetlenen täze häzirki zaman aeroporty ulanmaga berildi. Deňiz menziliniň durkuny

täzelemek we tehniki taýdan enjamlaşdyrmak işleri amala aşyrylýar. Bu bolsa Türkmenbaşy şäheriniň, hakykatdan hem, Orta Aziýanyň «deňiz derwezesi» boljakdygyna şaýatlyk edýär.

Türkmenbaşy şäheri ýurdumyzyň iri senagat merkezleriniň biridir. Bu ýerde nebiti gaýtadan işleýän zawodlar toplumy, demir-beton önümleri, gurluşyk materiallary zawodlary, balyk kombinaty, dürli önümleri öndürýän azyk senagaty kärhanalary bar. Şäheriň geljekki ösüşi nebiti gaýtadan işleýän senagat we Hazar deňiz kenarynda döredilýän «Awaza» Milli syýahatçylyk zolagy bilen baglanyşyklydyr. Türkmenbaşyda syýahatçylyk pudagyna hyzmat edýän kärhanalar, dünýä ülňülerine laýyk gelýän myhmanhanalar, dynç alyş öýleri, şypahanalar, durmuş-medeni ähmiýetli desgalar gurulýar.

Şäherden 26 km demirgazyk-günbatarda ýerleşýän Gyýanly obasynda 2011-nji ýylda gazy gaýtadan işleýän zawod we ýerüsti gaz terminaly gurlup ulanylmaga berildi. Şu ýerde ýangyjy, himiýa we beýleki senagat önümlerini gämilere ýüklemek we düşürmek üçin täze deňiz menzili hem gurulýar.

Deňziň kenarynda, Balkanabat şäherinden 151 km günbatarda *Hazar* şäheri ýerleşýär. Bu ýerde 1876-njy ýyldan başlap senagat ähmiýetli nebit çykarylyp başlandy. Şäheriň ykdysadyýetiniň ösüşi Hazar deňziniň we Çeleken ýarym adasynyň mineral baýlyklaryny özleşdirmek bilen baglanyşyklydyr. Şäherde «Hazardeňiznebitgaz» önümçilik birleşiginiň dolandyryş edarasy ýerleşýär we tehniki uglerod, ýod-brom zawodlary, gurluşyk kärhanalary işleýär. Hazardan 10 km uzaklykda Alajada deňiz duralgasy ýerleşýär. Bereket–Balkanabat–Hazar suw geçirijisiniň gurulmagy bilen şäheriň we onuň töweregindäki obalaryň suw üpjünçiligi gowulandy. Hazar şäher häkimliginiň düzümine *Garagöl* şäherçesi hem girýär.

*Garabogaz şäheri* Garabogazgol aýlagynyň mineral baýlyklaryny özleşdirmek we peýdalanmak bilen baglanyşykly döredi. Ol 1995-nji ýylda şäher statusyny aldy. Häzir bu ýerde S. A. Nyýazow adyndaky «Garabogazsulfat» önümçilik birleşigi işleýär. Garabogazgol aýlagynda bişofit, glauber duzy, epsomit we beýleki himiki birleşmeler alynýar we dünýäniň köp döwletlerine iberilýär. Garabogaz şäherinde suw süýjediji desga işleýär. Geljekde aýlagyň gidromineral çig malyny toplumlaýyn gaýtadan işlemek maksady bilen önümçilik birleşiginiň durkuny täzelemek we täze önümçilikleri işe girizmek bellenilýär.

*Serdar şäheri* Balkanabatdan 200 km gündogarda ýerleşýär. Ol 2008-nji ýylda etrap hukukly şäher statusyny aldy. Şäheriň esaslandyrylmagy demir ýoluň gurulmagy bilen baglanyşyklydyr. Şäherde 1882-nji ýylda Türkmenistanda ilkinji maşyngurluşyk kärhanasy bolan wagon-remont zawody guruldy. Häzirki wagtda Serdar şäheri uly senagat merkezine öwrülýär. Bu ýerde egirme-dokma, haly, halkyň sarp edýän önümlerini öndürýän fabrikler, ýag zawody, gurluşyk edaralary işleýär. Şäher Serdar etrabynyň merkezi hasaplanýar. Etrabyň dolandyryş edaralary, durmuş-medeni ähmiýetli edaralar bu ýerde ýerleşýär. Şäheriň üstünden Aşgabat–Türkmenbaşy demir we awtomobil ýollary geçýär. Garagum derýasynyň suwunyň gelmegi bilen şäheriň suw üpjünligi gowulandy. Soňky 5 ýylyň dowamynda bu ýerde häzirki zaman durmuş-medeni desgalaryň we ýaşaýyş jaýlarynyň uly toplumy ulanylmaga berildi.

*Türkmenbaşy etraby* meýdanynyň ululygy boýunça ýurdumyzda iň uly etrapdyr. Etrap oba hojalygynda dowardarçylyga we düýedarçylyga ýöriteleşendir. Etrabyň çäginde 6 şäherçe, 7 geňeşlik we 24 oba ýerleşýär.

Etrap merkezi Saparmyrat Türkmenbaşy şäherçesidir. Etrapda *Akdaş, Belek, Gyzylsuw, Guwlymaýak, Gyzylgaýa we Oglanly* şäherçeleri hem bar. Akdaş şäherçesinde

gurluşyk materiallary kärhanasy, Gyzylsuw şäherçesinde balykçylyk hojalygy, Guwlymaýakda nahar duzuny çykarýan kärhana işleýär. Belek nebitgaz geçirijileriniň geçýän çatrygy we demir ýol duralgasydyr. Häzirki wagtda şäherçäni döwrebaplaşdyrmak boýunça uly işler alnyp barylýar. Bu ýerde häzirki zaman durmuş-medeni maksatly desgalar gurulýar. Demirgazyk-Günorta transmilli demir ýolunyň gurulmagy bilen Gyzylgaýa şäherçesi geljekde möhüm demir ýol çatrygy we mineral baýlyklary özleşdirýän merkeze öwrüler.

*Oglanly şäherçesi* Balkanabatdan 60 km demirgazyk-günbatarda ýerleşip, ol ýerde bentonit magdan kärhanasy bar. Bentonit Jebel demir ýol duralgasyna getirilip, döwletimiziň dürli künjegine iberilýär. Bu ýerde onuň ak reňkli görnüşi gazylyp alynýar.

*Bereket etraby* welaýatyň gündogar böleginde ýerleşýär. Etrabyň hojalygynyň esasy ugurlary ekerançylyk we maldarçylyk. Garagum derýasynyň gelmegi bilen Bereket etraby welaýatyň iri ekerançylyk hojalyklarynyň birine öwrüldi. Däneçilik we pagtaçylyk etrabyň geljegi uly ýöriteleşiş pudaklarydyr. Etrapda bir şäher, 6 geňeşlik we 24 oba bar.

Etrap merkezi *Bereket şäheri* Aşgabat–Türkmenbaşy demir we awtomobil ýollarynyň ugrunda ýerleşýär. Geljekde Demirgazyk-Günorta halkara demir ýolunyň gurulmagy bilen Bereket şäheri möhüm ulag çatrygyna we senagat merkezine öwrüler. Häzirki wagtda bu ýerde gurluşyk materiallary kärhanasy, haly we tikin fabrikleri işleýär. Şäherde etrabyň dolandyryş edaralary, durmuş-medeni ähmiýetli edara kärhanalar ýerleşýär. Bereket şäheri özgerýär. Hormatly Prezidentimiziň tagallasy bilen şäherde etrap dolandyryş, durmuş-medeni maksatly edaralaryň uly toplumy, häzirki zaman ýaşaýyş jaýlary guruldy.

*Serdar etrabynyň* çägine Köpetdagyň günbatar gerişleri, dag etek düzlükleri we Garagum çölüniň ýanaşýan böle-

gi girýär. Etrabyň ilatly ýerleri we hojalyk desgalary, esasan, dag etegi düzlüginde ýerleşýär. Hojalygynyň esasy ýöriteleşiş ugurlary dowardarçylyk we ekerançylykdyr. Garagum derýasynyň gelmegi bilen etrabyň ekin meýdanlary giňeldi, pagtaçylyk we däneçilik pudaklary döredi. Etrabyň düzümine 8 geňeşlik we 23 oba girýär. Onuň çäginde Parawbibi taryhy-arheologik ýadygärligi ýerleşýär.

*Magtymguly etrabynyň* meýdany tutuşlygyna daglyk sebitde ýerleşýär. Obalary, ekin meýdanlary Könekesir, Sumbar, Çendir dagara jülgelerde jemlenendir. Hojalygynyň ýöriteleşen ugurlary maldarçylyk, däneçilik we miweçilik. Ýeňil we azyk senagaty pudaklarynyň hem ähmiýeti artýar. Etrabyň durmuş-ykdysady ösüşinde Sumbar derýasynyň ähmiýeti uludyr. Onuň dynç almak we syýahatçylygy guramak üçin täsin tebigaty bar. Parhaý jülgesinde kükürtwodorodly ýyly suwly çeşme bolup, ondan ilat peýdalanýar. Geljekde Aýdere we Ypaýderede dynç alyş zolagyny döretmek mümkinçilikleri uly. Etrapda bir şäherçe, 9 geňeşlik we 25 oba bar.

Etrap merkezi *Magtymguly şäherçesi* Serdar şäherinden 70 km günortada ýerleşýär. Şäherçede haly fabrigi, tikin we aýakgap fabrikleri, miwe-konserwa zawody, gurluşyk kärhanasy, durmuş-medeni edaralary ýerleşýär. Şäherçäniň golaýynda ösümlikleriň genetiki baýlyklarynyň türkmen tejribe stansiýasy ýerleşýär. Bu ýerde subtropiki ekinleriň dürli görnüşlerini ösdürip ýetişdirmek boýunça synag edilýär.

*Etrek etraby* welaýatyň günortasynda, Etrek derýasynyň jülgesinde ýerleşýär. Etrabyň meýdanynyň köp bölegini Maşat-Misserian düzlügi tutýar. Hojalygynyň esasy ugurlary maldarçylyk we subtropiki ekerançylykdyr. Etrek ýurdumyzda zeýtun agajynyň watany hasaplanýar. Bu ýerde zeýtun miwesinden ýag öndürýän kärhana işleýär. Etrabyň durmuş-ykdysady ösüşine häzir gurluşygy alnyp barylýan

Uzen–Gyzylgaýa–Bereket–Etrek–Gürgen demir ýolunyň we Garagum derýasynyň günorta-günbatar şahasy örän oňaýly täsir eder. Derýanyň ugrunda Madaw suw howdany gurlar, Çat düzlüginde täze ýerler açylyp, etrap ýurdumyzyň uly subtropik ekerançylyk hojalygyna öwrüler. Etrapda bir şäherçe, 5 geňeşlik we 12 oba ýerleşýär. Gadymyýetde etrabyň häzirki çäklerinde Maşat-Misserian (Dehistan) ekerançylyk oazisi emele gelipdir. Madaw obasynyň 25 km günorta-gündogarynda gadymy Dehistan welaýatynyň uly şäherleriniň biri bolan Madawyň taryhy-arheologik goraghanasy döredildi.

Etrap merkezi *Etrek şäherçesi* Balkanabat şäherinden 300 km günortada ýerleşýär. Şäherçede oba hyzmat birleşigi, haly fabrigi, tikinçilik bölümi, etrap dolandyryş we durmuş-medeni ähmiýetli edaralar bar. Geljekde bu şäherçe möhüm ulag çatrygyna we senagat merkezine öwrüler.

*Esenguly etraby* Balkan welaýatynyň çet günorta-günbatarynda, Hazar deňiz kenarlaryna ýanaşýan meýdanlary tutýar. Etrap soňky gezek 1990-njy ýylda täzeden döredilip, onuň çäginde 3 şäherçe, 5 geňeşlik we 20 oba bar. Etrabyň hojalygynyň esasy ugurlary maldarçylyk, balykçylyk, nebit we gaz senagatydyr. Esenguly şäherçesinden 30 km demirgazykda Akpatlawuk täsin läbik wulkany bar.

Etrabyň çäginde nebit we gaz gorlaryna baý bolan Keýmir, Günorta Gamyşlyja, Akpatlawuk, Ekerem, Şatut, Nebitlije meýdançalary we düzümleri ýerleşýär. Bu ýerde Balkan welaýatynda iň uly Körpeje tebigy gaz ýatagy bar. Şol ýerden Türkmenistan–Eýran gaz geçirijisi başlanýar.

Etrapda suw ýetmezçiligi duýulýar. Bu meseläni oňyn çözmek üçin garaşsyzlyk ýyllarynda Hazar deňziniň suwuny arassalaýan desgalar guruldy.

2007-nji ýylda Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow Balkan welaýatynyň Esenguly etrabynda bolup, etrap merkeziniň durkuny täzelemek we obalary döwrebaplaşdyrmak boýunça uly maksatly işlere badalga berdi. Etrabyň durmuş-ykdysady ýagdaýyny gowulandyrmak üçin gije-gündizde 3 müň $m^3$ bolan deňiz suwuny süýjediji desga, balyk önümlerini gaýtadan işleýän önümçilik toplumy we gaplaýjy sehler guruldy.

Etrap merkezi *Esenguly* şäherçesinde 300 orunlyk haly fabrigi, 8096 nokatlyk awtomat telefon stansiýasy, 500 orunlyk mekdep, 140 orunlyk çagalar bagy, sport meýdançasy bolan sport zaly, 350 orunlyk medeniýet öýi, etrap keselhanasynyň 70 orunlyk bäbekhana bölümi we saglyk öýi, Çekişler we Garadegiş obalarynda bolsa 240 orunlyk mekdepler hem-de söwda merkezleri ulanylmaga berildi.

!?!

## Soraglar we ýumuşlar

**1.** Günbatar Türkmenistanyň durmuş-ykdysady sebitinde esasan, mineral baýlyklaryň haýsy görnüşleri bar?

**2.** Sebitde senagatyň ýöriteleşiş pudaklary haýsylar?

**3.** Durmuş-ykdysady sebitde oba hojalygynyň ähmiýeti nähili?

**4.** Balkan welaýatynyň çäginde haýsy şäherler we etraplar bar?

**5.** Gazylyp alynýan peýdaly baýlyklaryň känlerini depderiňize belläň.

**6.** Balkan welaýatynyň düzümine girýän etraplaryň, şäherleriň we şäherçeleriň atlaryny depderiňize ýazyň.

**7.** Atlasdan we beýleki maglumat çeşmelerinden peýdalanyp, welaýatyň mineral baýlyklarynyň känlerini, senagat kärhanalaryny, şäherleri, şäherçeleri we oba etraplaryny sudur kartada belläň.

**8.** Okuw kitabyndan we beýleki edebiýat çeşmelerinden peýdalanyp, Balkan welaýatynyň durmuş-ykdysady ösüşiniň geljekki esasy ugurlary barada ýazmaça habarnama taýýarlaň.

15. Sargyt № 2401.

# Aşgabat şäheri Orta Aziýada uly syýasy we ykdysady merkezdir

## §45. Aşgabat şäheriniň geografik ýerleşişi. Ilaty

Aşgabat – Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistanyň paýtagt şäheri, ýurdumyzyň syýasy, ykdysady, ylym-bilim we medeni merkezidir. Şäher garaşsyzlyk ýyllarynda düýpgöter özgerip, Orta Aziýanyň uly syýasy ykdysady merkezleriniň birine öwrüldi.

Aşgabat Köpetdag etegindäki düzlükde we Garagum çölüniň oňa ýanaşýan böleginde, deňiz derejesinden 214–240 metr belentlikde, demirgazyk giňligiň 37°31′ gündogar uzaklygyň 57°31′ ýerleşýär. Şäheriň ýer üsti dag etekden çöllüge tarap kem-kemden peselýär.

Aşgabat şäheri ykdysady-geografik jähtden amatly ýerde ýerleşýär. Ol ýurdumyzyň dürli sebitlerini birleşdirýän ulag ýollarynyň çatrygydyr. Bu ýerden Türkmenbaşy–Türkmenabat, Aşgabat–Daşoguz demir we awtomobil ýollary geçýär. Halkara aeroporty arkaly Aşgabat dünýäniň dürli döwletlerini birleşdirýän howa ýollarynyň çatrygy hasaplanýar. Bu bolsa şäheriň durmuş-ykdysady merkez hökmünde ösmegine uly ýardam edýär.

Şäheriň suw üpjünligi Garagum derýasynyň, Köpetdagdan akyp gelýän uly bolmadyk çeşmeleriň we ýerasty suwlaryň hasabyna amala aşyrylýar.

Aşgabat şäheri gadymy Ýüpek ýolunyň ugrunda, galalaryň ýerleşen ýerinde emele gelipdir. Şäheriň häzirki ornunda bolan köne gala Parfiýa patyşalygynyň gülläp ösen döwrüne, ýagny biziň eýýamymyzdan öňki 300-nji ýyllara degişlidir. 1881-nji ýylda ozalky Ashabat obasynyň ýerleşen ýerinde ruslaryň harby berkitmesi döredilipdir. Za-

kaspiý oblastynyň söwda-senagat, harby işleri şu ýerde jemlenip, goňşy döwletler bilen ykdysady gatnaşyklar ýola goýlupdyr. Şäher ýuwaş-ýuwaşdan ösüp başlaýar. 1924–1991-nji ýyllar aralygynda Türkmenistan Sowet Sosialistik respublikasynyň paýtagty bolýar. Şol ýyllarda şäherde uly bolmadyk senagat kärhanalary peýda bolýar. 1948-nji ýylda bolan aýylganç ýertitremesi şäheriň bütinleý diýen ýaly weýran bolmagyna getirýär. Soňra Aşgabat şäheri täzeden dikeldilýär.

Häzirki wagtda Aşgabat öz ösüşiniň täze döwrüni başdan geçirýär. Garaşsyzlyk ýyllarynda paýtagtymyzy ösdürmek barada döwlet syýasaty ýöredilip gelinýär. Şonuň netijesinde, Aşgabat örän gysga döwrüň içinde üçünji müňýyllygyň ajaýyp şäherine öwrüldi.

Ilatynyň sany boýunça Aşgabat ýurdumyzyň iň uly şäheridir. Şäherde ýurdumyzyň ilatynyň 12,7%-ine golaýy jemlenendir. 1897-nji ýylda geçirilen ilat ýazuwynyň maglumatlaryna görä, şäherde 19,4 müň adam ýaşapdyr. Soňky 110 ýylyň içinde onuň ilaty 40 essä golaý artdy.

Aşgabat ýurdumyzyň iň köp milletli şäheridir. Bu ýerde ilatyň esasy bölegini tutýan türkmenler bilen birlikde ruslar, tatarlar, ermeniler, azerbaýjanlar, ukrainler uly etniki toparlary emele getirýärler.

Aşgabat şäheri 0,47 müň inedördül kilometr meýdany tutýar. Aşgabat döwletimiziň welaýat derejesi berlen paýtagt şäheridir. Şäher dolandyryş taýdan bäş sany şäher etraplaryna bölünýär: Köpetdag, Azatlyk, S. Nyýazow adyndaky etrap, Çandybil, Arçabil.

Aşgabat şäheri döwletimiziň iri senagat merkezi hasaplanýar. Bütin Türkmenistanda öndürilýän senagat önüminiň 5,7 %-i şäheriň paýyna düşýär. Ykdysadyýetiniň esasyny senagat pudagy düzýär. Şäheriň senagaty garaşsyzlyk ýyllarynda düzüm taýdan düýpli özgerdi. Häzirki wagtda Aşgabat şäheriniň senagat önümçiliginiň düzümin-

de elektroenergetika, maşyngurluşygy we metal işläp bejermek, ýeňil we azyk senagaty, derman-himiýa senagaty esasy orun tutýar.

Aşgabadyň elektroenergiýa bolan üpjünçiligini durnukly kanagatlandyrmak maksady bilen şäheriň günorta böleginde 2006-njy ýylda ýyllyk kuwwatlylygy 254,2 megawata deň bolan gaz turbinaly döwlet elektrik stansiýasy işe girizildi. Häzirki wagtda Aşgabadyň energiýa üpjünçiliginiň ygtybarlylygyny ýokarlandyrmak üçin güýjenmesi 220 KW deň bolan halkalaýyn tok geçiriji ulgamy gurulýar. Ýurdumyzda öndürilýän maşyn gurluşyk önümleriniň 90%-e golaýy Aşgabat şäheriniň paýyna düşýär. Şäherde dürli önümleri öndürmäge ýöriteleşen «Türkmenmaşyngurluşyk», «Nebitmaşyngurluşyk», «Azykmaşyngurluşyk», «Demir», «Elektrotehnika», «Santehönümler» zawodlary hereket edýär. Aşgabat şäherinde awtoulaglary, teplowozlary we durmuş-medeni tehnikalary bejerýän merkezler hem ýerleşendir. Şäheriň gurluşyk materiallary senagatynyň iri kärhanalaryna aýna, «Demirbetonönümleri», «Arkaç» kombinatlary degişlidir. Paýtagtymyzyň gurluşyk toplumyny ösdürmek işi hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň täze şähergurluşyk syýasaty esasynda amala aşyrylýar.

Derman-himiýa Aşgabat şäheriniň ýöriteleşdirilen senagat pudaklarynyň biridir. Aşgabadyň «Saglyk» derman kärhanasynda Türkmenistanda ösýän derman otlardan we beýleki ýurtlardan getirilen çig mallardan dermanlaryň 90-dan gowrak görnüşi öndürilýär. Bilelikdäki «Türkmenderman Ajanta Farma Limited» kärhanasynda dermanlaryň gerdejik, süýri däne we ürgün görnüşleri çüýşejiklerde we derman çüýşelerde sanjym serişdeleri, melhemler, diş ýuwulýan serişdeler öndürilýär. «Tenekar» derman kärhanasy infuzion erginleri taýýarlamaga niýetlenen suwy taýýarlaýan çylşyrymly köp tapgyrly ulgamdan, infuzion

erginleri taýýarlaýan, infuzion erginleri derman çüýşelere guýýan we olara ýarlyklary ýelmeýän bölümlerden durýar. Häzirki wagtda kärhanada infuzion erginleriň 16 görnüşiniň önümçiligi ýola goýuldy.

Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwründe Aşgabat şäherinde ýeňil senagaty ösdürmeklige aýratyn orun berilýär. Şäheriň senagat önümleriniň 40%-den gowragy ýeňil senagatyň paýyna düşýär. Aşgabat şäherinde häzirki zaman tehnologiýalary bilen enjamlaşdyrylan «Türkmenbaşy» we «Aşgabat» dokma toplumlary, medisina we kosmetiki pamyk önümlerini öndürýän, «Ýüpek», «Argaç» ýüň egriji, haly, «Türkmengalkan» aýakgap, «Ahal», «Bahar» tikinçilik fabrikleri, «Egriji» kärende kärhanasy ýerleşýär. Häzirki wagtda şäheriň demirgazyk-günbataryndaky dokma toplumynyň ikinji nobatdakysynyň gurluşygy alnyp barylýar.

Öndürýän önümleriniň möçberi boýunça azyk senagaty ýeňil senagatdan soň ikinji orunda durýar. Aşgabat şäheriniň azyk senagaty kärhanalary, esasan, et, süýt, süýji-köke, çakyr, piwo öndürmeklige ýöriteleşdirilendir.

Şäherde döwlet we hususylaşdyrylan söwda merkezleriniň we kärhanalarynyň, durmuş hyzmaty edaralarynyň uly toplumy ýerleşýär.

Aşgabat ýurdumyzyň welaýatlary, şeýle hem dünýäniň köp döwletleri bilen aragatnaşygy üpjün edýän ulag geçelgesiniň möhüm wezipesini ýerine ýetirýär. Şonuň üçin ýurdumyzyň merkezine Aşgabat–Mary–Türkmenabat, Aşgabat–Daşoguz, Aşgabat–Türkmenbaşy awtomobil we demir ýollarynyň şahalary uzalýar. Ýurdumyzyň welaýatlaryna, goňşy döwletlere gidýän demir, awtomobil ýollary Aşgabat şäheriniň ulag-geografiki ýerleşişini amatlaşdyrýar. Şäherde ýurdumyzyň iň uly, halkara ülňülerine laýyk gelýän demir ýol we awtomobil menzilleri, aeroport ýerleşýär. Şäheriň daşyna 200 kilometrden gowrak aýlaw ýolunyň gurluşygy tamamlandy. Ýoluň ugrunda estakadaly, köp şahaly awto-

mobil ýollarynyň 7-sini we köprüleriň 3-sini, jemi uzynlygy 6,8 km bolan awtomobil ýollarynyň 2-sini öz içine alýan desgalar toplumy guruldy. Aşgabat şäheriniň Arçabil, Gökdere jülgeleri, Köpetdagyň Giňdiwar gerşi ýurdumyzyň esasy dynç alyş sebitidir.

Aşgabat ylmyň we medeniýetiň uly merkezi hasaplanýar. Paýtagtymyzda Türkmenistanyň ylymlar akademiýasy, 2011-nji ýylyň maglumatlaryna görä ýokary okuw mekdepleriniň 19-sy, orta hünär mekdepleriniň 11-si, başlangyç hünär okuw mekdepleriniň 13-si, orta mekdepleriň 97-si, ministrlikleriň we edaralaryň ylmy-önümçilik institutlary we tejribe merkezleri, Milli medeniýet merkezi, Merkezi kitaphana, Medeniýet ministrliginiň Türkmenistanyň Baş milli, Medeniýet merkeziniň Prezident, Şekillendiriş sungaty muzeýleri, «Türkmenhaly» döwlet korporasiýasynyň Türkmen halysynyň milli muzeýi hem-de Türkmenistanyň Merkezi bankynyň milli gymmatlyklar muzeýi we sergi köşgi, teatrlar, beýikligi 211 metr bolan telewizion minara ýerleşýär.

Şäherde saglygy goraýyş edaralarynyň onlarçasy, şol sanda saglyk öýleriniň 10-usy, hassahanalaryň 14-üsi halka hyzmat edýär.

Aşgabat şäheri abadanlaşýar, hakyky paýtagt şäherine öwrülýär. Onuň meýdan-çäginde täze häzirki zaman kadalaryna gabat gelýän ymaratlar (ýokary okuw mekdepleri, administratiw jaýlar, hassahanalar, ýaşaýyş jaýlar we dürli desgalar) gurulýar. Öň belleýşimiz ýaly, Aşgabat şäheri ekologik taýdan arassa şäherleriň biri bolmagynda galar. Onuň çäginde 157 gektar meýdanda 30-a golaý sport desgalaryny öz içine alýan «Olimpiýa» şäherjigi gurulýar.

Aşgabat Türkmenistanyň Bitaraplyk syýasatyny amala aşyrýan merkezidir. Şu nukdaýnazardan alnanda Aşgabadyň halkara ähmiýeti örän uludyr. Şäher ylalaşdyryjy merkez hökmünde möhüm halkara syýasy gepleşikleriň

geçirilýän ýerine öwrüldi. Aşgabatda Birleşen Milletler Guramasynyň, beýleki halkara guramalarynyň dünýä derejesinde wajyp meseleleri çözmek bilen baglanyşykly maslahatlar hem geçirilýär. 2007-nji ýylda Aşgabatda ştab-kwartirasy ýerleşýän BMG-niň Orta Aziýa boýunça Öňüni alyş diplomatiýasynyň Sebit merkezi açyldy. Ýewropa döwletleri bilen ykdysady, syýasy we medeni gatnaşyklary ösdürmek maksady bilen «Ýewropa öýi» merkezi hem hereket edýär.

!?!

**Soraglar**

**1.** Aşgabat şäheriniň ykdysady-geografik ýerleşişi nähili?

**2.** Şäherde nähili senagat kärhanalary ýerleşýär?

**3.** Ilata durmuş taýdan hyzmat edýän pudaklar garaşsyzlyk ýyllarynda nähili özgerdi?

# Ahal durmuş-ykdysady sebiti (Ahal welaýaty)

## §46. Tebigy şertleri we baýlyklary. Ilaty

**Geografik ýerleşişi.** Ahal welaýaty ýurdumyzyň günortasynda ýerleşip, Köpetdagyň gündogar we merkezi böleklerini we dag etek düzlüklerini, Tejen derýasynyň jülgesini hem-de Garagum çölüniň günbatar bölegini öz içine alýar. Sebitiň çäklerinde ýurdumyzyň paýtagty Aşgabat şäheriniň ýerleşmegi welaýatyň durmuş-ykdysady ösüşine öňaýly täsir edýär. Ahal welaýaty ýurdumyzyň ähli welaýatlary bilen araçäkleşýän ýeke-täk durmuş-ykdysady sebitdir. Welaýatyň tutýan meýdany 97,16 müň km$^2$ bolup, ýurduň çäginiň 19,9%-ine deňdir. Onuň düzümine 9 etrap: Ruhabat, Ak bugdaý, Baharly, Gökdepe, Kaka, Babadaýhan, Sa-

rahs, Tejen, Altyn asyr; 5 şäher: Abadan, Tejen, Gökdepe, Baharly, Änew; 13 şäherçe, 104 geňeşlik we 278 oba girýär.

**Ýer üstüniň gurluşy we gazma baýlyklary.** Ahal welaýaty ýer üstüniň gurluşy boýunça günortadan demirgazyga tarap, esasan, üç bölege (daglyk, dag etegi düzlük we peslik) bölünýär. Olardan peslik bölegi (Merkezi Garagum) welaýatyň meýdanynyň köp ýerini tutup, gadymy Amyderýanyň, Tejeniň getirintgilerinden düzülendir. Ol öz düzümine günorta-gündogarda Tejen derýasynyň deltasyndaky mes toprakly ýerleri, demirgazykda Üňüz aňyrsyndaky Garagumuň bir bölegini alýar. Garagum çöli günortada medeni landşaftly dag eteginiň düzlügi bilen sepleşýär. Bu çölüň hojalyk ähmiýeti uludyr. Ol welaýatyň esasy öri meýdany bolup hyzmat edýär. Ondan başga-da çölde tebigy gazyň, nebitiň we aýna önümçiligi üçin çig malyň gorlary bar. Dag etegi düzlügi Köpetdag gerşine parallel ugurda günorta-gündogardan, demirgazyk-günbatara uzalýar, ony baýyrlyklar we Köpetdagdan gözbaşyny alýan çaýlaryň hanalary we deltalary düzýär. Onda akar suwlaryň, mes toprakly ýerleriň barlygy sebäpli, welaýatyň esasy ekerançylyk zolagyna öwrüldi.

Ahal welaýatynyň territoriýasy tebigy gaza, nebite baý hasaplanýar. Sarahs we Tejen etraplarynyň çäginde, Merkezi Garagumda tebigy gazyň uly gorlary bar. Döwletabat we Tejen (Garajaowlak) ýurdumyzdaky uly gaz ýataklaryna degişlidir. Welaýatyň çöllük böleginde tebigy gazyň uly gorlary Şyh, Topjulba, Toparjulba, Çemmerli, Goýun, Kyrkguýy, Atasary känlerinde ýüze çykaryldy. Soňky ýyllarda bu sebitdäki Ýylakly, Gutlyaýak, Mydar ýataklarynda nebitiň baý gorlarynyň bardygy anyklanyldy.

Bu durmuş-ykdysady sebit gazylyp alynýan baýlyklardan gurluşyk materiallaryna hem baýdyr. Aýratyn hem kwars çägesiniň, toýnuň, hek we çäge daşlarynyň, dolomitiň, çagyl materiallarynyň gorlary uludyr. Olaryň




**33-nji surat. Ahal welaýatynyň ykdysady kartasy**

senagat merkezlerine ýakyn ýerleşmegi welaýatda aýna, demir-beton, sement önümçiliklerini ýola goýmaga mümkinçilik döredýär. Kwars çägesiniň, gipsiň, hek daşynyň Baharlyda, dolomitiň Keletede we Kaka etrabynda, çagyl daşlarynyň Gowşutda, Kakada, Duşakda, kwars çägesiniň Babadurmazda baý gorlary bar. Olaryň köpüsi önümçilikde peýdalanylýar.

**Klimaty.** Welaýatyň klimaty çürt-kesik kontinental bolup, oňa tomsuň yssy, gyşyna bolsa sowuk bolmagy, howanyň çyglylygynyň pesligi, atmosfera ygallarynyň azlygy häsiýetlidir. Bu sebitlerde howanyň temperaturasynyň uly tapawudy duýulýar. Aýazsyz döwrüň dowamlylygy çölde 230 güne, daglyk ýerlerde bolsa 190 güne ýetýär. Howanyň temperaturasynyň şeýle ýagdaýy welaýatda ýylylygy halaýan gök we bakja ekinlerini, aýratyn-da, inçe süýümli gowaçany ösdürip ýetişdirmek üçin oňat şert döredýär.

**Suw baýlyklary.** Welaýatyň suw üpjünçiligi Garagum derýasy, Tejen derýasy, Köpetdagdan gözbaşyny alýan çaýlar, ýerasty suwlaryny çykarýan dik guýular we kärizler arkaly amala aşyrylýar. Garagum derýasy welaýatyň çäginden gündogardan günbatara 307 km aralykda kesip geçýär. Ol welaýatyň suw üpjünçiliginiň gowulanmagyna düýpli täsir etdi. Derýanyň suwuny rejeli peýdalanmak maksady bilen onuň boýunda göwrümi 750 mln $m^3$ bolan Hanhowuz, Aşgabadyň eteginde Gurtly (49,5 mln $m^3$) we Gündogar (6,3 mln $m^3$), Gökdepe etrabynyň çäginde göwrümi 550 mln $m^3$ bolan Köpetdag suw howdanlary guruldy. Olardan iň ähmiýetlisi Hanhowuz suw howdanydyr. Tejen derýasynyň welaýatyň Sarahs we Tejen etraplaryny suw bilen üpjün etmekde ähmiýeti uludyr. 2005-nji ýylda onuň boýunda Türkmenistanyň we Eýranyň bilelikde peýdalanmak maksady bilen göwrümi 1,3 mlrd $m^3$ bolan Dostluk suw howdany guruldy. Aşgabadyň golaýynda sil suwlaryny bir ýere jemleýän, «Bagyr» suw howdany 2010-njy ýylda ulanylmaga berildi. Häzirki wagtda Kaka etrabynyň Gozgangala obasynyň golaýynda «Gozgançaý» suw howdany gurulýar.

**Ýer we toprak baýlyklary.** Ahal welaýaty uly ýer baýlyklaryna eýedir. Ähli meýdanynyň 74%-i oba hojalygynda peýdalanylýar. Şonuň 87%-i öri meýdanlarydyr. Welaýatyň ekerançylyk ýerleriniň umumy möçberi 376,4 müň gektara barabar. Geljekde özleşdirmäge ýaramly ýerler günbatar

we merkezi Köpetdag etegi düzlüginde, Gäwers düzlüginde 1,2 mln gektara ýetýär. Ahal welaýatynyň çäginde esasy ýaýran toprak görnüşlerinden goňur (dagda), mele çemen topraklary, şorluklary bellemek bolar. Eger düme ekerançylygy alnyp barylýan ýerlerde goňur topraklar ýaýran bolsa, suwarymly ekerançylyk ýerlerini aglaba mele topraklar tutýar. Çemen topraklary gözbaşyny Köpetdagdan alýan çaýlaryň, ýaplaryň boýunda ýaýrandyr we suwarymly ekerançylykda uly orun tutýar. Takyrlar, esasan, çöllük ýerlerde ýaýrandyr.

**Ilaty**

Ahal welaýatynyň çäginde ýurdumyzyň ilatynyň 14,5%-i ýaşaýar. Ilatyň ortaça ýyllyk ösüş depgini ýokary bolmagyna galýar.

Ahal welaýaty oba hojalyk önümçiliginiň ösen sebitleriniň biri hasaplanýar. Welaýatda ähli ilatyň 67,1%-i oba ýerlerinde, 32,9%-i bolsa şäherlerde we şäherçelerde ýaşaýar. Oba ilaty welaýatyň çäginde ýerleşýän 104 geňeşlige degişli 278 obada, şäher ilaty bolsa 5 şäherde we 12 şäherçede jemlenendir. Welaýatdaky etraplar ilatynyň sany boýunça düýpli tapawutlanýarlar.

Welaýatyň çäginde ilat örän endigansyz ýerleşýär. Ilatyň ortaça gürlügi umumy meýdan-çäk boýunça 1 km$^2$-e 8,3 adama deňdir. Ýöne ilatyň esasy bölegi Köpetdag etegi düzlüginde, Tejen oazisinde, Garagum derýasynyň zolagyndaky işlenilip bejerilýän ýerlerde ýaşaýar. Ol ýerlerde ilatyň gürlügi has ýokary bolup, tersine, welaýatyň Garagum çölüne ýanaşýan uly böleginde, şeýle-de Köpetdag dag ulgamynyň çäklerinde ortaça gürlük örän pesdir. Etraplaryň medeni zolaklarynda ilatyň gürlügi 1 km$^2$ 200–300 adama çenli ýetýär. Aşgabat şäheriniň we beýleki şäherleriň töweregindäki zolaklarda bu görkeziji 500–600 adama çenli artýar.

## §47. Hojalygynyň umumy häsiýetnamasy. Senagaty

Ahal welaýatynyň hojalygy köp ugurly bolup, onda gaz senagaty, himiýa, gurluşyk materiallary, ýeňil we azyk senagat pudaklary, däneçilik we pagtaçylyk, miweçilik we üzümçilik esasy ýöriteleşiş pudaklary hasaplanýar. Şol pudaklaryň öndürýän önümleriniň köpüsi boýunça welaýat ýurdumyzda görnükli orun eýeleýär.

**Senagaty.** Ahal welaýaty ýurdumyzda senagat önümçiliginiň iň ösen sebitleriniň biri hasaplanýar. Senagat üçin mineral çig mallaryň dürli görnüşleriniň uly gorlarynyň bolmagy, oba hojalyk çig malynyň öndürilişiniň artmagy, zähmet baýlyklary, demir ýol we awtomobil ýollary bilen üpjünligi, şeýle-de ýurdumyzyň esasy senagat merkezi Aşgabat şäheriniň welaýatyň çäginde ýerleşmegi bu ýerde senagat önümçiliginiň ösmegine itergi berýär. Ýurdumyzda öndürilýän senagat önümleriniň öndürilişiniň umumy möçberinde welaýatyň paýy 16%-den geçýär.

Ahal welaýatynyň senagat önümçiliginiň düzüminde ýangyç-energetika toplumy esasy orun tutýar. Jemi senagat önüminiň 78,3%-i bu toplumyň paýyna düşýär. Soňra önümiň möçberi boýunça işläp bejerýän senagaty (ýeňil we azyk senagat pudaklary – 20,4%) tapawutlanýar.

Welaýatyň etraplary boýunça senagat önümçiliginiň gerimi we pudaklaýyn düzümi birmeňzeş däldir. Öndürilýän ähli senagat önüminiň 72,2%-i (tebigy gazy çykarmagyň hasabyna) Sarahs etrabynyň paýyna düşýär. Ýöne Abadan şäherinde, Ruhabat we Baharly etraplarynda senagat önümçiligi köp ugurlydyr. Şeýle-de bu etraplarda soňky ýyllarda senagatyň ösüş bady has ýokary. Onuň esasy sebäbi, bu ýerlerde täze senagat kärhanalarynyň gurulmagy bolup durýar.

Ahal welaýatynyň meýdan-çäginde mawy ýangyjyň uly gorlary jemlenendir. Häzirki güne çenli welaýatda tebigy ga-

zyň we nebitiň 30-dan gowrak ýataklarynyň bardygy anyklanyldy. Olaryň bir bölegi häzirki wagtda peýdalanylýar. Sarahs etrabynyň çäginde ýerleşýän Döwletabat ýurdumyzda iň uly gaz känleriniň biri hasaplanýar. Welaýatda tebigy gazyň çykarylyşy 2011-nji ýylda 19,4 mlrd m$^3$-e deň boldy. Çykarylýan gaz kondensatynyň möçberi-de ýylsaýyn artýar (62,2 müň tonna). «Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň 2011–2030-njy ýyllar üçin Milli maksatnamasyna» laýyklykda Ahal welaýatynda ýangyç-energetika toplumyny ösdürmek boýunça uly wezipeler goýulýar. Geljekde Merkezi Garagumda we Sarahs etrabynyň çäginde tebigy gazy suwuklandyrýan desgalar, nebiti gaýtadan işleýän kärhana işe giriziler.

Welaýatyň senagat önümçiliginde elektroenergetika pudagynyň ähmiýeti-de barha artýar. Ýurdumyzda öndürilýän elektrik energiýasynyň 15,7%-i onuň paýyna düşýär. 2011-nji ýylda 2996,9 mln KWt elektrik energiýasy öndürildi. Welaýatyň çäginde 2 sany ýylylyk elektrik stansiýasy işleýär. Abadan şäherindäki gaz turbinaly elektrik stansiýasynyň durky täzelenip, kuwwatlylygy artdyryldy. 2011-nji ýylda bolsa Akbugdaý etrabynda «Ahal-1» gaz turbinaly elektrik stansiýasy ulanylmaga berildi.

Ahal welaýatynyň çäginde dürli mineral gurluşyk materiallarynyň, ýagny sement, aýna çig malynyň, dolomitiň, çagyl-çäge garyndysynyň, gurluşyk daşlarynyň we hek daşynyň uly känleri ýerleşýär. Olar gurluşyk materiallary senagatyny ösdürmek üçin esas bolup durýar. Gurluşyk materiallary senagatynyň ösdürilmegine itergi berýän şertleriň biri-de welaýatyň çäginde ýurdumyzyň paýtagty Aşgabat şäheriniň ýerleşmegidir. Garaşsyzlyk ýyllarynda Aşgabat şäheri we onuň töweregindäki ilatly ýerler hakyky gurluşyk meýdançasyna öwrüldi. Elbetde, bu ýerde uly möçberde alnyp barylýan gurluşyk işleri dürli görnüşdäki gurluşyk materiallarynyň önümçiligini giňeltmekligi talap edýär.

Ýurdumyzda öndürilýän sementiň agramly bölegi, gurluşyk kerpijiniň 10,2%-iniň, ýygnama demir-beton gurnamalarynyň we önümleriniň 20,6%-iniň, magdan däl gurluşyk materiallarynyň 60,6%-iniň Ahal welaýatynda öndürilýändigi bu pudagyň ähmiýetiniň uludygyny görkezýär.

Welaýatyň çäginde gurluşyk materiallaryny öndürýän 24 kärhana ýerleşýär. Olaryň esasy bölegi Abadan şäherinde, Baharly we Ruhabat etraplarynda jemlenendir. Döwletimizde ilkinji mermer zawody Owadandepede işe girizildi.

Ýurdumyzyň halk hojalygynyň demir we demir önümleri bilen üpjünligini gowulandyrmak maksady bilen, metal galyndylarynyň (lomuň) esasynda işleýän metallalurgiýa zawody Ruhabat etrabynyň demirgazygynda Owadandepede guruldy.

Himiýa senagaty Ahal welaýatynda garaşsyzlyk ýyllarynda ösdürilip başlanyldy. Onuň esasy kärhanalary 2004-nji ýylda işe girizilen Tejeniň karbamid zawody, Ýaşlyk şäherçesindäki Kagyz kombinaty we Ruhabat etrabyndaky turba zawodydyr. Karbamid zawody ýurdumyzyň oba hojalygyny azot dökünleri bilen üpjün edýär. 2011-nji ýylda kärhanada 128,9 müň tonna karbamid öndürildi. Geljekde kärhananyň önümçilik kuwwatyny artdyrmak göz öňünde tutulýar.

Ýaşlyk şäherçesinde dünýä ülňülerine laýyk gelýän kagyz önümlerini öndürýän kärhana işleýär. Ol gowaça galyndylaryny we däne ýygnalandan soňra galýan samany çig mal hökmünde gaýtadan işleýär. Kärhananyň kuwwatlylygy ýylda 30 müň tonna kagyz öndürmekden ybaratdyr.

Ýurdumyzyň suw hojalygynyň we ýaşaýyş-jaý jemagat hojalygynyň edara-kärhanalaryny plastmassa turbalary bilen üpjün etmek maksady bilen gurlan turba zawody häzirki zaman enjamlary bilen abzallaşdyrylan.

Ýeňil senagaty özüne 27 kärhanany birleşdirýär. 2011-nji ýylda pudagyň kärhanalarynda 73,8 müň *t* pagta süýümi,

42,6 mln $m^2$ nah matalar, 2,8 mln sany örülen önümler, 3,829 mln jübüt jorap öndürildi. Garaşsyzlyk ýyllarynda öz ýerli çig malymyza esaslanýan, dünýä ülňülerine laýyk gelýän ýokary tehnologiýaly dokma kärhanalarynyň onlarçasy guruldy.

Düzümine 25 kärhanany birleşdirýän azyk senagat pudagy Garaşsyzlygymyzyň gysga döwründe uly ösüşe eýe boldy. Ýurdumyzda azyk howpsuzlygyny üpjün etmek babatynda maksatnamalaryň çäklerinde häzirki zaman kärhanalary işe girizildi. Häzirki günüň talaplaryna laýyk gelýän galla önümleri kombinatlary (Ruhabat etrabynda, Tejen şäherinde, Änew, Kaka şäherçelerinde), Ruhabat etrabyndaky çagalar iýmiti zawody, miwe şirelerini we tomat goýultmasyny öndürýän «Ruhubelent» kärhanasy we başgalar munuň aýdyň mysalydyr.

Ahal welaýaty üzümdarçylygyň, miweçiligiň ösen sebiti hasaplanylýar. Şoňa baglylykda ýurdumyzda çakyr önümlerini we şerbetli içgileri öndürýän kärhanalaryň 10-usyndan 5-si onuň çäginde ýerleşýär. Olara Abadan şäherindäki çakyr zawody, «Gökdepe» (Gökdepe etraby), «Zähmet», «Owadandepe» (Ruhabat etraby), «Änew» (Ak bugdaý etraby) çakyr kärhanalary degişlidir. Olarda 40-dan gowrak görnüşdäki çakyr önümleri öndürilýär.

## §48. Oba hojalygy. Ulaglar ulgamy

Ahal welaýatynda oba hojalygy ykdysadyýetiň esasy pudaklarynyň biridir. Halk hojalyk pudaklarynda işleýän ilatyň 60%-e golaýy oba hojalyk önümçiliginde meşgullanýar.

Taryhy maglumatlara görä, Köpetdag etegindäki düzlük dünýäde ilkinji emele gelen gadymy ekerançylyk we maldarçylyk sebitleriniň biri hasaplanýar. Bu ýerlerde dünýä edebiýatynda Jeýtun, Änew, Göksüýri medeniýe-

ti ady bilen belli bolan ekerançylyk, senetçilik merkezleri döräpdir. Şol irki ykdysady-medeni merkezleriniň dörän döwürlerini taryhçylar biziň eýýamymyzdan öňki 5-6 müň ýyllyga degişli edýärler. Ekerançylyk Ahal welaýatynda Bamy-Mäne aralygynda we Tejeniň golaýynda Göksüýrüde has ösüpdir. Bu ýerlerde ýaşan ata-babalarymyz ýerlerini dagdan gelýän ýagyş sil suwlarynyň hasabyna ekipdirler. Olar diňe bir ýagyş suwunyň gelen ýerine ekin ekmän, eýsem, emeli suwaryş arkaly hem ekerançylygy ösdüripdirler. Şeýlelikde, bu ýerlerde oturymly ekerançylyk-maldarçylyk medeniýeti döräpdir.

Ata-babalarymyzyň gadymy döwürlerden bäri peýdalanan mes toprakly meýdanlarynda, olaryň hojalygy ýöretmek boýunça toplan baý tejribeleriniň esasynda oba hojalyk önümçiligi biziň günlerimizde has kämilleşdi we uly önümçilik pudagyna öwrüldi. Tebigy şertler welaýatda oba hojalygyny ösdürmäge uly mümkinçilikler döredýär.

Garaşsyzlyk ýyllarynda welaýatda oba hojalygynyň ekerançylyk pudaklarynda uly özgerişlikler bolup geçdi. Welaýatyň ähli ekin meýdanlarynyň möçberi 376,4 müň gektara barabar. Soňky ýyllarda däneli ekinleriň meýdany artdyryldy. 2011-nji ýylda onuň möçberi 229,5 müň gektardan geçdi.

Gowaça ekilýän ýerleriň möçberi-de köpeldi. Häzirki wagtda 125 müň gektara golaý meýdanda gowaça, esasan-da, onuň inçe süýümli görnüşi ösdürilip ýetişdirilýär.

Döwletimizde öndürilýän dänäniň üçden birine golaýyny, pagtanyň bolsa 20,6%-ini Ahal welaýaty berýär. Welaýatyň hojalyklarynda gök we bakja ekerançylygy, miweçilik we üzümçilik hem ösdürilýär. 2011-nji ýylda welaýat boýunça öndürilen bakja ekinleriniň we kartoşkanyň 93 %-i hususy hojalyklaryň paýyna düşýär. Şonuň üçin-de bu ekinleriň hasyllylygy-da ýylsaýyn artýar.

Ahal welaýatynda maldarçylygyň ösüşi ekerançylygyň geografiýasy we öri meýdanlary bilen baglanyşykly. Welaýatyň oazis böleginde gara mallary, guşçulyk, gylýalçylyk, ýüpekçilik ösdürilip ýetişdirilýär. Garaşsyzlyk ýyllarynda däneli ekinleriň meýdanynyň artdyrylmagy maldarçylygyň ösmegine uly itergi berdi. Soňky ýyllarda maldarçylyk hususy hojalyklarda has çalt depginler bilen ösdürilýär.

Durmuş-ykdysady sebitinde dowardarçylygy ösdürmek üçin gowy mümkinçilikler bar. Demirgazygynda Garagum çöli, günortasynda Köpetdag eteginiň düzlügi we baýyrlyklar, daglar bolup, olaryň öri meýdanlarynyň hasyllylygy ýokarydyr. Ýurdumyzdaky dowarlaryň 26,3 %-i (4513 müň baş sany) Ahal welaýatynyň paýyna düşýär.

Welaýatda gara mallaryň sany 2011-nji ýylda 279 müňe golaýlady. Mallaryň baş sany boýunça Sarahs, Tejen, Babadaýhan, Baharly, Ak bugdaý, Ruhabat etraplary tapawutlanýarlar.

Ahal welaýatynda düýedarçylygy, gylýalçylygy ösdürmeklige hem uly üns berilýär. Olaryň baş sany ýylsaýyn köpelýär. Welaýatyň hojalyklarynda 43,7 müň baş düýe we 6,2 müň baş gylýal bar. Ahal welaýaty ahalteke atlarynyň watany hasaplanýar. Soňky ýyllarda bu pudak uly ösüşe eýe boldy.

**Ulaglar ulgamy.** Welaýatyň durmuş-ykdysady taýdan ösmeginde ulaglar ulgamynyň, ýagny ulag ýollarynyň we ulaglaryň dürli görnüşleriniň işiniň guralyşynyň uly ähmiýeti bardyr. Ahal welaýatynda hem ýurdumyzda bolşy ýaly, kämil ulaglar ulgamy döredildi.

Ilatyň ýerleşişiniň häzirki meýdan-çäk şekiliniň emele gelmegi köp derejede demir ýollaryň geçmegi bilen baglanyşyklydyr. Welaýatyň gür ilatlaşan dag etek düzlügi boýunça günbatardan gündogarlygyna uzaboýuna Türkmenbaşy–Aşgabat–Mary–Türkmenabat demir ýoly geçýär. Ol ýurdumyzyň esasy ýük we ýolagçy gatnawynyň möhüm da-

16. Sargyt № 2401.

mary bolup durýar. 1996-njy ýylda uzynlygy 132 km bolan Tejen–Sarahs demir ýoly ulanylmaga berildi. Sarahsda 2,5 mln *t* ýüki geçirip bilýän halkara menzili guruldy.

2006-njy ýylda gurlan, uzynlygy 560 km bolan Aşgabat–Garagum–Daşoguz demir ýolunyň ýarysyna golaýy Ahal welaýatynyň meýdan-çäginden geçýär. Bu bolsa welaýatyň demirgazyk çöllük böleginiň durmuş-ykdysady taýdan ösdürilmegine uly itergi berýär. Demir ýoluň geçmegi bilen bu ýerleriň hojalyk taýdan özleşdirilmegi uly gerime eýe bolar.

Ahal welaýatynyň hojalyk toplumynyň we ilatynyň ösmeginde awtomobil ulaglarynyň täsiri hem örän uludyr. Welaýatyň çäginde ýurdumyzyň paýtagty Aşgabat şäheriniň ýerleşmegi awtomobil ýollary bilen üpjünligiň gowy bolmagyna ýardam edýär. Welaýatyň ähli etraplary, şäher we oba ilatly ýerleri awtomobil ýollary bilen birleşdirilendir.

**Welaýatyň durmuş taýdan ösüşi.** Garaşsyzlyk ýyllarynda sebitiň durmuş taýdan ösüşi uly sepgitlere ýetdi. Welaýatda durmuş maksatly desgalaryň uly toplumy hereket edýär. Täze döwürde Gökdepe etrabynda «Ene mähri» hassahanasy, köpugurly hassahana, Abadan şäherinde 10 müň orunlyk stadion, Ruhabat etrabynyň Gypjak, Babaarap, Yzgant obalarynda dünýä ülňülerine laýyk gelýän saglyk öýleri, mekdepler, çagalar baglary, söwda merkezleri we beýleki medeni-durmuş maksatly desgalar gurlup ulanylmaga berildi. Olardan başga-da Ahal welaýatynda 4 stadion, 130 sport desgalary bar. Welaýatyň çäklerinde 3 muzeý we 1 teatr hereket edýär. 2012-nji ýylda welaýatda 6 mekdep, 11 sany çagalar baglary guruldy. 2013-nji ýylda 28 mekdebiň, 28 çagalar baglarynyň gurluşygy dowam edýär.

**Welaýatyň durmuş-ykdysady ösüşiniň geljegi.** Döwletimizde yglan edilen uzak möhletleýin maksatnamalaryň çäklerinde Ahal welaýatyny durmuş-ykdysady taýdan ösdürmek babatda uly wezipeler goýulýar. Geljekde baý ne-

bit we gaz gorlarynyň esasynda welaýatda ýangyç senagaty uly ösüşe eýe bolar. Şonuň esasynda onuň çäginde nebiti gaýtadan işleýän zawod, iki sany gazy suwuklandyrýan kärhana gurlar. Her bir etrapda ýeňil we azyk senagatynyň kärhanalaryny gurmak göz öňünde tutulýar. Oba hojalygynda däneçilik we pagtaçylyk bilen birlikde gök-bakja ekerançylygyny, miweçiligi we üzümdarçylygy, maldarçylygy ösdürmek boýunça uly wezipeler bellenilýär.

Welaýatda obalaryň, şäherçeleriň, etrapdaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň durmuş-ýaşaýyş şertlerini özgertmek boýunça işler üçin hem uly maliýe serişdeleri harçlanylar. Şoňa baglylykda 2008–2020-nji ýyllarda welaýatyň etraplarynda 98 sany mekdebe çenli çagalar edaralary, 30 sany orta mekdepleri, 77 sany medeniýet öýleri, 40 sany sport mekdepleri, 32 sany sport desgalary, şeýle-de durmuş-medeni maksatly desgalaryň uly toplumy gurlar.

## § 49. Sebitiň içerki durmuş-ykdysady aýratynlyklary

Ahal durmuş-ykdysady sebitiniň çäginde ýerleşýän etraplar, şäherler tutýan meýdany, tebigy şertleri, ilatynyň sany, hojalygynyň ýöriteleşiş ugurlary boýunça biri-birinden tapawutlanýarlar. Aşakda olara gysgaça häsiýetnama berilýär.

Welaýatyň dolandyryş merkezi Änew şäheridir. 2008-nji ýylda oňa etrapdaky şäher statusy berildi. Änew ýurdumyzyň paýtagty Aşgabat şäheriniň golaýynda ýerleşmek bilen, welaýatyň uly ykdysady we durmuş-medeni merkezine öwrülýär. Şäherde 110-a golaý senagat, ulag we aragatnaşyk, gurluşyk kärhanalary we edaralary bar. Şäherde welaýatyň we Ak bugdaý etrabynyň dolandyryş edaralary ýerleşýär. Änewde senagat kärhanalaryndan çakyr zawody, un-degirmen toplumy, kerpiç zawody, söwda we durmuş-medeni

maksatly edaralar bar. Änewde Ak bugdaý muzeýi, onuň golaýynda bolsa uly arheologik toplumy bolan Änew galasy ýerleşýär.

*Abadan şäheri* Aşgabatdan 18 km günbatarda ýerleşýär. Ol Aşgabada golaý ýerleşen senagat merkezi hasaplanýar. Iki şäheriň arasynda jebis önümçilik gatnaşygy amala aşyrylýar. Şäher ýurdumyzda gurluşyk materiallary önümçiliginiň ösen merkezidir. Bu ýerde şol pudagyň birnäçe uly kärhanasy ýerleşýär. Abadan şäherinde Saparmyrat Nyýazow adyndaky DES-i, turba zawody, gurluşyk materiallary, öý gurluşyk kombinatlary, ak toýun öndürýän kärhana, egirme-dokma we haly fabrikleri, tomat-konserwa, çakyr, piwo zawodlary hereket edýär.

Şäheriň Ruhabat we Gökdepe etraplarynyň ilaty üçin ykdysady-durmuş merkez hökmünde ähmiýeti uludyr. Onuň çäginde söwda we durmuş-medeni maksatly kärhanalaryň onlarçasy işleýär. Garaşsyzlyk ýyllarynda şäheriň binagärlik keşbi özgerdi, ekologik ýagdaýy gowulandy. Ekologik taýdan zyýanly önümçilik kärhanalary şäheriň daşyna çykaryldy, täze durmuş-medeni edaralar, döwrebap ýaşaýyş jaýlary gurulýar.

*Tejen şäheri* Aşgabatdan 210 km uzaklykda, welaýatyň gündogarynda ýerleşýär. Şäheriň Tejen oazisindäki etraplary üçin ykdysady we durmuş-medeni merkez hökmünde ähmiýeti uludyr. Ol Tejen etrabynyň merkezi hasaplanýar. 2008-nji ýylda oňa etrap hukukly şäher statusy berildi. Şäherde etrabyň dolandyryş edaralary, söwda we durmuş-medeni maksatly edaralaryň onlarçasy hereket edýär.

Garaşsyzlyk ýyllarynda Tejen şäheri ýurdumyzyň we Ahal welaýatynyň uly senagat merkezleriniň birine öwrüldi. Bu ýerde häzirki zaman ülňülerine laýyk gelýän karbamid zawody, egirme-ýüplük fabrigi, pagta arassalaýjy zawod, tikin-trikotaž fabrigi, gurluşyk materiallary kombinaty, un kombinaty, konserwa zawody, süýt önümleri zawody

ýerleşýär. Tejen uly ulag çatrygydyr. Şäheriň üstünden Aşgabat–Mary–Türkmenabat awtomobil we demir ýollary, Şatlyk–Aşgabat magistral gaz geçirijisi geçýär.

*Baharly etraby* sebitiň gündogarynda ýerleşýär. Onuň çägine Köpetdagyň, dag etegi düzlüginiň we Garagum çölüniň bir bölegi girýär. Etrabyň çäginden Garagum derýasy, Aşgabat–Türkmenbaşy demir we awtomobil ýollary geçýär. Etrap Garagum derýasynyň we Köpetdagdan gaýdýan ownuk suw çeşmeleriniň suwlary bilen üpjün edilýär. Hojalygynyň esasy ýöriteleşdirilen ugurlary pagtaçylyk, däneçilik, gök-bakja ekerançylygy, dowardarçylyk hasaplanýar.

Baharly etrabynyň düzümine 1 şäher, 15 geňeşlik we 31 oba girýär. Garaşsyzlyk ýyllarynda etrabyň senagat taýdan ähmiýeti artýar. Bu ýerde magdan däl gurluşyk materiallary kärhanalary ýerleşýär. Keletede sement zawody, Akdepe obasynda egirme-dokma fabrigi işleýär. Etrabyň Sünçe obasynyň golaýynda uly guşçulyk toplumy bolup, onda her ýylda 3000 tonna towuk eti we köp möçberde ýumurtga öndürilýär. Etrabyň çäginde kesel bejeriş ähmiýetli Arçman, Ýylysuw mineral suw çeşmeleri we kesel bejeriş ulgamlary bar. Olaryň esasynda häzirki zaman ülňülerine laýyk gelýän şypahanalar hereket edýär.

Baharly şäherinden 20 km gündogarda täsin Köwata ýerasty kükürt-wodorod suwly köli ýerleşýär. Onuň syýahatçylyk merkezi hökmünde ähmiýeti ýurdumyzyň çäginden daşarda hem bellidir.

*Baharly şäheri* Aşgabatdan 102 km günbatarda ýerleşýär. Ol 2008-nji ýylda etrapdaky şäher statusyny aldy. Şäherde haly fabrigi, çeper-senetçilik önümleri fabrigi, pagta arassalaýan zawod, konserwa zawody, durmuş-medeni edaralar ýerleşýär. Şäheriň 30 kilometr günbatarynda Arçman şypahanasy, 5 km günorta-gündogarynda mineral suwly Durun sagaldyş merkezi hereket edýär.

*Gökdepe etraby* welaýatyň günbatarynda ýerleşip, Köpetdagyň dag gerişlerini, dag etek düzlügini we Garagum çölüniň günorta bölegini öz içine alýar. Etrabyň ähli ekin meýdanlary, ilatly ýerleri dag etegi düzlüginde ýerleşendir. Onuň çägini Garagum derýasy, Aşgabat–Türkmenbaşy demir we awtomobil ýollary kesip geçýär. Garagum derýasynyň ugrunda Köpetdag suw howdany guruldy. Etrabyň hojalygynyň esasy ýöriteleşdirilen ugurlary däneçilik, pagtaçylyk, gök we bakja ekerançylygy, miweçilik, üzümdarçylyk, dowardarçylyk we düýedarçylyk bolup durýar. Etrapda senagat önümçiligi hem barha ösýär. Bu ýerde magdan däl gurluşyk materiallaryny öndürýän kärhana, Şorgala obasynyň golaýynda çakyr zawody, etrap merkezinde birnäçe senagat kärhanalary ýerleşýär. Gökdepe etrabynyň çäginde 1 şäher, 12 geňeşlik we 54 oba bar.

Etrap merkezi *Gökdepe* Aşgabat şäherinden 42 km günbatarda ýerleşýär. 2008-nji ýylda şäher statusy berildi. Şäheriň demirgazyk eteginde taryhy ýadygärlikler toplumy bolan Gökdepe galasy ýerleşýär. Şäherde dokma toplumy, gurluşyk materiallary zawody, etrabyň dolandyryş edaralary, söwda we durmuş hyzmaty kärhanalary, durmuş-medeni maksatly edaralar ýerleşýär.

*Ruhabat etraby* Aşgabat şäheriniň günbatar we demirgazyk-günbatar tarapyndaky territoriýalary tutýar. Ol ykdysady-durmuş taýdan çalt ösýän etrapdyr. Etrabyň oba hojalygy pagtaçylyk, däneçilik, gök ekerançylyk, miweçilik pudaklary boýunça ýöriteleşdirilendir. Soňky ýyllarda Ruhabat etraby Aşgabadyň senagat hemrasyna öwrülýär. Onuň çäginde birnäçe häzirki zaman senagat kärhanalary guruldy. Türkmenbaşy jinsi toplumy, dokma toplumy, metallurgiýa, turba we mermer zawodlary, panbarhat ýüpek matalaryny, garyşyk ýüplükleri öndürýän fabrikler, ýag zawody ýerleşýär. 2012-nji ýylda etrapda uly un üweýän toplum işe girizildi. Etrapda 4 şäherçe, 11 geňeşlik, 76 oba bar.

Etrap merkezi *Ruhabat şäherçesi* Aşgabadyň demirgazyk-günbatarynda ýerleşýär. Häzirki wagtda bu etrap merkezi uly senagat, durmuş-medeni merkeze öwrülýär. Bu ýerde häzirkizaman senagat kärhanalarynyň, söwda we durmuş-medeni edaralaryň, ýaşaýyş jaýlarynyň onlarçasy guruldy. Şäherçäniň ýurdumyzyň paýtagtynyň hemrasy hökmünde ähmiýeti barha artýar. Ol ýerden Aşgabat–Garagum–Daşoguz demir ýoly başlanýar.

*Bokurdak şäherçesi* Aşgabatdan 108 km demirgazykda, Merkezi Garagumda Aşgabat–Daşoguz demir we awtomobil ýollarynyň ugrunda ýerleşýär. Şäherçe şol sebitdäki maldarçylyk hojalyklarynyň guramaçylyk, durmuş-medeni merkezi hasaplanýar.

*Ak bugdaý etraby* Aşgabat şäheriniň gündogar tarapyndaky territoriýalary öz içine alýar. Onuň çägi daglyk, dag etek düzlügi we çöllük böleklerden durýar. Etrabyň ekin meýdanlarynyň esasy bölegi Gäwers düzlüginde ýerleşýär. Onuň territoriýasyny Garagum derýasy, Aşgabat–Mary demir we awtomobil ýollary kesip geçýär. Ilatly ýerler Garagum derýasynyň zolagynda özleşdirilen ýerlerde we ulag ýollarynyň ýakasynda ýerleşendir. Hojalygynyň ýöriteleşdirilen ugurlary: pagtaçylyk, däneçilik, gök we bakja ekerançylygy, üzümçilik, miweçilik, gara mallary ösdürip ýetişdirmek, dowardarçylyk. Etrabyň gündogarynda Berkararlyk (öňki Babadurmaz) şäherçesiniň golaýynda balykçylyk hojalygy bar. Ol Aşgabat şäheriniň ilatyny janly balyk bilen üpjün etmäge ýöriteleşdirilendir. Ak bugdaý etrabynyň düzümine 1 şäher, 3 şäherçe, 14 geňeşlik we 48 oba girýär.

Etrabyň çäginde, Änew şäherinden 34 km gündogarda *Ýaşlyk şäherçesi* ýerleşýär. Ol etrabyň gündogar bölegindäki durmuş-medeni we senagat merkezi hasaplanýar. Şäherçede gurluşyk materiallary zawody, täze kagyz-sellýuloza kombinaty, gök önüm we miwe saklanylýan

ammar bar. Etrabyň düzümine Bagabat şäherçesi hem girýär.

*Kaka etraby* welaýatyň gündogarynda Köpetdag etegi düzlüginde uly meýdany tutýar. Hojalygynyň esasy ýöriteleşdirilen ugurlary: pagtaçylyk, däneçilik, dowardarçylyk. Etrabyň ekerançylyk meýdanlarynyň esasy bölegi Garagum derýasynyň ýakasyndaky zolakda ýerleşendir. Etrapda 2 şäherçe, 11 geňeşlik, 18 oba ýerleşýär.

Etrap merkezi *Kaka* senagat taýdan ösen şäherçeleriň biri hasaplanýar. Şäherçede etrap dolandyryş edaralary, pagta arassalaýjy zawod, ýüplük egriji fabrik, süýt önümleri kärhanasy, gurluşyk edaralary, un-degirmen toplumy, durmuş-medeni edaralar bar. Şäherçäniň üstünden Aşgabat–Mary demir we awtomobil ýollary geçýär. Bu bolsa etrabyň ykdysady taýdan ösmegine uly ýardam edýär.

Etrap merkezinden 40 km gündogarda, Aşgabat–Mary demir we awtomobil ýollarynyň ugrunda Duşak şäherçesi ýerleşýär. Bu ýerde gurluşyk materiallary kärhanasy, durmuş-medeni edaralary ýerleşýär.

*Tejen etrabynyň* territoriýasy welaýatyň gündogar bölegini eýeleýär. Ol ilatyň sany we tutýan meýdany, öndürilýän oba hojalyk önümleriniň möçberi boýunça Ahal welaýatynda iň iri etraplaryň biridir. Ekin meýdanlary, obalary Tejen derýasynyň deltasynda ýerleşýär. Etrap Tejen we Garagum derýalary arkaly suw bilen üpjün edilýär. Hojalygynyň esasy ýöriteleşdirilen pudaklary bular pagtaçylyk, däneçilik, bakjaçylyk, gara mallary ösdürip ýetişdirmek we dowardarçylykdyr. Etrabyň düzümine 14 geňeşlik, 23 oba girýär.

*Altyn asyr etraby* 1998-nji ýylda Tejen we Sarahs etraplarynyň düzümindäki hojalyklarynyň esasynda döredildi. Etrap gündogar Köpetdag etegi düzlügini we Tejen derýasynyň jülgesinde ýerleşýän ýerleri öz içine alýar. Hojalygynyň esasy ýöriteleşdirilen ugurlary pagtaçylyk, däneçi-

lik we dowardarçylykdyr. Etrapda 1 şäherçe, 9 geňeşlik we 14 oba ýerleşýär.

Etrap merkezi *Altyn asyr şäherçesi* Tejen derýasynyň boýunda, Tejen şäherinden 25 km günortada ýerleşýär. Şäherçede etrap dolandyryş edaralary, durmuş-medeni kärhanalary bar.

*Sarahs etraby* welaýatyň çet günorta-gündogarynda ýerleşýär. Etrabyň territoriýasy Tejen derýasynyň jülgesini, Garagum derýasynyň ýakasyndaky ýerleri, Bathyz belentliginiň demirgazyk-günbatar bölegini öz içine alýar. Hojalygynyň esasy ugurlary pagtaçylykdan, däneçilikden, dowardarçylyk hem-de tebigy gazy çykarmakdan ybarat. Etrabyň çäginde ýurdumyzyň iň uly Döwletabat–Dönmez gaz ýatagy ýerleşýär. Sarahs etrabynyň durmuş-ykdysady ösüşine Tejen–Sarahs–Maşat demir ýolunyň gurulmagy uly itergi berdi. Etrabyň suw üpjünçiligini gowulandyrmak maksady bilen 2005-nji ýylda bilelikdäki türkmen-eýran Dostluk suw howdany guruldy, bu bolsa etrabyň çäginde 30 müň gektar ýeri özleşdirmäge mümkinçilik berýär.

Etrabyň düzümine 2 şäherçe, 9 geňeşlik we 17 oba girýär. Ilatly ýerler etrap merkezi bilen awtomobil ýollary arkaly birleşdirilendir.

Etrap merkezi *Sarahs şäherçesi* Aşgabatdan 350 km günorta-gündogarda ýerleşýär. Onuň golaýynda Sarahs taryhy-arheologik goraghanasy bar. Bu ýerde beýikligi 14,07 metre ýetýän Sarahsbaba (Abul Fazl Guz) mawzoleýi ýerleşýär. Şäherçede pagta arassalaýjy, süýt zawodlary, halyçylyk, tikinçilik bölümleri, gurluşyk edaralary, söwda, durmuş-medeni maksatly kärhanalar we edaralar hereket edýär. Sarahsyň demir ýol menzili hökmünde ähmiýeti artýar.

*Gaňňaly şäherçesi* etrabyň gündogarynda Tejen suw howdanynyň gurulmagy bilen döredi. Şäherçäniň golaýynda balykçylyk hojalygy, suw gurluşyk edaralary ýerleşýär.

*Babadaýhan etraby* Tejen oazisiniň Garagum çöli bilen ýanaşýan demirgazyk böleginde ýerleşýär. Etrabyň suwaryş çeşmesi Tejen derýasy we Hanhowuz kanalydyr. Pagtaçylyk, däneçilik we dowardarçylyk etrabyň hojalygynyň esasy ýöriteleşdirilen ugurlary hasaplanýar. Etrapda 1 şäherçe, 9 geňeşlik, 11 oba bar.

Etrap merkezi *Babadaýhan şäherçesi* Tejen şäherinden 36 km demirgazykda ýerleşýär. Şäherçede etrap dolandyryş edaralary, pagta arassalaýjy we kerpiç zawody, gurluşyk we durmuş-medeni edaralary ýerleşýär.

## !?! Soraglar we ýumuşlar

**1.** Ahal durmuş-ykdysady sebitinde gazylyp alynýan peýdaly baýlyklaryň haýsy görnüşleri bar?

**2.** Bu durmuş-ykdysady sebitde oba hojalygynyň haýsy pudaklary has ösen?

**3.** Aşgabat şäheriniň Ahal welaýatynyň ykdysady-durmuş ösüşine täsiri nähili?

**4.** Durmuş-ykdysady sebitiň hojalygynda haýsy senagat pudaklary möhüm orun eýeleýär?

**5.** Ahal durmuş-ykdysady sebitiniň uly senagat kärhanalaryny depderiňize belläň.

**6.** Atlasdan we beýleki maglumat çeşmelerinden peýdalanyp, Ahal welaýatynyň mineral baýlyklarynyň känlerini, uly senagat kärhanalaryny, şäherlerini, şäherçelerini, oba etraplarynyň araçäklerini sudur kartada belläň.

**7.** Okuw kitabyndan we beýleki edebiýat çeşmelerinden peýdalanyp, welaýatyň geljekki durmuş-ykdysady ösüşiniň esasy ugurlary barada ýazmaça habar taýýarlaň.

# Günorta Türkmenistan durmuş-ykdysady sebiti (Mary welaýaty)

## § 50. Tebigy şertleri we baýlyklary. Ilaty

**Geografik ýerleşişi.** Günorta Türkmenistan durmuş-ykdysady sebiti ýurdumyzyň günorta-gündogarynda ýerleşip, territoriýasynyň ululygy 87,1 müň km$^2$-e deňdir. Sebit ýurduň meýdanynyň 17,8%-ini tutýar. Welaýatyň düzümine 12 etrap (Mary, Murgap, Wekilbazar, Sakarçäge, Baýramaly, Garagum, Türkmengala, Ýolöten, Tagtabazar, Serhetabat, Oguzhan, Altyn sähra), 5 şäher (Mary, Baýramaly, Ýolöten, Serhetabat, Şatlyk), 14 şäherçe we 157 geňeşlik girýär.

Bu sebit diňe Türkmenistanyň beýleki welaýatlarynyň däl, eýsem, Orta Aziýa döwletleriniň we Russiýanyň Hindistana, Owganystana, Eýrana, Arap ýurtlaryna Türkiýä, Kawkaza çykalgasynyň çatrygynda ýerleşýär. Welaýatyň çägini Aşgabat – Türkmenabat awtomobil we demir ýollary kesip geçýär.

**Ýerüstüniň gurluşy we gazma baýlyklary.** Mary welaýaty çöl zonasynda ýerleşýän Murgap oazisini öz içine alýar. Umuman, welaýatyň territoriýasyny ýerüstüniň gurluşy we tebigy şertleri boýunça üç bölege bölmek bolar. Olar: 1) Murgap derýasynyň jülgesindäki we deltasyndaky düzlükler hem-de Garagum derýasynyň zolagyndaky oazisler. Bu ýerler, esasan, ekerançylyk üçin peýdalanylýar; 2) Merkezi we Günorta-Gündogar Garagum. Esasan, öri meýdany hökmünde peýdalanylýan bu sebitde tebigy gaz çykarylýar; 3) Bathyz we Garabil belentlikleri. Bu belentlikler, esasan, öri meýdanlary hökmünde peýdalanylýar.

Mary welaýatynyň ýerasty baýlyklarynyň esasylaryna tebigy gaz, nebit we gurluşyk materiallary degişlidir.

Ýurdumyzyň çägindäki tebigy gaz gorlarynyň agramly bölegi şu welaýatyň paýyna düşýär. Sebäbi bu sebit tutuşlygyna diýen ýaly nebit we gaz babatda geljegi uly bolan meýdan-çäkdir. Onuň çäginde Şatlyk, Maý, Garaçöp, Islim, Günorta Ýolöten, Osman, Garabil, Alaja, Seýrap, Kelleli, Ýylanly, Döwletabat gaz känleri bar. Ýeroýulanduz kölündäki çökündi görnüşli nahar duzy ýerli hajatlar üçin peýdalanylýar. Welaýatda gurluşyk materiallarynyň (hek we çäge daşlarynyň, toýnuň, çaglyň, mergeliň we ş.m.) uly gorlary Guşgy, Galaýmor, Saryýazy we Morgunowka sebitlerinde jemlenendir. Bathyz belentliginde Zülpükar çäginde alýuminiý çig malynyň uly gorlary ýüze çykaryldy. Bu bolsa geljekde alýuminiý önümçiligini ýola goýmaga mümkinçilik berer.

**Klimaty.** Welaýatyň klimaty çürt-kesik kontinental bolup, onuň territoriýasy Türkmenistan boýunça güneşe baý sebit hasaplanýar. Tomsy yssy we gurak, gyşy, köplenç, mylaýym, ýumşak howaly bolýar. Ýylyň dowamynda temperaturasy +10°-dan ýokary bolan günleriň sany Murgap oazisinde 235 güne barabardyr. Umuman, welaýatyň klimat şertleri gowaçanyň inçe süýümli görnüşlerini, däne ekinlerini, bakja, miwe, üzüm we beýleki ekinleri ekmek üçin örän ýaramlydyr.

**Suw baýlyklary.** Welaýatyň ekin meýdanlary, esasan, Garagum derýasyndan suwlulandyrylýar. Onuň çäklerinde kanalyň uzynlygy 350 km-e ýetýär. Welaýatyň ekin meýdanlaryny suwlulandyrmakda Murgap derýasynyň ähmiýeti hem uludyr.

Ýylyň dowamynda endigan akmaýan suwlaryň möçberini kadalaşdyrmak maksady bilen Murgap derýasynda 6 sany emeli suw howdany (Daşköpri, Saryýazy, Kolhozbent, Ýolöten, Ýokary we Aşaky Hindiguş suw howdanlary) guruldy. Garagum derýasynyň ugrunda bolsa Hanhowuz suw howdany ýerleşýär. Murgap derýasynyň suwy




**34-nji surat. Mary welaýatynyň ykdysady kartasy**

ekerançylyk hajatlary üçin doly sarp edilýär. Welaýatyň çöllüklerinde maldarçylyk üçin guýy we kak suwlary peýdalanylýar.

**Ýer-toprak baýlyklary.** Mary welaýatynyň meýdanynyň 6,4 mln gektary oba hojalygynda peýdalanylýan ýer-

lerdir. Esasy ekerançylyk meýdanlary Murgap derýasynyň jülgesinde we Garagum derýasynyň geçýän ugrundaky zolakda ýerleşýär. Geljekde ekerançylyk üçin özleşdirmäge ýaramly ýerleriň möçberi 2,2 mln gektardan hem köpdür. Welaýatyň çäginde Bathyz, esasan-da, Garabil belentliklerinde, Garagum çölünde öri meýdanlaryň 4,2 mln gektary ýerleşýär. Bu bolsa dowardarçylygy we düýedarçylygy ösdürmäge mümkinçilik berýär.

Murgap derýasynyň deltasyndaky we jülgesindäki suwarylýan allýuwial düzlüklerde galyň (0,5–3 m) çökündi gatlagy bolan suwarymly oazis topraklary, çemenlik, takyr görnüşli we şorlaşan topraklar agdyklyk edýär. Derýanyň häzirki deltalarynyň çäginde çemen topraklar hem uly meýdany tutýar. Murgap oazisiniň demirgazyk böleginde takyr görnüşli topraklar bar. Şeýle hem takyrlar hem-de takyr görnüşli topraklar Garagum derýasynyň zolagynda ýerleşýärler.

## Ilaty

Mary welaýaty ilatynyň sany boýunça ýurdumyzda iň uly durmuş-ykdysady sebitdir. Türkmenistanyň ilatynyň dörtden bir bölegine golaýy welaýatyň çäginde ýaşaýar. Ilat tebigy köpelişiň hasabyna artýar. Mary welaýaty ilatynyň umumy sanynda şäher ilatynyň azlygy bilen tapawutlanýar (jemi ilatyň 25 %-e golaýy). Şäher ilaty 5 şäherde we 14 şäherçede jemlenendir. Welaýatda oba ilaty 75 %-e barabardyr. Welaýatyň çäginde 157 geňeşlik we 382 oba bar.

Günorta Türkmenistan durmuş-ykdysady sebitiniň çäginde dürli milletler ýaşaýar. Ilatyň 90 %-den gowragyny türkmenler tutýar. Welaýatyň Garagum, Türkmengala, Baýramaly, Ýolöten etraplarynda buluçlar uly etniki topary emele getirýärler. Olar welaýatyň ilatynyň 6,0 %-e golaýyny düzýär. Şäherlerde we şäherçelerde ýaşaýan beýleki millet-

lerden ruslar, tatarlar, ermeniler, azerbaýjanlar, özbekler köp sanlydyr.

Welaýatda ýurdumyzyň beýleki ýerlerinde bolşy ýaly ilat, esasan, suw desgalarynyň, demir we gara ýollarynyň boýlarynda, oba hojalygynyň, aýratyn-da, zähmeti köp talap edýän pudaklaryň ösdürilýän etraplarynda jemlenendir. Welaýat boýunça ilatyň ortaça gürlügi 1 km$^2$-e 15 adam. Adamlaryň gündelik ýaşaýan hem-de zähmet çekýän çägi hökmünde oba hojalyk, ekerançylyk ýerlerinde welaýatyň ähli ilatynyň tas 95%-i jemlenendir we 1 km$^2$ ýere 300 adam töweregi düşýär. Soňky döwürde täze ekerançylyk ýerleriň we nebitgaz ýataklarynyň özleşdirilmegi netijesinde ilatyň geografiýasynda özgerişler bolup geçýär.

## §51. Hojalygynyň umumy häsiýetnamasy. Senagaty

Welaýatyň häzirki meýdan-çäginde irki döwürlerden başlap ösen ekerançylyk, maldarçylyk we senetçilik medeniýeti bolupdyr. Murgap derýasynyň jülgesinde ekerançylyk medeniýeti goňşy ülkelerdäkiden has tapawutlanypdyr. Bu ýerde suwarymly ekerançylyk şol döwür üçin has kämil gidrotehniki desgalary gurmak bilen ýöredilipdir. Senetçilikde hem baý tejribeler toplanypdyr. Munuň şeýledigini gadymy Merwde geçirilen gazuw-agtaryş işleri, arheologiki tapyndylar doly subut edýärler.

Rus patyşalygy döwründe welaýatyň çäginde pagtaçylyk esasy önümçilik ugry bolupdyr. 1886-njy ýylda Mara demir ýolunyň gelmegi bilen ilkinji senagat kärhanalary peýda boldy. Soýuz döwründe welaýatyň şäherlerinde, esasan, oba hojalyk önümlerini gaýtadan işleýän kärhanalar guruldy. Welaýatyň ykdysadyýeti ýurdumyzyň garaşsyzlyk

ýyllarynda uly ösüşe eýe boldy. Gysga döwrüň içinde onlarça senagat kärhanalary guruldy hem-de nebitgaz känleri özleşdirildi.

Häzirki wagtda Mary welaýaty ýurdumyzda ykdysady taýdan çalt ösýän sebitleriň biridir. Onuň ykdysadyýeti köp ugurlydyr. Türkmenistanyň senagat önüminiň 16,5%-i welaýatyň paýyna düşýär. Ýurdumyzda öndürilýän elektrik energiýasynyň 47,7%-i, mineral dökünleriniň 23,2%-i, ösümlik ýagynyň 33,1%-i, çörek we çörek önümleriniň 25,1%-i, pagta süýüminiň 34,4%-i, et we et önümleriniň 33,8%-i, öndürilýän nah matalaryň 30,4%-i Mary welaýatyna degişlidir.

**Senagat önümçiligi.** Welaýatyň senagatynyň esasyny tebigy gazy çykarmak, elektroenergetika, himiýa, maşyn-gurluşygy, ýeňil we azyk senagat pudaklary düzýär.

Gaz senagaty welaýatyň ykdysadyýetiniň esasy ugurlarynyň biridir. Welaýatyň çäginde 20-den gowrak gaz käni özleşdirilýär. Gazyň esasy bölegi Döwletabat–Dönmez ýatagyndan çykarylýar. Häzirki wagtda tebigy gazyň örän uly ýataklary bolan Ýolöten we Osman känleri senagat taýdan özleşdirilýär. Çykarylýan gazyň hasabyna Mary DES-i we Türkmen azot dökünleri zawody işleýär.

Welaýatyň maşyngurluşygy kärhanalarynda merkezden daşlaşýan güýç esasynda işleýän sorujylar, oba hojalyk tehnikalary üçin ätiýaçlyk şaýlar öndürilýär.

Soňky ýyllarda Mary welaýatynda ýerli oba hojalyk çig malyny gaýtadan işleýän ýeňil we azyk senagatynyň onlarça döwrebap kärhanalary guruldy. Senagat kärhanalarynyň esasy bölegi Mary, Baýramaly şäherlerinde jemlenendir. «Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň 2011–2030-njy ýyllar üçin Milli maksatnamasyna» laýyklykda welaýatyň her bir etrabynda dokma fabriklerini, azyk senagat kärhanalaryny, Tagtabazar etrabynyň çäginde Zülpükar we Zäkli ýataklaryndaky alýuminiý magdanlarynyň hasabyna

alýuminiý erediji we işläp bejerýän zawody gurmaklyk göz öňünde tutulýar. Bu bolsa welaýatyň senagatynyň ösmegine uly täsir eder.

## § 52. Oba hojalygy. Ulaglar ulgamy

Oba hojalygy welaýatyň ykdysadyýetiniň öňdebaryjy pudagydyr. Önümçilikde zähmet çekýän ilatyň 61%-ine golaýy bu pudakda meşgullanýar. Welaýatda pagtaçylyk, däneçilik, iri şahly mallary ösdürip ýetişdirmek, dowardarçylyk we ýüpekçilik esasy ýöriteleşdirilen pudaklardyr. Mary welaýaty ýurdumyzda pagta we däne öndürmek boýunça uly sebitleriň biri hasaplanýar. Bu ýerde klimat şertlerine baglylykda pagtanyň gymmat bahaly inçe süýümli görnüşleri ösdürilip ýetişdirilýär. Ekin meýdanlarynyň umumy möçberi 392,7 müň gektara (ýurdumyzyň ähli ekerançylyk ýerleriniň 25,4%-i) ýetýär. Ähli ekin meýdanlarynyň 202,1 müň gektarynda däneli, 165 müň gektarynda bolsa gowaça ekilýär. 2011-nji ýylda welaýatyň hojalyklarynda 286,3 müň tonna däne, 381,9 müň tonna pagta öndürildi. Soňky ýyllarda gök we bakja ekinleriniň tutýan meýdany hem artýar. Ýygnalýan gök we bakja önümleriniň, kartoşkanyň esasy bölegi hususy hojalyklarda öndürilýär. Ekin meýdanlarynyň möçberi, däne we pagta öndürmek boýunça Murgap, Sakarçäge, Wekilbazar, Baýramaly, Mary we Garagum etraplary iri hojalyklar hasaplanýar.

Garaşsyzlyk ýyllarynda Mary welaýatynda gant şugundyryny ösdürip ýetişdirmek ýola goýuldy. 2011-nji ýylda bu ekiniň tutýan meýdany 15 müň gektara ýetdi. Öndürilen şugundyryň möçberi bolsa 200 müň tonnadan geçýär. Häzirki wagtda «Maryşeker» paýdarlar jemgyýeti gant şugundyryny ösdürip ýetişdirmegi we gaýtadan işlemegi özünde jemleýär.

17. Sargyt № 2401.

Welaýatda maldarçylygy ösdürmek üçin tebigy we ykdysady mümkinçilikler uludyr. Mary welaýatynyň Garagum çölündäki we Bathyz-Garabil belentliklerindäki öri meýdanlarynda dowardarçylyk ösdürilýär. Tagtabazar etrabynyň çäginde, Garabil belentliginde ýerleşýän öri meýdanlary dowardarçylygyň esasy mesgeni hasaplanýar. Bu ýerde welaýatyň Murgap derýasynyň deltasynda ýerleşýän etraplar üçin öri meýdanlary paýlanylyp berlen. Welaýat dowarlaryň sany boýunça ýurdumyzda öňdäki orny eýeleýär. Hojalyklardaky ähli dowarlaryň umumy sany 2011-nji ýylda 4,8 mln baş sana golaý boldy (Türkmenistandaky ähli dowarlaryň 30%-i). Dowarlaryň sany boýunça Tagtabazar, Serhetabat, Ýolöten, Baýramaly etraplary tapawutlanýar.

Durmuş-ykdysady sebitiň ekerançylyk hojalyklarynda maldarçylygyň beýleki pudaklaryny ösdürmeklige hem uly üns berilýär. Welaýatda gara mallaryň sany 457 müň başa, düýeler 19 müň başa, gylýallar 4,2 müň başa, guşlaryň sany bolsa 4,2 mln-a ýetýär. Soňky ýyllarda hususy hojalyklardaky mallaryň sany has-da artdy.

Mary welaýatynda maldarçylyk önümleriniň öndürilişi ýylsaýyn köpelýär. Olaryň agramly bölegi hususy hojalyklara degişlidir.

**Ulaglar ulgamy.** Welaýatyň çäginde ulag ýollarynyň gür tory döredilen. Ähli etraplar we şäherler welaýat merkezi bilen we özara awtomobil ýollary bilen birleşdirilendir. Welaýatyň çäginde Aşgabat–Türkmenabat, Mary–Serhetabat demir we awtomobil ýollary geçýär. Amyderýadan–Zähmet–Oguzhan aralygyna Garagum derýasynda gämi gatnawy amala aşyrylýar. Mary şäherinden ýurduň paýtagty Aşgabat we beýleki welaýat merkezleri bilen howa ulaglary arkaly aragatnaşyk üpjün edilýär. 2007-nji ýylda Marydaky aeroportuň durky täzelendi. Häzirki wagtda Mary–Türkmenabat, Mary–Aşgabat awtomobil ýolunyň gurluşygy alnyp

barylýar. Bu bolsa geljekde welaýatyň ulag aragatnaşyk mümkinçiliginiň artmagyna ýardam eder.

Welaýatda aragatnaşyk ulgamy hem barha ösdürilýär. Şäherler we etraplar häzirki zaman aragatnaşyk serişdeleri bilen doly üpjün edilýär.

**Welaýatyň durmuş taýdan ösüşi.** Mary welaýatynda durmuş-medeni ähmiýetli edaralaryň giň ulgamy hereket edýär.

Welaýatyň çäginde häzirki zaman ülňülerine laýyk gelýän medeni-durmuş maksatly desgalaryň uly toplumy, şol sanda 5 sany muzeý we 1 teatr bar. 2012-nji ýylda welaýatda 6 mekdep, 10 sany çagalar baglary ulanylmaga berildi. 2013-nji ýylda welaýatda 54 mekdep, 43 sany çagalar baglary gurulýar.

**Welaýatyň ösüşiniň geljegi.** Milli maksatnamanyň çäklerinde Mary welaýatyny durmuş-ykdysady taýdan ösdürmek boýunça uly wezipeler goýulýar. Geljekde bu ýerde tebigy gazyň we nebitiň çykarylyşyny has-da artdyrmak, nebiti we gazy gaýtadan işleýän kärhanalary, mineral dökünleri öndürýän zawodlary gurmak, alýuminiý önümçiligini döretmek, her bir etrapda dokma we azyk senagat kärhanalaryny gurmak göz öňünde tutulýar. Oba hojalygynda pagtaçylyk, däneçilik, iri şahly mallary ösdürip ýetişdirmek, dowardarçylyk ileri tutulýan ugurlar bolmagynda galar.

«Türkmenistanyň Prezidentiniň obalaryň, şäherçeleriň, etrapdaky şäherleriň, etrap merkezlerini ösdürmegiň 2020-nji ýyla çenli döwür üçin Baş ugry» Milli maksatnamasyna laýyklykda bu ýerde 104 sany mekdebe çenli çagalar edaralary, 103 sany orta mekdebi, 27 sany medeniýet öýleri, 45 sany sport mekdebi, 32 sany sport desgalary we beýleki durmuş ähmiýetli desgalar gurlar.

## § 53. Durmuş-ykdysady sebitiň içerki aýratynlyklary

Günorta Türkmenistan durmuş-ykdysady sebitiniň çäginde ýerleşýän şäherler, etraplar tebigy şertleri we baýlyklary, ilatynyň sany, ýerleşişi, hojalyk taýdan ýöriteleşdirilişi babatda biri-birinden tapawutlanýarlar. Aşakda olaryň gysgaça häsiýetnamasy berilýär.

*Mary şäheri* 1884-nji ýylda esaslandyryldy. Ol welaýat merkezi hökmünde ýurdumyzda uly senagat, durmuş-medeni merkezleriň biridir. Şäherde welaýatyň şäher ilatynyň esasy bölegi ýaşaýar. Marynyň senagatynyň esasy ugurlary maşyngurluşygy, ýeňil we azyk pudaklarydyr. Şäherde suw we nebit sorujylary (nasoslary) öndürýän maşyngurluşyk zawody, demir-mehanika kärhanasy, «8-nji mart» adyndaky dokma fabrigi, pagta arassalaýjy zawod, ýüň ýuwýan, gön, haly-boýag, tikin fabrikleri, awtomobilleri bejerýän, oba hojalyk maşynlary abatlaýan kärhanalar, gurluşyk-detal, demir-beton zawodlary, et we süýt, çörek önümleri kombinaty, ilata durmuş hyzmatyny edýän kärhanalar işleýär.

Mary şäheri demir ýol, awtomobil, howa ýollarynyň uly çatrygydyr. Şäheriň üsti bilen Aşgabat–Türkmenabat, Mary–Serhetabat demir we awtomobil ýollary geçýär. Bu ulag ýollary şäheri ýurdumyzyň beýleki sebitleri bilen birleşdirýär. Welaýatyň ähli etraplaryna, şäherlerine Marydan awtomobil ýollary gidýär.

Mary şäheri welaýatyň möhüm senagat, durmuş-medeni merkezidir. Bu ýerde Türkmen döwlet energetika instituty, mugallymçylyk we lukmançylyk mekdepleri, umumy bilim berýän mekdepler, mekdebe çenli çagalar edaralary, saglygy goraýyş we medeniýet edaralary, söwda kärhanalary ýerleşýärler.

Garaşsyzlyk ýyllary içinde şäheriň keşbi has hem özgerdi. Bu ýerde Ruhyýet köşgi, Anyklaýyş merkezi, Ene mäh-

ri hassahanasy, Kemine adyndaky drama teatry, 10 müň orunlyk stadion, 3 mekdep we 2 çagalar bagy, welaýat kitaphanasy, muzeý guruldy.

Mary şäherinden 12 km günortada S. Türkmenbaşy şäherçesi ýerleşýär. Mary DES-iniň gurulmagy bilen 1974-nji ýylda bu şäherçäniň düýbi tutuldy. Bu ýerde Türkmenistanda iň uly ýylylyk elektrik stansiýasy, Türkmen azot dökünler zawody we «Maryşeker» zawody ýerleşýär.

Ilatynyň sany we durmuş-ykdysady kuwwaty boýunça welaýatyň ikinji şäheri *Baýramalydyr*. Ol 1931-nji ýylda şäher statusyny aldy. Şäher welaýat merkezinden 25 km günorta-gündogarda ýerleşýär. Zakaspiý demir ýolunyň çekilmegi şäheriň senagatynyň ösmegine, ilatyň sanynyň artmagyna uly täsir etdi. Şäherde 1897-nji ýylda gurlan pagta arassalaýjy we 1903-nji ýylda işläp başlan ýag zawody ýurdumyzyň çäginde gurlan ilkinji senagat kärhanalarydyr. Baýramalynyň böwrek kesellerini bejermek üçin amatly klimat şertlerini göz öňünde tutup, 1929-njy ýylda şypahana merkezi guruldy. Häzirki wagtda Baýramaly böwrek şypahanasynyň durky täzelendi. Bu bolsa onuň halkara kurort merkezine öwrülmegine getirýär. Şäheriň demirgazygy köne Merw taryhy-arheologiki goraghanasynyň ýadygärliklerine sepleşip gidýär.

Şäherde trikotaž fabrigi, süýt zawody, asbessement turbalary öndürýän zawod, gurluşyk edaralary ýerleşýär. Garaşsyzlyk ýyllarynda şäherde häzirki zaman dokma toplumy guruldy. Bu ýerde Baýramaly etrabynyň dolandyryş edaralary, durmuş-medeni maksatly kärhanalaryň onlarçasy ýerleşýär.

*Mary etraby* welaýatyň iri hojalyklarynyň biridir. Etrap Mary şäheriniň demirgazygyndaky, gündogaryndaky we günortasyndaky meýdanlary öz içine alýar. Hojalygynyň esasy ýöriteleşdirilen ugurlary pagtaçylyk, däneçilik, gök ekeran-

çylyk, gara mallary ösdürip ýetişdirmek, dowardarçylyk pudaklarydyr. Etrabyň çäginde 1 şäherçe, 21 geňeşlik we 40 oba bar. Obalaryň esasy bölegi Mary–Peşanaly we Mary–Sakarçäge awtomobil ýollarynyň, Akybaý kanalynyň ugrunda ýerleşendir.

Etrap merkezi Mary şäheri hasaplanýar. Etraby dolandyryş edaralarynyň ählisi şu şäherde ýerleşýär. Etraba degişli *Peşanaly şäherçesi* welaýat merkezinden 16 km demirgazykda ýerleşýär. Bu ýerde oba hojalyk maşynlaryny abatlaýan ussahana, kerpiç zawody, ilata durmuş hyzmatyny edýän kärhanalar we söwda edaralary bar.

*Murgap etraby* Mary şäherinden günorta-gündogar tarapdaky meýdanlary öz içine alýar. Etrap ilatynyň sany we ekerançylyk ýerleriniň möçberi boýunça welaýatyň iri hojalyklarynyň biri hasaplanýar. Ol pagtaçylyga, däneçilige, gara mallary ösdürip ýetişdirmeklige, dowardarçylyga we ýüpekçilige ýöriteleşdirilendir. Etrabyň çäginde birnäçe uly gaz ýataklary ýerleşýär. Onuň territoriýasyny Mary–Serhetabat demir ýoly we Mary–Ýolöten awtomobil ýoly kesip geçýär. Bu bolsa etrabyň geografik ýerleşişiniň ähmiýetini artdyrýar. Etrapda 1 şäherçe, 18 geňeşlik we 23 oba bar.

Etrap merkezi *Murgap şäherçesi* Mary şäherinden 18 km günorta-gündogarda ýerleşýär. Şäherçede pagta arassalaýjy zawod, oba hyzmat birleşigi, gurluşyk we durmuş-medeni edaralar bar.

*Wekilbazar etraby* Mary şäheriniň gündogar we demirgazyk-gündogar töwereklerindäki meýdanlary tutýar. Etrabyň hojalygynyň esasy ugurlary pagtaçylyk, däneçilik, gök we bakja ekerançylygy, iri şahly mallary ösdürip ýetişdirmek, dowardarçylyk, ýüpekçilik pudaklarydyr. Wekilbazar etrabynyň düzümine 2 şäherçe, 14 geňeşlik, 35 oba girýär. Ilatly ýerleriň Mary şäheriniň alkymynda ýerleşmegi olaryň ilatynyň esasy böleginiň şäherdäki edara kärhanalarynda işlemegine amatly şert döredýär.

Etrap merkezi *Mollanepes adyndaky* şäherçe Mary şäherinden 6 km gündogardadyr. Şäherçäniň üstünden Mary–Türkmenabat demir we awtomobil ýollary geçýär. Bu ýerde demir ýol stansiýasy, dokma toplumy, demir-beton önümleri zawody, nebit önümleri kärhanasy, gurluşyk, durmuş-medeni edaralary bar. Etrap merkezinden 5 km demirgazyk-gündogarda *Wekilbazar şäherçesi* ýerleşýär. Şäherçede etrap hassahanasy, söwda we durmuş hyzmaty edaralary ilata hyzmat edýärler.

*Sakarçäge etraby* welaýatyň demirgazyk-günbatar böleginde ýerleşýän uly hojalyklaryň biridir. Demirgazykda we günbatarda etrabyň meýdany Garagum çölüne sepleşip gidýär. Etrap pagtaçylyga, däneçilige, iri şahly mallary ösdürip ýetişdirmeklige, düýedarçylyga, dowardarçylyga, ýüpekçilige ýöriteleşdirilendir. Ertabyň çäginde pagta egriji fabrik bar. Etraba 1 şäherçe, 17 geňeşlik we 34 oba degişli.

Etrap merkezi *Sakarçäge* Mary şäherinden 17 km demirgazyk-günbatarda ýerleşýär. Bu ýerde etrap dolandyryş, gurluşyk edaralary, durmuş-medeni ähmiýetli kärhanalar bar.

*Baýramaly etraby* Baýramaly şäheriniň daş-töweregindäki oba hojalyk meýdanlaryny öz içine alýar. Etrabyň hojalygynyň esasy ugurlary pagtaçylyk, däneçilik, gök ekerançylyk, miweçilik, iri şahly mallary ösdürip ýetişdirmeklik, dowardarçylyk, ýüpekçilik bolup durýar. Etrabyň çägine 2 şäherçe, 17 geňeşlik we 53 oba girýär. Etrabyň ilaty köpmilletliligi bilen tapawutlanýar. Bu ýerde türkmenler, buluçlar, gazaklar, parslar we beýleki milletler ýaşaýarlar.

Etrap merkezi *Baýramaly şäheri* hasaplanýar. Etrabyň dolandyryş edaralarynyň ählisi şol şäherde ýerleşýär. Etrabyň gündogar böleginde Mary–Türkmenabat demir ýolunyň ugrunda Bagtyýarlyk we Rawnina şäherçeleri ýer-

leşýär. Olaryň maldarçylyk hojalyklarynyň durmuş-medeni merkezi hökmünde ähmiýeti uludyr. Bagtyýarlyk şäherçesiniň keşbi düýpgöter özgerdi. 2012-nji ýylda hormatly Prezidentimiziň gatnaşmagynda şäherçede häzirki zaman ülňülerine laýyk gelýän orta mekdep, çagalar bagy, söwda merkezi, myhmanhana, saglyk öýi, ýaşaýyş jaýlary ulanylmaga berildi.

*Garagum etraby* 1991-nji ýylda täzeden döredildi. Ol welaýatyň demirgazyk-gündogar böleginde, Garagum derýasynyň geçýän zonasyndaky territoriýada ýerleşýär. Etrabyň hojalygynyň ýöriteleşdirilen ugurlary pagtaçylyk, däneçilik we maldarçylykdyr. Etrap pagta we däne öndürmekde welaýatda iri hojalyklaryň biri hasaplanýar. Onuň düzümine 1 şäherçe, 8 geňeşlik, 19 oba girýär. Etrabyň merkezi *Ýagtyýol şäherçesidir*. Bu ýerde süýt zawody, gurluşyk we durmuş-medeni edaralar ýerleşýär.

*Türkmengala etraby* welaýatyň günorta-gündogaryndaky meýdanlary öz içine alýar. Etrabyň hojalygynyň esasy ýöriteleşdirilen ugurlary, pagtaçylyk, däneçilik we dowardarçylyk. Etrabyň çäginde Zähmet şäherçesiniň golaýynda Garagum derýasyndan göterme (maşyn) kanaly 1965-nji ýylda gurlup işe girizildi. Maşyn kanalynyň suwundan Türkmengala we Baýramaly etraplarynyň daýhan birleşikleri öz ýerlerini suwlulandyrýarlar.

Etrap merkezi *Türkmengala şäherçesi* Mary şäherinden 40 km günortada ýerleşýär. Onuň üstünden Mary–Serhetabat awtomobil ýoly geçýär. Şäherçäniň senagat taýdan ähmiýeti barha artýar. Bu ýerde Saparmyrat Türkmenbaşy adyndaky ýüplük egriji fabrigi, süýt zawody, tikin fabrigi, naýça öndürýän fabrik, oba hyzmat birleşigi, gurluşyk, durmuş hyzmaty kärhanalary işleýär. Şäherçede 2007-nji ýylda makaron önümlerini öndürýän we un üweýän fabrik işe girizildi.

*Zähmet şäherçesi* 1955-nji ýylda Garagum derýasynyň gurulmagy bilen baglanyşykly demir ýol stansiýasyndan 5 km günbatarda döredi. Şäherçäniň ilaty Garagum derýasyna, demir ýol we derýa duralgasyna gözegçilik hyzmatyny edýär. Ilatyň bellibir bölegi ekerançylyk we maldarçylyk bilen meşgullanýar. Zähmet şäherçesi derýa we demir ýol ýükleriniň düşürilýän we ýüklenilýän duralgasy hasaplanýar.

*Ýolöten etraby* welaýatyň günortasynda, Murgap derýasynyň jülgesinde ýerleşýän uly etraplaryň biridir. Etrap pagtaçylyga, däneçilige, dowardarçylyga, üzümdarçylyga ýöriteleşdirilendir. Günorta Ýolöten–Osman gaz käniniň özleşdirilmegi, onuň esasynda uly gaz-himiýa toplumlarynyň gurulmagy geljekde etrabyň senagat önümçiligindäki ähmiýetini artdyrar. Etrapda ýöriteleşdirilen üzümdarçylyk hojalygy we çakyr kärhanasy bar. Murgap derýasynyň boýlarynda dürli wagtlarda Ýolöten, Kolhozbent, Hindiguş suw howdanlary guruldy. Ýolöten etrabynyň düzümine 1 şäher, 1 şäherçe, 15 geňeşlik we 48 oba girýär.

Etrap merkezi *Ýolöten şäheri* welaýatda ululygy we ähmiýeti boýunça 3-nji orunda durýar. Ol gadymy Ýüpek ýolunyň ugrunda kerwensaraý hökmünde dörän irki ilatly ýerleriň biridir. 1939-njy ýylda oňa şäher statusy berildi. Ýolöten şäheri etrap merkezi bolup, Murgap derýasynyň suwaryş ulgamlaryny emele getirýän ýerinde ýerleşýär. Şäheriň üstünden Mary–Serhetabat demir we awtomobil ýollarynyň geçmegi onuň ykdysady-geografik ýerleşişiniň ähmiýetini artdyrýar. Şäheriň golaýynda pagtanyň tohumçylygy we seleksiýasy ylmy-barlag instituty we 1913-nji ýylda gurlan Hindiguş suw elektrik stansiýasy işleýär. Şäherde egirme-dokma, bezeg fabrikleri, pagta arassalaýjy, süýt önümleri zawodlary bar.

Etrabyň düzümine girýän *S.A.Nyýazow adyndaky şäherçe* Ýolöten şäherinden 30 km günortada ýerleşýär.

Şäherçäniň golaýynda Ymambaba demir ýol stansiýasy, geologiýa-gözleg ekspedisiýasy bar.

*Tagtabazar etraby* Mary welaýatynyň günortasynda, Garabil belentliginiň eteginde ýerleşýär. Ilatly ýerler we ekin meýdanlary Murgap derýasynyň jülgesinde jemlenendir. Etrap pagtaçylyk, däneçilik, miweçilik, üzümçilik, dowardarçylyk, ýüpekçilik pudaklary boýunça ýöriteleşdirilendir. Etrabyň çäginden Serhetabada demir ýol, awtomobil ýol, ýokary woltly elektrik ulgamlary geçýär. Etrabyň demirgazyk böleginde ýerleşýän Sandykgaçy şäherçesinde miwe – konserwa we çakyr zawodlary işleýär. Etrabyň düzümine 1 şäherçe, 9 geňeşlik we 18 oba girýär.

Etrap merkezi *Tagtabazar şäherçesi* welaýat merkezinden 290 km günortada, Murgap we Kaşan derýalarynyň birleşýän ýerinde esaslandyrylan. Şäherçede süýt, ýag zawody, pagta arassalaýjy zawody, pagta egriji fabrigi, oba hyzmat birleşigi, gurluşyk, medeni-durmuş edaralary işleýär. Şäherçede ýüplük egriji kärhana gurulýar.

*Serhetabat etraby* 1991-nji ýylda döredildi. Etrap ýurdumyzyň iň günortasynda ýerleşýär. Hojalygynyň esasy ýöriteleşdirilen ugry dowardarçylykdyr. Onuň düzümine maldarçylyga ýöriteleşdirilen birnäçe daýhan birleşikleri girýär. Etrabyň çägindäki Galaýmor obasynyň golaýynda çagyl-çäge gazyp alýan kärhana işleýär. Bathyz goraghanasynyň dolandyryş edarasy hem bu etrapda ýerleşýär. Serhetabat etrabynda 1 şäher, 8 geňeşlik, 20 oba bar.

Etrap merkezi *Serhetabat şäheriniň* düýbi 1885-nji ýylda tutulyp, oňa 1968-nji ýylda şäher statusy berildi. Ol Mary şäherinden 350 km günortada ýerleşýär. Serhetabady welaýat merkezi we beýleki ilatly ýerler bilen demir we awtomobil ýollary birleşdirýär. Şäherde etrabyň dolandyryş edaralary, gurluşyk kärhanalary, durmuş-medeni edaralary bar.

*Oguzhan etraby* Mary welaýatynyň Howuzhan düzlüginde ýerleşýän hojalyklaryň esasynda 1988-nji ýylda dö-

redildi. Hojalygynyň esasy ýöriteleşdirilen ugurlary pagtaçylyk, däneçilik we gaz senagaty bolup durýar. Etrabyň çägini Garagum derýasy, Tejen–Sarahs–Maşat demir ýoly, Aşgabat–Mary awtomobil ýoly kesip geçýär. Günortada etraba Oguzhan suw howdany ýanaşýar. Etrabyň düzümine 1 şäher, 3 şäherçe, 9 geňeşlik we 12 oba girýär.

*Şatlyk şäheri* 1991-nji ýylda şäher statusyny aldy. Ol etrabyň demirgazygynda, Mary şäherinden 25 km günbatarda ýerleşýär. Bu şäher Şatlyk gaz käniniň esasy hojalyk-guramaçylyk merkezi hökmünde döredildi. Şäherde gaz çykaryş, gurluşyk, ulag we aragatnaşyk edaralary we kärhanalary, durmuş-medeni edaralary ýerleşýär.

*Oguzhan (öňki Gulanly) şäherçesi* etrap merkezidir. Bu ýerde etrabyň dolandyryş edaralary we guramalary bar. Şäherçede pagta arassalaýjy zawod, demir ýol stansiýasy, kerpiç zawody, gurluşyk edaralary, durmuş-medeni ähmiýetli edaralar ýerleşýär.

*Deňizhan (öňki Hanhowuz)* 1962-nji ýylda esaslandyrylyp, suw gurluşykçylarynyň şäherçesi hasaplanýar. Şäherçäniň zähmet bilen meşgullanýan ilatynyň esasy bölegi Deňizhan kanalyna we Oguzhan suw howdanyna gözegçilik – hyzmat işlerini amala aşyrýarlar. Şäherçede gurluşyk edaralary, söwda, medeni, durmuş-hyzmaty kärhanalary bar. Şäherçäniň üstünden Aşgabat–Mary awtomobil ýoly geçýär.

2008-nji ýylda welaýatda Altyn sähra etraby döredildi. Ol, esasan, däneçilige we pagtaçylyga ýöriteleşdirilen. Etrabyň edara ediş merkezi Parahat şäherçesidir. Ol etrabyň demirgazygynda Aşgabat–Mary demir ýolunyň ugrunda ýerleşýär. Bu ýerden Tejen–Sarahs–Maşat demir ýoly başlanýar. Şäherçäniň ulag çatrygy hökmünde geljegi uludyr. Täze özleşdirilýän oba hojalyk ýerleriniň durmuş-medeni merkezi hökmünde şäherçäniň ähmiýeti artýar. Şäherçede un üweýän fabrik, nebit önümleri kärhanasy, häzirki

zaman derejesinde gurlan orta mekdep, çagalar bagy, hassahana, söwda merkezi, medeniýet öýi, beýleki durmuş-medeni ähmiýetli edaralar bar.

### Soraglar we ýumuşlar

**1.** Günorta Türkmenistan durmuş-ykdysady sebitinde tebigy gazyň we nebitiň nähili uly ýataklary bar?

**2.** Mary welaýatynda senagatyň haýsy pudaklary has ösen?

**3.** Günorta Türkmenistanyň durmuş-ykdysady sebitiniň oba hojalygy haýsy pudaklara ýöriteleşdirilen?

**4.** Mary şäherinde nähili senagat kärhanalary bar?

**5.** Mary welaýatynda ýerleşýän tebigy gaz, nebit känleriniň atlaryny depderiňizde ýazyň.

**6.** Atlasdan we beýleki maglumat çeşmelerinden peýdalanyp, Mary welaýatynyň mineral baýlyklarynyň känlerini, uly senagat kärhanalaryny, şäherlerini, şäherçelerini, oba etraplarynyň araçäklerini sudur kartada belläň.

**7.** Okuw kitabyndan we beýleki edebiýat çeşmelerinden peýdalanyp, welaýatyň ykdysady-durmuş ösüşiniň geljekki esasy ugurlary barada ýazmaça habar taýýarlaň.

# Gündogar Türkmenistan durmuş-ykdysady sebiti (Lebap welaýaty)

## § 54. Tebigy şertleri we baýlyklary. Ilaty

**Geografik ýerleşişi.** Gündogar Türkmenistan durmuş-ykdysady sebiti demirgazyk-gündogarda we gündogarda Özbegistanyň Kaşgaderýa, Surhanderýa, Buhara we Horezm oblastlary hem-de demirgazyk-günbatarda Daşoguz we Ahal welaýatlary, günorta-günbatarda Mary welaýaty,

günortada Owganystan bilen araçäkleşýär. Welaýatyň ulag-geografik ýerleşişi amatlydyr, onuň çäginden Transaziýa halkara demir we awtomobil ýollarynyň geçmegi sebitiň durmuş-ykdysady ösüşine oňaýly täsir edýär. Welaýatyň meýdany 93,8 müň km$^2$. Welaýatda 5 şäher (Türkmenabat, Seýdi, Atamyrat, Magdanly, Gazojak), 14 etrap (Garabekewül, Birata, Garaşsyzlyk, Atamyrat, Sakar, Saýat, Farap, Halaç, Hojambaz, Köýtendag, Serdarabat, Galkynyş, Beýik Türkmenbaşy, Döwletli), 27 şäherçe, 119 oba geňeşligi, 485 oba bar. Welaýatyň merkezi Türkmenabat şäheridir.

**Ýerüstüniň gurluşy we gazma baýlyklary.** Lebap welaýaty ýurdumyzyň gündogar we günorta-gündogar bölegini eýeleýär. Onuň meýdanynyň 75%-inden gowragyny Garagum çöli tutýar. Amyderýanyň sag kenarynda welaýatyň çäklerine Gyzylgum çölüniň günbatary aralaşýar we Sandykly çägeligi girýär. Günorta-gündogarda Gowurdak we Köýtendag dag ulgamlary ýerleşýär.

Lebap welaýatynyň çäginde mineral ýangyjyň, himiýa çig malynyň, reňkli metal magdanlarynyň dürli görnüşleri ýaýrandyr. Gazylyp alynýan peýdaly baýlyklardan tebigy gazyň, nebitiň, kükürdiň, kaliý we nahar duzlarynyň, gurluşyk materiallarynyň gorlary has uludyr. Bu ýerdäki uly tebigy gaz känlerine: Ojak, Naýyp, Kükürtli, Goşabulak, Samandepe, Ýaşyldepe, Farap, Sakar ýataklary degişlidir. Amyderýanyň sag kenaryndaky Ýaşyldepe sebiti ýurdumyzyň tebigy gaz babatda geljegi uly ýeri hasaplanýar. Welaýatyň çäginde Gowurdakda kükürdiň uly gorlary bar. Kaliý we nahar duzlary Gowurdak-Garlyk sebitlerinde, goňur kömür Köýtendagda, gurluşyk materiallary Mukruda, Gowurdakda we Birata etrabynda jemlenendir.

**Klimaty.** Welaýatyň klimaty kontinental, gyşy gysga, tomsy dowamly hem-de yssy, otnositel çyglylygy örän aşak, bulutly günleriň sany az. Lebap welaýatynyň meýdan-çäginiň köp böleginde ygallaryň düşüşi gaty ujypsyz. Aýazsyz




**35-nji surat. Lebap welaýatynyň ykdysady kartasy**

günleriň sany demirgazykdan günorta tarap artýar. Mysal üçin, Biratada – 202 gün, Türkmenabatda – 224 gün we Atamyratda – 247 gün. Klimat şertleri dürli oba hojalyk ekinlerini ösdürip ýetişdirmäge ýaramlydyr.

**Suw baýlyklary.** Welaýatyň çäginden Orta Aziýanyň iň uly derýasy bolan Amyderýa akyp geçýär, onuň orta akymy (810 km) welaýata degişlidir. Lebap welaýatynyň hojalygy üçin Amyderýanyň ägirt uly ähmiýeti bar. Ol suwaryş çeşmesi, suw ulag ýoly bolup hyzmat edýär, agyz suwy üçin hem-de senagat kärhanalarynda giňden ulanylýar. Welaýatyň günorta-gündogarynda, Köýtendag etrabynyň çäginde Köýten derýajygy bolup, ol tutuşlygyna suwarymly ekerançylykda peýdalanylýar.

Welaýatda uly bolmadyk köljagazlaryň birnäçesi bar. Olaryň hemmesi diýen ýaly Amyderýanyň jülgesinde we Garagum derýasynyň ugrunda ýerleşýär.

**Ýer-toprak baýlyklary.** Lebap welaýaty ýer baýlyklarynyň çäkliligi bilen häsiýetlendirilýär. Amyderýanyň jülgesindäki ekerançylyga ýaramly ýerleriň hemmesi oba hojalyk aýlanyşygyna girizilen. Geljekde özleşdirmäge ýaramly ýerler Amyderýanyň sag tarapynda Köýtendag etegindäki Tallymerjen we Ýylanagyz düzlüklerinde, Garaşsyzlygyň 15 ýyllygy (Zeýit) suw howdanynyň töweregindäki Gülüstan düzlüginde bar. Welaýatyň ähli ýeriniň 7,8 mln gektary oba hojalygynda peýdalanylýar. Onuň 90,2 %-i öri meýdanlarydyr. Oba hojalyk ekinleriniň umumy meýdany bolsa 336,2 müň gektara golaýdyr. Lebap welaýatynyň çäklerinde mele, suwarymly-allýuwial, takyr görnüşli we şorlaşan topraklar ýaýrandyr.

## Ilaty

Lebap welaýatynda ýurdumyzyň ilatynyň 20,5%-i ýaşaýar. Bütin ýurdumyzda bolşy ýaly, welaýatyň ilaty tebigy köpelişiň hasabyna artýar. Soňky 20 ýylyň içinde ilatyň sany 25%-e golaý artdy. Ähli ilatyň 40% töweregi şäherlerde we şäherçelerde ýaşaýar. Welaýatyň şäher ilaty 5 şäherde we 27 şäherçede jemlenendir. Oba ilaty 119 geňeşligiň düzümine girýän 485 sany obada ýaşaýar.

Welaýatda ilatyň ortaça gürlügi 1 km$^2$-de 12,5 adama deňdir. Ýöne ilatyň esasy bölegi Amyderýanyň jülgesinde ýerleşýän oazis böleginde jemlenendir. Bu zolakda ilatyň gürlügi 1 km$^2$-e 40 adamdan geçýär. Welaýatyň uly bölegini tutýan Garagum çölünde, Amyderýanyň sag tarapynda ýerleşýän Gyzylgum we Sandykly çöllerinde ilat örän selçeň ýaýrandyr. Şäherler, şäherçeler we obalar, Amyderýanyň boýunda we suwaryş kanallarynyň ugrunda, şeýle-de demir we awtomobil ýollarynyň boýlarynda

esaslandyrylandyr. Soňky ýyllarda nebit we gaz känleriniň özleşdirilmegi, Köýtendagyň eteginde ýerleşen Ýylanagyz we Amyderýanyň çep kenarynda Garaşsyzlygyň 15 ýyllygy (Zeýit) suw howdanynyň töwereginde täze ýerleriň oba hojalyk dolanyşygyna girizilmegi bilen ilatyň ýerleşişinde uly özgerişler bolup geçýär. Täze oturymly obalar we işçi şäherçeleri döreýär. Täze özleşdirilýän ýerleriň durmuş-ykdysady taýdan ösüşini çaltlandyrmak maksady bilen 2007-nji ýylda Amyderýanyň sag tarapyndaky Tallymerjen we Ýylanagyz düzlüginde täze Döwletli etraby döredildi.

## § 55. Hojalygynyň umumy häsiýetnamasy. Senagaty

Lebap welaýaty ýurdumyzyň uly senagat we oba hojalyk önümçilikli sebitleriň biridir. Ýurdumyzda çykarylýan tebigy gazyň, kükürdiň, öndürilýän kükürt kislotasynyň, fosfor dökünleriniň, ýüň we ýüpek matalaryň, buýan köküniň, trikotaž önümleriniň, süýt we et önümleriniň, mal we ösümlik ýagynyň, şüýji-köke önümleriniň, gök we miwe konserwa önümleriniň agramly bölegi Lebap welaýatynyň paýyna düşýär.

Welaýatyň senagat önümçiliginde nebiti we gazy çykarmak, nebit-himiýa, esasy himiýa önümçiligi, gurluşyk materiallary, ýeňil we azyk senagat pudaklary esasy orun tutýar. Oba hojalygy bolsa pagtaçylyga, däneçilige, maldarçylyga we ýüpekçilige ýöriteleşdirilýär. Welaýatyň mineral çig mal, ýer-suw baýlyk mümkinçilikleri, zähmet baýlyklary bilen üpjünçilik ýagdaýy ykdysadyýetiň durnukly ösüşiniň girewidir.

**Senagat önümçiligi.** Ýurdumyzyň senagat önümçiliginiň düzüminde Lebap welaýaty 17,5%-i düzýär. Welaýatyň senagatynyň öňdebaryjy pudagy gaz senagatydyr. Tebigy gazy çykarmakda ol ýurdumyzda öňdäki orunlaryň

birini eýeleýär. Durmuş-ykdysady sebitiň çäginde köp möçberde kondensat we düzüminde kükürt bolan tebigy gazyň uly gorlary Gazojak, Kükürtli, Naýyp, Samandepe, Malaý we beýleki känlerinde jemlemendir. Amyderýanyň sag kenarynda Ýaşyldepe gaz ýatagynyň geljegi has hem uludyr. Bu ýerden çykarylýan gaz kondensaty Seýdi şäheriniň nebiti gaýtadan işleýän zawodyna iberilýär. Gazy senagat taýdan gaýtadan işlemek üçin Ýaşyldepede gazy suwuklandyryjy kuwwatly desga guruldy. Türkmen–Hytaý gaz geçirijisi öz gözbaşyny Ýaşyldepeden alyp gidýär. Gazy suwuklandyryjy desgalar Naýypda we Bagajada hem işleýär.

Seýdi şäherindäki nebiti gaýtadan işleýän zawod 1978-nji ýylda guruldy. Kärhanada nebiti gaýtadan işlemek bilen birlikde gaz kondensatyny gaýtadan işläp, dürli himiýa önümleri öndürilýär. Geljekde kärhananyň durkuny täzelemegiň hasabyna onuň kuwwatlylygyny has-da artdyrmak göz öňünde tutulýar.

Elektroenergetika pudagy Türkmenabat we Seýdi şäherlerindäki ýylylyk elektrik stansiýalaryny öz içine alýar.

Lebap welaýatynda himiýa senagat toplumynyň döremegi Köýtendagyň kükürt, kaliý, daş duzlarynyň ýataklary we Türkmenabadyň mineral dökünleri kombinaty bilen baglanyşyklydyr. Bu himiýa kärhanasynda her ýylda 45,2 müň tonna golaý fosfor dökünleri öndürilýär. Häzirki wagtda Garlyk şäherçesinde kuwwatlylygy ýylda 1,4 mln tonna deň bolan kaliý dökünleri öndürýän iri magdan-baýlaşdyryş toplumy gurulýar.

Amyderýanyň jülgesinde buýan ösümliginiň uly meýdanlarda ösdürilip ýetişdirilmegi buýan köküniň esasynda dürli derman serişdelerini öndürýän kärhananyň çig mal bilen doly üpjün edilýär. Türkmenabat şäherinde hytaýly hyzmatdaşlaryň kömegi bilen ýylda 1000 tonna buýan köküni işleýän häzirki zaman kärhanasy 2008-nji ýylda ulanylmaga berildi.

18. Sargyt № 2401.

Gurluşyk materiallary senagatynyň ösmegi üçin welaýatda uly mümkinçilikler bar. Häzirki wagtda Magdanlyda gips, Amyderýanyň sag kenarynda Kelifde tebigy daş we toýun gazylyp alynýar. Olaryň esasynda demir-beton, kerpiç we beýleki gurluşyk önümlerini öndürýän kärhanalar işleýärler.

Welaýatyň ykdysadyýetinde ýeňil we azyk senagaty pudaklarynyň ähmiýeti hem uludyr. Bu ýerde öndürilýän oba hojalyk çig malynyň (pagta süýümi, pile, bugdaý, ýüň, et, süýt we ş.m.) esasynda welaýatyň şäherlerinde we şäherçelerinde ýeňil we azyk senagat kärhanalary işleýär. Garaşsyzlyk ýyllarynda welaýatda birnäçe häzirki zaman dokma we azyk önümlerini öndürýän kärhanalar peýda boldy. 2010-njy ýylda Türkmenabat şäherinde ýyllyk kuwwatlylygy 17,7 müň tonna bolan nah ýüplügini öndürýän kärhana ulanylmaga berildi. Geljekde welaýatyň her bir şäherinde we etrap merkezlerinde ýeňil we azyk senagaty kärhanalaryny gurmak göz öňünde tutulýar.

## § 56. Oba hojalygy. Ulaglar ulgamy

Oba hojalygy welaýatyň esasy önümçilik pudaklarynyň biridir. Welaýatyň ilatynyň ykdysady taýdan işjeň böleginiň 54,5%-i ekerançylyk we maldarçylyk pudaklarynda meşgullanýar. Oba hojalygynyň esasy ugry ekerançylykdyr. 2011-nji ýylda welaýatda oba hojalyk ekinleriniň umumy meýdany 336,2 müň gektara barabar boldy. Ekerançylykda pagtaçylyk we däneçilik esasy ýöriteleşdirilen pudaklarydyr. Ähli ekerançylyk ýerleriň esasy böleginde däneli ekinler, we gowaça ekilýär. Welaýat däne we pagta öndürmek boýunça ýurdumyzda öňdäki orunlarda durýar. 2011-nji ýylda 353 müň tonna däne, 280,8 müň tonna pagta öndürildi.

Şaly, gök we bakja önümlerini öndürmek hem welaýatyň oba hojalygynyň ähmiýetli ugurlary bolup durýar. Ýylana-

gyz we Tallymerjen düzlüklerinde özleşdirilýän ýerleriň esasynda Döwletli etrabynyň döredilmegi welaýatyň oba hojalygynyň has hem ösmegine itergi berýär.

Lebap welaýaty maldarçylygyň hem ösen sebitleriniň biridir. Medeni zonalarda däneçiligiň we mallar üçin ot-iýmlik ekinleriň ösdürilip ýetişdirilmegi, Köýtendag etegindäki, Gülüstan düzlügindäki, şeýle-de Amyderýanyň iki tarapynda ýerleşýän çölleriň öri meýdanlary dowardarçylygy ösdürmäge uly mümkinçilik berýär. Bu ýerde gara mallary ösdürip ýetişdirmeklik, dowardarçylyk, guşçulyk esasy pudaklar hasaplanýar. Welaýatda maldarçylyk önümleriniň öndürilişi hem barha artýar. Mallaryň baş sanynyň we öndürilen maldarçylyk önümleriniň esasy bölegi hususy hojalyklara degişlidir. Ekerançylyk meýdanlarynyň möçberi, mallaryň baş sanynyň, öndürilýän oba hojalyk önümleriniň möçberi boýunça Serdarabat, Köýtendag, Hojambaz, Beýik Türkmenbaşy adyndaky hem-de Atamyrat etraplary has iri hojalyklar hasaplanýar.

**Ulaglar ulgamy.** Welaýatyň çäginden ulag ýollarynyň gür tory hereket edýär. Onuň çägi bilen Aşgabat–Türkmenabat–Atamyrat demir we awtomobil ýoly geçýär. Türkmenabat şäheri bilen ähli etraplar we daýhan birleşikleri, obalar awtomobil ýollar arkaly baglanyşyklydyr. Amyderýanyň sag kenary Türkmenabat şäheriniň ýanynda panton köpri bilen baglanyşdyrylýar. Şolar ýaly köprüler Garabekewül we Atamyrat etraplarynda hem hereket edýärler. Amyderýanyň sag kenarynda ýerleşýän etraplar bilen ulag aragatnaşyklaryny gowulandyrmak maksady bilen Atamyrat-Kerkiçi aralygynda Amyderýanyň üstünden polat demir ýol köprüsi guruldy. Awtomobil ýollary birleşdirjek köpriniň gurluşygy güýçli depginlerde alnyp barylýar. Bu köpriniň gurulmagynyň diňe bir ýurduň gündogar sebiti üçin däl, eýsem, tutuş Türkmenistanyň ykdysady ösüşi üçin hem örän uly ähmiýeti bardyr.

Häzirki wagtda Farap–Mary awtomobil ýolunyň gurluşygy hem alnyp barylýar. Bu bolsa welaýatyň ulag aragatnaşygynyň has-da gowulanmagyna mümkinçilik berer. Welaýatda häzirki zaman enjamlary bilen üpjün edilen aragatnaşyk ulgamy hereket edýär.

**Welaýatyň durmuş taýdan ösüşi.** Gündogar Türkmenistan durmuş-ykdysady sebiti durmuş taýdan çalt ösýän welaýatlaryň biridir. Häzirki wagtda welaýatyň şäherlerinde we obalarynda medeni-durmuş maksatly edaralaryň uly toplumy hereket edýär.

Welaýatda 6 sany stadion we 210 sany sport desgalary halka hyzmat edýär. Welaýatyň çäklerinde 4 sany muzeý we 1 teatr bar. Welaýatda 2012-nji ýylda 4 mekdep, 12 sany çagalar baglary ulanylmaga berildi. 2013-nji ýylda 48 sany mekdep, şol sanda mekdep-internat, 48 sany çagalar baglary gurulýar.

**Welaýatyň geljekki ösüşi.** «Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň 2011–2030-njy ýyllar üçin Milli Maksatnamasynyň» çäklerinde Lebap welaýatyny durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň anyk wezipeleri bellenilýär. Ykdysadyýetde mineral çig mal baýlyklaryny (nebit, gaz, himiýa çig maly) çykarmak we gaýtadan işlemek ileri tutulýan ugur bolmagynda galar. Oba hojalygynda täze ýerleri özleşdirmegiň we ekinleriň hasyllylygyny artdyrmagyň hasabyna pagta we däne öndürmegi artdyrmak göz öňünde tutulýar. Bu babatda welaýatyň çäginde döredilen Döwletli etraby aýdyň mysal bolup biler. Amyderýanyň üstünden demir ýol we awtomobil köprüleriniň gurulmagy Köýtendagyň etegindäki mineral baýlyklary işjeň özleşdirmäge, Amyderýanyň sag kenarynda ýerleşýän etraplaryň ykdysady-durmuş taýdan ösüşini çaltlandyrmaga mümkinçilik berer.

Geljekki döwürde welaýatyň oba ýerlerinde durmuş maksatly desgalary gurmaga we inženerçilik infrastrukturasyny döretmeklige uly ähmiýet berler. Şoňa baglylykda

welaýatyň etraplarynda 121 sany mekdebe çenli çagalar edaralary, 85 sany orta mekdep, 27 sany medeniýet öýleri, 45 sany sport mekdepleri, 17 sany sport desgalaryny we beýleki durmuş-medeni ähmiýteli desgalary we inženerçilik obýektlerini gurmak göz öňünde tutulýar.

## § 57. Durmuş-ykdysady sebitiň içerki aýratynlyklary

Welaýat merkezi *Türkmenabat şäheridir*. Şäheriň düzümine 2 sany etrap (Atamyrat we Gurbansoltan eje) girýär. Türkmenabat şäheri ululygy, ilatynyň sany we ykdysadyýetiniň ösüşi boýunça döwletimizde Aşgabatdan soň ikinji ýerde durýar. Bu ýerde iň köne senagat kärhanalardan biri derýa gämilerini abatlaýan kärhanasydyr. Şäheriň iri senagat kärhanasy bolsa 1961-nji ýylda işe girizilen himiýa zawody hasaplanýar. Zawod ýönekeý superfosfat, ammofos, kükürt kislotasy, polietilen kleýonkalary we oba hojalyk ekinlerine zyýan berijilere garşy ulanylýan himiki serişdeleri öndürýär. Döwletimizde öndürilýän superfosfat dökününiň, ösümlik ýagynyň 40%-e golaýy şu şäheriň kärhanalarynda öndürilýär. Şäherde pagta çigidinden ýag öndürýän ýag-ekspeller zawody, Gurbansoltan eje adyndaky ýüplük-egirme toplumy döwlet ähmiýetlidir. Bu ýerde lukmançylyk we kosmetiki pamyk öndürýän, ýüpek, trikotaž fabrikleri hem ýerleşýär. Türkmenabatdaky «Kristal» kärhanasynda döwletimizde ýeke-täk gymmatbaha daşlardan we altyndan bezeg şaý-sepleri öndürilýär. Türkmenabat şäheri azyk senagatynyň hem uly merkezidir. Şäherde et, süýt, ösümlik ýagy, un-çörek, piwo we alkogolsyz içgileri öndürýän kärhanalar dürli azyk önümlerini öndürýärler.

Şäherde gurluşyk edaralarynyň birnäçesi işleýär. Öý gurluşyk kombinaty, demir-beton konstruksiýalary kombinaty iri kärhanalar hasaplanýar. Türkmenabat şäheriniň

ilatyny kadaly agyz suwy bilen üpjün etmek maksady bilen suwy arassalaýjy desga guruldy.

Türkmenabat şäheri welaýatyň uly durmuş-medeni merkezidir. Onuň çäginde Seýitnazar Seýdi adyndaky Türkmen döwlet mugallymçylyk instituty, S. Seýdiniň adyny göterýän sazly-drama teatry, «Mirap» sagaldyş merkezi işleýär. Bu ýerde söwda, durmuş hyzmaty kärhanalarynyň, durmuş-medeni edaralaryň onlarçasy ýerleşýär. Şäheriň binagärlik keşbi barha özgerýär. Häzir bu ýerde dünýä ülňülerine laýyk gelýän Anyklaýyş merkezi, «Ene mähri» hassahanasy, 10000 orunlyk stadion, mekdepler we mekdebe çenli çagalar edaralary guruldy. Şäheriň günorta çetinde gadymy Amul galasy ýerleşýär.

Welaýatda senagatyň ösen şäherleriniň biri Seýdi hasaplanýar. Seýdi şäheri 1972-nji ýylda nebiti gaýtadan işleýän zawodyň gurulmagy bilen işçi şäherçesi hökmünde döredi. 1991-nji ýylda oňa şäher statusy berildi. Şäherdäki nebit-himiýa zawody ýurdumyzda iri senagat kärhanalarynyň biridir. Bu ýerde nebiti we gaz kondensatyny gaýtadan işlemek bilen dürli nebit we himiýa önümleri öndürilýär. Kärhana nebit Amyderýanyň sag kenaryndaky Ýaşyldepe ýatagyndan iberilýär. Geljekde zawodyň kuwwatlylygyny artdyrmak we döwrebaplaşdyrmak göz öňünde tutulýar. Bu bolsa ýerli tebigy gazyň we gaz kondensatynyň hasabyna uly nebit-himiýa toplumynyň döremegine getirer. Şeýle hem şäherde pribor gurluşyk zawody, nah ýüplük egriji fabrik, gurluşyk edaralary, söwda we durmuş-medeni maksatly edaralar bar. Geljekde bu ýerde täze pagta egriji fabrik gurlar.

*Serdarabat etraby* welaýat merkezi Türkmenabat şäheriniň daş-töweregindäki ekerançylyk meýdanlary öz içine alýar. Etrabyň çägini Mary–Türkmenabat, Türkmenabat–Daşoguz awtomobil we demir ýollary kesip geçýärler. Repetek goraghanasy hem şu etrabyň çäginde ýerleşýär.

Serdarabat tutýan meýdany, ilatynyň sany, oba hojalyk önümçiliginiň gerimi boýunça welaýatda iň uly etrap hasaplanýar. Hojalygyň esasy ýöriteleşdirilen pudaklary pagtaçylyk, däneçilik, gök-bakja ekerançylygy, iri şahly mallary ösdürip ýetişdirmek, ýüpekçilik hasaplanylýar. Onuň düzümine 1 şäherçe, 12 geňeşlik, 96 oba girýär. Etrabyň dolandyryş edaralarynyň ählisi Türkmenabat şäheriň çäginde ýerleşýär.

*Galkynyş etraby* welaýatyň demirgazyk böleginde, Amyderýanyň çep tarapyndaky meýdanlary özüne birleşdiryär. Etrabyň hojalyklary pagtaçylyk, däneçilik, iri şahly mallary ösdürip ýetişdirmek, dowardarçylyk, ýüpekçilik boýunça ýöriteleşdirilýär. Etrapda 2 şäherçe, 5 geňeşlik we 28 oba bar. Galkynyş şäherçesinde pagta arassalaýjy zawod, durmuş hyzmaty, gurluşyk, azyk kärhanalary işleýärler. Bu ýerde söwda, durmuş-medeni, etraby dolandyryş edaralary bar.

*Garaşsyzlyk etraby* welaýat merkezinden demirgazykda ýerleşen daýhan birleşikleri öz içine alýar. Etrap pagtaçylyga, däneçilige, ýüpekçilige, et-süýt berýän mallary ösdürip ýetişdirmeklige ýöriteleşdirilendir. Etrabyň düzümine 1 şäherçe, 7 geňeşlik, 37 oba girýär.

*S. Nyýazow adyndaky şäherçe etrap merkezidir*. Şäherçede pagta arassalaýjy zawod, kerpiç zawody, oba hyzmat birleşigi, gurluşyk, azyk kärhanalary işleýärler. Şäherçäniň golaýynda Boýnuzyn demir ýol stansiýasy ýerleşýär.

*Farap etraby* welaýat merkezinden demirgazyk-gündogarda, Amyderýanyň sag kenaryndaky meýdanlary öz içine alýar. Etrabyň hojalygynda pagtaçylyk, däneçilik, ýüpekçilik, maldarçylyk pudaklary ösendir. Onuň düzümine 2 şäherçe, 8 geňeşlik we 41 oba girýär.

Etrap merkezi *Farap şäherçesi* Amyderýanyň sag kenarynda welaýat merkezinden 8 kilometr uzaklykda ýerleşýär. Şäherçede pagta arassalaýjy zawod, oba hojalyk

maşynlaryny bejerýän kärhana, durmuş hyzmaty, gurluşyk we azyk senagaty kärhanalary bar. Onuň çäginde Farap gaz käni ýerleşýär. Etrabyň çägini Türkmenabat–Daşkent demir ýoly, Amyderýa–Buhara kanaly, Farap–Buhara awtomobil ýoly kesip geçýär.

*Birata etraby* welaýatyň çet demirgazyk-günbatarynda ýerleşýär. Etrabyň çäginiň esasy bölegini Garagum çöli tutýar. Ekerançylyk meýdanlary Amyderýanyň çep tarapynda, jülge bölegindedir. Etrabyň hojalygynyň esasy ýöriteleşdirilen ugurlary tebigy gazy çykarmak, dowardarçylyk, pagtaçylyk we däneçilik. Etrapda döwletimizde belli Gazojak, Naýyp, Balguýy, Kerpiçli, Kükürtli gaz känleri bar. Etrabyň düzümine 1 şäher, 2 şäherçe, 5 geňeşlik, 13 oba girýär.

Etrap merkezi *Birata şäherçesidir*. Şäherçäniň 4 km golaýyndan Türkmenabat–Daşoguz demir ýoly geçýär. Bu ýerde pagta taýýarlaýyş meýdançasy, gurluşyk, azyk, durmuş hyzmaty kärhanalary, durmuş-medeni edaralary bar.

*Gazojak şäherine* 2008-nji ýylda şäher statusy berildi. Ol etrap merkezinden 140 km demirgazykda ýerleşýär. Şäherde gaz çykaryş pudagynyň dolandyryş edaralary, gurluşyk, durmuş hyzmaty, azyk, söwda kärhanalary bar. Şäheriň üstünden Özbegistana we Daşoguz welaýatyna demir we awtomobil ýollar geçýär.

Etrabyň düzümine Lebap şäherçesi hem girýär. Şäherçäniň golaýynda keramzit öndürmek üçin çig mal gazyp alýan kärhana ýerleşýär. Bu ýerde söwda, medeni-durmuş edaralary bar.

*Sakar etraby* welaýat merkezinden günortadaky meýdanlary öz içine alýar. Etrabyň hojalyklary pagtaçylyk, däneçilik, gök we bakja önümlerini öndürmek, ekerançylyk, maldarçylyk, ýüpekçilik boýunça ýöriteleşdirilendir. Etrapda döwlet nahalhana-tohumçylyk, melioratiw-tejribe hojalyklary bar. Etrabyň düzümine 1 şäherçe, 11 geňeşlik

we 26 oba girýär. Etrabyň çägindäki Sakar gaz ýatagyndan welaýat merkezine gaz geçirijisi çekilen.

Etrap merkezi *Sakar şäherçesidir*. Ol Türkmenabat şäherinden 20 km günortada ýerleşýär. Şäherçede pagta arassalaýjy, konserwa zawodlary, oba hyzmaty birleşigi, gurluşyk, azyk, durmuş-medeni kärhanalary bar.

*Saýat etraby* Amyderýanyň jülgesinde, welaýatyň orta böleginde ýerleşip, hojalygy pagtaçylyk, däneçilik, gök-bakja ekerançylygy, maldarçylyk, ýüpekçilik boýunça ýöriteleşdirilen. Etrabyň Täzelikçi obasyndaky 1963-nji ýylda döredilen Türkmenistan bakjaçylyk tejribe stansiýasynda gawunyň, kädiniň dürli görnüşleri ösdürilip ýetişdirilýär. Etrabyň düzümine 3 şäherçe, 8 geňeşlik, 26 oba degişlidir.

Etrabyň merkezi *Saýat şäherçesidir*. Bu ýerde pagta arassalaýjy kärhana, mal süňkünden un öndürýän kärhana, tikinçilik bölümi, oba hyzmaty birleşigi, şaly arassalaýan degirmen, gurluşyk, ulaglary bejerýän, durmuş-medeni edaralary işleýärler.

*Garabekewül etraby* welaýat merkezinden günortada, 100 km uzaklykda ýerleşip, pagtaçylyga, däneçilige, üzümçilige we dowardarçylyga ýöriteleşdirilendir. Etrapda üzümçilik daýhan birleşigi ýerleşýär. Onuň esasynda «Garabekewül» çakyr zawody işleýär. Zawodda çakyryň dürli görnüşleri hem-de konýak önümleri öndürilýär. Etrabyň düzümine 1 şäherçe, 11 geňeşlik we 32 oba girýär.

Etrap merkezi *Garabekewül şäherçesidir*. Şäherçäni Türkmenabat–Atamyrat awtomobil we demir ýollary kesip geçýär. Bu ýerde gurluşyk, durmuş hyzmaty, azyk kärhanalary, keteni dokaýan we aýal-gyzlaryň milli köýneklerini tikýän fabrigi ýerleşýär.

*Halaç etraby*. Etrap pagtaçylyga, däneçilige, gara mallary ösdürip ýetişdirmeklige, dowardarçylyga ýöriteleşdirilendir. Etrabyň düzümine 1 şäherçe, 10 geňeşlik, 35 oba girýär.

Etrap merkezi *Halaç şäherçesinde* pamyk egriji fabrigi, pagta arassalaýjy zawody, haly fabrigi, durmuş hyzmaty, azyk kärhanalary bar. Bu ýerde etrabyň dolandyryş edaralary, söwda, durmuş-medeni edaralar ýerleşýär. Ýakyn geljekde kuwwatlylygy 30 müň tonna bolan elewatory we asfalt-beton zawodyny gurmak meýilleşdirilýär.

*Atamyrat etraby* Amyderýanyň çep tarapynda, welaýatyň günortasyndaky uly territoriýany eýeleýär. Etrapda oba hojalygynyň pagtaçylyk, däneçilik, gök ekerançylyk, dowardarçylyk pudaklary ösendir. Atamyrat etrabynyň düzümine 1 şäher, 3 şäherçe, 6 geňeşlik we 30 oba girýär.

*Atamyrat şäheri* Amyderýanyň çep kenarynda, Türkmenabatdan 201 km günorta-gündogarda ýerleşýär. Şäher adybir etrabyň merkezidir. Bu ýerde etrabyň dolandyryş edaralary, pagta arassalaýjy, süýt, çörek zawodlary, durmuş hyzmaty, söwda kärhanalary işleýär. Atamyrat–Türkmenabat aralyga demir ýol guruldy. Şäheriň garşysynda derýanyň sag kenaryndaky Kerkiçi şäherçesine demir ýol we awtomobil ýol köprüsi guruldy. Etrabyň çäginde Başsaka, Garamätnyýaz şäherçeleri Garagum derýasynyň we suw howdanlarynyň gurulmagy bilen peýda boldy. Etrabyň çäginden geçýän Atamyrat–Ymamnazar awtomobil ýoly Owganystan Respublikasy bilen ykdysady gatnaşyklaryň ösmegine uly ýardam edýär. Atamyrat şäheriniň 11 km demirgazyk-günbatarynda, awtomobil ýolunyň ugrunda, Astanababa taryhy-arheologiki goraghanasy ýerleşýär. Şäherde kuwwatlylygy 30 müň tonna bolan elewatory we asfalt-beton zawodyny gurmak göz öňünde tutulýar.

*Hojambaz etraby* Amyderýanyň sag tarapyndaky meýdanlary öz içine alýar. Etrabyň ýöriteleşdirilen pudaklary: pagtaçylyk, däneçilik we dowardarçylyk. Bu etrapda 1 şäherçe, 9 geňeşlik, 36 oba ýerleşýär.

Etrap merkezi *Hojambaz şäherçesidir*. Şäherçede pagta arassalaýjy zawod, gurluşyk, azyk, durmuş hyzmaty kärha-

nalary, medeni-durmuş edaralary ýerleşýär. Şäherçäniň golaýynda çagyl gazylyp alynýan käni bar.

*Beýik Türkmenbaşy adyndaky etraby* Köýtendagyň günorta-günbataryndaky düzlükde, Amyderýanyň sag kenarynda ýerleşýär. Tallymerjen-Mukry demir ýoly, Amyderýadan gözbaş alýan Garşy (Özbegistan) kanaly etrabyň çägini kesip geçýär. Etrabyň hojalyklary pagtaçylyk, däneçilik we dowardarçylyk boýunça ýöriteleşdirilen. Ýurdumyzda we welaýatda belli Tallymerjen garaköli goýundarçylyk-tohumçylyk hojalygy şu etrapda ýerleşýär we dünýä belli sur baganalary öndürilýär. Etrabyň düzümine 2 şäherçe, 12 geňeşlik we 24 oba girýär.

Etrabyň merkezi *Dostluk şäherçesi* hasaplanýar. Bu ýerde etrabyň dolandyryş edaralary, söwda, durmuş hyzmaty kärhanalary, durmuş-medeni edaralary ýerleşýär.

*Amyderýa şäherçesi* etrap merkezinden 34 km demirgazykda ýerleşýär. Şäherçede demir ýol stansiýasy, söwda, gurluşyk, azyk, durmuş hyzmaty kärhanalary bar.

*Köýtendag etraby* Köýtendag etegindäki düzlük we daglyk sebitleri öz içine alýar. Etrabyň hojalygynyň ýöriteleşdirilen pudaklary pagtaçylyk, däneçilik we dowardarçylyk bolup durýar. Etrabyň düzümine 1 şäher, 2 şäherçe, 9 geňeşlik we 28 oba girýär.

Etrap merkezi *Köýtendag şäherçesidir*. Şäherçede oba hyzmaty birleşigi, gurluşyk, durmuş hyzmaty kärhanalary, söwda we durmuş-medeni edaralar işleýär.

Etrabyň düzümine girýän *Magdanly şäheri* Köýtendagyň eteginde ýerleşýär. Köýtendagda metal magdanlarynyň, ýangyç baýlyklarynyň uly gorlarynyň bardygy hem anyklanyldy. Bu bolsa Magdanly şäheriniň geljekde uly senagat merkezine öwrülmegine mümkinçilik berer.

Şäher Köýtendag sebitindäki uly durmuş-medeni merkez hasaplanýar. Bu ýerde söwda, durmuş hyzmaty kärhanalary, durmuş-medeni edaralarynyň onlarçasy işleýär.

Etrabyň çäginde *Garlyk* şäherçesi hem ýerleşýär. Geljekde bu şäherçe himiýa senagatynyň möhüm merkezine öwrüler. Bu ýerde kuwwatlylygy ýylda 1,4 mln tonna kaliý dökünlerini öndürýän dag-magdan baýlaşdyryjy toplum gurulýar. Hormatly Prezidentimiziň tagallasy bilen şäherçede häzirkizaman durmuş-medeni maksatly desgalaryň uly toplumy gurulýar.

2007-nji ýylda Amyderýanyň sag kenarynda Ýylanagyz we Tallymerjen boz ýer ýaýlasynda özleşdirilen tarp ýerleriň esasynda *Döwletli etraby* döredildi. Etrabyň ýöriteleşdirilen ugurlary pagtaçylyk, däneçilik, dowardarçylyk we gaz çykaryş pudaklarydyr. Bu ýerde eýýäm 50 müň gektar ýer özleşdirildi. Şol ýerleriň esasy bölegi Ýylanagyz ýaýlasynda ýerleşýär we güýçli suw sorujylaryň kömegi bilen suwarylýar. Etrapda 1 şäherçe, 11 geňeşlik we 21 oba ýerleşýär.

Etrabyň dolandyryş merkezi *Döwletli (öňki Jeýhun) şäherçesidir*. Şäherçede we beýleki obalarda häzirkizaman durmuş-medeni ähmiýetli edaralar guruldy, ulag ýollary, gaz we elektrik geçirijileri çekildi.

!?!

## Soraglar we ýumuşlar

**1.** Gündogar durmuş-ykdysady sebitde gazylyp alynýan peýdaly baýlyklaryň haýsy görnüşleri bar?

**2.** Bu durmuş-ykdysady sebitde oba hojalygynyň haýsy pudaklary has ösen?

**3.** Ykdysady sebitiň hojalygynda haýsy senagat pudagy möhüm orun eýeleýär?

**4.** Gündogar durmuş-ykdysady sebitiniň uly senagat kärhanalaryny depderiňize belläň.

**5.** Atlasdan we beýleki maglumat çeşmelerinden peýdalanyp, Lebap welaýatynyň mineral baýlyklarynyň känlerini, senagat kärhanalaryny, şäherlerini, şäherçelerini, oba etraplarynyň araçäklerini sudur kartada belläň.

**6.** Okuw kitabyndan we beýleki edebiýat çeşmelerinden peýdalanyp, welaýatyň durmuş-ykdysady ösüşiniň geljekki esasy ugurlary barada ýazmaça maglumat taýýarlaň.

# Demirgazyk Türkmenistan durmuş-ykdysady sebiti (Daşoguz welaýaty)

## § 58. Tebigy şertleri we baýlyklary. Ilaty

**Geografik ýerleşişi.** Demirgazyk Türkmenistan durmuş-ykdysady sebiti ýurdumyzyň demirgazygynda, Amyderýanyň gadymy derýa aýagynyň tekiz düzlüginde ýerleşýär. Onuň tebigy çäkleri: demirgazykda Üstýurt gyrlary, günortada Üňüz, günbatarda Gökleňguýy çöketlikleri bilen araçäkleşýär. Onuň geografik ýerleşişi hojalygy ösdürmek üçin amatlydyr. Welaýatyň çäklerinden Türkmenabat–Goňrat demir ýolunyň, we awtomobil ýollarynyň geçmegi, Aşgabat–Garagum–Daşoguz demir we awtomobil ýollary arkaly ýurdumyzyň günorta sebitleri bilen birleşmegi geografik ýerleşişiniň ähmiýetini has-da ýokarlandyrýar.

Welaýatyň meýdany 73,43 müň km$^2$-e (Türkmenistanyň çäginiň – 15,2%-ine) deňdir. Onuň düzümine 2 şäher (Daşoguz, Köneürgenç), 9 etrap (Saparmyrat Türkmenbaşy, Köneürgenç, Akdepe, Gurbansoltan eje ad., Boldumsaz, Gubadag, Görogly, S. A. Nyýazow ad., Ruhubelent), 8 şäherçe, 140 geňeşlik we 654 oba girýär. Welaýatyň dolandyryş merkezi Daşoguz şäheridir.

**Ýer üstüniň gurluşy we gazma baýlyklary.** Welaýatyň ýer üsti Amyderýanyň delta düzlüginden, Üňüz aňyrsyndaky Garagumuň çägeliklerinden, çöketliklerden,

gadymy gury derýa hanalaryndan we belentliklerden ybaratdyr.

Döwletimiziň beýleki welaýatlary bilen deňeşdireniňde demirgazyk durmuş-ykdysady sebiti gazylyp alynýan peýdaly baýlyklara baý däldir. Onuň territoriýasynda dürli gurluşyk materiallarynyň (Gubadagda mermer we granit, Üstýurtda gips, hek we çäge daşy) gorlary bardyr. Käbir ýerlerde alebastryň we gipsiň ýerine ulanylýan gipsli toýunlar, kerpiç we keramiki önümleri taýýarlamakda ulanylýan toýun duş gelýär. Köneürgenç etrabynda selitranyň, Düzgyrda, Gökçäge kölünde we Döwdanyň hem-de Derýalygyň ugrundaky käbir köllerde nahar duzunyň gorlary bar.

Nebit we gazyň gorlary barada aýdylanda bolsa, bu ýerde uglewodorod çig malynyň ýygnanmagy üçin amatly geologik şertleriň bardygyny bellemek gerek. Soňky ýyllarda geologiýa-gözleg işleriniň geçirilmegi bilen welaýatyň çaginde Sarygamyş kölüniň töwereklerinde we Üňüz aňyrsy Garagumda (Tärimgaýa, Çalçulba, Böwrüdeşik, Ojak) tebigy gazyň uly gorlary tapyldy. Geljekde hem bu sebitde nebit we gaz känleriniň açylmagynyň mümkinçiligi uludyr.

**Klimat şertleri.** Ýurdumyzyň beýleki sebitlerine garanda has demirgazykda ýerleşendigine görä, bu sebitiň klimaty otnositel sowukdyr. Aýazsyz döwrüň dowamlylygy ýurdumyzyň günorta etraplaryna garanda 20–30 gün gysga we wegatasion döwür 184–207 gün (Gubadag, Nyýazow etraplarynda) çemesidir. Günorta Türkmenistan bilen deňeşdirende bu ýerde güýz ir, ýaz bolsa 15–20 gün giç başlanýar. Otnositel sowuk bolmagyna garamazdan, durmuş-ykdysady sebitiň klimatik şertleri gowaçanyň orta süýümli görnüşlerini, bugdaýy, şalyny, gök we bakja ekinlerini ösdürip ýetişdirmek üçin amatlydyr.

**Suw baýlyklary.** Häzirki wagtda Daşoguz welaýatynyň suwaryş ulgamy, esasan, Amyderýadan gözbaşyny alyp gaýdýan Gylyçnyýazbaý, Hanýap, Kyrkgyz, Şamyrat ýaly




**36-njy surat. Daşoguz welaýatynyň ykdysady kartasy**

kanallardan ybaratdyr.Welaýatyň hojalyklarynyň suw bilen üpjünligini gowulandyrmak maksady bilen 1999-njy ýylda Düýeboýun kanalynyň Daşoguz şahasynyň gurluşygy tamamlandy, ol Türkmen derýasy diýlip atlandyryldy. Onuň

uzynlygy 180 km-e barabardyr. Ol Şabat, Gazabat, Şasenem ulgamlara suw berýär.

Demirgazyk durmuş-ykdysady sebitiň çäginde ilatyň agyz suw üpjünçiligi esasy meseleleriň biridir. Welaýatyň ekologik taýdan çylşyrymly bolan Aralyň zonasynda ýerleşmegi onuň ýerüsti suw çeşmeleriniň hapalanmagyna getiryär. Şu ýagdaýda ýerasty suwlary peýdalanmak uly ähmiýete eýedir.

Daşoguz welaýatynda ýerasty suwlaryň ýüze çykarylan ýataklaryň sany 15-e ýetýär. Bu bolsa geljekde welaýatyň ilatyny kadaly agyz suwy bilen üpjün etmek meselesini doly çözmäge mümkinçilik berer.

Ilaty arassa agyz suwy bilen üpjün etmek üçin welaýat merkezi Daşoguz şäherinde suwy arassalaýan desga, Saparmyrat Türkmenbaşy, Gurbansoltan eje etraplarynda agyz suwy zawodlary işe girizildi. Bu bolsa ilatyň ekologik taýdan arassa agyz suwy bilen üpjünçiligini ep-esli gowulandyrdy.

**Ýer-toprak baýlyklary.** Daşoguz welaýatynyň umumy meýdany 7343,1 müň gektara barabar. Ýerleriň 7 mln gektara golaýy öri meýdany hökmünde peýdalanylýar. Welaýatda oba hojalyk ekinleriniň umumy meýdany 351,9 müň gektara deňdir (döwletiň ähli ekin meýdanlarynyň 23,0 %-i).

Garaşsyzlyk ýyllary içinde Daşoguz welaýatynyň ekerançylyk ýerleriniň 27,0 %-den gowrak artmagy hormatly Prezidentimiz tarapyndan üstünlikli durmuşa geçirilýän Maksatnamalaryň ýerine ýetirilişiniň netijesidir. Ol bolsa ýurtda oba hojalyk pudagyny has-da ösdürmäge we azyk howpsuzlygyny üpjün etmäge ýardam etdi.

Welaýatyň sürümli ýerleriniň 76 %-i medeni zolakda, 24 %-i bolsa uzakdaky ýaýlalarda ýerleşýär. Ýaýlalardaky ekin meýdanlarynyň ilatyň oturymly zolagyndan uzakda ýerleşýänligi sebäpli adamlary, tehnikany hem-de ýetişdirilen hasyly daşamakda goşmaça çykdajylary talap edýär.

Şonuň üçin hem gadymy Şasenem düzlüginde özbaşdak daýhan hojalyklaryny döretmek we ilaty oturymly ýaşatmak üçin bu ýerlere çekmek maksady bilen Ruhubelent etraby döredildi.

Klimatik şertlere, relýefiň häsiýetine, ýer üstüni düzýän jynslaryň düzümine, ýerasty suwlaryň çuňlugyna baglylykda welaýatyň toprak örtügi dürli-dürlüdir. Onuň çäginde, esasan, takyr, suwarymly takyr, çemen, suwarymly çemen topraklar, şorluklar, çägeli-çöl, Üstýurdyň galyndy belentliklerde mele-goňur topraklar ýaýrandyr. Welaýatyň ýer gorunyň esasy bölegini takyr görnüşli topraklar tutýar.

## Ilaty

Daşoguz welaýatynda bütin ýurdumyzyň ilatynyň 21,1 %-i ýaşaýar. Soňky 50 ýylyň dowamynda welaýatyň ilaty 5 esse artdy. Ilatyň ortaça ýyllyk ösüş depgini 2,4%-e deňdir. Ilat, esasan, tebigy köpelişiň hasabyna artýar.

Welaýatda ilatyň düzüminde zenanlar ähli ilatyň 50,2%-ini tutýar. Bu ýagdaý şäher we oba ýerlerinde birmeňzeşdir.

Daşoguz welaýatynda häzirki wagtda 40-dan gowrak milletiň wekilleri ýaşaýar. Ilatynyň 65 %-ini türkmenler düzýär. Oba ýerlerinde bu görkeziji 70%-den geçýär.

Daşoguz welaýaty oba hojalyk önümçiliginiň ösen sebitleriniň biri hasaplanýar. Bu bolsa ilatyň 61 %-den gowragynyň oba ýerlerinde jemlenmegine getirýär. Ilatyň 39%-i bolsa şäherlerde we şäherçelerde ýaşaýarlar. Oba ilaty welaýatyň çäginde ýerleşýän 140 geňeşligiň düzümine girýän 654 sany obada ýaşaýar. Şäher ilaty bolsa 2 şäher we 8 şäherçede jemlenendir. Welaýatda bar bolan 9 etrap ilatyň sany boýunça düýpli tapawutlanýar. Köneürgenç, Gurbansoltan eje, S. Türkmenbaşy hem-de S. A. Nyýazow adyndaky etraplarda ilatyň umumy sany has ýokarydyr.

19. Sargyt № 2401.

Welaýatyň çäginde ilat örän endigansyz ýerleşýär. Ilatyň ortaça gürlügi umumy territoriýa boýunça 1 $km^2$-e 15,9 adamdan düşýär, bu görkeziji boýunça ol ýurdumyzda öňdäki orunda durýar. Ýöne ilatyň esasy bölegi Amyderýanyň delta düzlüginde jemlenendir. Bu ýerde ilatyň gürlügi has ýokary bolup, tersine, welaýatyň Garagum çölüne ýanaşýan böleginde ilat örän seýrek ýaşaýar. Ertaplaryň medeni zolaklarynda ilatyň gürlügi 1 $km^2$ 200-300 adama çenli ýetýär. Daşoguz we Köneürgenç şäherleriniň töwereginde ilatyň gürlügi birneme ýokarydyr.

## § 59. Hojalygynyň umumy häsiýetnamasy. Senagaty

Demirgazyk durmuş-ykdysady sebiti ýurdumyzyň ykdysadyýetinde görnükli orun eýeleýär. Onuň durmuş-ykdysady taýdan ösüşi garaşsyzlyk ýyllarynda has hem ýokary boldy. Daşoguz welaýaty zähmetiň geografik bölünişinde esasan, oba hojalyk önümçiligine, şeýle-de oba hojalyk önümlerini gaýtadan işleýän senagat pudaklaryna ýöriteleşdirilendir.

**Senagat önümçiligi.** Ýurdumyzyň beýleki sebitlerine garanyňda Daşoguz welaýaty üçin senagat önümçiliginiň ösüşiniň biraz pes derejesi häsiýetlidir. Ýurdumyzda öndürilýän ähli senagat önüminiň 3,7 %-i onuň paýyna düşýär. Ýöne soňky ýyllarda bu möhüm pudagy ösdürmäge uly ähmiýet berlip başlandy.

Senagatyň düzüminde ýeňil we azyk pudaklary esasy orun tutýar. Oba hojalyk çig malynyň öndürilişiniň artmagy, zähmet baýlyklary, demir ýol we awtomobil ýollary bilen üpjünçiligiň gowulanmagy şol pudaklaryň ösmegine getirdi. Welaýatda öndürilen ähli senagat önüminiň 43,9%-i ýeňil, 52%-i bolsa azyk senagat pudagynyň paýyna düşýär.

Ýeňil senagatynda kärhanalaryň esasy bölegi pagta arassalaýjy zawodlardyr. Welaýatyň etrap merkezleriniň 6-synda pagta arassalaýan zawodlar bar. Daşoguz şäherindäki haly we tikin, Görogly etrabynda tikin-trikortaž fabrikleri hem şu pudaga degişlidir. 2010-njy ýylda Daşoguz şäherinde kuwwatlylygy 14,5 müň tonna nah ýüplügini öndürýän dokma kombinaty işe girizildi. Milli maksatnama laýyklykda etraplaryň her birinde dokma kärhanasyny gurmak göz öňünde tutulýar.

Azyk senagaty öndürilýän önümiň umumy möçberi boýunça esasy orun eýeleýär. Onuň esasy sebäbi welaýatda bu pudak üçin ýeterlik mukdarda çig malyň öndürilýänligidir. Bu pudagyň esasy kärhanalary Daşoguz şäherindäki ýag-ekspeller zawody, konditer fabrigi, tomat-konserwa zawody, Daşoguz we Köneürgenç şäherlerindäki un-degirmen toplumlary, Görogly şäherçesindäki kuwwatlylygy ýylda 50 müň tonna bolan un üweýän zawody hasaplanýar. Olardan başga-da welaýatyň şäherlerinde we şäherçelerinde azyk senagatyna degişli 100-den gowrak önümçilik bölümleri bar. Geljekde ýerli oba hojalyk çig malynyň hasabyna welaýatda ýene-de onlarça häzirkizaman kärhanalary gurlar.

Daşoguz welaýatynyň ilatly ýerleriniň we önümçilik desgalarynyň elektrik energiýasy bilen üpjünçiligini gowulandyrmak maksady bilen 2007-nji ýylda Daşoguz şäherinde häzirkizaman kämil tehnologiýaly gaz turbina elektrik stansiýasy işe girizildi. Toplumda her biriniň kuwwatlylygy 127,1 MWt bolan iki sany gaz turbinasy işleýär.

Welaýatyň dürli ýerlerinde gurluşyk materiallarynyň känleri özleşdirilýär. Bu bolsa gurluşyk, şol sanda ýol gurluşyk işlerini ýaýbaňlandyrmaga mümkinçilik berýär. Häzir welaýatyň çäginde çagyl, toýun we beýleki gurluşyk materiallaryny çykarýan 3 sany kärhana, Daşoguz şäherinde öý-gurluşyk we demir-beton önümleri kombinatlary işleýär.

Etrap merkezlerinde we obalarda kerpiç zawodlarynyň jemi 14-si bar.

Geljekde maddy önümçiligiň iň möhüm pudagy bolan senagat önümçiligi giň gerimde ösdüriler. Bu bolsa welaýatda ilatyň maddy hal-ýagdaýynyň gowulanmagyna, onuň iş bilen üpjünçilik meseleleriniň dogry çözülmegine, azyk we beýleki taýýar senagat önümleri bilen üpjünçilik derejesiniň artmagyna uly itergi berer. Täze mineral çig mal känleriniň özleşdirilmegi bolsa ilatyň meýdan-çäklerde ýerleşişiniň üýtgemegine, ýagny ýerleriň ilatlaşmagyna täsir eder.

## § 60. Oba hojalyk önümçiligi. Ulaglar ulgamy

Demirgazyk durmuş-ykdysady sebiti ýurdumyzyň oba hojalyk taýdan ösen sebitleriniň biridir. Daşoguz welaýaty ýurdumyzda öndürilýän dänäniň 19,2 %-ini, pagtanyň 18,2 %-ini, etiň 42,3 %-ini, süýdüň 37,4 %-ini berýär. Welaýatyň hojalyklary, esasan, däneçilige, pagtaçylyga, gök-bakja ekerançylyga, iri şahly mallary ösdürip ýetişdirmeklige, dowardarçylyga ýöriteleşdirilýär. Bu pudaklaryň ösdürilmegi welaýatyň taryhy ösüşi bilen berk baglanyşyklydyr. Häzirki Daşoguz welaýatynyň territoriýasynyň dünýäde gadymy ekerançylyk sebitleriniň biridigini köp taryhçylar we arheologlar ykrar edýärler. Biziň ata-babalarymyz emeli suwaryş arkaly ekerançylygy ösdüripdirler. Şeýlelikde, bu ýerlerde oturymly ekerançylyk-maldarçylyk medeniýeti döräpdir.

Daşoguz welaýatynda oba hojalyk ekinleriniň umumy meýdany 351,9 müň gektara barabardyr. Onuň 186 müň gektaryny däneli, 141 müň gektaryny gowaça ekinleri tutýar. 2011-nji ýylda welaýatda 252,5 müň tonna däne, 200,6 müň tonna pagta hasyly ýygnaldy. Klimatik şertlere baglylykda bu ýerde pagtanyň orta süýümli görnüşleri ösdürilip ýetişdirilýär. Oba hojalyk önümlerini öndürmekde Gurban-

soltan eje adyndaky, Köneürgenç, Saparmyrat Türkmenbaşy hem-de Görogly etraplary iri hojalyklar hasaplanýar.

Soňky ýyllarda Daşoguz welaýatynda gök we bakja ekinlerini ösdürip ýetişdirmegiň ähmiýeti artýar. Ýurdumyzyň beýleki welaýatlaryny gök önümler, bakja, kartoşka bilen üpjün etmekde welaýatyň orny uludyr. Bellemeli zat – şol önümleriň esasy böleginiň hususy hojalyklarda öndürilýänligidir. Şasenem düzlügindäki özleşdirilýän ýerlerde täze Ruhubelent etrabynyň döredilmegi geljekde ekerançylykda uly ösüşleriň gazanylmagyna mümkinçilik berer.

Daşoguz welaýaty maldarçylygyň ösen sebitleriniň biridir. Mallaryň baş sany boýunça Akdepe, Köneürgenç, Saparmyrat Türkmenbaşy hem-de Görogly etraplary has tapawutlanýar.

Maldarçylyk önümlerini öndürmekde hem Daşoguz welaýaty ýurdumyzda iri sebitleriň biri hasaplanýar. Maldarçylyk önümleriniň esasy bölegini hususy hojalyklar berýär.

**Ulaglar ulgamy.** Soýuz döwründe bu sebit ýurdumyzyň beýleki ýerleri bilen Türkmenabat – Goňrat demir ýoly, Aşgabat–Daşoguz howa ýollary arkaly birikdirilen bolsa, garaşsyzlyk ýyllarynda Aşgabat–Garagum–Daşoguz demir ýoly, Aşgabat–Garagum–Daşoguz awtomobil ýoly ulanylmaga berildi. Olaryň döwletimiz we ykdysady sebit üçin bähbidi ulydyr. Welaýat merkezinden ähli etraplara, etrap merkezlerinden obalara gaty örtükli ýollar gurlan. Welaýat merkezi howa ulagy arkaly ähli welaýatlar we Aşgabat şäheri bilen baglaşdyrylan.

**Welaýatyň durmuş taýdan ösüşi.** Daşoguz welaýatynda hem bütin ýurdumyzda bolşy ýaly, garaşsyzlyk ýyllarynda ilatyň durmuş taýdan goraglylygyny üpjün etmekde, medeni we durmuş hyzmatlary bilen üpjünçiligini gowulandyrmakda uly sepgitlere ýetildi. Häzirki wagtda welaýatyň çäginde söwda, durmuş hyzmaty kärhanalarynyň, durmuş-medeni maksatly edaralarynyň uly toplumy hereket

edýär. Ilatyň hyzmatlar bilen üpjünçiligi gün-günden artýar. 2012-nji ýylda welaýatda 8 mekdep, 4 sany çagalar baglary ulanylmaga berildi. 2013-nji ýylda 41 sany mekdebiň (şol sanda 1 mekdep-internat), 12 sany çagalar baglaryň gurluşygy dowam edýär.

**Welaýatyň ösüşiniň geljegi.** Milli maksatnamada Daşoguz welaýatyny durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň hem uly sepgitleri bellenilýär. Geljekde oba hojalyk önümçiligi, has takygy, pagtaçylyk we däneçilik welaýatyň ykdysadyýetiniň esasy ýöriteleşdirilen ugry bolmagyna galar. Öndürilýän oba hojalyk çig malynyň hasabyna ýeňil we azyk senagatyny mundan beýläk-de ösdürmek göz öňünde tutulýar. Welaýatyň şäherlerinde we şäherçelerinde oba hojalyk çig malyny gaýtadan işleýän häzirki zaman kärhanalarynyň onlarçasy işe giriziler. Welaýatyň çäginde nebit-gaz ýataklaryny gözlemek we özleşdirmek boýunça döwlet tarapyndan uly möçberde maýa goýumlary we taslamalar göz öňünde tutulýar.

Oba ýerleriniň durmuş-ykdysady taýdan ösüşini çaltlandyrmaklyga gönükdirilen, 2007-nji ýylda kabul edilen maksatnamanyň çäklerinde Daşoguz welaýatynda oba ýerleriniň ilatynyň durmuş hal-ýagdaýyny gowulandyrmaklyga uly maliýe serişdeler harçlanar. Şoňa baglylykda welaýatda 53 sany mekdebe çenli çagalar edaralary, 89 sany orta mekdep,73 sany medeniýet öýleri, 45 sany sport mekdebi, 24 sany sport desgalary, durmuş-medeni maksatly beýleki desgalar we inženerçilik ulgamlary gurlar.

## § 61. Durmuş-ykdysady sebitiň içerki aýratynlyklary

Demirgazyk Türkmenistan durmuş-ykdysady sebitinde ýerleşýän şäherleriň, etraplaryň tebigy şertlerinde, ilatynyň sanynda we ýerleşişinde, durmuş-ykdysady ösüşinde düýpli tapawutlar bar.

Welaýatyň dolandyryş merkezi *Daşoguz* şäheridir. 1939-njy ýyldan bäri welaýat merkezi hasaplanýar. Şäher uly ulag çatrygydyr. Onuň üstünden möhüm demir ýol we awtomobil ýollary geçýär.

Daşoguzda welaýatyň şäher ilatynyň 54%-i jemlenendir. Bu ýerde dürli milletleriň wekilleri ýaşaýarlar. Daşoguz – demirgazyk durmuş-ykdysady sebitiniň senagat, ykdysady we medeni merkezidir. Şäherde senagat kärhanalaryndan ýylylyk elektrostansiýasy, awtomobil we oba hojalyk tehnikalaryny abatlaýan, pagta arassalaýjy, ýag zawody, piwo, süýt önümleri, tomat-konserwa, demir-beton önümleri zawodlary, galla önümleri kombinaty, tikin, haly fabrikleri ýerleşýär. 2010-njy ýylda bu ýerde kuwwatlylygy 4,5 müň tonna bolan nah ýüplügini öndürýän fabrik işe girizildi. Şäheriň suw üpjünçiligini gowulandyrmak maksady bilen suw arassalaýjy desga guruldy.

Garaşsyzlyk ýyllarynda şäheriň binagärlik keşbi özgerýär. Bu ýerde birnäçe häzirki zaman saglygy goraýyş, bilim, medeni desgalar peýda boldy. Anyklaýyş merkezi, Ene mähri hassahanasy, Halk maslahatynyň geçirilýän köşgi, drama teatry, 10 müň orunlyk stadion şähere täzeçe görk berýär. Oba hojalyk institutynyň jaýy hem şäheriň gözelligini artdyrýar. Daşoguz şäherinde B. Seýtäkow adyndaky mugallymçylyk, Gurbansoltan eje adyndaky lukmançylyk mekdepleri bar. Bu ýerde söwda, durmuş hyzmaty, durmuş-medeni edaralaryň onlarçasy işleýär.

*Köneürgenç şäheri* welaýat merkezinden 100 km demirgazyk-günbatarda ýerleşýär. 2008-nji ýylda oňa etrap derejesindäki şäher statusy berildi. Ol Daşoguz–S.Türkmenbaşy demir ýol şahasy arkaly welaýat merkezi bilen birleşýär. Köneürgenç adybir etrabyň merkezi, şeýle-de welaýatyň demirgazyk-günbataryndaky etraplar üçin uly durmuş-ykdysady merkez bolup durýar. Şäherde pagta arassalaýjy, süýt, ýag, durmuş hyzmaty, gurluşyk edaralary ýerleşýär.

Garaşsyzlyk ýyllarynda şäherde göwrümi 50 müň tonna bolan degirmenli we çörek bişirýän bölümi bolan un kombinaty guruldy. Ol gije-gündizde 150 tonna bugdaýy üwäp, 120 tonna un öndürýär. Ýakyn geljekde şäherde pagta egriji fabrik we pagta arassalaýjy kärhana, asfalt-beton zawody gurlar.

Köneürgenç döwletimizde iň gadymy şäherleriň biridir. Şäheriň çäginde we töwereklerinde gadymy ýadygärlikler köp. Ol ýadygärlikler ÝUNESKO tarapyndan hasaba alyndy (Törebeg hanymyň gümmezi, Tekeşiň, Nejmeddin Kubranyň, Soltan Alynyň mawzoleýleri, Kerwensaraý we beýikligi 60 m minara). Şeýle-de ol ýerde taryhy-arheologik muzeý hereket edýär.

*S. A. Nyýazow adyndaky etraby* Daşoguz şäheriniň daş-töweregindäki meýdanlary öz içine alýar. Etrap pagtaçylyga, däneçilige, gök ekerançylyga, iri şahly mallary ösdürip ýetişdirmeklige we ýüpekçilige ýöriteleşdirilendir. Onuň çäginde 1 şäherçe, 17 geňeşlik we 93 oba ýerleşýär.

Etrap merkezi *S. A. Nyýazow adyndaky şäherçe* Daşoguz şäherinden 7 km günorta-gündogarda ýerleşýär. Şäherçede etraby dolandyryş edaralary, oba hyzmat birleşigi, oba hojalyk maşynlaryny abatlaýan, durmuş hyzmaty, azyk senagat kärhanalary, durmuş-medeni edaralar bar.

*Görogly etraby* welaýatyň günorta böleginde ýerleşýär. Ol demirgazyk durmuş-ykdysady sebitiň iri etraplarynyň biridir. Etrap pagtaçylyga, däneçilige, iri şahly mallary ösdürip ýetişdirmeklige, dowardarçylyga, ýüpekçilige ýöriteleşdirilýär. Görogly etrabynyň çäginde 1 şäherçe, 15 oba geňeşligi we 90 oba bar.

Etrap merkezi *Görogly şäherçesi* welaýat merkezinden 17 km günortada ýerleşýär. Şäherçede pagta arassalaýjy zawod, egirme-dokma fabrigi, oba hojalyk maşynlary bejerýän, gurluşyk, durmuş hyzmaty, azyk senagat kärhanalary işleýär. Hazirki wagtda bu ýerde göwrümi 50 müň tonna

bolan häzirki zaman tehnologiýaly un-degirmen kärhanasy gurulýar.

*Gurbansoltan eje adyndaky etraby* welaýatyň günorta--günbatar böleginde ýerleşýär. Ol pagtaçylyga, däneçilige, iri şahly mallary ösdürip ýetişdirmeklige, dowardarçylyga, ýüpekçilige ýöriteleşdirilen iri etraplaryň biridir. Etrabyň çäginde 1 şäherçe, 14 oba geňeşligi, 70 oba bar.

Etrap merkezi *Gurbansoltan eje adyndaky şäherçe* Daşoguz şäherinden 30 km günbatarda ýerleşýär. Şäherçäniň üstünden Akdepä, Aşgabada awtomobil ýol geçýär. Şäherçede pagta arassalaýjy zawod, çäýnek-käse öndürýän kärhana, oba hyzmaty birleşigi we oba hojalyk maşynlaryny abatlaýan ussahana, durmuş hyzmaty, medeni-durmuş edaralary işleýär. Geljekde bu ýerde pagta egriji fabrik, asfalt-beton zawody gurlar.

*Akdepe etraby* welaýatyň merkezi böleginde, Daşoguz şäherinden demirgazyk-günbatar tarapdaky meýdanlary öz içine alýar. Etrap pagtaçylyga, däneçilige, iri şahly mallary ösdürip ýetişdirmeklige, dowardarçylyga ýöriteleşdirilýär. Etrabyň ekerançylyk meýdanlary Şabat we Şamyrat kanallary arkaly suwarylýar. Etrabyň çäginde 1 şäherçe, 15 oba geňeşligi we 62 oba ýerleşýär.

Etrap merkezi *Akdepe şäherçesi* welaýat merkezinden 60 km günbatarda ýerleşýär. Şäherçede pagta arassalaýjy zawod, haly dokalýan seh, gurluşyk kärhanalary, medeni--durmuş edaralary işleýär.

*Gubadag etraby* welaýatyň demirgazyk böleginde ýerleşýär. Hojalygynyň esasy ugry pagtaçylyk, däneçilik, gök-ekerançylyk, maldarçylyk, şeýle hem ýüpekçilik hasaplanýar. Etrapda Gubadag belentliginde awtomobil ýollary, ýaşaýyş we dürli ymaratlary gurmak üçin peýdalanylýan gurluşyk çig maly bolan dürli daşlary gazyp alýan kärhana bar. Etrabyň düzümine 1 şäherçe, 14 oba geňeşligi we 67 oba girýär.

Etrap merkezi *Gubadag şäherçesi* welaýat merkezinden 20 km demirgazykda ýerleşýär. Şäherçede pagta arassalaýjy zawod, gurluşyk, durmuş hyzmaty, azyk kärhanalary, medeni-durmuş edaralary bar.

*Boldumsaz etraby* welaýatyň demirgazyk-günbatarynda ýerleşip, Garagalpagystan Respublikasy bilen araçäkleşýär. Etrabyň esasy ekerançylyk ýerleri oazisde we uzakdaky Sarygamyş kölüniň töwereginde ýerleşýär. Onuň çägine Gaplaňgyr goraghanasynyň bir bölegi hem degişlidir. Etrapda pagtaçylyk, däneçilik, maldarçylyk, ýüpekçilik, bakjaçylyk pudaklary ösendir. Geljekde etrapda broýler tohumly towuk etini öndürýän önümçiligi bolan ferma hojalygyny döretmek göz öňünde tutulýar. Etrabyň düzümine 1 şäherçe, 9 oba geňeşligi, 51 oba girýär.

Etrap merkezi *Boldumsaz şäherçesi* Daşoguz şäherinden 35 km demirgazyk-günbatarda bolup, onda pagta arassalaýjy zawod, durmuş-medeni edaralary, gurluşyk, azyk kärhanalary bar.

*Köneürgenç etraby* welaýatyň demirgazyk-günbatarynda ýerleşýän iri hojalyklaryň biridir. Ol pagtaçylyga, däneçilige, gök-bakja ekerançylygyna, dowardarçylyga, iri şahly mallary ösdürip ýetişdirmeklige, ýüpekçilige ýöriteleşdirilýär. Etrabyň çäginde 19 geňeşlik we 85 oba ýerleşýär. Etrabyň dolandyryş edaralary Köneürgenç şäherinde ýerleşip, ol ýerden etrabyň ähli obalaryna awtomobil ýollar çekilen.

*Saparmyrat Türkmenbaşy etraby* welaýatyň çet demirgazyk-günbatar böleginde ýerleşýär. Etrap pagtaçylyk, däneçilik, şalyçylyk, gök-bakja ekerançylygy, iri şahly mallary ösdürip ýetişdirmek, dowardarçylyk, düýedarçylyk, ýüpekçilik boýunça ýöriteleşdirilýän iri hojalyklaryň biridir. Onuň çäginde 1 şäherçe, 27 geňeşlik, 109 sany oba bar.

Etrap merkezi *S.Türkmenbaşy şäherçesi* Daşoguz şäherinden 140 km töweregi uzaklykda bolup, şäherçede

gurluşyk, durmuş hyzmaty kärhanalary, bilim we saglygy saklaýyş edaralary işleýär. Garaşsyzlyk ýyllarynda A.Kakabaýew obasynda agyz suwy zawody guruldy, şeýle hem «Şirwan» pagta arassalaýjy zawody işleýär. 2001-nji ýylda Köneürgenç şäherinden etraba demir ýoly çekildi. Etrabyň ähli obalary awtomobil ýollar arkaly birleşýärler. Geljekde bu ýerde şaly zawody we asfalt-beton kärhanasy gurlar.

*Ruhubelent etraby*. 2007-nji ýylda Şasenem, Şähribossan, Diýarbekir düzlüklerindäki hojalyklaryň esasynda Ruhubelent etraby döredildi. Onuň meýdany 400 müň gektara golaýdyr. Bu ýerde 10 sany daýhan birleşigi ýerleşýär. Ýakyn ýyllarda özleşdirilen meýdanlaryň möçberini 270 müň gektara çenli giňeltmek göz öňünde tutulýar. Etrap pagtaçylyga, däneçilige we maldarçylyga ýöriteleşdirilýär. Onuň çäginde 1 şäherçe, 14 geňeşlik we 67 sany oba bar.

2007-nji ýylda etrap merkezi *Ruhubelent şäherçesiniň* düýbi tutuldy. Şäherçe Aşgabat-Garagum-Daşoguz demir we awtomobil ýollaryna ýakyn ýerleşýär. Bu ýerde häzirki zaman ülňülerine laýyk gelýän dolandyryş edaralarynyň jaýlary, mekdepler, saglygy goraýyş, medeniýet edaralary, durmuş hyzmaty we söwda kärhanalary, ýaşaýyş jaýlary guruldy. Ýakyn geljekde bu ýerde kuwwatlylygy 50 müň tonna bolan elewator gurlar.

!?!

## Soraglar we ýumuşlar

**1.** Demirgazyk Türkmenistan durmuş-ykdysady sebitinde gazylyp alynýan peýdaly baýlyklaryň nähili görnüşleri bar?

**2.** Durmuş-ykdysady sebitde senagatyň haýsy pudaklary ösen?

**3.** Daşoguz welaýatynda oba hojalygynyň haýsy pudaklarynyň ähmiýeti has uly?

**4.** Daşoguz welaýatynyň çäginde haýsy şäherler we etraplar bar?

**5.** Gazylyp alynýan peýdaly baýlyklaryň känlerini depderiňize belläň.

**6.** Daşoguz welaýatynyň düzümine girýän etraplaryň, şäherleriň we şäherçeleriň atlaryny depderiňize ýazyň.

**7.** Atlasdan we beýleki maglumat çeşmelerinden peýdalanyp, Daşoguz welaýatynyň mineral baýlyklarynyň känlerini, senagat kärhanalaryny, şäherleri, şäherçeleri sudur kartada belläň.

**8.** Okuw kitabyndan we beýleki edebiýat çeşmelerinden peýdalanyp, welaýatyň durmuş-ykdysady ösüşiniň geljekki esasy ugurlary barada ýazmaça habar taýýarlaň.

# VII bap

# Türkmenistany durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň esasy ugurlary

## § 62. Türkmenistany durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň geljegi

Türkmenistanyň garaşsyzlyk, bitaraplyk, syýasy durnuklylyk şertlerinde ösmegi, onuň Ýer ýüzünde abraýynyň artmagy, ykdysady we durmuşy ilerlemeler, jemgyýetiň medeni we ruhy taýdan täzelenmegi üçin giň mümkinçilikler açdy.

Türkmenistanda garaşsyzlygy berkitmäge ýardam edýän ägirt uly syýasy, hukuk we ykdysady özgertmeler amala aşyrylýar. Munuň özi Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň alyp barýan sazlaşykly syýasy, ykdysady, durmuş we ruhy özgertmeleri, milletiň agzybirligini pugtalandyrmak, halkyň hal-ýagdaýyny gowulandyrmak boýunça edýän aladasynyň netijesinde mümkin bolýar.

Milli Liderimiziň ykdysady ösüşi çaltlandyrmak baradaky öňe sürýän ýörelgeleri (konsepsiýasy) «Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň 2011–2030-njy ýyllar üçin Milli maksatnamasynda» hemmetaraplaýyn esaslandyryldy. Bu maksatnama täze döwrüň esasy ýörelgesi bolup, türkmen jemgyýetiniň ýaşaýşyny ähli taraplaýyn hil taýdan özgertmäge, depginli ykdysady ösüşi gazanmaga, ykdysadyýetiň

pudaklaýyn düzümini diwersifikasiýalaşdyrmaga, ilatyň maddy hal ýagdaýyny düýpli ýokarlandyrmaga, bazar-ykdysady özgertmeleri çuňlaşdyrmaga, ýurduň sebitleriniň gyradeň ösüşini gazanmaga gönükdirilýär.

Bu maksatnamadaky geljekki döwürde edilmeli işler we ýetilmeli sepgitler beýik Garaşsyzlygyň geçen ýyllaryndaky gazanylan üstünliklere, Türkmenistanyň ykdysady kuwwatyna we baý tebigy baýlyklaryna esaslanýar. Milli maksatnamanyň baş wezipesi ilatyň iň ýokary ýaşaýyş derejesini üpjün edýän we çalt depgin bilen ösýän ykdysady ösüşi gazanyp, Türkmenistany beýik we kuwwatly döwlete öwürmek bolup durýar.

«Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň 2011–2030-njy ýyllar üçin Milli maksatnamasy» «Türkmenistanyň Prezidentiniň obalaryň, şäherçeleriň, etraplardaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň durmuş-ýaşaýyş şertlerini özgertmek boýunça 2020-nji ýyla çenli döwür üçin Milli maksatnamasynyň», Türkmenistanyň welaýatlarynyň we Aşgabat şäheriniň durmuş-ykdysady ösüşiniň 2008–2012-nji ýyllar üçin konsepsiýalarynyň esasy görkezijilerini, şeýle hem Daşoguz, Lebap, Mary, Ahal we Balkan welaýatlarynyň senagat pudagyny ösdürmegiň esasy ugurlaryny we ýurduň Hökümeti tarapyndan kabul edilen beýleki döwlet maksatnamalarynda bellenen sepgitleri özünde jemleýär.

Milli maksatnamany 3 tapgyrda amala aşyrmak göz öňünde tutulýar.

Maksatnama laýyklykda nebitiň, gazyň çykarylyşyny we gaýtadan işlenilişini, içerki we daşarky sarp edijlere ugradylyşyny, ýangyç serişdeleriniň çig mal binýadyny mundan beýläk-de ösdürmek, ygtybarly nebit-gaz gorlarynyň möçberini artdyrmak, ýangyç serişdeleriniň we olary gaýtadan işlenip alynýan önümleriň dünýä bazarlaryna ýerleşdirilişini artdyrmak babatda uly sepgitler goýulýar. Şoňa baglylykda 2030-njy ýylda nebitiň çykarylyşyny gaz konden-

satyny goşmak bilen 66,6 mln tonna, gazyň çykarylyşyny 229,8 mlrd $m^3$-e, nebitiň gaýtadan işlenilişini 30 mln tonna, suwuklandyrylan gazyň öndürilişi 800 müň tonna ýetiriler. 2030-njy ýylda gazyň içerki sarp edilişi 50 mlrd $m^3$, tebigy gazyň daşary ýurtlara iberilişi 2030-njy ýylda 180 mlrd $m^3$-a ýeter.

Geljekde elektoenergetikany ösdürmek hem ileri tutulýan ugur bolmagynda galar. Elektrik energiýasynyň öndürilişi 2030-njy ýylda 36,5 mlrd kwt/sag ýeter. Täze elektrik stansiýalary, ýokary woltly elektrik geçirijileri, podstansiýalary gurlar.

Türkmenistanda gurluşyk ulgamynyň mundan beýläk-de ösdürilmegi dowam etdiriler. Şoňa baglylykda sementiň öndürilişi 2030-njy ýylda 3,4 mln tonna ýetiriler.

Baý çig mal serişdelerini toplumlaýyn we netijeli peýdalanmagyň hasabyna mineral dökünleriň we himiýa önümleriniň esasy görnüşleriniň öndürilişi artdyrylar. Mineral dökünleriň öndürilişi 2030-njy ýylda 7,3 mln tonna ýetirmek göz öňünde tutulýar.

Ýeňil senagatynda dokma pudagyna goýulýan maýa goýumlarynyň möçberini häzirki ýagdaýyndan iki esse artdyrmak, ýurdumyzyň gowaça ekilýän ähli sebitlerinde dokma kärhanalaryny gurmak göz öňünde tutulýar.

Oba hojalygynyň ösüşi ilatyň azyk önümlerine, senagatyň çig mala bolan isleglerini doly kanagatlandyrmaga we daşary ýurtlara çykarmak mümkinçiliklerini giňeltmäge gönükdiriler. Ýurdumyzyň oba hojalyk ulgamyny welaýatlaryň we etraplaryň howa-toprak şertlerine laýyklykda guramak hem-de içeri we daşary bazaryň talabyna görä ösdürmek ileri tutulýan ugur bolar. 2030-njy ýylda 1,9 mln tonna bugdaý, 93 müň tonna şaly, 1,3 mln tonna pagta öndürmek meýilleşdirilýär. Şol döwürde gök-bakja, miwe önümleriniň, ir-iýmişleriň, üzümiň öndürilişi-de artar.

Ýurdumyzda ulag we aragatnaşyk ulgamy uly ösüşe eýe bolar. «Demirgazyk–Günorta» demir ýolunyň, dünýä ülňülerine laýyk gelýän awtomobil ýollarynyň gurulmagy, ulaglaryň üpjünçilik ýagdaýynyň gowulandyrylmagy, telekommunikasiýa aragatnaşygynyň kämilleşdirilmegi Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň has-da ösmegine ýardam eder.

Şu günki günde Türkmenistanyň ägirt uly möçberdäki mümkinçilikleri halkyň hal-ýagdaýyny ýokarlandyrmaga, durmuş-ykdysady ösüşiň öňde baryjy görkezijilerine ýetmäge gönükdirilendir. Şunda ösüşiň durmuş jähti ilata durmuş goldawyny bermek, ösüşiň durmuş şertlendirmeleriniň ileri tutulmagyny üpjün etmek ýörelgelerine esaslanýar we degişlilikde, saglygy goraýşa, bilime, ylma, medeniýete, sungata, sporta iri maýa goýumlarynyň goýulmagyny öňünden kesgitleýär. Şonuň bilen baglylykda ilatymyzyň ýaşaýyş-durmuş derejesini ýokarlandyrmak, olary ýaşaýyş jaý we durmuş hyzmatlary, arassa agyz suwy bilen üpjün etmek boýunça maksatnamada anyk sepgitler kesgitlenendir. Maksatnamanyň çäklerinde müňlerçe durmuş maksatly desgalaryň inžener üpjünçilik ulgamynyň desgalarynyň, millionlarça inedördül metr ýaşaýyş jaýlarynyň gurluşyklarynyň alnyp barylmagy göz öňünde tutulýar.

«Türkmenistanyň Prezidentiniň obalaryň, şäherçeleriň, etrapdaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň durmuş-ýaşaýyş şertlerini özgertmek boýunça 2020-nji ýyla çenli döwür üçin Milli maksatnamasyny» amala aşyrmak dowam etdiriler. Oba hojalyk önümleriniň möçberiniň köpelmeginiň hasabyna ýeterlik çig mal binýady dörediler we obalarda täze, amatly tehnologiýalar bilen enjamlaşdyrylan häzirkizaman gaýtadan işläp çykarýan kärhanalary döretmek üçin giň mümkinçilikler emele geler. Durmuş ulgamynyň pudaklary, ylym, telekeçilik mundan beýläk-de

ösdüriler. Dynç alyş-syýahatçylyk, şol sanda «Awaza» Milli syýahatçylyk zolagynyň berk binýadyny döretmäge uly üns berler.

2012-nji ýylda şu maksatnamanyň orta möhletini göz öňünde tutýan «Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2012–2016-njy ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasy» işlenip düzüldi.

Bu maksatnama «Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň 2011–2030-njy ýyllar üçin Milli maksatnamasynda» orta möhlet üçin kesgitlenen görkezijileri, wezipeleri we olary çözmegiň ýol-ýörelgelerini kesgitleýän anyk resminamadyr.

Orta möhleti göz öňünde tutýan Maksatnama Türkmenistanyň 2016-njy ýyla çenli döwlet ykdysady syýasatyny emele getirýär we ykdysadyýeti diwersifikasiýalaşdyrmak, bäsleşige ukyplylygyny ýokarlandyrmak we ösüşiň durmuş-innowasion ýoluna tapgyrlaýyn geçmek arkaly onuň durnukly we deňeçer ösüşini üpjün etmäge gönükdirilendir.

!?!

## Soraglar

**1.** Türkmenistanyň Prezidenti hormatly Gurbanguly Berdimuhamedowyň ykdysady syýasaty haýsy maksatlara gönükdirilen?

**2.** Häzirki wagtda ýurdumyzy durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň nähili maksatnamalary durmuşa geçirilýär?

**3.** Öz ýaşaýan welaýatyňyzda, etrabyňyzda nähili durmuş-ykdysady özgertmeler bolup geçýär?

20. Sargyt № 2401.

## Mazmuny

Giriş ........................................................................................ 7

### I bap.
### Türkmenistanyň ykdysady-geografik ýerleşişi

§ 1. Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan dünýäniň syýasy kartasynda ........................................................ 11

### II bap.
### Türkmenistanyň dolandyryş – çäk bölünişi

§ 2. Türkmenistanyň dolandyryş-çäk bölünişiniň konstitusion esaslary ........................................................ 16
§ 3. Dolandyryş-çäk bölünişindäki özgerişler ........................... 21

### III bap.
### Türkmenistanyň tebigy baýlyklaryna ykdysady-geografik taýdan baha bermek

§ 4. Ýurduň tebigy baýlyk mümkinçilikleri. Mineral baýlyklary ........................................................ 24
§ 5. Türkmenistanyň klimat baýlyklary .................................. 32
§ 6. Türkmenistanyň suw baýlyklary ........................................ 36
§ 7. Toprak we ýer baýlyklary .................................................. 39
§ 8. Biologik baýlyklar, olary goramak we tygşytly peýdalanmak. Türkmenistanda tebigaty goramak ........................................................ 42

## IV bap.
## Türkmenistanyň ilatynyň geografiýasy

§ 9. Ilatyň sany we artyşy ........ 48
§ 10. Ilatyň tebigy köpelişi ........ 51
§ 11. Ilatyň jyns, ýaş we maşgala düzümi ........ 52
§ 12. Ilatyň milli düzümi. Zähmet baýlyklary we olaryň peýdalanylyşy ........ 54
§ 13. Ilatyň meýdan-çäkler boýunça ýerleşiş aýratynlyklary ........ 60

## V bap. Türkmenistanyň halk hojalygynyň umumy häsiýetnamasy

§ 14. Halk hojalyk toplumynyň döremegi we ösüşi ........ 63
§ 15. Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşinde ýetilen sepgitler ........ 67
§ 16. Senagatyň pudaklaýyn düzümi. Ýangyç energetika toplumy ........ 74
§ 17. Nebit senagaty ........ 78
§ 18. Gaz senagaty ........ 85
§ 19. Elektroenergetika ........ 90
§ 20. Türkmenistanyň nebitgaz senagatyny ösdürmegiň 2030-njy ýyla çenli döwür üçin maksatnamasy ........ 96
§ 21. Himiýa senagaty toplumy ........ 99
§ 22. Nebit-himiýa we derman senagaty ........ 106
§ 23. Türkmenistanyň metal işläp bejerýän we maşyngurluşygy senagaty ........ 110
§ 24. Gurluşyk toplumy. Gurluşyk materiallary senagaty ........ 115
§ 25. Oba senagaty toplumy ........ 121
§ 26. Türkmenistanyň suw hojalyk toplumy ........ 126
§ 27. Ekerançylyk pudaklary. Däneçilik toplumy ........ 132
§ 28. Tehniki ekinler ........ 136
§ 29. Ekerançylygyň beýleki pudaklary ........ 139
§ 30. Maldarçylyk toplumy. Dowardarçylyk ........ 144
§ 31. Maldarçylygyň beýleki pudaklary ........ 147
§ 32. Halkyň sarp edýän harytlarynyň önümçiligi boýunça pudaklaryň toplumy. Ýeňil senagaty ........ 152

§ 33. Azyk senagaty ........ 160
§ 34. Ulaglar ulgamynyň halk hojalygyndaky ähmiýeti.
Demir ýol ulagy ........ 167
§ 35. Ulaglaryň beýleki görnüşleri ........ 173
§ 36. Aragatnaşyk ulgamynyň geografiýasy ........ 178
§ 37. Türkmenistanyň durmuş taýdan ösüşi.
Ilatyň durmuş goraglylygynyň üpjün edilişi ........ 181
§ 38. Durmuş hyzmaty ulgamynyň ösüşi ........ 184
§ 39. Türkmenistanyň daşary ykdysady gatnaşyklarynyň
geografiýasy ........ 193

**VI bap.**
**Türkmenistanyň durmuş-ykdysady sebitlere bölünişi**

§ 40. Durmuş-ykdysady sebitleri (raýonlary) bölmekligiň
ýörelgeleri ........ 200

**Türkmenistanyň ykdysady-durmuş sebitleri**

***Günbatar Türkmenistanyň durmuş-ykdysady sebiti (Balkan welaýaty)*** ........ 206
§ 41. Tebigy şertleri we baýlyklary. Ilaty ........ 206
§ 42. Hojalygynyň umumy häsiýetnamasy.
Senagaty ........ 211
§ 43. Oba senagat toplumy. Ulaglar ulgamy ........ 214
§ 44. Günbatar Türkmenistan ykdysady-durmuş
sebitiniň içerki aýratynlyklary ........ 217

***Aşgabat şäheri Orta Aziýada uly syýasy we ykdysady merkezdir*** ........ 225
§ 45. Aşgabat şäheriniň geografik ýerleşişi. Ilaty ........ 225

***Ahal durmuş-ykdysady sebiti (Ahal welaýaty)*** ........ 230
§ 46. Tebigy şertleri we baýlyklary. Ilaty ........ 230
§ 47. Hojalygynyň umumy häsiýetnamasy. Senagaty. ........ 235
§ 48. Oba hojalygy. Ulaglar ulgamy ........ 238
§ 49. Sebitiň içerki durmuş-ykdysady aýratynlyklary ........ 242

*Günorta Türkmenistan durmuş-ykdysady sebiti*
***(Mary welaýaty)*** ........................................................................ 249
§ 50. Tebigy şertleri we baýlyklary. Ilaty ................................. 249
§ 51. Hojalygynyň umumy häsiýetnamasy. Senagaty ............... 254
§ 52. Oba hojalygy. Ulaglar ulgamy ......................................... 255
§ 53. Durmuş-ykdysady sebitiň içerki aýratynlyklary ............. 258

***Gündogar Türkmenistan durmuş-ykdysady sebiti***
***(Lebap welaýaty)*** ..................................................................... 267
§ 54. Tebigy şertleri we baýlyklary. Ilaty ................................. 267
§ 55. Hojalygynyň umumy häsiýetnamasy. Senagaty ............... 270
§ 56. Oba hojalygy. Ulaglar ulgamy ......................................... 272
§ 57. Durmuş-ykdysady sebitiň içerki aýratynlyklary ............. 275

***Demirgazyk Türkmenistan durmuş-ykdysady sebiti***
***(Daşoguz welaýaty)*** ................................................................ 283
§ 58. Tebigy şertleri we baýlyklary. Ilaty ................................. 283
§ 59. Hojalygynyň umumy häsiýetnamasy. Senagaty ............... 288
§ 60. Oba hojalyk önümçiligi. Ulaglar ulgamy .......................... 290
§ 61. Durmuş-ykdysady sebitiň içerki aýratynlyklary ............. 292

**VII bap.**
**Türkmenistany durmuş-ykdysady taýdan**
**ösdürmegiň esasy ugurlary**

§ 62. Türkmenistany durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň
geljegi ............................................................................ 299

*Meret Hudaýýarow, Babajan Çaryýew,*
*Gurbanmyrat Altybaýew*

# TÜRKMENISTANYŇ YKDYSADY WE DURMUŞ GEOGRAFIÝASY

Orta mekdepleriň VIII synpy üçin okuw kitaby

| | |
|---|---|
| Redaktor | *J. Amanowa* |
| Teh. redaktor | *O. Nurýagdyýewa* |
| Neşir üçin jogapkär | *J. Atdaýewa* |

Çap etmäge rugsat edildi 03.04.2013. Ölçegi 60x90 $^{1}/_{16}$.
Mekdep garniturasy. Şertli çap listi 19,5. Şertli reňkli ottiski 78,25.
Hasap-neşir listi 15,72. Çap listi 19,5. Sargyt 2401. Sany 111 000.

Türkmen döwlet neşirýat gullugy.
744000. Aşgabat, Garaşsyzlyk şaýoly, 100.

Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezi.
744004. Aşgabat, 1995-nji köçe, 20.

**Okuw kitabynyň peýdalanylyşy barada maglumat**

| № | Okuwçynyň ady we atasynyň ady | Okuw ýyly | Kitabyň saklanyş ýagdaýy | |
|---|---|---|---|---|
| | | | Okuw ýylynyň başynda | Okuw ýylynyň ahyrynda |
| 1 | | | | |
| 2 | | | | |
| 3 | | | | |
| 4 | | | | |
| 5 | | | | |